# TÜRKMENISTANYŇ TARYHY

9



**A. Nuryýew, M. Moşew**

# TÜRKMENISTANYŇ TARYHY

*XVII–XX asyrlar*

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň IX synpy üçin okuw kitaby

*Ikinji neşir*

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2017

kitaphanasy
4427

UOK 373:957.54
N 89

**Nuryýew A., Moşew M.**
**N 89 Türkmenistanyň taryhy. XVII–XX asyrlar.** Umumy orta bilim berýän mekdepleriň IX synpy üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.

Kitabyň I, II bölümlerini *A. Nuryýew*, III bölümini *M. Moşew* taýýarlady.

TDKP № 143, 2017 KBK 63.3(2 Tü) ýa 72

© A. Nuryýew, M. Moşew, 2017.



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan häzirki wagtda Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe uly ösüşlere eýe boldy. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy hem-de parasatly ýolbaşçylygy bilen ýurduň durmuşynyň ähli ugurlarynda, şol sanda ylym-bilim ulgamynda ägirt uly özgertmeler amala aşyrylýar. Halkymyzyň taryhyny öwrenmeklik meselesi möhüm ähmiýete eýe boldy, çünki taryh milli galkynyşyň ygtybarly ruhy çeşmeleriniň biridir.

Watanymyzyň taryhy ýaşlara bilim bermekde, terbiýelemekde möhüm serişde bolup hyzmat edýär. Ata-babalarymyzyň gahrymançylykly taryhyna ser salsak, olaryň bitiren ajaýyp işlerine şu günki nesilleriň guwanmaga, buýsanmaga, olardan görelde almaga doly haky bardyr.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow türkmen halkynyň geçmiş taryhyny öwrenmegiň ähmiýeti barada şeýle diýýär: «Watana söýgi, geçmişine buýsanç, şu gününe guwanç, geljegine ynam şanly taryhy geçmişden gözbaş alýar. Hut şonuň üçin her bir nesil şöhratly taryhyny, medeni üstünliklerini – milli buýsanjyny çuňňur bilmelidir».

Kitap üç bölümden ybaratdyr. Birinji bölüm türkmen halkynyň dagynyklyk döwrüni (XVII–XIX asyryň ortalary) öz içine alýar.

Dagynyklyk döwründe türkmen halkynyň bitewi bir döwleti bolmandyr. Demirgazykda türkmenler Hywa hanlygynyň, Gündogarda Lebap türkmenleri Buhara emirliginiň düzüminde ýaşapdyrlar. Günorta-günbatar Türkmenistanda ýaşan türkmenler bolsa, esasan, özbaşdaklygyny saklap, käte Hywa hanlygyna, Buhara emirligine, käte bolsa Eýran döwletini dolandyran türkmen (sefewi, owşar, gajar) hökümdarlyklaryna ýarym garaşly ýagdaýa düşüpdirler. Türkmenler şol döwletleriň üçüsiniň arasynda üleşige düşüp, dargamak bilen boldular. Şeýle ýagdaý-

da türkmenleriň birleşmek meýilleri amala aşmady. Ýurtda dagynyklyk, göçhä-göçlük, talançylyk, alamançylyk ýaly nogsanlyklar güýçlendi. Türkmenler kesekä tabyn bolmazlyk, erkinligini, özbaşdaklygyny saklamak ugrunda gahrymançylykly göreş alyp bardylar. Şeýle ýagdaýda ýurdy goramak, halkyň syýasy we ykdysady ýaşaýyş-durmuşyny dolandyrmak wezipelerini oba jemagaty, halk maslahaty ýerine ýetiripdir.

Kitabyň ikinji bölümi Türkmenistanyň baknalyk ýa-da patyşa Russiýasynyň düzüminde bolan döwrüni (XIX asyryň ahyrlary – 1917-nji ýyla çenli) öz içine alýar. Bu döwürde güýçli döwletleriň biri bolan Russiýa imperiýasynyň (şadöwletiniň) goşunlary parahat oturan ilaty agyr güne saldylar. Türkmenler mukaddes topragyny goramak ugrunda göreşip, gaýduwsyzlyk, taýsyz gahrymançylyk görkezdiler. Emma güýçler deň däldi. Türkmenistan Russiýa imperiýasynyň senagaty üçin çig mal çeşmesine we onuň harytlary satylýan bazara öwrüldi. Patyşanyň baknaçylyk syýasatyna garşy baş göteren türkmenleriň milli-azat edijilik hereketi basylyp ýatyryldy.

Kitabyň üçünji bölüminde Türkmenistanyň taryhynyň sowetler döwri beýan edilýär. Bu döwür 1917–1991-nji ýyllary öz içine alýar. Bu ýyllar türkmen halkynyň taryhynda iň bir syýasylaşdyrylan, gapma-garşylykly, öwrülişik döwürleriniň biri boldy.

Oktýabr rewolýusiýasy ozalky baknaçylyk ulgamyny dargatdy hem-de Russiýanyň uly we kiçi milletlerine, halkyýetlerine öz ykballaryny kesgitlemäge doly hukuk berilýändigini jar etdi. Emma hakykatda türkmen halky durmuşyny öz düşünjelerine we isleg-arzuwlaryna görä däl-de, eýsem, kommunistik partiýanyň syýasatyna laýyklykda berkarar etmäge mejbur boldy.

Türkmenistan SSR-i Sowet Soýuzynyň düzümine girip, umumysoýuz syýasy-ykdysady giňişliginiň bir bölegine öwrüldi. Göräýmäge, bu birleşme maksadalaýyk, tebigy zat ýaly bolup görünse-de, hakykatda sazlaşykly, deňhukukly birleşme däldi. Çünki Merkez öz elinde ähli hukuklary we ygtyýarlyklary jemläpdi. Merkezden rugsatsyz Türkmenistan özüniň içki we daşky durmuşynyň derwaýys meselelerini çözüp bilmeýärdi.

Elbetde, sowetler döwründe uly bökdençlikleriň bolandygyna garamazdan, Türkmenistan respublikasynyň döwlet gurluşygynda, ykdysadyýetinde, halkyň umumy durmuşynda anyk özgerişlikler, öňegidişlikler hem boldy. Ozal dagynyk ýaşan türk-

menleriň köpüsi milli respublika birleşdi, özüniň gadymdan bäri ýaşap gelýän topragyna eýe boldy, serhetleri anyk kesgitlenildi. Halk sowatly, bilimli boldy, saglygy goraýşyň umumy ulgamy kemala geldi.

Ýokarda aýdylanlardan görnüşi ýaly, kitapda beýan edilýän üç döwür biri-birinden tapawutly, ýöne özara içgin baglanyşykly hem-de biri-birini dowam edýän agyr we örän çylşyrymly döwürler bolupdy. Şeýle-de bolsa, türkmen halky özüniň uzak taryhy ýolunda sezewar edilen her hili kynçylyklara döz geldi hem-de özüniň milli aýratynlyklaryny, özboluşlylygyny, dilini, dinini, milli gymmatlyklaryny, däp-dessurlaryny saklap bildi we nesilden-nesle geçirdi.

Okuw kitabyny taýýarlamakda dürli arhiw maglumatlary, neşir edilen çeşmeler we ylmy işler, käbir daşary ýurtly alymlaryň ozal elýeterli bolmadyk işleri peýdalanyldy. Sowetler döwründe hem ägirt köp taryhy maglumatlar ylmy dolanyşyga girizildi. Tankydy nukdaýnazardan çemeleşilen wagtynda olar geçmişi öwrenmäge ýardam edip biljek gymmatly maglumatlardyr.

# I BÖLÜM

# TÜRKMENLERIŇ DAGYNYKLYK DÖWRI WE OLARYŇ ERKINLIK UGRUNDAKY GÖREŞLERI

## I BAP
## XVII ASYRDA TÜRKMENLERIŇ SYÝASY TARYHY, ÝERLEŞIŞI WE DURMUŞ-YKDYSADY ÝAGDAÝY

### §1. Türkmenleriň ýerleşişi

XVII asyrda türkmenler Müňgyşlakda, Horezmde, Lebapda, demirgazyk Owganystanda, Horasanda, Hazar deňziniň kenarynda, Balkan daglarynda, Etrek, Sumbar, Gürgen derýalarynyň boýunda, Astrabatda ýaşapdyrlar. Bu asyr türkmenleriň taryhynda iň bir agyr we çylşyrymly döwür bolupdyr. Özleriniň bitewi, merkezleşdirilen döwleti bolmansoň, olar Eýranyň, Buhara, Hywa hanlyklarynyň özara tagt ugrundaky dawalaryna, döwletara uruşlaryna gatyşmaly bolupdyrlar. Bu ýagdaý türkmen halkynyň durmuşyna agyr täsir edipdir.

XVII asyrdan XIX asyryň ortasyna çenli aralykda türkmen tire-taýpalarynyň ýaşan ýerleri, özlerine bagly ýa-da bagly bolmadyk syýasy we ykdysady sebäplere görä, birnäçe gezek üýtgäpdir. XVII asyrda Hywa hanlygynda, Müňgyşlakda teke, ýomut, çowdur, salyr, ärsary we başga-da birnäçe türkmen taýpalary köpçülikleýin ýaşapdyrlar. Sarygamyş, Derýalyk we Was sebitlerinde ýaşan türkmenler ekerançylyk bilen meşgullanypdyrlar. Türkmenleriň bellibir bölegi Hywa goşunynda nöker bolup gulluk edipdir. Müňgyşlak bolsa türkmenleriň gadymy ýurdy hasaplanypdyr. Ol ýerde olaryň ata-babalarynyň gubury ýatyrdy. Soň-soňlaram çykgynsyz kynçylykly ýagdaýa duçar bolan halatlarynda Müňgyşlak türkmenler üçin esasy gaçybatalga bolup hyzmat edipdir.

Etrek, Gürgen derýalarynyň boýlarynda, Astrabatda, Hazar deňziniň kenarlarynda «ýaka türkmenleri» ady bilen taryha giren – okly, gökleň, ýemreli, salyr, dodurga, gireýli ýaly türkmen taýpalary ýaşapdyrlar.

XVII asyr türkmenleriň göçhä-göçlük döwri bolupdyr. Şol asyryň ortalaryndan başlap, türkmen taýpalarynyň bir bölegi Russiýanyň günorta ýerlerine göçüp başlaýar. Oňa ilki bilen Müňgyşlak türkmenlerminiň üstüne galmyklaryň çozuşlary sebäp bolupdyr. Rus topragyna ilkinji gadam basanlar çowdurlar bolup, soňra oňa igdirler, abdallar, hojalar, söýünjaýylar hem goşulypdyr. Olaryň bir bölegi Astrahanda we beýleki bölegi Demirgazyk Kawkazda mekan tutunypdyr. Indi olar «astrahan türkmenleri, stawropol türkmenleri» ady bilen bellidir.

XVII asyryň 70-nji ýyllarynda türkmenleriň ärsary taýpasy Müňgyşlakdan, Balkan daglaryndan, Uzboýdan gaýdyp, Amyderýanyň boýy hem-de günorta Türkmenistanyň Pendi sähralyklarynyň üsti bilen Mary, Ýolöten, Marçak ýaly ýerlerden geçip, Lebaba, demirgazyk Owganystana aralaşypdyrlar. Lebapda ymykly ornaşan ärsary türkmenleri ekerançylyk bilen meşgullanyp başlapdyrlar. Olar Hoja-idat gala, Çişleň gala, Ajy gala, Akderi gala ýaly galalary hem bina edipdirler. Elbetde, XVII asyrdan öň hem Amyderýanyň iki tarapynda-da oturymly gadymy türkmenler ýaşapdyrlar. Lebap topragynda ärsarylardan başga-da esgi, baýat, sakar ýaly birnäçe taýpalar, saryklaryň we salyrlaryň uly topary ýaşapdyr. Saryklaryň we salyrlaryň bir bölegi Lebapda galypdyr, başga bir bölegi bolsa XVIII asyryň aýaklarynda Merw (häzirki Mary), Ýolöten, Sarahs etraplaryna süýşüpdir. Şeýlelikde, saryklar we salyrlar Murgap sebitinde şol döwürde Ahal tarapdan göçüp baran taýpadaşlary bilen birleşip, şol töwerekde ýaşap başlapdyrlar.

Emma salyrlaryň ýaşaýyş-durmuşy bu ýerde-de ýeňil bolmandyr. Sebäbi içerki we daşarky ýagdaýlar olary Merw-Sarahs aralygynda göçüp-gonup ýörmäge mejbur edipdir. Soňabaka Merwde Amyderýanyň boýlaryndan göçüp gelen teke taýpasynyň kiçiräk bölegi hem ornaşypdyr. Ol ýerde şol döwürde gajarlardan başga-da seýit, tatar ýaly kiçeňräk taýpalar hem ýaşaýar eken.

Türkmeniň uly taýpalaryndan biri bolan tekeler XVII asyrda ýomutlar bilen birlikde Balkanda, Wasda, Hywa hanlygynda ýaşapdyrlar. XVII asyryň ahyrynda Balkan daglarynda ýaşaýan ýomutlar has güýçlemip, san taýdan köpelipdir. Olaryň bir bölegi Etrek, Gürgen derýalarynyň boýlaryna, Hazaryň kenarýakasyna süýşüp ugrasa, beýleki bölegi Horezme gidipdir, az topary Balkan daglarynda galypdyr.



Keymir serdar

Teke türkmenleri XVIII asyryň başlarynda Balkan daglaryndan gaýdyp, köpçülikleýin Ahala tarap süýşüp ugrapdyrlar. Ýöne bulardan öňem tekeleriň az-owlak bölegi Ahalyň gum eteklerinde ýaşaýan eken. Balkan daglaryndan gaýdan tekeleriň Ahalda ymykly ornaşmagyna meşhur türkmen serkerdesi Keýmir serdar baştutanlyk edipdir. Tekeler Keýmir serdara uly hormat goýupdyr. Taryhy rowaýatlara görä, häzirki Yzgant obasyndaky Erezgala Keýmir serdaryň galasy eken. Halk arasynda onuň Eýran şasy Nedir şa, Ahaldaky ýemreli hany Ugurly han bilen gatnaşyklary barada köp gyzykly rowaýatlar hem saklanyp galypdyr.

Ahalda ozaldan oturymly ýaşap gelýän ýemreli, garadaşly, alili, mehinli turkmenleriniň bir bölegi Hywa hem-de Etek sebitlerine göçüpdir. Beýleki bir bölegi bolsa, öňki oturan ýerlerinde ymykly galypdyr. Ahalda tekeler bilen goňşuçylykda alili, mehinli, sünçeli, mürçeli, nohurly, änewli ýaly taýpalar hem ýaşapdyrlar.

Şol wagtlar Gyzylarbat (häzir Serdar) bilen Gäwers aralygy Ahal, Gäwers bilen Duşak aralygy bolsa Etek (häzir Kaka etraby) diýlip atlandyrylypdyr.

XVIII asyryň 80-nji ýyllarynda Tejen derýasynyň boýunda Ahaldan gaýdan tekeleriň ep-esli bölegi mekan tutup, Mäne-Çäçe töwereklerine-de ýaýrapdyr. Olara Mapak serdar ýolbaşçylyk edipdir. Bu tekeleriň bir bölegi Merw sebitine baryp, ol ýerde Lebapdan gelen taýpadaşlary bilen birleşipdir.

XVIII asyryň ikinji ýarymynda gadymy Horezm topragynda ozaldan ýaşap ýören ýomutlar, çowdurlar bilen bir hatarda Ahaldan baran garadaşly, ýemreli we başga-da köp taýpalaryň wekilleri hem ýaşapdyrlar. Bularyň Hywa hanlygynda jemlenmeginiň esasy sebäpleri Balkan daglarynyň töwereginde öri meýdanlarynyň ýetmezçilik etmeginden, Müňgyşlakda gazaklaryň, galmyklaryň eden-etdiliginiň güýçlenmeginden, Ahalda ýer-suwuň,

öri meýdanlarynyň ýetmezçilik etmeginden we başga-da birnäçe sebäplerden ybarat bolupdyr. Türkmenleriň Horezm topragyna göçüp gelmeklerine Hywa hanlary hem garşy bolup durmandyr. Sebäbi olar batyr, edermen, harby işi örän gowy bilýän, sözüne ygrarly türkmenleri Hywa goşunynda peýdalanmaga çalşypdyrlar.

XVII asyrda türkmenleriň göçe-göçlüginiň güýçlenmeginiň esasy sebäpleri şulardan ybarat: birinjiden, Hywa hanlygynda ýaşaýan türkmenler han hökümeti, aýratynam Abylgazy tarapyndan syýasy we ykdysady taýdan gysylyşa sezewar edilipdir. Han türkmenleriň ekerançylyk ýerlerini suwdan kesipdir. Ikinjiden, Amyderýa öz akymyny Aral deňzine tarap öwrüpdir. Netijede, Sarygamyş gurap başlaýar we Derýalykda ekerançylyk pese düşýär. Şu sebäpli, ilat ekerançylyk üçin täze ýerleriň gözlegine çykýar. Bu ýagdaý Balkan sebitlerini hem öz içine alypdyr.

Türkmenleriň göçe-göçlügi syýasy we ykdysady sebäplere görä, soňky döwürlerde-de az-kem dowam edipdir. Bu ýagdaý XIX asyryň ortasynda tamamlanyp, häzirki geografiki ýerleşişi ýaly durkuny saklaýar. Uzak wagt dowam eden göçe-göçlük türkmen halkynyň oturymly durmuşa geçmegine, merkezleşdirilen döwlet gurmagyna uly päsgelçilik döredipdir.

---

Soraglar we ýumuşlar

**1.** XVII asyrda türkmen taýpalary nirelerde ýaşapdyrlar? **2.** Türkmen taýpalary Lebap sebitlerine haýsy ugurlardan gelipdirler? **3.** XVIII asyryň ikinji ýarymynda Merw sebitinde türkmenleriň haýsy taýpalary mekan tutupdyr? **4.** Ahalda tekeleriň ornaşyşy barada gürrüň beriň. **5.** Göçe-göçlügiň esasy sebäpleri barada gürrüň beriň.

---

## §2. Türkmenler we Hywa hanlygy

XVII asyrda türkmen halkynyň syýasy taryhy Eýrandaky Sefewi türkmenleriniň hökümdarlygy, Buhara we Hywa hanlyklary bilen aýrylmaz baglanyşykly bolupdyr. Şu döwürde türkmenleriň Hywa hanlygynda ýaşaýan uly bölegi, özleriniň erkinligi, özbaşdaklygy ugrunda yzygiderli göreş alyp barypdyr.

Türkmenler bilen gowy gatnaşykda bolan Hajymuhammet hanyň ogly Arapmuhammet han 1602–1621-nji ýyllarda

Hywa hanlygyny dolandyrypdyr. Bu döwürde hanlygyň içerki we daşarky ýagdaýy örän çylşyrymly bolupdyr. Syrderýanyň aňry tarapyndan galmyklar Horezme yzygiderli talaňçylykly çozuşlar edip durupdyr. Türkmenler olar bilen gaýduwsyz söweşip, olary ýurtdan kowup çykarypdyrlar. Arapmuhammet hanyň özbekleriň naýman taýpasyndan alan aýalyndan bolan ogullary Hebeş bilen Ilbars kakasyna garşy çykypdyrlar. Hanyň çingiz urugyndan alan aýalyndan bolan ogullary Isfendiýar we Abylgazy bolsa olara garşy durupdyr. Bu ýagdaý Arapmuhammet hanyň parahatçylykly syýasatyna zarba urupdyr. Özbek taýpalarynyň tagt ugrundaky özara göreşlerine, isleseler-islemeseler, türkmenler hem gatnaşmaly bolupdyrlar.

Gapma-garşylyklar barha ýitileşýär. Hebeş bilen Ilbars özbek taýpalarynyň güýjüne daýanyp, 1621-nji ýylda öz kakasyny tagtyndan agdarypdyr. Hanyň beýleki ogullary Isfendiýar bilen Abylgazy pitneçi doganlaryna garşy göreşýärler. Häkimiýet ugrundaky harby çaknyşyklardan soň, Isfendiýar Eýrana, Abylgazy Buhara wagtlaýyn gaçyp gitmäge mejbur bolýar.

1622-nji ýylda Isfendiýar Balkan daglarynda ýaşaýan teke, saryk we ýomut türkmenlerinden ybarat kiçeňräk goşuny bilen Horezme gaýdyp gelýär. Ol birbada Tuk galasynda Hebeşe garşy güýçli zarba uran hem bolsa, soň ondan ýeňilýär we Müňgyşlaga – türkmenleriň arasyna gaçýar. Şol ýerden Muhammet Hüseýin beg türkmeniň ýolbaşçylygyndaky üç müň adamdan ybarat türkmen nökeri bilen Horezme ýöriş edýär, pitneçi doganlarynyň ikisini-de öldürýär. Bu söweşde Gürgenjiň, Weziriň töwereginde ýaşaýan, Müňgyşlakdan göçüp gelen salyrlar, ärsarylar, çowdurlar Isfendiýary goldapdyrlar.

Isfendiýar han 1623–1642-nji ýyllarda Hywa hanlygyny dolandyrypdyr. Onuň iň ýakyn geňeşçisi Taňryberdi diýen türkmen bolupdyr, özi-de ýanynda ýüz atly türkmeni janpena saklapdyr. Tagta çykmagynda esasy daýanjy türkmenler bolansoň, olary döwleti dolandyrmak we salgyt ýygnamak işlerine işeňňir çekipdir. Aýry-aýry şäherleri, etraplary edara etmek, obalara kethuda bellemek işleri hem türkmenleriň elinde bolupdyr. Olar goňşy halklara we ýurtlara ilçi bolup gidipdirler. Umuman, Isfendiýaryň döwründe türkmenler Horezmiň syýasy-harby durmuşynda örän täsirli güýç bolupdyrlar. Ol, esasan, iki sany uly türkmen taýpasyna – salyrlara we ärsarylara daýanypdyr.

Gürgençdäki özbek han-beglerinin bellibir topary Abylgazynyň töweregine jebisleşip, syýasy häkimiýeti ele almak ugrunda onuň dogany Isfendiýara garşy göreşipdirler. Isfendiýar han Abylgaza Gürgenji özbaşdak dolandyrmaga mümkinçilik bermändir we oňa gözegçilik etmek üçin 80 adamdan ybarat türkmen harby toparyny saklapdyr. Bu göreşde Abylgazy ýeňiş gazanyp bilmejegine göz ýetirip, Isfendiýar bilen wagtlaýyn ylalaşyga gelýär.

1628-nji ýylda Isfendiýar bilen Abylgazy bilelikde, ýöne iki ugur boýunça Horasana ýöriş edýärler. Isfendiýaryň Merw tarapa eden hüjümi şowsuz gutarýar, sebäbi ol Eýrandaky sefewi türkmenleriniň şol ýerdäki goşunlary tarapyndan derbi-dagyn edilýär. Abylgazy özbeklerden we türkmenlerden düzülen goşun bilen Duruny, Nusaýy, Abywerdi wagtlaýyn eýeleýär. Tizara ol hem Eýran goşunlary tarapyndan derbi-dagyn edilip, Horasanda ýene Sefewi türkmenleriniň hökümdarlygy dikeldilýär.

Horezmde häkimiýet ugrundaky özara göreş sebäpli, Isfendiýar han Abylgazyny Horasana edilen ýörişiň günäkäri hasaplap, ony bendi hem-de girew hökmünde Eýrana iberýär. Ol şol ýerde 1629-njy ýyldan 1639-njy ýyla çenli bolup, gaýdyp gelenden soň, iki ýyllap Müňgyşlak we Balkan türkmenleriniň arasynda ýaşaýar. Abylgazy bu ýerlerde ýaşaýan teke türkmenleriniň myhmansöýerliginden peýdalanypdyr. Soňra 1641-nji ýyldan başlap Aral özbekleriniň arasynda ýaşap, galmyklar bilen ýakyndan aragatnaşyk saklaýar. Bu döwürde ol Isfendiýara we türkmenlere garşy açyk göreş alyp barýar.

1642-nji ýylda Isfendiýar han ölenden soň, türkmenler hanlykda öňki ýaly uly täsirli güýç bolmagyny saklap bilmändirler. Horezmde özara gazaply uruşlar başlanýar. Muňa Buhara hem gatyşýar.

---

**Soraglar we ýumuş**

**?** **1.** Näme üçin Arapmuhammet hanyň ogullarynyň arasynda göreş başlanypdyr? **2.** Hywa hanlygyny Isfendiýar hanyň dolandyran döwründe türkmenleriň syýasy täsiri nähili bolupdyr? **3.** Näme üçin Abylgazy bendi hökmünde Eýrana iberilipdir? Hywa hanynyň Horasana ýörişi barada gürrüň beriň.

---

## §3. Türkmenler we Abylgazy

Özbek han-beglerinin goldamagynda Abylgazy 1643-nji ýylda Horezmiň bir bölegi bolan Aralda han diýlip yglan edilýär. Ol türkmenleriň tabyn bolmagyny we Isfendiýaryň maşgalasynyň berilmegini talap edýär. Türkmenler Abylgazynyň bu teklibini kabul etmeýärler. Isfendiýaryň maşgalasyny Buhara ugradýarlar. Şeýle ýagdaýda Abylgazy bilen türkmenleriň arasyndaky gapma-garşylyklar ýitileşýär. Abylgazy Mühgyşlakdan Hywa gelýän türkmen täjirleriniň kerwenlerini köp gezek talapdyr. Astrahanyň, Müňgyşlagyň üstünden geçýän söwda ýollary esli wagt hereketsiz diýen ýaly galypdyr.

Birnäçe harby çaknyşykdan soň, Abylgazy 1646-njy ýylda Hywany eýeläp, tagta çykýar. Ol türkmenler babatda duşmançylykly syýasatdan el çekmändir. Abylgazy öz hökümdarlygyny döwletiň dolandyryş düzümini pugtalandyrmakdan başlaýar. Döwletiň dolandyryş düzüminde agalyk ediji toparlaryň 360-sy uýgur, goňrat, maňňyt we gypjak taýpalaryndan bolupdyr. Onuň iň ýakyn 32 kömekçisi hem şolardan eken. Umuman, bu dört taýpa hanlykdaky suwarymly ýerleriň hemmesini diýen ýaly öz elinde saklapdyr. Abylgazy türkmenleri güýçden düşürmek we özüne tabyn etmek üçin her dürli hilegärlikden gaýtmandyr. Ilkinji nobatda, ol türkmenleriň köpüsini ýer-suwdan mahrum edipdir. Onuň adamlary türkmen we rus täjirlerini talap başlapdyrlar, ähli günäni bolsa türkmenleriň üstüne atypdyrlar. Türkmenleriň galmyklar bilen hyzmatdaşlyk etmegine hem päsgel berlipdir.

XVII asyryň ahyrlarynda Horezmiň paýtagty Gürgençden türkmen sähralaryndan uzakda bolan Hywa geçirilipdir. Şondan soň bu sebit «Hywa hanlygy» diýip atlandyrylyp başlanýar. Abylgazy 1646-njy ýylda Hywadan uzakda bolmadyk ýerde täze Ürgenç (häzirki Özbegistandaky Ürgenç) şäherini gurduryp, özbek ilatynyň köp bölegini şol ýere göçürýär. Şondan soň Horezmiň birwagtlar güllap ösen paýtagty pese düşüp başlaýar we ol Köneürgenç diýlip atlandyrylýar. Abylgazynyň bu syýasaty Amyderýanyň aşak akymlarynda ýaşaýan türkmen ilatyny suwdan kesmäge mümkinçilik beripdir.

Abylgazy Hywany eýeländen soň, türkmenleriň Hazaraspyň günortasyndaky guma çekilen toparynyň kethudalaryny çagyryp, olaryň «günäsini geçýändigini» mekirlik bilen ynandyrypdyr. Er-

tesi Hazaraspyň etegindäki türkmenleriň toýa ýygnanmagyny teklip edipdir. Toý wagtynda Abylgazynyň goşunlary ähtiýalanlyk bilen türkmenleriň birnäçesini kethudalary bilen bilelikde öldüripdirler. Şondan soň han goşunlary beýleki türkmen mekanlaryna duýdansyz çozup, ilatyň emlägini talapdyr.

Bu ýagdaý türkmen taýpalarynyň köpüsini Horezmi taşlap, Tejene, Ahala gitmäge mejbur edýär. Abylgazy türkmenleri yzarlap gaýdyp, 1647-nji ýylda Tejene çozýar. Bu ýerden türkmenleriň bir bölegi Bamydyr Börmä çekilýär. 1649-njy ýylda Abylgazynyň goşunlary ol ýerlere-de ýöriş edýärler. Börme galasynyň golaýynda türkmenler bilen han goşunlarynyň arasynda gazaply söweş bolýar. Ol türkmenleriň üstüne başga-da talaňçylykly ýörişleriň ençemesini gurapdyr. Her mçik bolsa-da, türkmenler öz garaşsyzlygyny saklamak üçin Abylgazynyň gazaply harby syýasatyna garşy aýgytly göreşipdirler.

Abylgazy Orta Aziýa halklarynyň taryhy bilen gyzyklanýan eken. Özi hem türki dilli we sada düşnükli dilde ýazyp bilipdir. Onuň ýazmagyna görä, türkmen han-begleri ondan türkmeniň gadymy taryhyny ýazmagy haýyş edipdirler. Abylgazy hem öz günäsini ýuwmak üçin oňa razylyk beripdir. 1660–1661-nji ýyllarda Abylgazy «Şejerei terakime» («Türkmenleriň nesil daragty») diýen eserini ýazyp tamamlapdyr. Onda türkmenleriň gelip çykyşy, ýaýran ýerleri, alyp baran uruşlary, kärleri, tagmalary we durmuşy taryhy giňişleýin beýan edilýär. Abylgazy han türkmenleriň gelip çykyşyny Oguz han we onuň nesilleri bilen baglanyşdyrýar. Bu eser türkmen halkynyň geçmiş taryhyny we medeniýetini öwrenmekde möhüm çeşmeleriň biri hasaplanýar.

1663-nji ýylda Abylgazy han ölenden soň, onuň ogly Anuşa han Hywa tagtyna geçýär. Ol hanlygy 1688-nji ýyla çenli dolandyrýar. Anuşa hanyň döwründe türkmenleriň Hywa bilen gatnaşyklary birneme gowulaşýar. Ol türkmenleri ýurduň harby güýçlerinde peýdalanýar. Olary bellibir derejede ýer, suw bilen üpjün edýär. Anuşa han türkmenler bilen garyndaşlyk gatnaşygyny-da açypdyr. Ol Darganatada (häzir Birata) ýaşaýan türkmenlerden Togta diýen gyzy özüne aýal edip alypdyr. Türkmenler Anuşa hanyň goňşy ýurtlara eden harby ýörişlerine gatnaşypdyrlar.

XVII asyryň ahyrlarynda Hywa hanlygynyň içinde häkimiýet ugrunda özara göreşler, dildüwşükler dowam edipdir. Netijede, 1688-nji ýylda Anuşa han tagtdan düşürilýär. Hywa tagtyna onuň



4427

ogly Ereň han çykarylýar. Ereň han döwleti gysga wagtlyk dolandyran mahalynda türkmen han-begleri häkimiýeti öz ellerinde saklapdyrlar. Ereň han ölenden soň, türkmenler ýene-de birneme gysylyp, salgyt tölemäge borçly edilýär.

Şeýlelikde, XVII asyrda Hywa hanlygyndaky türkmenler köp kynçylyklary başdan geçiripdirler. Emma olar ejizlemändirler, erkinligi, özbaşdaklygy ugrunda yzygiderli göreşipdirler.

---

Soraglar we ýumuş

**1.** Abylgazy nähili ýagdaýda Hywa tagtyny eýeläpdir? Onuň türkmenlere garşy hereketleri barada gürrüň beriň. **2.** Abylgazynyň «Şejerei terakime» («Türkmenleriň nesil daragty») eseri barada näme bilýärsiňiz? **3.** Anuşa hanyň ýurdy dolandyran döwründe türkmen-hywa gatnaşyklary nähili bolupdyr?

---

## §4. Lebap türkmenleri we Günorta Türkmenistan

XVI asyryň başynda Şeýbany hanyň ýolbaşçylygynda Zerewşan derýasynyň aşak akymlarynda Buhara hanlygy döredilýär. Kem-kemden Amyderýanyň orta akymlarynyň ilki sag, soňra çep tarapyndaky giňişlikler hem onuň täsirine düşüpdir. Şeýlelikde, Amyderýanyň orta akymlarynda ýaşaýan türkmenleriň ýerleri Buhara hanlygynyň düzümine giripdir.

Şeýbanylardan soň, 1597–1740-njy ýyllarda Buhara hanlygyny özbekleriň han neberesinden bolan aştarhanylar nesilşalygy dolandyrypdyr. Olaryň aslynyň Astrahandan bolandygy sebäpli, olar «aştarhanylar» (Aždarhan, Hajytarhan) diýen at bilen taryha giripdirler. Olar Çingiz hanyň ogly Juçynyň nesillerindendir.

Aştarhanylar Hywadan tä Hindistana çenli aralykdaky goňşy döwletler bilen dartgynly syýasy gatnaşyklarda bolupdyr. XVII asyryň başlarynda Lebap türkmenleriniň täsiri juda güýçli bolmandyr. Ol ýerde kiçeňräk türkmen taýpalary ýaşapdyr. Türkmenleriň bu ýerlere köpçülikleýin göçüp gelmegi birneme gijräk bolýar. Esasy göreş Buhara hany bilen Eýrandaky Sefewi türkmenleriniň hökümdarlygynyň arasynda bolupdyr. Buhara hanlygy Amyderýanyň orta akymyny öz elinde saklapdyr. Murgabyň jülgesini we Köpetdagyň eteklerini bolsa Eýran

döwleti öz tabynlygynda saklamak üçin göreşipdir. Bu asyryň bütin dowamynda Günorta Türkmenistanyň ýerlerinde gazaply uruşlar dowam edipdir. Eýran şasy Apbas I Günorta Türkmenistany eýelemek üçin harby ýörişler geçiripdir. Ol 1599–1600-nji ýyllarda Abywerdi, Nusaýy, soňra Sarahsy, Marçagy, Nyşapury, Maryny basyp alypdyr. Marynyň häkimi Nurmuhammet özbaşdaklygyny saklajak bolup synanyşypdyr. Emma ol tutulyp, maşgalasy bilen Şiraza iberilýär. Apbas şa basyp alan ýerlerinde berk ornaşýar. Suwarymly ýerleri emirlerdir serdarlaryna sýurgal[1] beripdir. Apbas I türkmenler bilen hyzmatdaşlyk edip, olary öz täsiriniň astynda saklamaga çalşypdyr. Türkmenler özbaşdaklyk ugrunda göreşe baş galdyrsalar, olaryň ýolbaşçylaryny ýok edipdir.

Apbas şa Balh welaýatyndaky türkmenleriň ýaşaýan ýerleri bolan Andhoý, Akja, Şybyrgan şäherlerini hem basyp alýar. 1602-nji ýylda Buhara tagtynyň mirasdüşeri Welimuhammet Balha ýöriş edýär. Harby çaknyşyk Eýran goşunlary üçin şowsuz tamamlanýar. Muňa gahar-gazaba münen Apbas şa 40 müň goşun, 300 top bilen Balha ýöriş edýär. Welimuhammede Buharadan goşmaça kömek gelýär. Eýran bilen Buhara goşunlarynyň arasynda gazaply söweş başlanýar. Buhara goşunlary galalary berkidip, duşmana garşy aýgytly hüjüme geçýär. Netijede, Eýran goşunlary ýeňlip, yzyna gaýdýar. Şular ýaly wakalar Amyderýanyň ýakasynda, Günorta Türkmenistanda, Balh welaýatynda, esasan, türkmenleriň ýaşaýan ýerlerinde bolupdyr.

Apbas şanyň Balha eden soňraky ýörişleri hem şowsuz bolýar. Ol Balhy eýeländen soň, aştarhanylar neberesini agdaryp, Buharada hem öz dikmesini oturtmakçydy. Şu wakalardan soň, Buharada tagt üstünde özara dawa başlanýar. 1611-nji ýylyň başlarynda Welimuhammediň tarapdarlary bilen onuň süýtdeş dogany Bakymuhammediň ogullarynyň tarapdarlarynyň arasynda söweş bolýar. Bu söweş Amyderýanyň sag kenarynda Termez bilen Akjanyň arasynda bolýar. Söweşde Welimuhammet ýeňlip, öňki duşmany Eýran şasy Apbas I ýanyna gidýär. Şa ony uly hormat bilen garşylaýar. Eýran şasy Welimuhammedi Buhara tagtynda oturdyp, gündogar-demirgazyk serhedinden arkaýyn bolmagy göz öňünde tutýardy. Şeýle maksat bilen 80 müňlük goşuny onuň

---

[1] Sýurgal – harby adamlara berilýän suwarymly ýerler.

ygtyýaryna berýär. Apbas şanyň buýrugy bilen Marynyň häkimi hem öz ygtyýaryndaky toplary we topçularyny Welimuhammediň ygtyýaryna berýär. Şol wagt Ymamguly Buharada han saýlanypdy. Welimuhammet ilkibada üstünlik gazanýar. Emma 1611-nji ýylyň awgust aýynda bolan aýgytly söweşde ýeňlip, ýesir alynýar, soňra bolsa öldürilýär. Şu wakalaryň hemmesi türkmenler bilen gös-göni baglanyşyklydy.

Sefewileriň Horasandaky emirleri soňam Balha, Buhara goşunlary bolsa Mara yzygiderli çozup durupdyrlar. 1614-nji ýylda Marynyň ilaty Buharanyň goşunyna garşy birnäçe gezek goranyş urşuny alyp barypdyr. 1617-nji ýylda Buhara hany Ymamguly Horasana 30 müň adamdan ybarat goşun ýollapdyr. Ol goşun Amyderýadan geçip, Maryda, Abywertde saklanman, Maşada, Nyşapura çenli talaňçylykly ýörişler edipdir. 1630-njy ýylda Marçakda (Murgabyň ýokary akymynda) we Maryda ýene-de sefewiler bilen buharalylaryň arasynda çaknyşyk bolýar. Şunda aýry-aýry Buhara goşun toparlary Mary bilen Sarahsyň aralygynda hereket edipdirler.

Hywa hanlary Isfendiýar bilen Abylgazy hem günorta Türkmenistana çapawulçylykly ýöriş etmekde olardan kem durmandyr. Bu barada öňki temada giňişleýin beýan edilipdi.

Lebap türkmenleri hem Abylgazynyň çapawulçylykly hüjümlerini başdan geçirmeli bolupdyrlar. Abylgazy XVII asyryň 60--njy ýyllarynda Buhara hanlygyna degişli Garaköle, Çärjewe (häzir Türkmenabat) – Lebap ýakasyndaky türkmenleriň üstüne birnäçe gezek ýöriş edýär. Onuň iň soňky ýörişi 1662-nji ýylda bolupdyr. Abylgazynyň talaňçylykly ýörişi zerarly türkmenler otürymly ýerlerinden göçmäge mejbur bolupdyrlar.

XVII asyryň ikinji ýarymynda-da Lebap türkmenleriniň hem, Günorta Türkmenistanyň ilatynyň hem durmuş ýagdaýy ýeňil bolmandyr. Olar häli-şindi talaňçylykly ýörişleriň pidasy bolupdyrlar. 1690-njy ýylda Huşyk beg atalyk Buhara hanlygynyň köp welaýatlaryndan goşun ýygnap, Amyderýadan geçýär. Çärjewde dört gün dynç alandan soň, Mara baryp, obalary talap, adamlary jezalandyryp, şäheri bolsa gabaýar. Emma Maryny alyp bilmän, yzyna gaýtmaga mejbur bolýar. Şahyr Seýitnazar Seýdiniň habar bermegine görä, şeýle kynçylyklara garamazdan, ärsary türkmenleri XVII asyryň ikinji ýarymynda Amyderýanyň boýunda köpçülikleýin ornaşypdyrlar. Olar ýaplar gazyp, ekerançylyk bi-

len meşgullanypdyrlar. Bu ýerde ärsary türkmenleriniň birnäçe galasy peýda bolupdyr.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Buhara hanlygynyň döreýşi we aştarhanylar barada aýdyp beriň. 2. Günorta Türkmenistanyň ýerlerini eýelemek ugrunda Buhara bilen sefewileriň arasyndaky göreş barada gürrüň beriň. 3. Balh ugrundaky söweşler barada gürrüň beriň. 4. XVII asyrda Lebap, Mary türkmenleriniň ýagdaýy nähili bolupdyr? 5. Näme üçin türkmenler goňşy döwletleriň özara uruşlaryna goşulmaly bolupdyrlar?

## §5. Etrek-Gürgen we Astrabat türkmenleri

XVI asyryň 70-nji ýyllarynda Horasanyň ýerleri Buhara hany Abdyllanyň täsiri astyndady. Bu ýerdäki türkmenler özleriniň garaşsyzlygyny saklamak ugrunda yzygiderli göreş alyp barýardylar. 1587-nji ýylda Buhara hany bilen Eýrandaky sefewi türkmenleriniň hökümdary Apbas I arasynda aýgytly söweş bolýar. Hyradyň eteginde bolan bu söweşde Eýran şasy uly ýeňiş gazanýar. Netijede, Horasan özbeklerden arassalanýar. Şondan soň Apbas şa Etregi, Gürgeni, Astrabady, Nusaýy, Abywerdi, Merwi eýeleýär. Ol günorta-günbatar Türkmenistanda doly däl (nominal) agalygyny dikeldýär.

Eýran şasy Etrek-Gürgen, Astrabat türkmenleri babatda aram syýasat alyp barypdyr. Onuň Astrabada bellän häkimleri uzak saklanyp bilmändirler. Türkmenler şanyň bellän häkimlerine boýun bolmandyrlar. Türkmenler Etrek, Gürgen derýalarynyň ýakalarynda ýaşap, ekerançylyk, maldarçylyk, balykçylyk bilen meşgul bolupdyrlar. Gürgenden günortadaky daglyk ýerlerde ýerli taýpa bolan garageýimliler (syýahpuşlar) ýaşapdyrlar. Bu ýerlerde ýaşaýan türkmen taýpalary biri-birleri bilen gowy gatnaşykda bolupdyrlar. Daşyndan howp abananda birek-birege kömege gelipdirler.

XVI–XVII asyrlaryň sepgidinde Etrek-Gürgen türkmenleriniň ýagdaýy has kynlaşypdyr. Apbas şa okly türkmenleriniň serdary Garry hanyň ýanyna hat bilen ýörite ilçi iberýär. Ol hatda Eýran şasyna hormat goýmalydygy we onuň syýasatyny

goldamalydygy aýdylýar. Garry han şanyň ilçisini gowy garşylap, hatyň mazmuny bilen razylaşýar. Emma Garry hanyň gelen netijesinden okly taýpasynyň beýleki bir topary närazy bolýar. Olar şanyň ilçisini pyçaklap, ýanyndaky goragçylaryny öldürýärler, özleri bolsa demirgazyga tarap göçüp başlaýarlar. Bu habary eşiden Eýran şasy gahar-gazaba münüp, jeza beriji goşuny oklularyň yzyndan iberýär. Etrek ýakasyndaky düşelgeleriň birinde Eýran goşuny gozgalaňçylaryň yzyndan ýetip, olary gyrgynçylyga sezewar edýär. Garry han bolsa suwsuz çöllüge gaçyp gitmäge mejbur bolupdyr. Beýleki türkmen taýpalary – salyrlar, gökleňler, eýmirler gazaply talaňçylykdan heder edip, Eýran şasyna tabyn bolupdyrlar.

Şu wakalardan soň, Apbas şa Astrabady goramak üçin bir wagtky gurlan Mübärekabat galasyny täzeden dikeltmegi buýurýar. Bu galany ilkinji gezek Tahmasp I şa (1524–1576 ý.) Astrabat welaýatyny türkmenlerden goramak üçin gurdurypdyr. Şol wagtlar Etrek, Gürgen, Astrabat türkmenleri Hywa hanlygynyň häkimligini ykrar edipdirler. Gala 12 günüň dowamynda dikeldilýär. Galada birnäçe müň ýaragly goşun saklanypdyr. Eýran goşunlary türkmenleriň üstüne birnäçe gezek çozupdyrlar.

Türkmenler şa goşunyndan asgyn gelseler-de, oňa boýun bolmandyrlar. Olar 1606–1607-nji ýyllarda, şa tarapyndan goýlan Astrabadyň häkimi Ýusup hana garşy gozgalaň türzupdyrlar. Garry hanyň ýolbaşçylygynda Mübärekabat galasyna hüjüm edipdirler. 1607–1611-nji ýyllarda gökleňleriň serdary Şanazar begiň baştutanlygynda türkmenler birnäçe gezek gozgalaň edipdirler. Olar Astrabat welaýatynyň häkiminiň talaňçylykly salgyt syýasatyna garşylyk görkezipdirler. Astrabadyň häkimi gozgalaňçylary jezalandyrmak üçin 12 müň atly bilen gökleňleriň üstüne hüjüm edipdir. Derýanyň kenaryndaky batgalykda olaryň arasynda söweş bolýar. Türkmenler köp adam ýitirip, yza çekilmäge mejbur bolýarlar.

Eýrandaky sefewi türkmenleriniň hökümdary we onuň ýerlerdäki emeldarlary özüne göwni ýetýän sähra türkmenlerini açyk söweşde doly boýun egdirip bilmejekdiklerine göz ýetiripdirler. Şonuň üçin olar türkmenleriň tire kethudalaryny, täsirli adamlaryny biri-birlerine garşy goýmak usulyny ulanypdyrlar. Astrabat häkimi Feridun han bir gökleň tiresini beýleki gökleň tiresiniň garşysyna goýmagy başarypdyr.

Netijede, 1621-nji ýylda Garry han haýynlyk bilen öldürilipdir. Şondan soň gökleň we okly türkmenleriniň umumy bir güýç bolup çykyş etmekleri bozulýar. Şol döwürde 10 müň öýli gökleň, 7 müň öýli okly bar eken.

XVII asyryň ikinji ýarymynda-da türkmenleriň ýagdaýy ýeňil bolmandyr. Olaryň galmyklar bilen bileleşip, sefewileriň garşysyna göreşen wagtlary-da mälimdir. Şeýle gazaply söweşler 1657–1658-nji ýyllarda bolupdyr. Umuman, bu döwürde Etrek-Gürgen, Astrabat türkmenleri sefewileriň sütemine garşy wagtal-wagtal çykyş edip durupdyrlar. Emma deň bolmadyk harby çaknyşyklarda türkmenler asgyn gelip, olaryň bir bölegi täze ýerlerde ýurt tutunmaga mejbur bolupdyr. Şoňa görä, XVII asyr türkmenler üçin göçe-göçlük döwri bolupdyr.

---

Soraglar we ýumuş

**?**

**1.** Etrek-Gürgen, Astrabat türkmenleri Apbas şanyň agalygyna nähili garapdyrlar? **2.** Garry han kim bolupdyr? **3.** Türkmenleriň Eýran goşunlary bilen çaknyşyklary barada gürrüň beriň. **4.** Sefewi hökümdarlary näme üçin türkmen taýpalaryny biri-birine garşy goýupdyrlar?

---

## §6. Türkmenleriň goňşy ýurtlar bilen gatnaşyklary

XVII asyrda dürli maksatly syýasy wakalar, özara göreşler sebäpli, türkmenleriň goňşy ýurtlar bilen gatnaşyklary dartgynly ýagdaýda bolupdyr. Türkmenleriň syýasy we ykdysady-durmuş gatnaşyklary, esasan, Hywa, Buhara, Eýran bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Söwda babatynda bolsa olar Russiýa, Hindistan, Owganystan bilen hem gatnaşyk saklapdyrlar.

Orta Aziýa hanlyklary Wolga deryasynyň boýundaky rus täjirleri bilen söwda aragatnaşygyny ýola goýupdyrlar. Gury ýer hem-de deňiz ýollary bilen edilýän söwda, esasan, Astrahan şäheriniň üstünden geçipdir. Bu ýere Buhara, Samarkant, Hywa, Gürgenç, Kawkaz, Hindistan, Eýran ýaly ýurtlardan söwdagärler gelip, söwda edipdirler.

Türkmenler bilen ruslaryň ýa-da Hywa hanlygynyň arasyndaky gatnaşyklar elmydama parahatçylykly bolmandyr. 1603-nji ýylyň iýun aýynda rus kazaklary Gürgenje çozup, ýüzlerçe ilaty

gyrypdyrlar, şäheri talapdyrlar. Şol wakadan alty aý geçensoň, galmyklar Horezme çozupdyrlar. XVII asyryň 30-njy ýyllarynda galmyklar Orta Aziýa gidýän ýollary eýeläp, kerwenleri talap başlapdyrlar. Şu ýagdaýda Müňgyşlakdaky türkmenleriň ýaşaýan ýerleri bolan Gabakly, Garagan gämi duralgasynyň ähmiýeti uly bolupdyr. Bu suw ýoluna türkmenler eýelik edipdirler we ol ýere galmyklar aýak basyp bilmändirler.

1616-njy ýylda rus patyşasynyň Eýrana iberen ilçisi Tihonow Garagum çölüniň üstünden geçipdir. Türkmenler ony Duruna çenli ynjytman getiripdirler. Ol türkmenleriň dostlukly kömegine minnetdarlyk bildirip, olara altyn pul serpaý beripdir. Şeýle hem türkmenler ilçä gerek düýeleri we ýabylary satyn almaga kömek edipdirler. Bu kömegi üçin ol türkmenlere iki sany samyr derisini beripdir. 1620-nji ýylda Hywa gelýän rus ilçisi Iwan Hohlow Astrahanyň üsti bilen Müňgyşlaga gelende, onuň gämisi heläkçilige uçrapdyr. Deňiz tolkunlary gämini Gabakly diýen ýere getirýär. Şol ýerde ýaşaýan salyr türkmenleri Hohlowy garşylapdyrlar. Türkmenler paç tölegini alyp, ilçini Horezmiň serhedine çenli ugradypdyrlar. Emma Hohlowyň kerweni Horezmiň içine girip, Böwet diýen ýerde ýene-de gümrük pajyny tölemeli bolupdyr.

Umuman, şol döwürde gury ýer bilen gatnaşyk saklamak, söwda etmek galmyklaryň talaňçylygy zerarly hatarly bolupdyr. Şonuň üçin ýolagçylar, köplenç, türkmenleriň howandarlygyndan peýdalanypdyrlar. Müňgyşlakdaky Gabakly duralgasyna bolsa buharalylar, hywalylar, türkmenler gelip söwda edipdirler. Ol ýerden Astrahanyň üsti bilen Russiýanyň merkezi şäherlerine – Kazana, Nižniý Nowgoroda, Moskwa çenli barypdyrlar. Orta Aziýanyň täjirleri Russiýa köpdürli harytlary äkidipdirler. Rus täjirleri hem öz gezeginde Gürgenje, Buhara, Balha söwda etmäge gelipdirler. Käbir rus täjirleri Hindistana çenli barypdyrlar. XVII asyryň 30-njy ýyllarynda rus täjiri Leontiý Ýudin ýedi ýyllap Buharada söwda bilen meşgul bolýar.

Müňgyşlak türkmenleri Astrahan bilen söwdany, mümkingadar, giň ösdürmegiň tarapdarydy. Astrahan–Müňgyşlak aralygyndaky deňiz ýolunda ýelkenli gämiler gatnaýardy. Rus täjirleri Garaganda ýüklerini düşürip, gury ýer bilen kerwen arkaly Hywa ugraýardylar. Kähalatda bolsa Garaganda galyp, şol ýerde söwda edýärdiler. Bu işde türkmenleriň hyzmaty uludy. Olar çapar iberip, söwda kerweniniň gelendigini habar berýärdiler, ba-

zarlarda jar çekdirýärdiler. Şonuň üçin Garagan aýlagy diňe bir söwdagärleriň düşläp geçýän ýeri bolman, eýsem, uly söwdanyň merkezine-de öwrülipdir.

Türkmenler Orta Aziýanyň täjirleriniň rus täjirleri bilen söwda etmeklerine uly goşantlaryny goşupdyrlar. Bu bähbitli işe özleri hem goşulypdyrlar. 1641-nji ýylda türkmenleriň ajy urugyndan bolan täjirler Moskwada söwda edipdirler. Orta Aziýadan Russiýa, esasan, nah mata önümleri, ýüpek matalaryň dürli görnüşleri, pagta, halylar, gündogar ýaraglary äkidilýärdi. Russiýadan bolsa agaç önümleri, mawut matalary, gaýyş, demir önümleri Orta Aziýa getirilýärdi. Söwda hyzmatdaşlygy iki tarapa-da bähbitlidi. Söwda aragatnaşygy bilen bilelikde patyşa Russiýasy Orta Aziýany syýasy, ykdysady we geografiki taýdan hem öwrenýärdi. 1697-nji ýylda Semýon Ulýanow-Remezow Orta Aziýanyň kartasyny taýýarlapdyr.

1675-nji ýylda Hywa hany Anuşa Russiýa döwletine Müňgyşlakda Garagan aýlagynda berkidilen söwda galasyny gurmagy teklip edýär. Ilki bu gepleşik gizlinlikde alnyp barylýar, soň äşgär bolýar. Gepleşiklerde iki tarapyňam şäher-gala bolan hukuklary ylalaşylypdyr. Gepleşiklerde Garagan duralgasyny şäher-gala öwrüp, bu ýere goşun çekip, Müňgyşlak türkmenlerini ýok etmek göz öňünde tutulypdyr. Muny eşiden Müňgyşlak türkmenleri şäher-galanyň gurulmagyna garşy çykypdyrlar. Sebäbi bu iş amala aşsa, Müňgyşlak türkmenleri özbaşdaklygyny, söwda kerwenlerine täsirini ýitirjekdi. Ahyrky netijede, bu pirim başa barman galýar.

XVII asyrda türkmenleriň öz döwleti bolmasa-da, olaryň hanlyklarda täsiri uludy. Söwda kerwenleriniň ählisi türkmenleriň ýaşaýan ýerlerinden geçip, olaryň hyzmatyndan, goragyndan peýdalanýardylar. Türkmenleriň özlerinden bidin ýekeje kerwenem olaryň üstünden geçip bilmändir. Bu ýagdaý bolsa, Müňgyşlakda we Hywa hanlygynda türkmenleriň uly güýç bolandyklaryny görkezýär.

XVII asyrda türkmen ýerlerini eýelemek üçin Buhara hanlygy bilen Eýrandaky sefewileriň arasynda yzygiderli söweşler bolupdyr. Şu kyn ýagdaýda-da türkmen täjirleri Samarkandyň, Buharanyň, Balhyň, Hyradyň, Kabulyň, Maşadyň bazarlaryna baryp, söwda we beýleki aragatnaşyklary saklapdyrlar. Bu gatnaşyklarda Sarahs, Mary, Çärjew (häzir Türkmenabat) esasy

ýol çatrygy bolup hyzmat edipdir. Kähalatlarda Buhara hanlygynyň, Balhyň hakiminiň we Eýranyň arasynda bolan dawalary gepleşikler arkaly çözmekde hem türkmenleriň hyzmaty uly bolupdyr. Umuman, türkmenler taraplaryň hemme meselelerine goşulmaly bolupdyrlar.

---

Soraglar we ýumuş

1. Russiýa bilen gatnaşyklarda Astrahan şäheriniň ähmiýeti nähili bolupdyr? 2. Gury ýerden geçýän söwda kerwenlerine, ilçilere Müňgyşlak türkmenleriniň howandarlygy, hyzmatlary barada gürrüň beriň. 3. Orta Aziýa bilen rus täjirleriniň arasynda nähili harytlaryň söwdasy edilipdir? 4. Näme üçin Hywa bilen Russiýa Müňgyşlakdaky Garagan aýlagynda söwda şäher-galasyny gurjak bolupdyrlar?

---

## §7. XVII asyrda türkmenleriň medeniýeti

XVII asyrda türkmenleriň çylşyrymly durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy, yzygiderli söweşler, göçhä-göçlükler olaryň medeniýetine-de öz täsirini ýetiripdir. Şol döwürde çaklaňja galalar, dinli binalar, metjitdir medreseler gurlupdyr. Häzirki Görogly etrabyndaky Ysmamyt ata ýadygärlikler toplumy şol döwürde bina edilipdir. Oturymly ilat palçykdan, çig kerpiçden, daşdan jaýlar gurupdyr. Türkmenleriň çarwa ilaty gara, ak öýlerde we oraçalarda ýaşapdyr. Çünki gara öýler çarwaçylygyň şertlerinde, ýaýlalarda, göçhä-göçlükde tiz söküp hem-de gurnap bolýan ýaşaýyş jaýydyr. Türkmenlerde halk binagärçiliginiň milli aýratynlyklary saklanypdyr we ony dörediјiler, esasan, ýerli ussalar bolupdyr.

Türkmenlerde küýzegärçilik önümçiligine üns berlipdir. Agymtyl goňur, ýaşyl-mawy zolakly ýa-da gara nagyşly syrçaly küýze önümleri öndürilipdir. Zergärçilik sungaty ösüpdir. Kümüş hem altyn şaýlar özüniň inçeden nepis ýasalyşy, ýokary çeperçiligi bilen tapawutlanypdyr. Türkmen zenanlarynyň dakynýan ýüzük, gulakhalka, çapraz-çaňňa, gülýaka, gupba, heýkeldir düwme ýaly köpsanly şaý-sepleri olara özboluşly görk beripdir. Bezeg şaýlary ony dakynýanyň müçesine görä ulanylypdyr.

Türkmenlerde ata-bedewe hormat goýmak gadymdan dowam edip gelýän däpdir. Olarda «Ertir tur-da atany gör, atandan soň atyňy gör» diýen pähim bar. 1663-nji ýylda Eýranyň şasy Russiýanyň patyşasyna 10 sany dürli nagyşly esbaplar bilen bezelen türkmen atyny sowgat beripdir. Taryhda türkmen ýigitleriniň harby tälimli edermen söweşijiler bolandygy bellidir. Türkmenler ýarag esbaplary bolan gylyçdyr galkanlaryny, pyçaklarynyň sapyny ussalara bezedipdirler. Olara gymmat bahaly daşlar goýduryp, altyn çaýdyryp, dessesini kümüş bilen nagyşladypdyrlar.

Türkmenlerde amaly-haşam sungaty hem ösüpdir. Mata, palas, haly we haly önümlerini dokamak, keçe basmak, eşikleri keşdelemek, jorap örmek türkmenleriň çeperçilik senedinde aýratyn orun eýeläpdir. Türkmen gelin-gyzlary dürli hili nagyşly halylary zehin siňdirip dokapdyrlar. Türkmenleriň öndüren haly we haly önümlerine, ýüpek matalaryna dünýä bazarlarynda uly isleg bildirilipdir. Türkmen gelin-gyzlarynyň düýe ýüňünden agarçäkmen üçin dokan matalary Hywanyň, Buharanyň, Eýranyň, Owganystanyň, Hindistanyň bazarlarynda uly meşhurlyga eýe bolupdyr.

Türkmenlerde halk döredijiligi giňden meşhurdyr. Çuň manyly, gahrymançylyk ruhunda beýan edilip, köpçülige ýetirilen eposlar, dessanlar, rowaýatlar, atalar sözi, ertekiler, nakyllar, matallar, läleler, hüwdüler halk döredijiliginiň esasy ugurlarydyr.

Türkmenler «Oguznama», «Gorkut ata» ýaly eserleri-de dilden-dile geçirip, üstüni ýetirip, timarlapdyr. Halk döredijiliginiň gymmatly ýadygärlikleriniň biri-de «Görogly» şadessanydyr. Çak edilişine görä, ol XVI–XVII asyrlarda döredilipdir. Ondaky wakalar Türkmenistanda we oňa golaý ýerlerde bolup geçýär. Göroglynyň keşbinde halkymyza mahsus bolan watansöýüjilik, namysjaňlyk, gaýduwsyzlyk, durnuklylyk, lebzi halallyk ýaly häsiýetler jemlenipdir. 2015-nji ýylda «Görogly» şadessanynyň türkmen nusgasy ÝUNESKO-nyň Maddy däl medeni mirasynyň görnükli nusgalarynyň sanawyna girizildi. «Görogly» şadessany halk arasynda uly meşhurlyga eýedir. Ony häzirki zaman aýdymçylarydyr dessançy bagşylar uly höwes bilen kyssa hem aýdym edip, ussatlyk bilen aýdýarlar. Dessanlar gündogar halklaryna mahsus bolup, olar kyssa bilen goşgynyň utgaşmagynda döredilen epiki eserlerdir. Halk arasynda «Asly–Kerem», «Hüýrlukga–Hemra», «Saýatly–Hemra», «Şasenem–Garyp», «Kasymoglan», «Nejepoglan» ýaly ýazary näbelli dessanlar has meşhurdyr.

XVII asyrda türkmen edebiýaty yslam dininiň täsiri bilen utgaşyp ösüpdir. Türkmen edebiýatyna şeýle hyzmat edenleriň biri-de Sopy Allaýardyr. Ol, takmynan, 1616–1706/20-nji ýyllarda ýaşapdyr. Ol türkmen, pars dillerinde poemalar ýazypdyr. Olardan «Danalaryň myrady», «Talyplar sowgady», «Ejizleriň şamçyragy», «Ejizleriň erjelligi» eserleri bellidir. Sopy Allaýaryň eserleri dini mekdeplerde we medreselerde talyplara öwredilipdir. Ol öz eserlerinde adamlary edep-ekrama, ynsaplylyga, ynsanperwerlige çagyrypdyr. Onuň «Sebatül ajyzyn» («Ejizleriň erjelligi») kitaby bütin Orta Aziýa, Ýakyn we Orta Gündogara ýaýrap, şol ýerlerde ýerli mekdeplerde okuw gollanmasy hökmünde peýdalanylypdyr. Şol kitap XIX asyrda «Sopy Allaýar» ady bilen Bakuda, Kazanda, Daşkentde, Kokantda ençeme gezek neşir edilipdir.

XVII asyrda häzirki Türkmenistanyň çäginden daşarda türkmen şahyrlarynyň birnäçesi ýaşap geçipdir. Olardan Ataby Yspyhanda, Mahmyt beg Türkmen Fedaýy Tähranda, Muhammet Ülfeti Hindistanda ýaşapdyrlar. Olar ajaýyp eserleriň ençemesini döredipdirler. Yspyhanda ýaşap geçen şahyr Berhurdar Türkmen 400-e golaý halk rowaýatyny ýygnap, şolaryň esasynda «Ragna we Ziba» atly ilkinji dessanyny ýazýar. Bu dessan aýal-gyzlar hem söýgi ahwalatlaryna bagyşlanyp, halk köpçüligi tarapyndan gyzgyn garşylanypdyr. Şahyr beýleki eserlerinde edep-ekram, ahlak, terbiýe, söýgi meselelerine köp üns beripdir. Berhurdar Türkmen Günorta Türkmenistanda hem bolupdyr, Durunda üç ýyla golaý ýaşapdyr.

Türk edebiýatynda nusgawy şahyr derejesine ýeten türkmen şahyry Garajaoglan 1606–1679-njy ýyllarda Türkiýede ýaşap geçipdir. Garajaoglan diňe bir ady belli şahyr bolman, meşhur sazanda, aýdymçy hem bolupdyr. Ol türkmen okyjylarynyň arasynda hem giňden tanalýar. Garajaoglan Kiçi Aziýadaky türkmenler bilen Türkmenistandaky türkmenleriň arasyny şygyr äleminde baglanyşdyrýan beýik şahsyýetdir.

Türkmenleriň gadymy taryhy barada gymmatly maglumatlary goýup giden Hywa hany Abylgazydyr. Ol 1603-nji ýylda Gürgenç (Köneürgenç) şäherinde doglupdyr. Abylgazynyň «Şejerei terakime» («Türkmenleriň nesil daragty») işinde Oguz handan başlap türkmeniň nesil daragty ýazarlanýar. Onuň «Şejerei türk» («Türkleriň nesil daragty») diýen işinde bolsa Adam atadan başlap türki dilli halklaryň gelip çykyşy ýazarlanýar.



**Şahyr Garajaoglana bagyşlanyp Aşgabatda gurlan ýadygärlik**

XVII asyrda türkmenleriň taryhyna, edebiýatyna, medeniýetine degişli pars dilinde eser ýazan taryhçylaryň birnäçesi bolupdyr. Olardan sefewi türkmenleriniň köşk taryhçysy Isgender Beg Münşi Türkmen aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Ol 1560–1633-nji ýyllarda ýaşap geçipdir. Ol ilki Apbas I şanyň goşunynda gulluk edip, soňra şanyň merkezi diwanynda işläpdir. Ol «Taryhy alam araýy Apbasy» («Dünýäni şöhlelendiriji Apbasyň taryhy») diýen işi ýazypdyr. Eserde Sefewi şasynyň türkmenleriň üstüne eden ýörişi dogry beýan edilipdir, hatda türkmenlere duýgudaşlyk hem bildirilipdir.

Etrek-Gürgen, Astrabat türkmenleriniň garaşsyzlyk ugrunda sefewilere garşy göreşi barada Muhammet Masum ibn Hajyly,

Muhammet Tahyr Wahydy, Muhammet Tahyr ibn al Bistamy ýaly alymlar eserler döredipdirler.

Şeýlelikde, XVII asyrda türkmenleriň taryhy we medeni durmuşy baradaky eserleriň birnäçesi peýda bolupdyr. Bu döwürde ýerli mekdeplerde, medreselerde hat-sowat arap elipbiýinde öwredilipdir.

---

Soraglar we ýumuşlar

?

**1.** XVII asyrda türkmenlerde binagärçilik, zergärçilik, çeper sungat barada gürrüň beriň. **2.** Amaly-haşam sungaty barada näme bilýärsiňiz? **3.** Halk döredijiligi barada gürrüň beriň. Sopy Allaýaryň döredijiligi barada näme bilýärsiňiz? **4.** Garajaoglanyň döredijillgi barada gürrüň beriň. **5.** Türkmenler hakynda ýazan taryhçylardan kimleri bilýärsiňiz?

---

# II BAP
# XVIII–XIX ASYRLARDA TÜRKMENLERIŇ JEMGYÝETÇILIK DURMUŞY WE HOJALYGY

## §8. Türkmenleriň ekerançylyk hojalygy

XVIII–XIX asyrlarda türkmenleriň ykdysadyýetiniň esasyny ekerançylyk bilen maldarçylyk hojalygy düzüpdir. Maldarçylyk bilen meşgul bolýan göçme ilata çarwalar, ekerançylyk bilen meşgul bolýan oturymly ilata bolsa çomrular diýlipdir. Emma çarwalar bilen çomrularyň arasynda hiç hili üzňelik bolmandyr. Olar biri-birleri bilen berk baglanyşykly eken. Bir obada, hatda bir maşgalada-da çarwaçylyk bilen meşgul bolýan hem, ekerançylyk bilen iş salyşýan çomrular hem bolupdyr. Tebigy şertlere, suwarymly ýerleriň möçberine görä, käýerlerde ekerançylyk agdyklyk etse, beýleki bir ýerde maldarçylyk agdyklyk edipdir.

Türkmenistanyň tebigy şertlerine görä, ekerançylyk elmydama suw bilen baglanyşykly bolup gelipdir. Suw bilen üpjün, ekerançylyk üçin amatly ýerler Amyderýanyň orta we aşak akymynda, Murgap jülgesinde, Gürgen boýlarynda ýerleşendir. Ahal, Etek, Sarahs, Pendi töwerekleri, Etrek derýasynyň aşaky akymlary ekerançylygyň giň ýaýramadyk ýerleri hasaplanýar. Bu ýerlerde ekin meýdanlaryny kadaly suwarmak üçin esasy

ýaplar, kärizler gazylypdyr. Olary gazmak, bejermek we arassalamak üçin köp zähmet çekmeli bolupdyr.

Türkmenistanda suwaryş ulgamy we dürli möçberdäki suw desgalary bolupdyr. Şolaryň iň gadymysy we ulusy Murgapda gurlan Soltanbentdir. Ol öz taryhynda birnäçe gezek ýumrulyp, ençeme gezek dikeldilipdir. XIX asyryň ortalarynda Murgapda Gowşut hanyň baştutanlygynda Gowşutbent, Tejen derýasynyň boýunda bolsa Mapak serdaryň baştutanlygynda Garrybent gurlupdyr. Bu bentler ilatyň ekin ýerlerini suw bilen üpjün etmekde uly orny eýeläpdir.

Lebap gadymy zamanlardan bäri özüniň ösen suwaryş ulgamy bilen bellidir. Onda ilat Amyderýadan suwy örän çuň gazylan nowhanalar we ene ýaplar arkaly alypdyr. Olar gözbaşyny gös-göni derýanyň özünden alyp gaýdýardylar. Nowhanalaryň suwy hem öz gezeginde ululy-kiçili ýaplara bölünýärdi. Gyrmança basan nowhanalary we ýaplary her ýyl arassalamaly bolupdyr. Olary arassalamak üçin geçirilýän gazy-haşar işleri juda agyr eken.

Horezmde ýaşan türkmenler ekerançylyk hojalygyny asyrlarboýy, esasan, emeli suwaryş usulynda alyp barypdyrlar. Olar Derýalyk ýabynyň ugrunda Salakbent, Uşakbent, Ýegengylyç ýaly bentleriň ençemesini gurupdyrlar. Käbir halatlarda bolsa ekin ýerleri mal güýji bilen işleýän jykyr arkaly suwarylypdyr. Andalybyň, Durdygylyç şahyryň wasp eden bu jykyry, esasan, gurply hojalyklarda bolupdyr.



**Soltanbent**



**Jykyr bilen suw çykarylyşy**

Ahalda we Etekde iri derýalar bolmansoň, ekerançylar kiçiräk çaýlaryň we çeşmeleriň suwlaryny peýdalanypdyrlar. Bu ýerlerde ýüzlerçe käriz ulgamlary bolupdyr. Käriz gazmak, olary ýeriň astyndan biri-birine birikdirmek, ýalňyşman ugruny kesgitlemek käri sungat derejesine baryp ýetipdir. Bu hünär B. Annanowyň «Kärizgenler» atly çeper kinofilminde giňişleýin beýan edilýär. Şeýlelikde, türkmenler suwaryş desgalaryny gurmak, ýaplary arassalamak, kärizler gazmak arkaly erjellik bilen ekerançylyk işlerini alyp barypdyrlar.

Türkmenistanyň şertlerinde ekerançylyk, esasan, iki usuldan: suwarymly we düme ekerançylygyndan ybarat bolupdyr. XVIII–XIX asyrlarda türkmenler bugdaý, jöwen, arpa, künji, dary, mäş, şaly, gowaça, ýorunja, gawun, garpyz, kädi ýaly ekinleri ekipdirler. Ekerançylygyň iň ösen ýerleriniň biri-de Lebap bolupdyr. Lebabyň ilaty aýratyn zähmetsöýerligi bilen tapawutlanypdyr. Olar ýuwaş-ýuwaşdan pagta uly üns berip başlapdyr. Muny Amyderýa boýlarynda ömrüni geçiren Gaýyby şahyr özüniň «Otuz iki tohum kyssasy» atly eserinde anyk beýan edýär.

Hywa hanlygynda ekilýän ýerleriň üçden bir bölegi türkmenlere degişli bolupdyr. Köneürgenç sebitleri iň uly ekerançylyk mekany hasaplanypdyr. Bu ýerlerde dürli görnüşli ekinler ekilipdir. Hywa hanlygyndaky türkmenler XIX asyryň ortalaryndan soň ýorunja ekmäge we onuň tohumyny taýýarlamaga uly üns beripdirler. Hatda ony Russiýanyň üsti bilen dünýä bazarlaryna, Günorta Amerika ýurtlaryna çenli satmak üçin çykarypdyrlar.

Däneli ekinler ýaz we güýz aýlary ekilipdir. Olaryň ýöriteleşdirilen ýazlyk we güýzlük görnüşleri bolupdyr. Bugdaýyň juda köp sortlary ýetişdirilip, olaryň hemmesi-de çörek bişirmäge ýaramly bolupdyr. Ýöne türkmenler ak bugdaýyň çöregine aýratyn sarpa goýupdyrlar. Türkmeniň ak bugdaýy bu toprakda gadym eýýamlardan bäri meşhurdyr. Bäş müň ýyl mundan ozal Änew düzlüginde ak bugdaýyň ekilendigini we Türkmenistanyň ak bugdaýyň watanydygyny ylmy barlaglar subut etdi.

Düme ekin, esasan, dag eteklerinde giňden ýaýrapdyr. Ol ýagyş-gar suwuna ekilipdir. Ýöne ýyl ygally gelen wagtlary çarwa ilat amatlyrak ýerlere ekin ekip, bol hasyl alypdyr. Uzaga çekýän tomus howasy suwarylýan ýerlerden ýylda iki hasyl almaga



**Azal bilen ýer sürlüşi**

mümkinçilik berýärdi. Däneli ekinler ýygnalandan soň, ol ýere ir ýetişýän jöwen, gawun, kädi ýaly başga-da birnäçe ekinler ekilipdir.

Ahal, Murgap, Lebap sebitlerinde, Etrek-Gürgen jülgelerinde üzüm, erik, alma, injir, nar, igde ýaly miweli baglar ösdürilip ýetişdirilipdir. Gadymyýetde Türkmenistanyň häzirki çäkleriniň ir-iýmişli, bag-bossanly ýurt bolandygy bellidir. Türkmenler miweli baga örän aýawly garapdyrlar. Olar her bir adamyň miweli bag ekmegini sogap iş hasap edipdirler.

Merw, Lebap we Demirgazyk Türkmenistanda tut agaçlaryny ösdürmeklige aýratyn üns berlipdir. Olar ýaplaryň boýlaryna we ekin ýerleriniň gyralaryna ekilipdir. Tut agaçlarynyň köpçülikleýin ekilmegi ýurtda ýüpekçiligiň ösmegine uly ýardam edipdir. Türkmen aýal-gyzlarynyň ýüpekden dokan matalary tutuş Merkezi Aziýada we Gündogarda meşhurlyk gazanypdyr.

Türkmenleriň zähmet gurallary örän ýönekeý bolupdyr. Ýeri omaç (azal, künde) bilen sürüpdirler. Sürlen ýerleri tekizlemek üçin agaç mala ulanylypdyr. Kätmen, pil, orak, aňňal ýaly başga-da dürli görnüşdäki zähmet gurallary türkmenleriň durmuşynda uly orun eýeläpdir. Türkmenler dänäni üwemek üçin harazlary, kiçeňräk suw we ýel degirmenlerini, künjüden ýag almak üçin juwazdyr sokulary ulanypdyrlar.

---

**Soraglar we ýumuşlar**

**1.** Çarwalar we çomrular kimler, olar näme bilen meşgul bolupdyrlar? **2.** Türkmenleriň suwaryş desgalary we gazy-haşar işlerini geçirişi barada gürrüň beriň. **3.** Jykyr we kärizgenler barada näme bilýärsiňiz? **4.** Türkmenleriň ekýän ekinleriniň we baglarynyň görnüşleri barada gürrüň beriň. **5.** Türkmenler nähili zähmet gurallaryny ulanypdyrlar?

---

## §9. Türkmenlerde ýer-suw eýeçiligi

Türkmenlerde ýer eýeçiliginiň, suwdan peýdalanmagyň birnäçe görnüşleri bolupdyr. Olaryň esasy görnüşleri sanaşyk, mülk, atlyk, wakyf ýerleridir. Günorta we Günorta-Günbatar Türkmenistanda merkezleşen döwlet bolmansoň, ýer-suwy paýlamak we oňa gözegçilik etmek işleri

oba jemagaty tarapyndan amala aşyrylypdyr. Ahal, Mary we Etrek-Gürgen sebitlerinde her obanyň öz töweregindäki ähli ýer-suw şol obanyň jemagatynyň – adamlarynyň eýeçiligi hasaplanylypdyr. Şonuň üçin jemagata degişli ýerden-suwdan onuň ähli agzalary deňhukukly peýdalanyp bilipdirler. Ýer-suw jemagatyň agzalarynyň sanyna görä, öz aralarynda bije atmak arkaly paýlanypdyr. Şoňa görä, jemagatçylyk ýer eýeçiligine, köplenç, sanaşyk ýer eýeçiligi diýlipdir. Türkmen adatynyň kadasy boýunça jemagatyň her bir doly hukukly agzasyna onuň baýlygyna ýa-da garyplygyna garamazdan, diňe bir paý ýer-suw berlipdir. Ýer eýeçiliginiň bu görnüşinde suw esasy meseledi. Obalaryň hemmesinde hojalygyň sany, ýaplardaky suwuň mukdary deň bolmandyr. Käbir obalarda bir suw paýy bilen 1-2 tanap[1], beýlekilerinde bolsa 5-6 tanap ýeri suwarmak bolýan eken.

Ilkibada sanaşyk ýerlerinden paý almaga hemme kişiniň haky bolupdyr. Emma döwrüň talabyna görä, bu düzgüni jemagatyň özi üýtgedip bilipdir. Günorta Türkmenistanyň köp ýerlerinde obany daşky duşmandan goramak baş wezipedi. Şoňa görä, ýer-suw obany goramaga gatnaşan her bir erkek adama, soňabaka bolsa öýlenen adama berlip başlanypdyr. Oňa «nika-suw» hem diýlipdir. Bu düzgün baýlar üçin peýdaly bolupdyr. Olar ýaşajyk ogullaryny-da adaglap, nika gyýdyryp, sanaşyk ýerinden ýer-suw paýyny alypdyrlar. Wagtynda öýlenip bilmedik garyp ýigitler bolsa, ýer-suw paýyny alyp bilmändirler. Bu düzgün sosial deňsizligi ýitileşdiripdir. Bu ýagdaý hemme ýerde dowam etmändir. Suwuň bolrak ýerlerinde ýer-suw paýy sallah adamlara, başga ýerden göçüp gelen hojalyklara hem berlipdir. Maryda we Tejende şeýle adamlara ýer-suw bermek düzgüni giň ýaýrapdyr. 1824-nji ýylda Oraz hanyň (Oraz ýagly) baştutanlygynda Tejen derýasynyň ozalky ýumrulan Garrybendi dikeldilipdir. Bu bolsa Tejende suw ýagdaýynyň birneme gowulanmagyna itergi beripdir.

Ýer eýeçiliginiň jemagatçylyk görnüşinden başga-da, Günorta Türkmenistanda aýry-aýry hojalyklara degişli mülk ýerleri hem bolupdyr. Mülk ýerleri Ahalda has öňräkden we giňden ýaýrapdyr. Teke türkmenleriniň Ahalda köpçülikleýin ornaşan wagtyndan bäri, bu ýerde jemagat ýer eýeçiligi bilen mülk ýerleri düzgüni utgaşdyrylyp ulanylypdyr. Käbir obalarda başda bir

[1] Tanap – 0,39-0,41 ga deň.

jemagat ýer-suw paýlaşygyna girip, paýyny alansoň, şol ýer-suw paýy soňabaka eýesine ömürlik galypdyr. Ol ýerler nesilden-nesle geçip, her bir hojalygyň özüniň hususy mülküne öwrülipdir.

Mülk ýerleriniň möçberi hemme ýerde we hemme hojalykda birmeňzeş bolmandyr. Wagtyň geçmegi bilen, iri ýer eýeleri – mülkdarlar kemala gelipdir. Az ýerli we ýersiz galan daýhanlar iri ýer eýelerinden kärendesine ýer alyp gün görüpdirler. Uly hususy mülkler täze suwaryş desgalaryny, ýaplary we kärizleri gazmak esasynda hem döredilipdir. Şol desgalar, köplenç, tire-taýpalaryň hanlarynyň ýa-da serdarlarynyň baştutanlygynda gurulýan eken. Mysal üçin, XIX asyryň 40-njy ýyllarynda Etregiň aşak akymynda Nyýaz Hars diýen baý adam Öküzgörşen (Esenguly etrabynda) diýen ýerde bent gurdurypdyr. Bent gurmagyň ähli harajadyny ol öz üstüne alypdyr. Işçi güýji oba jemagaty tarapyndan berlipdir. Umumy işler gutaransoň, ony mirap saýlapdyrlar. Ähli suwarylýan ýerleriň ýediden birini onuň özüne beripdirler. Galan ýerler bolsa oba jemagatynyň hojalyklarynyň arasynda paýlanypdyr. Şeýlelikde, Nyýaz Hars atly adam uly mülk eýesi bolupdyr. Ahalyň hany Nurberdi han bolsa XIX asyryň ortalarynda Bäherdende (häzirki Baharly etrabynda) Han kärizi gurduryp, giden bir giň meýdany öz mülküne öwrüpdir.

Mary sebitlerinde teke türkmenleriniň ilki köpçülikleýin ornaşan döwürlerinde olara mülk ýerleri jemagat ýeriniň bir bölegi hökmünde wagtlaýyn paýlanypdyr. Soňabaka ol bölünip berlen ýerler her kimiň öz hususy mülk ýerine öwrülipdir, nesilden-nesle geçipdir. Mülk ýerleri eldegrilmesiz hasaplanypdyr.

Hywa we Buhara hanlyklaryndaky türkmenlerde ýer-suw eýeçiliginiň başgarak görnüşleri bolupdyr. Ol ýerlerde ähli ekerançylyk we öri meýdanlary hökümdaryňky – döwletiňki hasaplanypdyr. Ýer-suw almak üçin hanyň goşunynda nöker gullugyny berjaý etmeli bolupdyr. Her bir nökere döwlet ýerinden bir atlyk ýer-suw paýy bölünip berlipdir. Hywa hanlygynda oňa atlyk (atly sözünden), Buhara emirliginde bolsa «tanho» diýlipdir. Atlyk ýerler ilki wagtlarda wagtlaýyn ýer eýeçiligi bolupdyr. Ony satypda, miras geçirip-de bolmandyr. Ýer-suw paýyny alan nökerleriň aglabasy öz ýerlerinde ýaşap, hojalygyny dolandyrypdyr. Uruş tursa, olar at-ýaraglary bilen Hywada hanyň, Buharada emiriň huzuryna barmaga borçly eken.

Atlyk ýerleriniň möçberi hemme wagt birmeňzeş bolmandyr. Olaryň möçberi döwre we ýeriň hiline görä azaldylyp ýa-da

köpeldilip durlupdyr. Ortaça möçberi 30 tanap, ýagny 12 gektar suwarymly ýere barabar bolupdyr.

Hywa we Lebap türkmenlerine nöker gullugyny berjaý edip, ýer-suw almak amatly bolupdyr. Olar ýer-suw paýyny, köplenç, öz dogan-garyndaşlaryna we kowumlaryna kärendesine berip bilipdirler. Nökerler öz hyzmatlary üçin köp ýeňillikler alypdyrlar. Olar gazy-haşar işlerinden, salgytdan boşadylypdyrlar, halat-serpaý bilen sylaglanypdyrlar.

Hywa hanlygynda we Buhara emirliginde nöker gullugyny berjaý edýänler, türkmenleriň bellibir bölegidi. Türkmen daýhanlarynyň beýleki bir bölegi bolsa, döwletiň ýa-da iri mülkdarlaryň ýerlerinde kärendeçilik edýärdiler. Daýhanlaryň ýene bir böleginde bolsa, ata-babadan galan mülk ýerleri bardy. Olar döwlet tarapyndan bellenilen salgytlardyr borçlary ýerine ýetiripdirler.

Patyşa Russiýasy Hywa hanlygyny (1873 ý.), Buhara emirligini (1868 ý.) basyp alandan soň, nöker gullugy ýatyrylýar. Öňki atlyk we tanho ýerleri ýuwaş-ýuwaşdan mülk ýer eýeçiligine öwrülýär. Mülk ýer eýeleri döwletiň gaznasyna salgytlar töläp başlaýarlar. Hywada bir atlyk ýer üçin 12 tylla tölemeli edilýär.

Hywa hanlygynda we Buhara emirliginde wakyf ýer eýeçiligi-de bolupdyr. Şeýle ýerler döwlet tarapyndan iri mülkdarlar ýa-da oba jemagaty tarapyndan ady ile ýaýran belli ruhanylara, olaryň saldyran metjitdir medreselerine bagyş edilen müdimilik ýer eýeçiligidir. Wakyf ýer eýeçiligi Türkmenistanyň dürli ýerlerinde mazmuny boýunça tapawutlanýar. Wakyf ýerlerinden girýän girdejiler ruhanylara, medreselerde okaýan talyplaryň harajatlary üçin sarp edilipdir. Mary sebitinde hem baknalyk döwründe wakyf ýer eýeçiligi ýüze çykypdyr. Ýöne ol juda az eken. Ahal we Etrek-Gürgen sebitlerinde wakyf öz irki gelip çykyş mazmunyna ýakyn bolupdyr. Bu sebitlerde oba jemagaty molla-işanlara dini işleri berjaý edýänligi üçin bellibir möçberde ýer-suw paýyny – sylag suwuny wagtlaýyn beripdir.

Türkmenlerde ýerleri kärendesine alyp ekmek düzgüni giň ýaýrapdyr. Bu ýagdaý, esasan, demirgazyk we Lebap türkmenlerinde köp bolupdyr. Kärendeçiler, esasan, ýersiz we az ýerli daýhanlar bolupdyr. Atlyk ýer eýeleri, iri mülkdarlar, kähalatda ýerini ekmäge mümkinçiligi bolmadyklar hem öz ýerlerini kärendesine beripdirler. Kärendeçilik düzgüni hemme ýerde deň däldi. Onuň dürli şertleri bolupdyr we şoňa laýyklykda-da ýer eýesi bi-

len kärendeçi özara ylalaşypdyrlar. Köphalatda kärendeçiniň iş maly we zähmet guraly özünden bolsa, ýeri ýarpasyna, diňe gara güýji bolsa, onda üçden ýa-da dörtden birine ekipdir. Umuman, kärendeçilik düzgüni ilatyň garyp böleginiň zähmetini peýdalanmakda iri ýer eýeleri üçin amatly bolupdyr.

---

Soraglar we ýumuşlar

**1.** Günorta Türkmenistandaky jemagatçylyk (sanaşyk) ýer eýeçiligi barada gürrüň beriň. **2.** Günorta Türkmenistanda mülk ýer eýeçiligi nähili emele gelipdir? **3.** Atlyk ýer eýeçiligi barada gürrüň beriň. Ol ýurduň haýsy ýerlerinde bolupdyr? **4.** Wakyf ýer eýeçiligine nähili düşünýärsiňiz? **5.** Kärendeçilik barada gürrüň beriň.

---

## §10. Maldarçylyk hojalygy

Türkmenler maldarçylyk bilen hem içgin meşgullanypdyrlar. Olar mallary dag-düzlerde, giň Garagum çölünde bakypdyrlar. Maldarçylyk Ahalda, Merwde, Lebapda, Horezmde, Etrek-Gürgen sebitlerinde uly ösüşe eýe bolupdyr. Örän köp tütjar baýlar emele gelip, olar düýe, sygyr, goýun, gylýal sürülerini barha köpeldipdirler. Günbatar Türkmenistanda, Balkan we Müňgyşlak töwereklerinde maldarçylyga köp üns berlipdir. Bu ýerleriň tebigy şertleri ilatyň aglaba köpçüliginiň maldarçylyk bilen meşgul bolmagyna itergi beripdir.

Mallar, esasan, guýulardan we kaklardan suwa ýakylyp, gyşyn-ýazyn meýdanda bakylypdyr. Diňe tomsuna hasyl ýygnalandan soňra, käbir sürüler obalara ýakyn getirilip, sypal bilen iýmitlendirilipdir. Uly baýlar bolsa, mallaryny oba getirmän, öri meýdanlarynda bakmagy dowam etdiripdirler. Sebäbi olaryň öz sürülerini ýazda we gyşda bakar ýaly ýörite öri meýdanlary bolupdyr. Bular ýaly ýagdaýda mal eýeleri obada galyp, diňe çopanlar örä gidipdirler. Çopanlar öz obasyndan 200–300 kilometr daşlykda mal bakypdyrlar. Mal eýeleri bolsa olardan wagtal-wagtal habar tutup, azyk, geýim-gejim getirlpdirler.

Maldarçylygyň çekene görnüşi-de gadymdan bäri bardy. Çekenä mal goşýan, esasan, ekerançylyk bilen meşgul bolýan hojalyklardy. Çekene sürüleri obadan daşlaşman, ekin gyralarynda, bugdaý-arpanyň orlup ýygnalan meýdanynda bakylypdyr.

Maldarçylygyň özüne ýetik aladasy hem bardy. Ol döwürde ot-iým öňünden taýýarlanylmaýardy. Şonuň üçin hem gyş has sowuk gelende mallaryň gyrylýan wagtlary bolupdyr. Ownuk mal ýaz aýlary «çerrik» diýen awuly ot iýip gyrylýardy. Gara mallara agsyl (ýaşşur) keseli degýärdi. Ýöne asyrlaryň dowamynda halk tejribesi bu keselleri bejermegiň we olaryň garşysyna göreşmegiň bellibir tärlerini hem oýlap tapypdyr.

Ýaz aýlary ýazlaga göçüp, goýun sagmak düzgüni türkmenlerde gadymdan bäri dowam edip gelýärdi. Goýun sagýan gelin-gyzlar süýtden saryýag, gurt, sargan, peýnir, sykman ýaly önümleri gyş azygy hökmünde taýýarlapdyrlar. Düýe süýdi hiç wagt gaýnadylmaýar, gylýal süýdi derman üçin gyzamyk getiren çaga berilýär. Düýe çalynyň hem adamyň saglygy üçin örän peýdalydygy öňden belli.


Saryja goýny

Türkmenler mallaryň oňat tohumlaryny ldedip ýetişdirip hem-de olary gowulandyryp bilipdirler. Asyrlarboýy seçip-saýlap, meşhur ahalteke we ýomut atlarynyň, ýüke werziş, gadymy arwana düýäniň, örän iri, ap-ak ýüňli saryja goýunlarynyň tohumyny ýetişdiripdirler. Maryly Saryja baýyň ýetişdiren saryja goýunlarynyň tohumy häzire çenli öz ähmiýetini ýitirmeýär. Soňabaka garaköli goýunlaryň tohumy giňden ýaýrapdyr. «Bakgan» tohumly goýunlaryň agramy 60-80 kilograma çenli ýetipdir.


Arwana düýesi

Iri şahly mallary we düýedarçylygy ösdürmäge köp üns berlipdir. Düýeler bir we iki örküçli bolupdyr. Olaryň iň köp ýaýran tohumy türkmenleriň öz ýetişdiren bir örküçli arwana düýesidir. Arwana düýesi Orta Aziýada, Ýakyn we Orta Gündogarda boýy boýunça iň uzyn, süňki iri, güýçli düýe hasaplanylýar. Türkmenler düýe malyny örän amatly ulag hökmünde ulanypdyrlar. Ony «çöl gämisi» hasaplapdyrlar.

Türkmenleriň durmuşynda çapylýan atlar we ýabylar uly ähmiýete eýe bolupdyr. Olar owadanlykda, ýyndamlykda, çydamlylykda dünýä belli bolan ahalteke we ýomut atlaryny ösdürip ýetişdiripdirler. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly: «Türkmenler üçin at baýlygyň baş seresi, baş ölçegi boldy... Biz geljekde hem bedewlerimizi birjik-de ünsden düşürmeris, çünki olar biziň buýsanjymyz we şöhratymyzdyr, biziň yhlasymyzdyr».


Türkmen aty

Serkerde şahyr Seýdi hem öz döwründe türkmen bedewini goç ýigidiň syrdaşy-ýoldaşy hökmünde wasp edipdir. Türkmenleriň ýetişdiren ahalteke tohum atlaryny arap, türk, garabagly, iňlis, rus atlarynyň tohumyny gowulandyrmak üçin alyp gidipdirler. XVIII asyrda türkmen tohum atlaryny Müňgyşlakdan gämä ýükläp, Astrahana äkidipdirler.

Türkmenleriň çapylýan atlary ýörite sürülere goşulman, her kimiň öz gapysynda aýratyn saklanypdyr. Olar saýlama atlaryň enesini – saýlantgy baýtallary bazara çykaryp satmandyrlar. Sebäbi oňat atlaryň tohumyny ýitirmezlik üçin, türkmenlerde baýtal satmak gadagan eken. Türkmenler öz atlaryny dünýäde hemme zatdan eý görüp, ony aýawly saklapdyrlar. Kimiň gapysynda aty kişňäp dursa, oňa onuň eýesi ähli maşgalasy bilen guwanypdyr.

Maldarçylyk hojalygy örän girdejili pudak bolupdyr. Şonuň üçin hem türkmenler, sähelçe gurplansa, mal edinjek bolýardylar, baýasa-da guma goýun çykarmagy arzuw edýärdiler. XIX asyryň ortalarynda türkmenlerde mallaryň baş sany has köpelipdir. Resmi maglumatlara görä, Hywa hanlygyndaky türkmenleriň 500 müň goýny, 79 müň düýesi, 41 müň ýabysy bolupdyr. Günorta we günbatar türkmenlerde hem maldarçylyk babatynda şeýle ösüşler bolupdyr. Maryda, Hyratda, Maşatda, Astrabatda, Hywada uly-uly mal bazarlary bolup, olara maldar baýlar süri-süri mal getiripdirler. Günorta Türkmenistandan Hywa her ýyl 100 müň goýun bazara sürlüpdir. Hywa hanynyň köşk taryhçysy

Agehiniň maglumatlaryna görä, Hywa hanynyň nökerleri 1852--nji ýylda Mara talaňçylykly çozuş edipdirler. Şonda saryk türkmenleriniň 40 müň düýesini we 80 müň goýnuny sürüp äkidipdirler. Bu maglumat, birinjiden-ä, türkmenlerde maldarçylygyň ösendigini görkezýär, ikinjidenem, goňşy döwletleriň talaňçylygynyň türkmenleriň diňe ekerançylyk hojalygyna zyýan bermek bilen çäklenmän, eýsem, maldarçylyk hojalygyna-da uly zarba urandygyny görkezýär.

---

Soraglar we ýumuşlar

1. Türkmenleriň mallaryny nirede we nähili şertlerde bakandyklary barada gürrüň beriň. 2. Mal süýdünden nähili azyk önümleri taýýarlanypdyr? 3. Türkmenler maldarçylykda nähili ýerli tohumlary ösdürip ýetişdiripdirler? 4. Ahalteke we ýomut atlary barada gürrüň beriň. 5. XIX asyryň ortalarynda Türkmenistanda maldarçylygyň ösüşi barada näme bilýärsiňiz?

---

## §11. Balykçylyk we awçylyk

Hazar deňziniň gündogar kenarlarynda ýaşaýan türkmenler gadymy döwürlerden bäri balyk tutmak bilen meşgul bolupdyrlar. Olar deňizde ýüzmegi oňat başarypdyrlar. Ýönekeýje gurallaryň kömegi bilen köp mukdarda balyk tutupdyrlar.

Balyk Hazar deňzinde, aýratyn hem Etrek, Gürgen, Garasuw derýalarynyň guýýan Esenguly, Astrabat aýlaglarynda, Çeleken (häzir Hazar) we Ogurjaly adalarynda juda köp bolupdyr. Ilat şol ýerlerden gaty köp mukdarda balyk tutýan eken. Ýaz aýlary aýlaglar bekre, doky, tirana, çapak ýaly dürli görnüşdäki balyklardan dolupdyr. Olaryň iň ulusy we agyry doky balygy bolupdyr. Ýöne balyklaryň iň tagamlysy bekre balygydyr. Onuň etiniň ýokumy we tagamy has ýokary hasaplanypdyr.

Balykçylyk bilen Balkan aýlagynyň, Gyzylsuw aýlagynyň, Müňgyşlak ýarym adasynyň türkmenleri-de meşgul bolýardylar. Olar balygy, esasan, güýzüne we ýazyna tutýardylar, özleri hem kiçiräk şereketlere birleşýärdiler.

Balykçylaryň balyk tutmak üçin zähmet gurallary örän ýönekeý bolupdyr. Olar, esasan, çeňňek, etlik we gaňrakdan ybarat eken. Bu gurallary, köplenç, ýerli ussalar ýasapdyrlar. Mun-

dan başga-da, türkmenler balyk tutmak üçin ýüpekden egrilip örülen torlardan hem giňden peýdalanypdyrlar. Ýaz paslynyň aýaklaryndan başlap deňziň suwy birneme durlanyp başlaýar. Şonda suwuň ýüzünde arkasy görnüp barýan balyklary sançgy urup hem tütupdyrlar.

Balykçylar özara toparlara birigipdirler. Her topar deňizden balyk tutup gelenlerinden soň, tutan balyklaryny öz aralarynda deň paýlaşypdyrlar. Olara öz balykçylyk hojalygyny ýöretmek üçin gaýyklar – kirjimler zerurdy. Gaýyklary Esenguly töwereklerinde has köp ýasapdyrlar. Onuň üçin agaç materiallaryny Eýrandan, Astrahandan satyn alypdyrlar. Balykçylaryň gaýyklary – kirjimleri has ýönekeý bolansoň, kähalatlarda deňizde turýan uly harasatlaryň öňünde durup bilmän, heläk bolýan wagtlary hem bolýardy.

Türkmenler tutýan balyklarynyň bir bölegini haryt hökmünde Eýranyň Astrabat, Mazenderan, Gilýan welaýatlaryna äkidip satypdyrlar. Soňabaka rus täjirlerine we işewür adamlaryna satyp başlapdyrlar.



**«Naw» atly balyk tutulýan gaýyk**

XIX asyryň başlarynda balyk tütmak, balykçylyk kärhanalaryna eýeçilik etmek ugrunda ýerli balykçylar bilen Eýran we Astrahan balykçylarynyň arasynda ýiti bäsdeşlik göreşi başlanýar. Bu göreşe Kyýat han (1754–1843 ý.) işjeň gatnaşýar. Kyýat han çalt baýlaşyp, iri kärhana eýesine öwrülýär. Ol Astrahana balykdan edilen ýelim, gara işbil we başgalary yzly-yzyna ugradypdyr. Astrahandan bolsa agaçdan gurnama öýleri (gara öýleri), gämileri, un, dürli matalary, hojalyk gap-gaçlaryny satyn alyp gaýdypdyr. Kyýat han ölenden soň, kenarýaka türkmenleriniň balykçylyk hojalygy gowşaýar we ony, esasan, astrahanly rus täjirleri öz ellerine alýarlar.

Türkmen hojalygy köptaraply bolupdyr. Şolaryň biri-de, awçylykdyr. Awçylyk türkmen hojalygyna goşmaça girdeji getiripdir. Türkmenleriň arasynda awçylygy kesp edinen adamlar bardy.

Olara ilat arasynda mergenler, awçylar diýilýärdi. Aw türkmen topragynyň çöllük, daglyk, jeňňellik, tokaýlyk ýerlerinde köp bolupdyr. Awçy adamlar, esasan, keýik, dag goçy, dag tekesi, möjek, ýekegapan, garsak, tilki ýaly ýabany haýwanlary awlapdyrlar. Toklutaý, togdary, bezbeltek, käkilik we başga-da ençeme eti tagamly dürli görnüşli guşlary uly höwes bilen awlapdyrlar. Gyş aýlary agyr gar ýagan günleri bolsa köp mukdarda towşan we sülgün tutupdyrlar.

Kenarýaka türkmenleri güýz aýlary, esasan, guş eti bilen iýmitlenipdirler. Sebäbi güýz aýlary Hazar deňziniň kenarynda gaz, ýaşylbaş ördek, leglek, barak (kaşgaldak) ýaly dürli guşlar ummasyz köp bolupdyr. Guşlary ýörite tor gurup tutupdyrlar. Kähalatlarda juda köp bolansoň, taýak salyp hem tutupdyrlar.

Tüpeň ýaýramazdan ozal aw-awlamakda, ýörite ösdürilip ýetişdirilýän ýyndam tazylary we elguşlary (torguş, laçyn) peýdalanypdyrlar. Kämil öwredilen aw tazylaryň we guşlaryň bahasy örän ýokary bolupdyr. Olar haýwanat dünýäsinde seýrek duş gelýän jandarlar hasaplanypdyr. Her awçynyň özüniň iki-üç sany tazysy we elguşlary bolupdyr. Olary awçy örän aýawly saklapdyr.

Awçy mergenler soňabaka iri wagşy haýwanlary awlamak üçin, esasan, pelteli, çakmakly, hyrly tüpeňleri ulanypdyrlar. Şol ýaraglar bilen ýolbars, gaplaň, bars, möjek ýaly, başga-da ençeme haýwanlary awlapdyrlar. Bu wagşy haýwanlary awlamak örän batyr, edermen we ugurtapyjy, ukyply adamlara başardypdyr. Sebäbi käbir halatlarda olar bilen awçynyň başa-baş söweşe girmeli wagtlary hem bolupdyr.

Awçylykdan alynýan käbir önümler haryt hökmünde satylypdyr. Mysal üçin, möjek, tilki derileri, guş ýelekleri köp mukdarda bazara satuwa çykarylypdyr. Mary bazarynda ýekegapan, gulan, keýik, towşan, sülgün ýaly aw önümlerini örän arzan nyrhdan satyn alyp bolýan eken.

**?** **Soraglar we ýumuşlar**

**1.** Türkmenistanda balyk, esasan, nirede tutulýan eken? Ony kartadan görkeziň. **2.** Balykçylaryň esasy zähmet gurallary hakynda aýdyp beriň. **3.** Balykçylyk kärhanalaryna eýeçilik etmek ugrunda türkmen we rus balykçylarynyň arasyndaky bäsdeşlik barada gürrüň beriň. Kyýat han kim bolupdyr? **4.** Türkmenleriň awçylygy barada gürrüň beriň.

## §12. Hünärmentçilik we senetçilik. Söwda

Türkmenleriň durmuşynda hünärmentçilik, senetçilik we söwda uly orun tutupdyr. Ol hojalygyň ekerançylyk, maldarçylyk we balykçylyk pudaklary bilen aýrylmaz baglanyşykly bolupdyr. Çarwalaram, çomrularam hünärmentçilikden arany üzmändirler. Hünärmentleriň we senetçileriň arasynda zähmet bölünişigi bolup, önümçilik ýöriteleşdirilipdir. Kümüş ussasy (zergärler), demir ussasy, agaç ussasy, ýarag ýasaýan, ädik, telpek, possun tikýänler we başgalar il içinde ýeterlik bolupdyr. Bellibir senedi kär edinen adamlara, hatda tutuş tirelere käri-hünäri boýunça at beripdirler. Mysal üçin, käbir tirelere zergärler, possunçylar, demirçiler, juwazçylar, jykyrçylar, küýzegärler diýen ýaly at berlipdir. Diňe pil, kätmen, azal, orak ýaly oba hojalygynda has giňden ulanylýan gurallary ýasaýan toparda ussalar diýen at saklanyp galypdyr.

Gymmatbaha metallary, daşlary işläp bejermek, ýagny zergärçilik senedi iň gadymy we giň gerimde ösen senetleriň biridir. Zergärçiligiň esasy şerti ussatlykda beýleki zergärlerden ozdurmakdyr. Şonuň üçin hem «Şägirt halypadan ozdurmasa, kär ýiter» diýlen pähim döräpdir. Zergärleriň ýasan kümüş we altyn şaýlary ýokary çeperçiligi bilen tapawutlanypdyr. Türkmeniň gelin-gyz-



**Zergärleriň ýasan şaý-sepleri**
**(XVIII–XIX asyrlar)**

lary üçin ýasan ýüzük, gulakhalka, gülýaka, gupba, heýkeldir düwme, bilezik, bukaw ýaly ajaýyp şaý-sepleri bütin Ýewropa we Gündogar syýahatçylaryny haýran galdyrypdyr.

Kümüş şaý-seplere ilat arasynda isleg örän ýokary bolupdyr. Türkmenler şaý-sepleri örän aýawly saklapdyrlar, nesilden-nesle geçiripdirler. Hatda maşgalanyň başyna agyr gün düşende-de, gelin-gyzlaryň şaý-seplerine el degirmändirler.

Zergärler aýal-gyzlaryň şaý-seplerinden başga-da, gylyçdyr pyçak ýaly ýaraglary, at esbaplaryny bezäpdirler. Olara gymmat bahaly daşlardan gaş goýup, köpüsine altyn çaýyp ýasapdyrlar. Käbir zergärler bolsa demir ussaçylygyny-da alyp barypdyrlar. Ata dakylýan şaý-esbaplary, aýratyn hem, Hywa türkmenleri köp ýasap, satuwa çykarypdyrlar. Olary Buharanyň, Eýranyň bazarlarynda-da gymmat bahadan satypdyrlar.

Demirçi ussalar oba hojalyk gurallaryny ýasamak üçin ruslardan ýasy demirleri satyn alypdyrlar. Olar pil, kätmen, azal, aňňal, pyçak, päki, gaýçy, gyrkylyk ýaly zatlary ýasapdyrlar.

Türkmen obalarynyň hemmesinde diýen ýaly ýörite agaç ussalary hem bolupdyr. Olar künde, araba, howut, eýer, gaňňa, döwek üçin çarh, çanak, okara, çemçe, oklaw, ik, sandyk, soky ýaly hojalyga häli-şindi gerek bolan zatlary ýasapdyrlar. Has kämil ussalar jykyr, juwaz ýaly gurallary-da ýasapdyrlar. Kenarýaka we Lebap ussalary bolsa gämi, gaýyk, naw ýaly suwda ýüzýän serişdeleri hem ýasapdyrlar. Ilat arasynda olaryň hyrydary köp bolupdyr.

Küýzegärler bilen mis gaplary (kündük, tüňçe, legen) ýasaýan ussalar hem halka gerekli enjamlary öndüripdirler. Küýzegärler çal we beýleki önümler üçin içi syrçaly uly gorküýzeleri, golça, kiçiräk gaplary, jykyra dakmak üçin digir we ş.m. ýasapdyrlar.

Hünärmentçilikde deri eýläp, gön taýýarlamak, olardan dürli önümleri öndürmek hem gadymdan bäri dowam edipdir. Ädikçi ussalar dürli aýakgaplary – çokaý, çaryk, çepek, gelin-gyzlar üçin gyzyl gönden tikilen owadan köwüşleri tikipdirler. Goýun, guzy we geçi derilerinden telpek, possun, içmek, sanaç, kendirik, gowa, tulum ýaly zatlary taýýarlapdyrlar.

Türkmenleriň dokmaçylyk senedinde esasy orun halyçylyga degişlidir. Olaryň zehin we zähmet siňdirip dokan dünýä belli meşhur halylary örän uly sungat derejesine baryp ýetýär.



**Türkmen halysy**

Türkmen halysy özüniň berkligi, reňkiniň saplygy we özboluşlylygy bilen tapawutlanýar. Şonuň üçin-de Gündogaryň we Ýewropanyň ýurtlarynda türkmen halysyna has ýokary isleg bildirilýärdi. Türkmen gelin-gyzlary dürli hajatlar üçin torba, çuwal, horjun ýaly haly önümlerini-de dokapdyrlar.

Türkmenler keçe önümlerini öndürmekde hem ussatlyga ýetipdirler. Her hili güllі keçeleri öndürip, içerik düşäpdirler, öýüne üzük, durluk, serpik edip ýapypdyrlar, çopanlara oýluk, atlara arkalyk, düýelere halyk edip ulanypdyrlar.

Türkmen aýal-gyzlary ýüpekden, pagtadan, ýüňden her dürli matalary dokapdyrlar. Ýüpekden keteni, sowsany, daraýy ýaly matalar dokapdyrlar. Türkmen zenanlary düýe we goýun ýüňünden dürli reňkli matalary dokamak, güllі jorap örmek işlerine

has ökdeläpdirler. Olaryň düýe ýüňünden dokan agar çäkmenlik matalary hili boýunça meşhurlyk gazanypdyr. Aýratyn-da, saryk aýallarynyň agar çäkmenlik üçin dokan matalary bazarda örän gymmat bahadan geçipdir. Türkmen aýal-gyzlary egin-eşikleri ussatlyk bilen bezäpdirler. Çyrpy, kürte, gyňaç, köýnek ýaly geýimlere keşde çekmek işi bolsa otüryp, erjellik bilen zähmet çekmegi talap edýärdi.

Adamlaryň ýaşaýyş durmuşynda özara alyş-çalyş we söwda hemişe zerur bolupdyr. Mal sürüp, bazarlara çykarmak, kerwen gurap argyşa gitmek, hünärmentçiligiň we senetçiligiň harytlaryny satmak türkmenlerde adaty düzgün bolupdyr. Söwda-satyk üçin käbir obalarda we şäherlerde hepdäniň bellibir günleri bazarlar geçirilipdir. Içki söwdada haryt bilen alyş--çalyş usuly, şeýle-de Eýran, Hywa we rus pullary ulanylýardy. XIX asyryň 70-nji ýyllarynda Ahalda kümüşden gyran guýup, ýüzüne «Dar el mülki Ahal» diýip ýazypdyrlar. Bu türkmenlerde içki söwdanyň ösendigine şaýatlyk edýär.

Kenarýaka türkmenleri nebit, duz we nebitdakyl (ozokerit) gazyp almak bilen meşgullanypdyrlar. Ýerli ilat şol önümleri Eýrana, Russiýa satypdyr. Olaryň deregine özlerine gerek zatlaryny satyn alypdyrlar. Çelekenden (häzir Hazar) her ýylda ýüz müň puta golaý nebit Eýrana äkidilipdir. Nebit sada usulda alnypdyr, guýular harsal gazylypdyr. Olaryň gyralary häli-şindi ýumrulypdyr, ýykylypdyr.

Türkmenler goňşy ýurtlar bilen hem işjeň söwda edipdirler. XIX asyryň başynda Russiýa Kawkazy basyp alýança, Orta Aziýanyň ähli söwdasy Müňgyşlakda oturan türkmenleriň arada durmagy bilen amala aşyrylýardy. Türkmenleriň özleri-de Eýran, Russiýa bilen söwda edýärdiler, gämilere münüp Astrahana gidýärdiler.

Mary, Sarahs we Köneürgenç şäherlerinde örän şowhunly bazarlar bolupdyr. Mary söwda kerwenlerini üstünden geçirýän esasy düşelgeleriň biri hasaplanypdyr. Söwda kerwenleri Eýrandan Marynyň üsti bilen Hywa, Buhara baryp, ol ýerdenem yzyna gaýdýan eken. Mary bazarynda Buhara we rus täjirleriniň ýörite dükanlary bar eken. Olara türkmenler haly, palas, possun, deri, ýüň we başga-da dürli önümleri satypdyrlar. Olardan bolsa çaý, temmäki, semawar we çoýun önümlerini satyn alypdyrlar. Rus we Buhara täjirleri türkmen halylaryny has köp satyn alypdyr-

lar. Olary rus täjirleri Günbatar Ýewropa äkidip, köp girdeji alypdyrlar.

Mary we Sarahs etraplaryndaky türkmen söwdagärleri Hyrada, Buhara we Hywa agyr kerwenler çekip, şol ýerlerde iri şahly mallary, haly, keçe, düýe ýüňünden dokalan mata we beýleki harytlary satar ekenler. Gaýdanlarynda bolsa gant, çaý, ýüpek, çöpboýa, däri, tüpeň ýaly harytlary alyp gaýdypdyrlar.

Türkmenlerde kerwenler ululy-kiçili bolupdyr. 80 düýeli, 200 düýeli, 500 düýeli, hatda 1000 düýeli kerwenler bolar eken. 500 düýeden geçen kerwen agyr kerwen hasaplanypdyr. Düzgün boýunça kerwen jemlenende oňa tejribeli kerwenbaşy bellenilipdir. Ony ýolda ýörite hakyna tutulan atly-ýaragly adamlaryň kiçiräk topary gorapdyr.

Şeýlelikde, söwda gatnaşyklarynyň ösmegi, türkmenleriň hojalygynyň ähli pudaklaryna haryt-pul gatnaşyklarynyň aralaşmagyna itergi beripdir.

---

Soraglar we ýumuşlar

**1.** Hünärmentçiligiň nähili görnüşleri bolupdyr? **2.** Türkmenlerdäki zergärçilik senedi barada gürrüň beriň. **3.** Demirçi we agaç ussalary nähili zatlary ýasapdyrlar? **4.** Türkmenlerde dokmaçylyk senediniň (haly, mata dokamak) ösüşi barada gürrüň beriň. **5.** Türkmenleriň alyş-çalyş we söwda işlerine gatnaşyşy barada gürrüň beriň.

---

## §13. Türkmen jemagatyny dolandyrmagyň düzgünleri

Jemagat (jemgyýet) adamzadyň ösüş taryhynyň kanuny talaplarynyň biri bolup, ol ähli halklara mahsusdyr. Jemagat bellibir sebitdäki adamlaryň umumylygydyr. Türkmen jemagaty köpsanly taýpalardan ybarat bolupdyr. Taýpalaryň düzüminde bolsa örän köp tireler, uruglar, kowum-garyndaşlar bolupdyr.

Türkmenleriň dagynyklyk döwründe merkezleşen döwlet bolmansoň, döwletiň ähli wezipelerini oba jemagaty ýerine ýetiripdir. Türkmen jemgyýetinde sosial deňsizligiň bolandygyna garamazdan, ykdysady we syýasy durmuşda gadymdan gelýän demokratik we deňhukuklylyk däbi dowam edipdir. Oba jemagaty adatyň we şerigatyň kada-kanunlary esasynda bütin obany dolandyrypdyr. Her bir kämillik ýaşyna ýeten adam oba jema-



**Türkmen maşgalasy (XIX asyryň ortalary)**

gatynyň doly hukukly agzasy bolup, ýer-suw paýyny alypdyr we jemagatyň köpçülik işlerine gatnaşypdyr.

Türkmenlerde maşgala we öý durmuşy hem özboluşly bolupdyr. Olarda maşgalabaşy erkek kişiler hasap edilýärdi. Türkmen maşgalasynda ata-enäniň orny örän ýokary hasaplanylýar. Ata-ene öz çagalaryny Watana, halka wepalylyk ruhunda terbiýelemäge, olary ýetişensoň öýli-işikli etmäge borçly bolup durýar. Ogul-gyz hem öz gezeginde ata-enä uly hormat goýupdyr. Olaryň mertebesini belent tutupdyr.

Türkmen jemgyýetinde aýal-gyzlar hem azatlykdan, maşgalada bolsa deňhukuklykdan peýdalanypdyrlar. Türkmenler öz aýal-gyzlaryna ynanypdyrlar we olara uly hormat goýupdyrlar. Harby howp abanan pursadynda, aýal-gyzlar maslahata deňhukukly gatnaşyp, paýhasy, gerek ýerinde mertligi bilen tapawutlanypdyr. Türkmen aýallaryndan hanlyk derejesine ýetenler hem bolupdyr.

Türkmen jemgyýetiniň dolandyryş düzgüninde iň ýokary edara Maslahat bolupdyr. Maslahat saýlawly edaradyr. Onuň düzümine, esasan, hanlar, serdarlar, miraplar, kethudalar, ruhanylar we başga-da atly-abraýly adamlar giripdir. Saýlawla-

ra birnäçe adam hödürlenipdir. Oba jemagatyny dolandyryjylar biryyllyk möhlet bilen saýlanypdyr. Eger ýolbaşçy özüni adalatly we ynsaply alyp barsa, onuň abraýy artsa, ony ikinji gezek hem saýlapdyrlar. Maslahat umumy tire-taýpa we oba jemagaty derejesinde geçirilipdir.

Umumytaýpa maslahatyna onuň düzümindäki tireler özüniň adam sanyna laýyklykda wekil iberipdirler. Maslahata, esasan, taýpa hanlary baştutanlyk edipdirler. Olaryň bu ýerde artykmaç hukuklary bolmandyr. Maslahatda harby hem hojalyk meselelerine seredipdirler we degişli kararlar kabul edipdirler. Maslahatda meseleler, köplenç, sesleriň köplügi arkaly çözülipdir. Umumytaýpa maslahatyna Ahalda Maslahat, Maryda Geňeş diýipdirler. Döwrüň talabyna görä, umumytaýpa maslahatynda onuň baş hany hem saýlanypdyr. Mysal üçin, XIX asyryň 50-nji ýyllarynda Ahalda Nurberdi han, Maryda Gowşut han baş hanlyga göterilipdir. Tire derejesinde geçirilýän maslahatda bolsa, şol tiräniň harby-goranyş we hojalyk işlerine garalypdyr. Tire maslahatynda tiräniň hany hem saýlanypdyr. Tire hanlary, köplenç, baş han bilen ugurdaş hereket edipdirler.

Oba boýunça geçirilýän maslahata oba jemagatynyň doly hukukly ähli agzalary gatnaşyp bilýän eken. Her obanyň özüniň maslahat geçirýän ýeri bolupdyr. Oba maslahaty ýa-da taýpa maslahaty barada jarçy bir hepde öňünden yglan edipdir. Maslahatda obanyň gündelik durmuşy bilen baglanyşykly meselelere seredilipdir. Olar, esasan, obany duşmandan goramak, ýap gazmak, ony arassalamak, ýer-suw paýlamak, mirap saýlamak, jemagatyň düzümine täze agzalary kabul etmek ýaly başga-da ençeme meselelerden ybarat bolupdyr. Maslahatda garalýan meseleler, esasan, adata we şerigata esaslanyp çözülipdir. Onda özara çekişmeler, jedeller köp bolýan eken. Ýöne her bir dawaly meselede azlyk köplüge boýun bolupdyr. Hatda hanlar, serdarlar, kethudalar, ruhanylar hem şoňa boýun bolmaly eken. Maslahatyň kararlaryny hemme adam deň derejede ýerine ýetirmäge borçly bolupdyr. Eger-de kimde-kim ony ýerine ýetirmese, ol adam jemagatyň doly hukukly agzalygyndan, ýer-suw paýyndan mahrum edilipdir.

Hanlar, serdarlar, ruhanylar jemagatda uly hormata eýe bolupdyrlar. Hanlar we serdarlar pähim-paýhasly, ugurtapyjy, batyr, edermen, harby tälime ökde adamlardan saýlanypdyr. Olar maslahat tarapyndan özlerine ýüklenen tabşyryklary ýerine

ýetiripdirler. Harby howp abanan pursadynda han häkimiýetiniň täsiri has güýçlenipdir. Ol harby kada-kanun boýunça hereket edipdir. Beýleki tire hanlary we kethudalary ony goldapdyr we bilelikde hereket edipdirler. Hanlyk we serdarlyk wezipeleri miras boýunça nesilden-nesle geçmändir. Halk ony ynamy ödemedik mahaly aýryp hem bilipdir.

Türkmen hanlarynyň mydamalyk goşuny we zyndany bolmandyr. Emma olar halka diýenini etdiripdirler, baş-başdaklyga ýol bermändirler. Ahalda Nurberdi han, Maryda Gowşut han, Hazaryň kenarynda Kyýat han öz ýaşaýan sebitlerinde baş han bolup, halka uly hyzmatlar edipdirler. Şonuň üçin halk olaryň yzyna düşüpdir, olara gulak asypdyr. Olar öz döwründe halkyň ýaşaýyş durmuşyny gowulandyrmaga, goňşy döwletler bilen parahatçylygy, dostlugy ýola goýmaga çalşypdyrlar.

Günorta Türkmenistandan tapawutlylykda, Hywa hanlygynda, Buhara emirliginde ýaşaýan türkmen tire-taýpalarynyň baş hany bolmandyr. Olar Hywa we Buhara ýaly döwletleriň düzüminde ýaşansoňlar, oňa mümkinçilik hem bolmandyr. Hywa hanlygynda her bir türkmen tiresiniň özbaşdak hany ýa-da kethudasy bolupdyr. Olar tire-taýpanyň we obanyň ähli içki işlerini özara maslahatlaşyp çözüpdirler. Hywa hanlary her bir türkmen tire-taýpalarynyň üstünden umumy gözegçilik eder ýaly özüniň ýörite emeldarlaryny belläpdirler. Olar ýerlerde türkmen kethudalarynyň üsti bilen hereket edipdirler.

Umuman, Günorta Türkmenistanda XIX asyryň ortalarynda Nurberdi hanyň, Gowşut hanyň, Demirgazyk Türkmenistanda Atamyrat hanyň tagallalary esasynda döwletliligiň käbir alamatlary peýda bolupdyr. Olar türkmen taýpalaryny agzybirlige, birleşmäge, özbaşdak döwlet bolmaga çagyrypdyrlar. Emma türkmenleriň bu birleşmek meýilleri başa barmandyr. Soňra bolsa patyşa Russiýasynyň Türkmenistany basyp almagy bilen, türkmenleriň özbaşdak döwlet döretmek arzuwlary wagtlaýyn aradan aýrylypdyr.

### Soraglar we ýumuşlar

**1.** Jemagat näme? Siz oňa nähili düşünýärsiňiz? **2.** Türkmenleriň maşgala durmuşy barada gürrüň beriň. **3.** Türkmen maslahaty barada gürrüň beriň. **4.** Türkmen jemagatynda hanlaryň we serdarlaryň tutýan orny barada gürrüň beriň.

## §14. Türkmenleriň adaty, kada-kanunlary

Türkmen jemgyýetinde emläk we sosial deňsizlik bolupdyr. Jemgyýet baýlara we garyplara bölünipdir. Baý gatlagyň düzümine hanlar, serdarlar, miraplar, iri ýer we mal eýeleri, täjirler girýärdi. Garyp gatlagyň düzümine bolsa az ýerli daýhanlar, kärendeçiler, ýersiz we malsyz batraklar, talabanlar girýärdi. Baýlaryň jemgyýetde uly täsiri bolupdyr. Emma baýlar garyplar bilen gapma-garşy durýan synp hökmünde orta çykmandyr. Ykdysady taýdan agalyk syýasy taýdan agalyga öwrülmändir. Baý adamlaryň köpüsi fiziki zähmete gatnaşypdyr. Olar hem ähli zähmetkeş köpçüligi ýaly jemagatyň harby-goranyş we hojalyk işlerini berjaý edipdirler. Baýlaryň garyplara sütem etmäge, özleriçe jeza bermäge hukuklary bolmandyr.

Türkmenlerde merkezleşen döwlet bolmasa hem syýasy we jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmegiň hukuk esaslary bolupdyr. Ol adatdan we şerigatdan ybaratdyr. Jemagatda bolup durýan jedelli meseleler çözülende, köplenç, gadymdan gelýän adata eýerilipdir. Türkmenlerde ýazylmadyk kada-kanunlara adat diýilýär. Ony bozan adamlar köpçülikde jenaýatçy hasaplanypdyr. Olar obadan çykarylypdyr ýa-da güýç bilen tertibe boýun egdirilipdir.

Türkmenleriň adatlary ençeme asyrlaryň dowamynda halk tarapyndan döredilip, oňa halkyň milli däp-dessurlary, ahlak we hukuk kadalary we düzgünleri giripdir. Wagtyň geçmegi bilen, adatyň kada-kanunlary kämilleşýär. Ol türkmen durmuşynyň ähli tarapyny öz içine alýar. Adat halkyň aňyna şeýle bir çuň ornaşypdyr, oňa halk arasynda türkmençilik hem diýilýär. Adatyň kadalary adamyň baý ýa-da garyp bolmagyna garamazdan, hemmeler üçin deň bolupdyr. Türkmenleriň adatynyň kada-kanunlaryna musulman dininiň hukugy – şerigatyň kanunlary uly täsir edipdir.

Türkmenistany patyşa Russiýasynyň basyp almazyndan öň tire-taýpa ýaşulularynyň kazyýeti bolupdyr. Ýaşulularyň kazyýeti hemişelik hereket etmändir we diňe gerek wagty Maslahata çagyrylypdyr. Ýaşulular türkmenleriň adaty kada-kanunlaryny gowy bilipdirler we şonuň esasynda jenaýat işlerini hem beýleki dawaly meseleleri çözüpdirler.

Türkmenlerde ýaşulular kazyýetinden başga-da, kazylar geňeşi hem bolup, ol musulman kada-kanunlary bolan şerigatyň

we adatyň esasynda kazyýet işlerini amala aşyrypdyr. Kazylar geňeşi Hywa hanlygynyň we Buhara emirliginiň düzümindäki türkmenlerde giň ýaýrapdyr. Günorta Türkmenistanda kazylar geňeşiniň ähmiýeti pesräk bolupdyr. Sebäbi bu ýerlerde ýaşaýan türkmenler oba jemagatynyň kada-kanunlary bilen ýaşapdyrlar.

Kazylar Buharada we Hywada medreseleri gutaryp, ýokary bilim alypdyrlar. Olar Gurhany, hadyslary, şerigaty hem arap dilini gowy bilmeli ekenler. Her obanyň tire-taýpasynyň ýörite öz kazysy bolupdyr. Obanyň ýa-da tire-taýpanyň öz içindäki käbir jedelli meseleler maslahatda garalanda, oňa kazylar işeňňir gatnaşypdyrlar. Maslahatda dawaly meseleleriň şerigat esasynda adalatly çözülmegine kömek edipdirler. XIX asyryň ikinji ýarymynda demirgazyk türkmenleriniň içinde (Görogly etrabynda) ýaşap öten Durdy kazy, Myrat kazy özleriniň adyllygy, dogruçyllygy bilen hormatlanypdyrlar. Olar Hywa hanyna öz aýdanlaryny etdirip bilipdirler we türkmenleriň hak-hukugyny gorap, öz halkyna köp hyzmat edipdirler. Asly Gökdepeden bolan Abdysetdar kazy Hywa medresesini tamamlap, şol ýerde kazy bolup işläpdir we soň 1861-nji ýylda Mary-gajar söweşine gatnaşyp, ol hakda «Jeňnama» poemasyny ýazypdyr.

Türkmenistany patyşa Russiýasy basyp alanyndan soň, öňki ýaşulular, kazylar geňeşiniň üstesine oba, pristaw we uýezd kazyýetligi döredilýär. Bu kazylaryň saýlanylyşy ýüzleý ýagdaýda geçipdir we hakykat ýüzünde olar rus dolandyryjysy tarapyndan bellenipdir. Patyşa hökümeti halk kazyýetlerini baknaçylyk syýasatyny amala aşyrmagyň we halky özüne tabyn etmegiň guraly hökmünde ulanypdyr.

Türkmenleriň adaty, kada-kanunlary adalatly bolupdyr. Günäniň ýa-da etmişiň iki görnüşi hasaba alnypdyr: bilkastlaýyn edilen jenaýatlar we seresapsyzlyk sebäpli bolýan jenaýatlar. Bilkastlaýyn edilen jenaýata agyr jeza berlipdir. Seresapsyzlykdan edilen jenaýatyň jezasy köplenç ýagdaýlarda ýeňilräk bolupdyr. Jemgyýetiň garşysyna edilen jenaýatlar agyr jenaýat hasaplanypdyr. Watanyňa, halkyňa hyýanat etmek, dönüklik etmek ýaly hereketler üçin iň agyr jeza berlipdir.

Din wekilleri türkmenleriň syýasy-jemgyýetçilik durmuşynda hem möhüm orny eýeläpdir. Dürli meseleler barada olardan maslahat soralypdyr. Olar hanlaryň we serdarlaryň esasy maslahatçysy bolupdyr. Jemagatda harby meseleler, tire-taýpalaryň

arasynda ýüze çykýan näsazlyklar çözülende hem olaryň pikiri diňlenipdir. Dindarlar örän arassa, adalatly, halk bilen aýakdaş hereket etmelidi. Bardy-geldi kada-kanuny bozup, adalatsyz hereket etse, onda köpçüligiň oňa bolan ynamy gaçypdyr. Diniň täsiri Türkmenistanyň hemme ýerinde birmeňzeş bolmandyr. Ol Buharanyň we Hywanyň türkmen welaýatlarynda güýçli duýlupdyr.

XIX asyryň ortalaryndan başlap, her oba hanynyň ýanynda 15-20 adamdan ybarat nökerler bolupdyr. Hanlaryň we kazyhanalaryň ýanynda wagtlaýyn tussag saklanýan zyndanlar (türmeler) hem peýda bolup ugrapdyr.

---

Soraglar we ýumuşlar

**1.** Türkmen jemgyýetinde nähili sosial gatlaklar bolupdyr? **2.** Adat we şerigat barada gürrüň beriň. **3.** Tire-taýpa ýaşulularynyň we kazylaryň geňeşi barada gürrüň beriň. **4.** Jenaýat edenlere nähili jeza berlipdir? **5.** Türkmen jemgyýetinde din wekilleriniň nähili orny bolupdyr?

---

## §15. Türkmenleriň harby sungaty

Türkmenleriň özboluşly harby sungaty onuň baý taryhynyň möhüm bir bölegi bolup durýar. XVII–XIX asyrlarda türkmenleriň merkezleşen döwleti bolmansoň, hemişelik harby guramalary, goşuny bolmandyr. Harby-goranyş işleri oba jemagatynyň we onuň ýokary guramasy – Maslahatyň üsti bilen ýola goýlupdyr.

Türkmen halky uzak asyrlaryň dowamynda erkinlik we özbaşdaklyk ugrunda goňşy döwletleriň çozuşlaryna garşy göreş alyp barmaly bolupdyr. Bu galagoply ýagdaý türkmenleriň harby işe uly üns bermegini talap edipdir. Öz Watanyny goramak türkmenleriň mukaddes borjy hasaplanypdyr. Her bir ýaş ýigit at üstünde her hili harby hereketleri etmegi başarmaly eken. Ok-ýaý we tüpeň atmagy, gylyçdyr naýzany ussatlyk bilen işletmegi öz wagtynda öwrenmäge borçly bolupdyr. Olar atlanha-atlan wagtynda taýýar bolup durmaly eken.

Goşun ýurduň – obanyň üstüne howp abananda hanyň çakylygy ýa-da jemagatyň karary boýunça meýletin toplanypdyr. Bu düzgüne hemmeler boýun bolupdyr. Uruş döwürlerinde her 5 öýden bir atly-ýaragly nöker berilmeli eken. Has güýçli duşman



**Söweş ýaraglary**

çozan mahaly ähli erkek adamlar bilen birlikde aýallar, ýetginjekler hem ýaraga ýapyşypdyrlar. Goşun, esasan, atlylardan we pyýada mergenlerden ybarat eken. Parahatçylyk döwründe käbir uly hanlaryň we serdarlaryň öz ýanlaryndaky şahsy nökerleri 10-15 adamdan köp bolmandyr. Olar sakçylyk, janpena wezipelerini ýerine ýetiripdirler. Gowşut han, Nurberdi han, Atamyrat han ýaly hanlar öz ýanlarynda 40 nökeri hemişelik saklapdyrlar. Bu gadymy türkmen däbi bolupdyr. Bu däp nesilden-nesle geçip «kyrklar» diýen ady alypdyr. Olaryň içinde harby işden gowy baş çykarýan tejribeli serdarlar, ýol-ýoda belet ökde yzçylar, kerwen ýollaryna belet adamlar, hanyň iň ýakyn ynamdar maslahatçylary bolupdyr.

Türkmenleriň harby güýji örän ygtybarlydy. Türkmen ýigitleri özleriniň batyrlygy, ýaragy, aýratyn-da gylyjy oňat işletmegi başarandyklary bilen şöhratlanýardylar. Olar söweşde duşmana daramaga we ondan goranmaga ussatdylar. Ýöriş wagtynda daglardan we gumlardan çalt geçmegiň düzgünlerini oňat bilipdirler. Munuň sebäbi türkmenleriň durmuşy häli-şindi harby hereketden we göreşlerden doly bolupdyr. Şoňa görä, köp hanlar we patyşalar türkmen ýigitlerinden nöker edinmäge çalşypdyrlar.

Türkmenleriň harby sungaty asyrlaryň dowamynda kämilleşýärdi. Duşmana garşy söweşde, ýagdaýa görä, dürli hili harby tilsimleri ulanýardylar. Harby hereketlere başlamazdan öň, aňtaw işlerini geçirýärdiler. Türkmen nökerleriniň adaty bolmadyk çalasynlyk bilen hereket etmek ukyby uzak aralyklary gysga möhletde geçmäge mümkinçilik beripdir. Türkmenler pytrap, gaça uruş etmek bilen öz ýitgilerini azaldypdyrlar. Ýeňil atlylar üznüksiz hüjümler bilen garşydaşlaryny aljyradyp, şolbada hem yza çekilipdirler we agyr ýaraglanan atlylara nobat beripdirler.

XIX asyrdan başlap Günorta Türkmenistanda duşmandan goranmak üçin uly galalar salynýar. Sarahs galasy, Marydaky Gowşutgala, Gökdepedäki Diňlidepe, Gyzylarbat galasy örän uly galalar bolupdyr. Galalar, köplenç, dörtburçluk görnüşinde salnypdyr. Onuň daşky diwarynyň üstünde atly garawullar arkaýyn gezipdirler.

Türkmenleriň esasy ýaragy egri gylyç bolupdyr. Olar egri gylyjy ýüpek guşaga dakyp gezipdirler. XVIII–XIX asyrlarda türkmenler, esasan, gylyç, pelteli we hyrly tüpeňler, naýzalar, gamalar bilen ýaraglanypdyrlar. Sapança seýrek bolupdyr. Ýarag ýetmezçilik eden mahaly uzyn syrygyň ujuna gyrkylyk daňyp hem söweşipdirler.

Türkmeniň harby güýçleriniň käbir kemçilikleri hem bardy. Goşun mydamalyk däldi. Ol gerek wagty toplanýardy. Şol döwrüň güýçli ýaraglarynyň köp görnüşi olarda ýokdy.

Türkmen taýpalary dagynyk ýaşansoň, olaryň üstüne goňşy döwletleriň hökümdarlary wagtal-wagtal duýdansyz çozuşlar edipdirler. Olar parahat oturan obalary talapdyrlar. Ilatyň malyny, emlägini olja alypdyrlar. Aýal-gyzlary, çagalary ýesir edip äkidipdirler. Türkmenler söweşjeň we ar-namysly bolansoň, köplenç ýagdaýda alamanlary jogapsyz goýmandyrlar. Türkmenleriň harby topary ökde yzçylaryň kömegi bilen alamançylary

haýal etmän yzarlap, heniz obalaryna baryp ýetmänkä jezasyny berip, oljalary yzyna gaýtaran halatlary az bolmandyr.

Soraglar we ýumuşlar

?

**1.** Türkmenlerde harby iş nähili guralypdyr? **2.** Uruş döwründe türkmen nökerleri nähili toplanypdyr? **3.** Türkmen ýigitleriniň häsiýetleri we harby ussatlygy barada gürrüň beriň. **4.** Türkmenleriň harby tilsimleri we ýaraglary barada gürrüň beriň.

# III BAP
# XVIII ASYRDA TÜRKMENLERIŇ ERKINLIK UGRUNDAKY GÖREŞI

## §16. Nedir we onuň Eýranda owşar türkmenleriniň hökümdarlygyny döretmegi

XVIII asyryň başlarynda Eýranda sefewi türkmenleriniň hökümdarlygy dargap başlaýar. Ýurduň ähli ýerlerinde häkimlik ugrunda aýry-aýry toparlaryň arasynda özara uruşlar dowam edýär. Bu ýagdaýdan peýdalanyp, Nediriň at-abraýy barha beýgelip ugraýar. Ol şol döwürde Abywert (häzirki Kaka) sebitlerinde şanyň wekili eken.

Nedir kim bolupdyr? Ol bu derejä nähili ýetipdir?

Nedir türkmenleriň owşar taýpasynyň garakly tiresinden bolupdyr. Ol 1688-nji ýylda Kelat galasynyň eteginde deri eýlemek we possun tikmek bilen meşgul bolýan adamyň maşgalasynda dogulýar. Onuň çagalygy ýeňil geçmändir. Ol jahyl wagty ejesi bilen gul edilip, Hywa äkidilipdir. Dört ýyldan soň ýesirlikden boşap, Abywerde gelýär. Ilkibaşda dürli galalaryň harby toparlarynda gulluk edýär. Basym Abywerdiň häkimi Baba Aly begiň gullugynda durup, onuň gyzyna öýlenýär. Şeýlelik bilen, Nedir häkimiň giýewsi hökmünde Etegi edara edip başlaýar. Ol ähli türkmenleri özüne doly boýun egdirmek üçin 1710–1725-nji ýyllar aralygynda Balkan, Ahal we Merw sebitlerinde oturan ilatyň üstüne birnäçe gezek talaňçylykly ýöriş edýär. Ol Tejenden Abywerdiň üstüne gelen türkmenleriň baştutanlary Adynagurt we Muhammedaly uşak bilen söweş edip, olary ýeňýär we birnäçe adamy ýesir alýar.

Nediriň bu ýeňşi üçin Abywerdiň häkimi we sefewileriň patyşasy Soltan Hüseýin oňa özleriniň hoşallygyny bildirýärler. Nedir 1724-nji ýylda Merwe ýöriş edip, ony doly eýeleýär. Şondan soň ol Horasanyň demirgazyk bölegine bir özi häkimlik edip başlaýar.

Nedir söweş tärlerini gowy bilipdir. Harby serkerde hökmünde özüni tanadypdyr. Onuň harby ukybyny we gazaply häsiýetini göz öňünde tutup, sefewi türkmenleriniň iň soňky patyşasy Tahmasp II Nediri 1726-njy ýylda öz ýanyna gulluk etmäge alýar we goşunbaşy edip belleýär. Şondan soň Nedir özümiň köne bäsdeşi Maşadyň häkimi Mälik Mahmydy öldürip, bütin Horasanyň ýeke-täk häkimi we serkerdesi bolýar. Edil şol wagtda Merwde türkmenler bilen gajarlaryň arasynda oňşuksyzlyk ýüze çykýar. Muny eşiden Nedir öz inisi Ybraýymy köp goşun bilen Merwe ugradypdyr.

Ybraýym Merwe gelip, türkmenleriň Nedire tabyn bolmagyny talap edipdir. Emma türkmenler bu talaby kabul etmändirler. Netijede, iki tarap hem söweşe girýär. Söweşde Ybraýymyň goşuny üstün çykypdyr. Ol bütin Murgap sebitiniň ilatynyň ekin ýerlerini suw bilen üpjün etmekde esasy desga bolan Soltanbendi ýumurýar we gajarlaryň bir bölegini alyp gidýär. Bu uly bendiň ýykylmagy halkyň hal-ýagdaýyny juda pese düşüripdir. Öňki bag-bakjaly ýerler tozap galypdyr.

Şanyň goldamagy bilen Nedir barha möwç alýar. Ol günorta-günbatar Türkmenistana, soňra Yraga we Zakawkazýe ýerlerine ýöriş edipdir. 1728–1730-njy ýyllarda Nedir Eýrandan owganlary kowup çykarýar. Eýranyň günbatar welaýatlaryny basyp alan osmanly türklere garşy hem üstünlikli göreş alyp barýar. Indi ol Eýranyň syýasy taýdan birleşmegini üpjün eden adam hökmünde tanalýar.

Nedir türkmen atlylaryna ýokary baha berýän eken. Olary keseki ýurtlary basyp almak üçin ulanmak isläpdir. Emma türkmenler Nedire boýun bolmak islemändirler, onuň basybalyjylykly hereketlerini goldamandyrlar. Şonuň üçin Nediriň türkmenlere garşy zulumy güýçlenýär. Onuň hökümdarlyk eden wagtynda birnäçe şäherler, obalar, suwaryş desgalary berbat edilýär. Bu gazaply süteme garşy türkmen taýpalarynyň, aýratyn-da ýomutlaryň, gökleňleriň gozgalaňlarynyň yzy üzülmändir. Iň uly gozgalaňlaryň biri 1730-njy ýylda bolýar. Oňa dürli taýpalaryň wekillerinden ybarat bolan 10 müňe golaý adam gatnaşýar.

Nediriň zulumyna garşy göreş barha güýçlenipdir. Türkmenler Keýmir serdaryň baştutanlygynda Nediriň goşuny bilen birnäçe gezek söweşe giripdirler. Onuň basybalyjylykly syýasatyna çydaman, türkmen taýpalarynyň käbir toparlary öz oturymly ýerlerini üýtgetmäge mejbur bolupdyrlar. Olaryň bir bölegi Hazar deňziniň gündogar kenaryna we Müňgyşlaga çekilipdir. Ikinji bir bölegi bolsa Horezme göçüp gidipdir. Horezme baran türkmenler şol ýerdäki garyndaşlary bilen bilelikde Hywa hanynyň atly goşunynyň esasy bölegini düzüpdirler. Soňra olar özbekler, garagalpaklar bilen egin-egne berip, Hywany Nediriň basybalyjy goşunlaryndan goramaga gatnaşypdyrlar.

Nedir barha güýçlenipdir. 1731-nji ýylda şa Tahmasp ölüpdir. Onuň ýerine ýaşajyk ogly Apbas III tagta çykarylypdyr. Nedir şazadanyň adyndan ýurdy edara edipdir. Emma 4 ýyldan soň ol hem ölýär. Indi Nediriň öňünde şa tagtyny eýelemäge hiç hili päsgelçilik ýokdy.

1736-njy ýylda Nedir Mugan sähralygynda uly gurultaý çagyrýar. Oňa jemi 100 müň adam gatnaşýar. Şol gurultaýda Nedir özüni Eýranyň şasy diýip yglan edilmegini gazanypdyr.

Şa tagtyny eýelän gününden başlap Nedir Eýran döwletiniň serhetlerini has giňeltjekdigini aýan edýär. Buhara we Hywa hanlyklaryny basyp almak üçin Maryny dikeltmegi, ony harby daýanja öwürmegi ýüregine düwüpdir. Şu maksat bilen ol Merw şäherini we Soltanbendi dikeltmek hakynda ýörite perman beripdir. Bu işlerde işletmek üçin Horasanyň dürli ýerlerinden 10 müň adamy Merwe göçürip getiripdir. Çalt depgin bilen Soltanbendiň dikeldilmegi netijesinde, suwarymly ýerleriň möçberi artypdyr. Merw ýene-de gülläp ösüp başlapdyr. Nedir Merwde harby taýýarlyk işlerini geçiripdir, gorhanalar açypdyr, top we ok ýasadypdyr. Şeýlelik bilen, Merwde Eýran şasynyň harby daýanjy döredilipdir. Nedir harby taýýarlyklar görmek bilen birlikde, basybalyjylykly ýörişlerini hem dowam etdiripdir. 1737–1739-njy ýyllarda ol owgan taýpalaryny boýun egdirýär, Kandagary, Kabuly, Hyrady



Nedir şa

basyp alýar. Soňra Hindistana ýöriş edip, 1739-njy ýylyň mart aýynda Delini eýeleýär. Onuň goluna şol zamanda dünýäde iň uly «Kuhi nur» atly göwher daşy (brillianty) hem düşýär. Şol göwher daşy elden-ele geçip, häzir Londonda saklanylýar. Nedir şanyň Hindistana eden ýörişine Etrek-Gürgen türkmenlerinden Hanaly han hem gatnaşypdyr. Ol başdan-aýak Nedir şa hyzmat edipdir. Şanyň atly goşunyna baştutanlyk edip, onuň ähli ýörişlerine gatnaşypdyr. Öz zamanasynyň beýik akyldary Döwletmämmet Azady ildeşi Hanaly han ýaly zalymlaryň wagşyçylykly hereketlerini gahar-gazap bilen paş edipdir.

**Soraglar we ýumuş**

1. Nedir kim bolupdyr? 2. Näme üçin Nedir türkmenleriň üstüne ýöriş edipdir? Gelen netijäňizi delillendirip subut ediň. 3. Nedir şa tagtyny nähili eýeläpdir? 4. Nedir şa nähili maksat bilen Merwi dikeldipdir?

## §17. Nedir şanyň Buharany, Hywany basyp almagy. Türkmenleriň boýun synmazlygy

Nedir şa Hindistany basyp alandan soňra, Buhara we Hywa hanlyklaryny özüne tabyn etmek üçin 1740-njy ýylyň tomsunda ýörişe başlapdyr. Ol Amyderýadan ýüzüp geçmek üçin 1100 gaýyk ýasadypdyr. Onuň agyr goşuny awgust aýynyň 20-sinde Kerki (häzirki Atamyrat) galasynyň ýanynda jemlenipdir. Ol öz goşunyny üçe bölüpdir. Bir bölegine agasynyň ogly Alyguly han, ikinji bölegine ogly Ryzaguly han, üçünji bölegine bolsa özi baştutanlyk edipdir. Nedir şanyň umumy baştutanlygynda goşun hereket edip ugrapdyr. Onuň öň hatardaky goşuny türkmenleriň güýçli garşylyk görkezmeklerine sezewar bolupdyr. Goşunyň esasy güýçleri ýetip gelende bolsa, güýçleriň deň däldigi sebäpli, türkmenleriň bir bölegi söweş etmek bilen Hywa hanlygynyň çäklerine yza çekilipdir. Soňra ol ýerden hem Balkan daglaryna, Müňgyşlaga, Üstýurda gidipdirler. Nedir şa çalt hereket edip, Çärjewi eýeläpdir. Yz ýanyndan bolsa, bütin Buhara hanlygyny hiç hili söweşsiz özüne tabyn edipdir. Sebäbi Buhara hany Abylfeýz söweşe girmäge gorkup, özi boýun synyp, şanyň huzuryna gelipdir. Nedir şa bu aňsat ýeňşi öz bähbidine laýyk peýdalanyp-

dyr. Ol Buhara hanlygynyň ilatyndan atlar üçin iýmlik arpa, bede ýaly gerekli zatlary gaty köp mukdarda ýygnapdyr. Hanyň goşunyndan 20 müňe golaý nökeri saýlap alyp, goşunynyň üstüni ýetiripdir. Nedir şa Buhara hany Abylfeýz bilen garyndaşlyk açyp, onuň gyzyna öýlenipdir, başga bir gyzyny bolsa doganynyň ogly, serkerdesi Alyguly hana alyp beripdir.

Buhara hanlygyny eýelemek Nedir şa aňsat düşen hem bolsa, Hywa hanlygynda ol örän güýçli garşylyga duçar bolupdyr. 1740-njy ýylyň oktýabr aýynda Nedir şanyň goşunlary Buharadan çykyp, Hywa tarap ugraýar. Hywanyň hany Ilbars hem şanyň goşunyna garşy göreşmek üçin köp nöker jemläpdir.

Ilkinji söweş Çärjewiň golaýynda Çeges diýen ýerde bolupdyr. Hywa hanynyň goşunyna türkmenlerden meşhur serkerde Muhammedaly uşak, özbeklerden Artyk ynak ýolbaşçylyk edipdir. Söweşde Nedir şanyň goşuny üstün çykypdyr. Soňra Eýran goşunlary ýoluny dowam etdirip, Hywa hanlygynyň Düýeboýun diýen obasyna gelip düşläpdir. Hywa hany bolsa Düýeboýunyň golaýyndaky Hazarasp galasynda söweşe taýýarlyk görýärdi. Nedir şa 1740-njy ýylyň 6-njy noýabrynda Düýeboýundan Hazaraspa tarap ýöriş edýär. Ilbars açyk meýdanda söweşe girmekden gorkup, Hazarasp galasynda gizlenýär we galany berkitmek bilen meşgul bolýar. Emma hanyň goranmak harby tilsimatyny türkmenler makullamandyrlar. Olar duşman bilen açyk meýdanda söweşmegiň tarapdary bolupdyrlar. Türkmenleriň 6 müň atlysy şanyň goşuny bilen söweşmek üçin Hazarasp galasynyň golaýyndaky Pitnek galasyna tarap ugrapdyr. Pitnegiň eteginde örän agyr we gandöküşikli söweş bolupdyr. Türkmen atlylarynyň aýratyn gahrymançylyk we gaýduwsyzlyk bilen söweşendigini Merwiň weziri Muhammet Kazym ýazýar. Türkmen atlylary duşman goşunynyň garşylyklaýyn eden hüjümleriniň ençemesini yzyna serpikdiripdirler. Söweş barha dartgynly ýagdaýa eýe bolupdyr. Harby hereketiň gidişini synlap duran Nedir şa saýlama atly nökerlerini ýanyna alyp, özi söweşe giripdir. Güýçleriň deň däldigine göz ýetiren türkmen atlylary yza çekilmäge mejbur bolupdyrlar. Söweş Nedir şanyň goşunynyň ýeňşi bilen gutarypdyr.

Pitnek galasynyň etegindäki söweşden soň, Nedir şa Hazarasp galasynda goranyşda ýatan Ilbars hanyň üstüne ugraýar. Gala örän beýik we galyň diwarlydy. Onuň daş ýüzünde bolsa Amyderýanyň suwundan doldurylan çuň garym bardy. Galanyň

harby taýdan örän berkdigini añan Nedir şa ony zabt edip almakdan saklanýar. Ol hany galadan çykaryp, açyk meýdanda söweşmek üçin harby hile guraýar. Nedir şa öz harby hilesini bildirmezlik üçin Horezmiň paýtagty Hywa şäherine ugrapdyr. Muny eşiden Ilbars han hem galadan çykyp, Amyderýanyň boýy bilen ýola düşüpdir. Ýöne ol açyk meýdanda söweşe girmekden gaça durupdyr. Muňa garamazdan, türkmenler Hazarasp bilen Hañka galasynyň aralygynda duşman goşuny bilen gazaply söweş edipdirler. Bu söweşde türkmenler köp gyrylypdyr, bir topary ýesir düşüpdir. Olaryň bir bölegi Köneürgenje, Müňgyşlaga tarap yza çekilipdir. Bir bölegi bolsa hanyň ýanyna ýygnanypdyr.

Muhammet Kazymyň ýazmagyna görä, ýesir düşen türkmenleri şanyň huzuryna getiripdirler. Olara sylag-hormat edip, garyndaşlyk hyzmatyny görkezipdir. Nedir şa türkmen nökerleridir serdarlaryny ulanjak bolup jan edipdir. Türkmen serdarlaryny öz tarapyna çekjek bolup, şa olara ýer paýlap bermegi, ummasyz pul, baýlyk, olja wada beripdir. Nedir şa türkmenlerden bir zady – olaryň özüne tabyn bolmagyny we nöker gullugyny berjaý etmegini isläpdir. Sebäbi ol türkmen atlylarynyň näderejede batyrlyk bilen söweşip bilýändiginden gowy habarlydy. Köneürgençde şanyň eden teklibi bilen baglanyşykly türkmenleriň uly maslahaty bolýar. Maslahata gatnaşanlaryň hemmesi Eýran şasyna tabyn bolmak islemeýändiklerini çürt-kesik aýdypdyr. Sebäbi türkmenler öz erkinligini hemme zatdan belent tutýardylar.

Ilbars han Hañka galasyna gelip, ol ýerde öz goşunlaryny jemläp başlapdyr. Ýomut türkmenleriniň köpüsi Köneürgenje we Müňgyşlaga çekilen hem bolsa, olaryň bellibir bölegi beýleki türkmen taýpalarynyň wekilleri bilen bilelikde Hañka galasynyň goragyna işjeň gatnaşypdyrlar. Söweş ilki galanyň daşynda bolupdyr. Hanyň goşuny derrew dowul tapyp, gala gaçyp giripdir. Onuň bir bölegi bolsa başga ýerlere gaçyp gidipdir. Ilbars hanyň özi hem galada gizlenipdir. Nedir şanyň goşunlary galany gabap, ony üç gün top okuna tütüpdyrlar, diwarlaryny ýumrupdyrlar. Soňra bolsa galany zabt edip almak üçin çozupdyrlar. Şonda hanyň gabawdaky özbek serkerdeleri 14-nji noýabrda köpçülikleýin galadan çykyp, Nedir şanyň aýagyna ýykylypdyrlar. Emma Ilbars han özüne ýakyn emeldarlar bilen her hili bahana tapyp, galadan çykmandyr. Muňa dergazap bolan Nedir şa derrew bir topar nöker iberip, olary öz ýanyna getiripdir. Soňra ol ýeňlen duş-

many bagyşlamak barada gadymdan gelýän dessury bozup, Ilbars hany we onuň ýanyndaky 20 serkerdäni ölüme buýrupdyr. Haňka galasy alnandan soň, Eýran goşuny Hywany hem çalt eýeläpdir. Nedir şa Horasandan Hywa hanlygyna getirilen gullaryň hemmesini boşadypdyr. Olary Horasana ugradypdyr we Abywerdiň günortasynda olar üçin ýörite gala gurdurypdyr. Kaka etrabynda, Eýran bilen araçäkde ýerleşen şol galany Hywaabat diýip atlandyrypdyrlar. Nedir şa Hywada täze hökümdar belläpdir. Soňra ol özüniň esasy güýçleri bilen Eýrana dolanyp barypdyr.

Nedir şa her näçe jan etse-de, türkmenleri gutarnykly özüne tabyn edip bilmändir. Türkmenler onuň eden-etdiligine garşy häli-şindi çykyşlar edip durupdyrlar. Ol çykyşlar basym umumyhalk gozgalaňlaryna öwrülip, köp ýerleri öz içine alypdyr.

---

Soraglar we ýumuşlar

**1.** Näme üçin Nedir şa Buharany basyp almak aňsat bolupdyr? **2.** Pitnek galasynyň eteginde bolan söweş hakynda gürrüň beriň. **3.** Näme üçin Hywanyň hany goranmak harby tilsimatyny ulanypdyr? **4.** Haňka galasynda bolan söweş barada gürrüň beriň. **5.** Näme üçin Nedir şa türkmenlerden özüne nöker edinmek isläpdir?

---

## §18. Nedir şanyň türkmenler babatdaky syýasaty

Türkmenler Nedir şanyň basyp alan ýerlerinde bellän hökümdarlaryna boýun bolmak islemändirler. Sebäbi olar özbaşdak we erkana ýaşaýyş durmuşy söýüpdirler. Bu türkmenleriň ata-baba gelýän özboluşly häsiýetidi.

Nedir şanyň sütemi beýleki halklar bilen birlikde türkmenlere-de agyr degipdir. Şa Eýran goşunynda gulluk etdirmek üçin dürli ýerlerden zorluk bilen nöker toplapdyr. Ilatdan agyr salgyt ýygnapdyr. Şanyň bu hili sütemlerine garşy halk göreş alyp barypdyr.

1744–1745-nji ýyllarda halkyň köpçülikleýin çykyşlary, gozgalaňlary has ýaýbaňlanypdyr. Hywa hanlygynda bu hereket günsaýyn güýçlenipdir. Hanlykda örän dartgynly ýagdaý döräpdir. Şanyň bu ýerde goýup giden dikmesi öldürilipdir. Hywa hanlygynda başlanan gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin Nedir şa Horasana häkim edip goýan kiçi ogly Nasrullanyň baştutanlygynda

ýörite goşun ýollapdyr. Emma goşun Çärjewiň demirgazyk tarapyna ýetende, ýerli ilatyň güýçli garşylygyna sezewar bolýar we ondan aňry hereket edip bilmeýär. Türkmenleriň Hywadaky gozgalaňyndan biçak howsala düşen Nedir şa agasynyň ogly Alyguly hany 1745-nji ýylyň ýazynda Horezme tarap ugradýar. Şonda ol ýüzüniň ugruna Çärjewiň golaýynda saklanan Eýran goşunyny hem alyp, ýörişini dowam etdirip, Horezmiň Düýeboýun obasyna baryp düşläpdir.

Türkmen gozgalaňçylary bilen Alyguly hanyň goşunynyň güýji deň däldi. Şanyň serkerdesiniň ygtyýarynda 30 müň goşun, 60-a golaý top bardy. Gozgalaňçylaryň sany bolsa 10 müň töweregidi. Bu ýagdaýy aňan türkmenler maşgalalaryny, mal-garalaryny, emläklerini öňünden Müňgyşlaga tarap ugradypdyrlar. Özleri bolsa duşmanyň garşysyna ýeňil ýükli söweşmekligi ýüreklerine düwüpdirler. Muny eşiden Alyguly han olaryň maşgalalaryny we emläklerini ele salmak üçin bosgunlaryň yzyndan özüniň saýlama esgerleriniň 8 müňe golaýyny iberipdir. Olar Pitnegiň üsti bilen göni Aksaraýa (Görogly etrabynda) gelipdir. Şol ýerde iki tarap çaknyşypdyr. Türkmenler Muhammedaly uşagyň we Astrabat ýomutlaryndan kömege gelen Begenjaly beg bilen Muhammet Hasan hanyň baştutanlygynda duşmana garşy gaýduwsyz söweşipdirler. Emma bu söweşde Eýran goşunlarynyň güýji rüstem gelipdir. Türkmenler öz atlarynyň ýyndamlygyna daýanyp, gaça uruş edipdirler. Ýuwaş-ýuwaşdan yza çekilipdirler. Eýran atlylary olaryň yzyndan Gyzyldag (Köneürgenç etrabynda) diýen ýere çenli kowalapdyr. Gozgalaňçylaryň köpüsi öz maşgalalaryny we mal-garalaryny Müňgyşlaga hem-de Balkan daglaryna alyp gitmäge ýetişipdirler. Azrak bölegi bolsa duşmanyň eline düşüpdir. Alyguly han Hywada täze dikme belläp, 1746-njy ýylda yzyna dolanypdyr. Alyguly han Hywadan çykyp gidenden soň hem hanlygyň içki ýagdaýy düzelmändir.

Hywa hanlygynda gozgalaň bolan wagtlary Etrek-Gürgen sebitlerinde hem türkmenleriň gozgalaňy bolupdyr. Oňa Nedir şa duşman bolan gajar türkmenleri hem-de mazenderanlylar goşulypdyrlar. Gajar türkmenleriniň serkerdesi Muhammet Hasan han bütin ömrüniň dowamynda Nedir şadan atasynyň ganyny almak maksady bilen göreşipdir. Onuň atasy Nediriň öňki bäsdeşi, gajarlaryň serkerdesi Fath Aly handy. Muham-

met Hasan han bolsa Fath Aly hanyň ýomut aýalyndan doglan ogludy. Muhammet Hasan han 5-6 ýaşlyja oglanka 1727-nji ýylda onuň atasyny Nedir şa öldüripdi. Şondan soň gajarlar bilen owşarlaryň arasy bozulýar. Muhammet Hasan hanyň ömrüniň köpüsi, aýratyn hem ýaşlyk ýyllary ýomutlaryň arasynda geçipdi. Ol gajarlar bilen aragatnaşyk saklap, Nedir şa garşy göreşýärdi. Emma olaryň güýji asgyn gelip ýeňilýärdiler. Ahyrsoňy Eýranda 1797-nji ýylda Muhammet Hasan hanyň uly ogly Agamuhammet han gajar türkmenleriniň hökümdarlygyny berkarar etmegi başarypdyr.

Şeýlelikde, Nedir şa 1744–1745-nji ýyllaryň gozgalaňlaryny güýç bilen basyp ýatyrmagy başarypdyr we gozgalançylardan rehimsiz öç alypdyr. Soňabaka ol has gazaba galyp, halka köp zalymlyk edipdir. 1747-nji ýylda Merw ilatyna 850 müň tümen salgyt salypdyr. Beýle köp möçberdäki salgydy ilatyň tölemäge düýbünden mümkinçiligi ýokdy. Emma zalym şany ol asla gyzyklandyrmandyr. Şol döwürde ýaşap geçen beýik akyldar Döwletmämmet Azady öz eserlerinde halkyň agyr süteme sezewar edilişini giň beýan edipdir.

Nedir şanyň zulumyna garşy 1746–1747-nji ýyllarda halk ýene-de aýaga galypdyr. Merwde we Hazar deňziniň gündogar kenarlarynda uly gozgalaňlar bolupdyr. Ýzly-ýzyna guralýan dildüwşükler giň gerim alypdyr. Halk hereketine garşy Nedir şanyň hötde gelip bilmejegine gözleri ýetensoň, ozal şany goldan serkerdeleriň bir bölegi ondan daşlaşyp ugrapdyr. Hatda iň ynamdar serkerdesi Alyguly han hem onuň garşysyna gidýär. Soňabaka Nedir şa şübhelenmekden we gazaplanmakdan ýaňa özüne iň ýakyn adamlary jezalandyryp başlapdyr. Ol hiç kimi gaýgyrmandyr. Hatda öz ogly Ryzagulyny zyndana taşladypdyr.

1747-nji ýyl Nediriň şalyk eden iň soňky ýyly bolýar. Şol ýylyň 19-njy iýulynda ol owşar goşunbaşylarynyň dildüwşügi netijesinde öz düşelgesindäki çadyryň içinde öldürilipdir.

Nedir şa öldürilenden soň, onuň ýarag güýji bilen döreden imperiýasy (şadöwleti) – Owşar türkmenleriniň hökümdarlygy dargapdyr. Güýje daýanylyp, zorluk bilen döredilen imperiýanyň geljegi bolmaýar, ol iru-giç çagşaýar. Eýranyň düzüminden Owganystan, Hywa, Buhara, demirgazyk Azerbaýjan, Ermenistan, gündogar Gürjüstan we beýlekiler bölünip aýrylýarlar.

Türkmenler Nedir şanyň öldürilendigini eşidip, onuň ýerlerdäki dikmelerini we nökerlerini kowup başlapdyrlar. Müňgyşlaga we Hazar deňziniň gündogar kenarýakasyna mejbury göçüp giden türkmenler ýene-de öňki ýerlerine dolanyp gelipdirler.

Nedir şa hakynda taryhçy alymlar köp kitap ýazypdyrlar. Ol barada kitap ýazanlaryň iň esasylarynyň biri-de eýranly taryhçy, Merwde wezir bolan Muhammet Kazymdyr. Ol Nedir şanyň iň ýakyn adamlaryndan biri bolupdyr. Onuň «Älemiň bezegi Nedir şanyň kyssasy» diýen üç tomluk işinde Nedir şanyň harby ýörişleri we döwleti dolandyryşy beýan edilýär. Işde Nedir şanyň mahabatlandyrylyp görkezilendigine garamazdan, onuň şol döwrüň taryhy wakalaryny öwrenmekde uly ähmiýeti bar.

---

Soraglar we ýumuşlar

**1.** Hywa hanlygyndaky türkmenleriň Nedir şanyň zulumyna garşy göreşi barada gürrüň beriň. **2.** Etrek-Gürgen we Merw sebitlerindäki türkmenleriň Nedir şanyň basybalyjylykly syýasatyna garşy göreşi barada gürrüň beriň. **3.** Näme üçin Nedir şanyň imperiýasy dargapdyr? Muny taryhdan ozal alan umumy düşünjeleriňiz esasynda delillendirip, gürrüň beriň. **4.** Näme üçin Nedir şany öz ýakyn adamlary öldüripdirler?

---

## §19. XVIII asyryň ikinji ýarymyndaky esasy syýasy wakalar

**Türkmenleriň Horasanda we Astrabatda özara uruşlara gatnaşmagy.** Nedir şa ölenden soň, Eýranda, Hywada, Buharada, Owganystanda dagynyklyk we özara içki agzalalyklar öňküsinden hem beter möwç alýar. Nedir şadan soň onuň mirasdarlarynyň arasynda özara duşmançylyk güýçlenýär. Günorta Eýranda häkimiýet başyna Zendleriň han neberesini esaslandyran Kerim han geçýär. Owganystanda bolsa ozal Nedir şanyň atly goşunynda gulluk eden Ahmet şa Dürrany özbaşdak döwlet döredýär. Ol 1747–1773-nji ýyllarda şalyk sürýär. Ahmet şa Dürrany 1753–1755-nji ýyllarda Etrek-Gürgen türkmenleri bilen gös-göni aragatnaşyk açypdyr. Ol, ilkinji nobatda, öz bähbidini göz öňünde tutup, owgan we türkmen halklaryny Eýran şalarynyň sütemine garşy bileleşip göreşmäge çagyrypdyr. Bu çagyryş Etrek-Gürgen türkmenleriniň arasynda gyzgyn goldaw tapypdyr. Muňa Döwlet-

mämmet Azady we onuň ogly Magtymguly hem goşulypdyr. Bu meseläni özara ylalaşyp çözmek üçin Etrek-Gürgen türkmenleriniň wekilleri ençeme gezek Ahmet şa bilen duşuşypdyrlar. 1754-nji ýylda Çowdur han, Döwletaly han, Muhammedaly han, Begenjaly han, Magtymgulynyň süýtdeş doganlary Mämmetsapadyr Abdylla dagylar ýörite Owganystana barypdyrlar. Şeýlelikde, XVIII asyryň 50-nji ýyllarynda Nedir şanyň mirasdarlarynyň garşysyna Etrek-Gürgen türkmenleri bilen astrabatly gajar türkmenleri bilelikde göreşipdirler.

Eýranda, şol sanda Horasanda-da, Astrabatda-da özara içki uruşlar XVIII asyryň 70-nji ýyllarynda-da köşeşmändir. Bu döwürde ýomutlar bilen gökleňleriň köpden bäri dowam edip gelýän bitewüligine şikes ýetip, olaryň arasynda hem agzalalyk başlanýar. Ozal gowy gatnaşykda bolan gökleňleriň gajarlar bilen hem arasy bozulýar.

Eýranda gajarlar bilen zendleriň arasynda häkimiýet ugrunda uzak wagt dowam eden (1779–1796 ý.) göreş ahyry gajar toparynyň ýeňşi bilen tamamlanýar. Şeýlelikde, Eýranda Gajar türkmenleriniň hökümdarlygy döreýär. Gajarlaryň baştutany Agamuhammet han Astrabady, Mazenderany, Gilýany eýeleýär. 1785-nji ýylda Tährany Eýranyň paýtagty diýip yglan edýär. Mundan ozal gezekli-gezegine Töwriz, Yspyhan, Maşat, Şiraz Eýranyň paýtagty bolupdy. Agamuhammet han Kerim han Zendiň ähli neberesini ýok edýär, olary goldanlardan ýowuzlyk bilen öç alýar.

Agamuhammet hanyň şalyk eden ýyllarynda zulum-sütem has-da güýçlenipdir. Ol Etrek-Gürgen töwereginde ýaşaýan türkmenleriň özüne doly tabyn bolmaklaryny we häkimligini ykrar etmegini talap edipdir. Boýun gaçyran türkmen hanlaryny jezalandyrypdyr. Şeýlelik bilen, ol özüni çagalykdan terbiýeläp ýetişdiren türkmenlerden zalymlyk bilen öç alypdyr. Agamuhammet şa näçe gazaply bolsa-da, türkmenler oňa tabyn bolmandyr, öňküleri ýaly özlerini erkin duýupdyrlar. Şonuň üçin hem 1796-njy ýylda Agamuhammet şa Horasana barýarka, Etrek-Gürgen türkmenleriniň üstüne gazaply ýöriş edipdir. Ýomutlary, gökleňleri gyrgyna berýär, çagalaryny we aýallaryny ýesir alýar. Aýratynam, eli ýarag tutup biljek gökleňleriň erkek göbeklisini rehimsizlik bilen jezalandyrypdyr. Abraýly adamlaryň maşgalasyndan 300 adamy Tährana girew äkidipdir. Ýerli häkimlere gökleňler bilen ýomut-

lary biri-birlerine öjükdirmegi, olary duşmançylykly ýagdaýda saklamagy tabşyrypdyr.

Şeýlelikde, türkmenleriň Eýrandaky Gajar türkmenleriniň hökümdarlygy bilen gatnaşygy örän dartgynly bolupdyr. Emma türkmenler her hili sütemlere sezewar edilseler-de, öz milli ruhubelentligini, mertebesini, däp-dessurlaryny saklamagy başarypdyrlar.

**Buhara hanlygyndaky türkmenleriň ýagdaýy.** XVIII asyryň ikinji ýarymynda Buhara hanlygy bellibir derejede kuwwatlanyp başlapdyr. Lebap türkmenleriniň ýaşaýan ýerleri resmi taýdan Buhara hanlygyna degişlidi. Olar hana salgyt töläpdirler. Nöker gullugyny edip, ýer-suw alypdyrlar. Emma öz içerki işlerini köp babatlarda özleri çözüpdirler. Her bir türkmen tiresiniň öz galasy bolup, ol daşky duşmandan berk goralypdyr. Şol döwürde Hoja-idat, Akderi ýaly galalar bolupdyr. Ol galalar owganlaryň, Buhara goşunlarynyň çozuşlaryna garşy daýanç mekany bolup hyzmat edipdir.

Lebap türkmenleriniň han-begleri Buhara bilen duşmançylyk etmäge meýilli bolmandyrlar. Olaryň birentegi Buhara hanlygynda ýokary wezipeleri eýeläp, aram syýasaty alyp barypdyrlar.

Buharada aştarhanylaryň nesilşalygy synyp, mañňytlar nesilşalygy başlanýar. Onuň esasyny Muhammetrahym han goýupdyr. 1758–1785-nji ýyllarda Damýal beg hanlyk edýär. Soňra onuň ogly Şamyrat Welnamy emir adyny alyp, 1785–1800-nji ýyllarda Buharany dolandyrýar. Şondan soň Buhara hanlygy emirlik diýlip atlandyrylyp başlanýar. Ol wajyp özgertmeler geçiripdir. Pul dolanyşygyny, salgyt ýygnamagy, edara ediş usulyny düzgünleşdiripdir.

1785-nji ýylda Buharanyň emiri Şamyrat Welnamy köp goşun bilen Merwiň üstüne çozupdyr. Merwiň hany Baýramaly hany aldap gabawa salmak we öldürmek oňa başardypdyr. Ol Merwiň obalaryny talap, yzyna gaýdypdyr. Baýramaly hanyň ähli neberesini Buhara we Samarkanda göçüripdir. Merwiň hökümdary edilip, Baýramaly hanyň ogullarynyň biri bellenipdir. Emma Merwde asudalyk bolmandyr. Ilatyň arasynda özara içki çaknyşyklar bolup durupdyr. Şamyrat Welnamy 1790-njy ýylda ikinji gezek Merwe ýöriş edipdir. Ol bütin Merw sebitini suw bilen üpjün edip duran Soltanbendiň ýanyndaky galany eýeläp, bendi ýumurmagy buýrupdyr.

Soltanbendiň ýykylmagy Murgap oazisini tozgunlyga getiripdir, ekerançylyk pese gaçypdyr. Ilat galla we başga azyk harytlaryny Hyratdan, Maşatdan getirmäge mejbur bolupdyr. Şamyrat Welnamy Baýramaly han galasynyň ilatynyň köpüsimi Mawerannahra göçüripdir, galanlary Maşada tarap gaçypdyrlar.

Demirgazyk Owganystandaky türkmenleriň we özbekleriň oturan ýerlerini hem-de gülläp otüran Merw sebitlerini eýelemek ugrunda Buhara bilen Owganystanyň arasynda uzaga çeken göreş dowam edýärdi. Bu ýerleriň üstündäki dawa Eýran hem goşulýardy. 1791-nji ýylda Owganystanyň patyşasy Teýmir şa 20 müň atly goşun bilen Balh welaýatyndaky Akja galasynyň ýanynda Şamyrat Welnamynyň goşunlaryny ýeňýär. Şondan soň iki döwletiň araçägi Amyderýa bolmaly diýen ylalaşyga gelinýär.

Şeýlelikde, her niçik bolsa-da, Merw sebitindäki türkmenler Buharanyň dikmelerine doly tabyn bolmandyrlar, olar bilen häli-şindi çaknyşyp durupdyrlar.

---

Soraglar we ýumuşlar

**?** **1.** XVIII asyryň ikinji ýarymynda Günorta Türkmenistanyň syýasy ýagdaýy nähili bolupdyr? **2.** Etrek-Gürgen türkmenleriniň Ahmet şa bilen gatnaşygy barada gürrüň beriň. **3.** Näme üçin Agamuhammet şa bilen türkmenleriň arasynda dartgynly ýagdaý döräpdir? **4.** Lebap türkmenleriniň ýagdaýy barada gürrüň beriň. **5.** Şamyrat Welnamynyň Merwe eden ýörişleri hakynda aýdyp beriň.

---

## §20. Hywa hanlygyndaky türkmenleriň häkimiýet ugrundaky göreşlere gatnaşmagy

XVIII asyryň ikinji ýarymynda Eýranda özara içki uruşlaryň tutaşyşy ýaly, Hywa hanlygynda-da häkimlik ugrunda şeýle uruşlar dowam edipdir. Oňa özbekler, türkmenler, gazaklar, garagalpaklar, käwagt bolsa, Buhara hanlary hem gatnaşypdyrlar. Abylgazy II (1742–1746 ý.) soň, Hywa hany her ýylda, hatda her aýda diýen ýaly çalşylyp durupdyr.

1760-njy ýyldan başlap, Hywadaky bulam-bujarlykda Muhammedemim ynagyň ady köp ýaýrap ugraýar. Şol döwürde ol ýomutlar bilen çowdurlara daýanyp, öz garşydaşlaryndan üstün

çykýardy. Soň olaryň arasy bozulyp, Muhammedemin salyrlar bilen tekelere ýüz tutupdyr we olary ýomutlaryň garşysyna öjükdiripdir. Salyrlar gadymdan bäri Horezmde döwlet işlerini alyp barýardylar, olardan käwagt şäher häkimi bellenilýärdi. Muhammedemin ynak hilegärlik bilen Horezm türkmenlerini ikä bölüp, biri-birlerine garşy goýupdyr. Şol döwürde ýomutlara Meňligeldi sakaw, Dönmez serdar, salyrlar bilen tekelere Annaberdi beg, Nazar atalyk, Atgyran beg, Myrat Zaman beg baştutanlyk edýärdiler. Asly türkmen bolsalar-da, özara göreşiň soňy gelmeýärdi. Özbekler hem biri-biri bilen agzalady. Kim-kimiň garşysyna uruşýany belli bolmaýardy.

1765-nji we 1770-nji ýyllarda Hywa hanlygy gysga wagtlaýyn iki gezek ýomutlaryň eline geçýär. Olar özbeklerden bolan wekillere döwleti edara etmegi tabşyryp, özleri kän bir atdan düşmeýärdiler. Emma göreş köşeşmeýärdi.

Hywadaky uruşlar içki uruşlardy. Iki uruşýan tarap uly leşger ýygnap, ýüzbe-ýüz durup, baş söweş etmeýärdi. Uruş alyp barýan tarap kähalatlarda 40-50 atly, käwagt 500-600, örän seýrek ýagdaýda bolsa 5-6 müň atly bolup, uruş hereketlerini alyp barýardylar. Özleri hem iň gyzgalaňly pursatda bir bahanajyk tapyp, öýkelän bolýardylar-da, beýleki tarapa geçip oturyberýärdiler ýa-da söweş meýdanyny taşlap gaýdyberýärdiler. Hywadaky içki uruşlaryň düzgüni şeýleräkdi.

Muhammedemin ynak assyrynlyk bilen ýomutlardan nägile adamlary öz töweregine jemläp başlapdyr. Ol tekelerden, salyrlardan, garagalpaklardan, gazaklardan, özbeklerden ybarat ýygyn toplapdyr. Şondan soň ýomutlar bilen çowdurlaryň garşysyna uruş hereketlerine girişipdir. Hywa taryhçysy Munisiň berýän maglumatlaryna görä, bir ýylyň dowamynda Muhammedemin 53 gezek ýomutlar, çowdurlar bilen çaknyşypdyr. Ol Buhara hanyndan hem kömek sorapdyr. Emma Buhara hany Daniýal onuň haýyşyny bitirmändir.

1770-nji ýylyň 21-nji sentýabrynda Muhammedemin Hazaraspa gelýär. Özbek han-begleri onuň daşyna jebisleşip başlaýarlar. Muhammedemin ýomutlary Hywa hanlygyndan gysyp çykarmagy maksat edinipdir. Emma ýomutlar erjellik bilen garşylyk görkezipdirler, gazaply söweşler bolupdyr. Olar her näçe batyrlyk bilen söweş etseler-de, Hywa goşunyndan asgyn gelipdirler

we guma tarap yza çekilmäge mejbur bolupdyrlar. Şeýlelik bilen, Muhammedemin ynak şu özara uruşlarda ýeňiji bolup çykypdyr. Ol ömrüniň ahyryna (1790 ý.) çenli Hywada hökümdarlyk edipdir.

Muhammedemin türkmenler bilen hiç wagt arasyny kesmändir. Käte olaryň garşysyna uruş alyp barmaly bolsa-da, gerek wagty olary Hywada nöker gullugyna çagyrypdyr. Ol 1782-nji ýylda şol türkmenleriň güýjüne daýanyp, Buharadan gelen goşunlary derbi-dagyn edipdir. XVIII asyryň ikinji ýarymynda ýomut, teke, salyr, çowdur taýpalarynyň ondan-oňa göçüp-gonandygyna garamazdan, olar elmydama Hywa hanlygy bilen gatnaşyk saklap, ähli wakalara dahylly bolupdyrlar. Şonuň üçin şu taýpalaryň taryhyny Hywa hanlygyndan aýryp, Hywa hanlygynyň taryhyny-da türkmen taýpalaryndan üzňelikde beýan etmek mümkin däl.

Muhammedemin 1790-njy ýylda ölenden soň, onuň uly ogly Öwez ynak Hywa tagtyna çykýar. Ol 1790–1802-nji ýyllarda hökümdarlyk sürüpdir. Şol döwürde Hywada hanyň nöker gullugyny berjaý etmekde türkmenler birinji orunda, onuň yzyndan garagalpaklar, üçünji orunda özbekler durupdyr. Türkmenler harby edermenligine daýanyp, kähalatlarda Öwez ynagy äsgermändirler.

Şeýlelikde, XVIII asyr türkmen halkynyň taryhynda iň bir ýowuz döwür bolupdyr. Aýratyn hem Horezm türkmenleriniň ýagdaýy agyr bolupdyr. Olar öz oturymly ýerlerini, ekin meýdanlaryny goramak bilen çäklenmän, eýsem, hanlykda öz agalygyny dikeltjek bolup hem dalaş edipdirler. Şu tükeniksiz uruşlaryň aňyrsynda örän ýiti durmuş meselesi, ýagny ýer-suw meselesi ýatýardy.

---

### Soraglar we ýumuşlar

**1.** XVIII asyryň ikinji ýarymynda Hywa hanlygynda haýsy türkmen taýpalary ýaşapdyrlar we olaryň baştutanlaryndan kimleri bilýärsiňiz? **2.** Türkmen taýpalary agzybir bolupdyrlarmy? Näme üçin Muhammedemin ynak olary biri-birine garşy öjükdiripdir? **3.** XVIII asyr türkmenler üçin nähili döwür bolupdyr? **4.** Türkmenleriň Hywa hanlygyndaky ýagdaýy barada öz garaýşyňyzy beýan ediň. **5.** Öwrenilýän döwürde Hywa hanlygynda türkmenleriň ýaşan ýerlerini kartada görkeziň.

---

## §21. XVIII asyrda türkmen-rus gatnaşyklary

Türkmenleriň Rus döwleti bilen gatnaşyklary has irräk başlanypdy. Rus täjirleriniň we ilçileriniň Buhara, Hywa ýollary, esasan, Üstýurtda, Müňgyşlakda oturan türkmenleriň üsti bilen geçipdir. Olara türkmenler ýolbeledi bolmaga, kerwenlerini goramaga kömek edipdirler. Rus adamlary türkmenleriň halal, sözüne ygrarly, boýun alan ýumuşlaryny ak ýürek bilen berjaý edýändiklerini nazarda tutup, olar bilen ýakynlaşmak isläpdirler. Rus täjirleriniň ünsüni türkmenleriň nepis halylary, ýüpegi, garaköli baganasy hem özüne çekipdir.

XVIII asyrdan başlap, türkmen-rus gatnaşyklary has-da ýygjamlaşýar. Russiýanyň imperatory Pýotr I Ýewropa ýol açyp, indi Gündogaryň bazaryna nazar aýlaýardy. Hywanyň, Buharanyň üsti bilen Hindistana ýol agtarýardy. Edil şol wagtlar goňşy döwletleriň çozuşlaryndan halys bolan Müňgyşlakda we Hazar deňziniň gündogar kenarynda ýaşaýan türkmenler hem Rus döwleti bilen ysnyşykly aragatnaşygy ýola goýmaga çalyşýardy. Şeýle taryhy pursatda asly abdal türkmenlerinden bolan Hojanepes Russiýanyň imperatory Pýotr I bilen Sankt-Peterburgda duşuşypdyr.

Hojanepes Söýün ogly 1678-nji ýylda demirgazyk Müňgyşlakdaky Ýykylgan diýen obada barly maşgalada dünýä inipdir. Ol edenli, akylly-paýhasly, ilat arasynda abraýly ýigit bolup ýetişipdir. Halk oňa uly hormat goýupdyr, sözüne gulak salypdyr. Ol türkmen taýpalarynyň agyr durmuşyndan çykalga gözleýärdi. Ahyrky netijede Rus döwletiniň baştutanynyň ýanyna baryp, ondan kömek soramagy ýüregine düwýär. Bir gezek Hojanepes Astrahana söwda-satuw işi bilen baranda, şol ýerde asly eýranly täjir Zaman beg (Zamanow) bilen tanyş bolupdyr. Oňa rus patyşasynyň ýanyna gidip, onuň bilen döwlet bähbitli gürrüň edesiniň gelýändigini aýdypdyr. Zamanow bolsa bu işde Hojanepese kömek etmäge höwesjeň bolupdyr. Şeýlelik bilen, olar 1713-nji ýylda Sankt-Peterburga bile gidipdirler. Peterburga baransoňlar, Zamanow Hojanepesi öz köne tanşy Aleksandr Bekowiç-Çerkasskiý bilen tanyşdyrypdyr. Onuň arada durmagy bilen 1714-nji ýylyň ýazynda Hojanepesi Rus imperatory Pýotr I kabul edipdir, ony üns berip diňläpdir. Hojanepes oňa Amyderýanyň ozal Hazar deňzine guýandygy barada gürrüň beripdir. Soňra derýanyň öz

akymyny üýtgedendigi sebäpli Balkan töwereginde we Uzboýuň ugrunda ýaşap ýören oturymly türkmenleriň ýurtlaryny taşlap, dürli taraplara göçüp gitmäge mejbur bolandyklaryny aýdypdyr. Rus döwletiniň derýany köne hanasy bilen akdyrmaga kömek etmegini haýyş edip, oňa türkmenleriň-de işeňňir gatnaşjakdyklaryny mälim edipdir. Bu maglumatlar Pýotr I uly gyzyklanma döredipdir. Ol Hojanepesiň haýyşyny göwünjeňlik bilen goldapdyr. Sebäbi Pýotr I Hazar deňziniň kenarlarynda harby berkitmeler gurup, şol ýerlerden hem Gündogara içgin aralaşmaklygy göz öňünde tutýardy.

Pýotr I permany esasynda Aleksandr Bekowiç-Çerkasskiniň baştutanlygynda 1715–1717-nji ýyllar aralygynda üç gezek ekspedisiýa guralýar. Ekspedisiýanyň esasy wezipelerini imperatoryň özi kesgitläpdir. Onuň öňünde Amyderýanyň öňki akymynyň ugruny anyklamak, Hindistana gidýän ýollary öwrenmek, Hazar deňziniň kenarlarynda galalar gurmak, Hywa hanlygyny raýatlyga yrmak, Buhara barada maglumatlar toplamak ýaly möhüm wezipeler goýlupdyr. Mundan başga-da, Hywa hanynyň kömegi bilen Erket şäheriniň töweregine baryp, altyn çykýan ýerleri barlamak tabşyrylypdyr.

1715-nji ýylda birinji, 1716-njy ýylda bolsa ikinji ekspedisiýa guralýar. Netijede, rus döwletine gerekli köp maglumatlar toplanypdyr. 1716-njy ýylyň ekspedisiýasy döwründe Hazar deňziniň gündogar kenarynda üç sany gala-berkitme gurlup, olarda rus goşunlarynyň kiçeňräk bölümleri ýerleşdirilipdir. Rus döwletiniň bu hereketleri Hywa hanyna ýaramandyr. Sebäbi Hywa hany ol ýerleri özüniňki hasaplapdyr.

1717-nji ýylda Bekowiç-Çerkasskiý Astrahanda täze üçünji ekspedisiýa taýýarlyk görüp başlaýar. Ol Astrahandan öz ygtyýaryndaky ähli goşuny Guryewe tarap iberipdir. Şol ýerde bir aý töweregi taýýarlyk işleri geçirilipdir. Bu gezek ekspedisiýa üçin 3 müň adam, 6 müň ýaby, köp mukdarda düýe jemlenipdir.

1717-nji ýylyň tomsunda Bekowiç-Çerkasskiniň ekspedisiýasy Hywa tarap ugrapdyr. Ýoluň esli bölegi geçilenden soň, Bekowiç-Çerkasskiý Şirgazy hana gymmat bahaly sowgatlar gowşurmak hem-de özüniň Rus döwletiniň ilçisi hökmünde parahatçylykly maksat bilen gelýändigini habar bermek üçin onuň ýanyna ýörite wekil iberipdir. Wekiliň beren gürrüňine Şirgazy han ynanmandyr. Ilçiniň toply-tophanaly gaty köp goşun bilen

gelmegini geň görüpdir. Derrew aýgytly söweşe taýýarlyk görüp başlapdyr. Hywa 120 kilometr galanda ekspedisiýanyň goşuny bilen hanyň goşunynyň arasynda uly söweş bolupdyr. Söweş üç güne çekipdir. Bekowiç-Çerkasskiniň toply toparyny ýeňip bilmejegine göz ýetiren Şirgazy han onuň bilen gepleşige girişipdir, hilegärlige baş urupdyr. Han bolan waka ökünen kişi bolup, Bekowiç-Çerkasskini we onuň bütin toparyny myhmançylyga çagyrýar. Şonda ol topardaky adamlary myhmançylyga kabul etmek aňsat bolar ýaly, olary böleklere bölmegi haýyş edipdir. Muňa Bekowiç-Çerkasskiý razy bolupdyr. Netijede, ekspedisiýanyň topary bäş bölege bölünip, Hywanyň dürli galalaryna ugradylypdyr. Az wagt geçensoň, olary aýry-aýrylykda hanyň goşuny aňsatlyk bilen gyrypdyr. Bekowiç-Çerkasskiý we onuň ýanyndaky iň ýakyn adamlary hem öldürilýär. Şeýlelik bilen, Bekowiç-Çerkasskiniň üçünji ekspedisiýasy pajygaly ýagdaýda tamamlanypdyr.

Şol uly gyrgynçylykda Hojanepes ölmän, diri galypdyr. Ony Hywa hanynyň atly goşunynda gulluk edýän Agamuhammet diýen bir türkmen gizläp saklapdyr. Soň ol adam Hojanepesi assyrynlyk bilen öýüne ugradypdyr. Hywa hany ony yzarlapdyr. Şoňa görä, Hojanepes Astrabada göçüp gitmäge mejbur bolupdyr. Ol elmydama dogduk mekany Müňgyşlagy küýsäp gezipdir. Ahyry hem Müňgyşlak ýolunda Gyzylsuwuň töwereginde garakçylaryň elinden wepat bolupdyr.

1717-nji ýylyň wakasy Russiýanyň türkmenler bilen gatnaşygynyň ondan beýläk giňelmegine uly päsgel bermändir. 1719-njy we 1726-njy ýyllarda täze ekspedisiýalar guralypdyr. Şonuň netijesinde Hazar deňziniň ilkinji ylmy kartasy düzülipdir.

XVIII asyryň ikinji ýarymynda Rus döwleti Hazaryň türkmen kenarlaryna birnäçe gezek ekspedisiýa ýollapdyr. Türkmenler bolsa Ogurjaly adasynda söwda etmek üçin gämi duralgasyny gurup bermekligi haýyş edip, Russiýanyň hökümetine ýüz tutupdyrlar. 1773-nji ýylda S. Gmeliniň, 1781-nji ýylda graf M. Woýnowiçiň ýolbaşçylygynda rus ekspedisiýalary Çeleken adasynda bolupdyrlar. Olar öz adamlarynyň kenarýaka türkmenleri tarapyndan dostlukly, adamkärçilikli garşylanandygyny nygtapdyrlar.

Bu ekspedisiýalaryň hemmesiniň maksady türkmen kenarlaryna we Orta Aziýa içgin aralaşmakdan ybaratdy. Kenarýaka türkmenleriniň özleri hem Russiýa bilen söwda we diplomatiki gatnaşyklary saklamagyň tarapdary bolupdyrlar.



Soraglar we ýumuşlar

1. Türkmen-rus gatnaşyklary barada näme bilýärsiňiz? 2. Hojanepes kim we näme üçin Sankt-Peterburga gidipdir? 3. Bekowiç-Çerkasskiniň ekspedisiýasy nähili maksat bilen guralypdyr? 4. Bekowiç-Çerkasskiniň üçünji ekspedisiýasynyň netijesi barada gürrüň beriň. 5. XVIII asyrda türkmen ýerlerine başga nähili ekspedisiýalar guralypdyr? 6. Bekowiç-Çerkasskiniň soňky ekspedisiýasynyň geçen ýoluny kartada görkeziň.

## §22. XVIII asyrda türkmenleriň medeniýeti

XVIII asyrdaky üznüksiz uruşlar, göçe-göçlükler türkmenleriň ykdysady durmuşyna we medeni ösüşine bellibir derejede päsgel beripdir. Şeýle-de bolsa, halkyň özüne mahsus binagärçiligi, sungaty we medeniýeti kemala gelipdir. Ilat goranmak üçin pagsadan salnan ululy-kiçili ýüzlerçe galalary, diňleri, ýaşaýyş jaýlaryny, metjitdir medreseleri gurupdyr. Maryda, Ahalda, Horezmde, Etrek-Gürgende diňli-derwezeli, beýik diwarly galalary köp gurupdyrlar.

XVII asyrdaky ýaly, XVIII asyrda hem türkmen halkynyň amaly-haşam sungaty, hünärmentçilik, senetçilik, zergärçilik ösüpdir we barha kämilleşipdir. Türkmen aýal-gyzlarynyň dokan ajaýyp halylary we matalary dünýä bazarynda uly meşhurlyga eýe bolupdyr.

Türkmenleriň aýdym-saz sungaty, dessançylyk ýoly hem şol döwürde ösüpdir, kämilleşipdir. Aýdym-saz sungatynda gadymdan gelýän iki ýol: tirme bagşyçylyk hem-de dessançy bagşyçylyk ýoly şöhrat gazanypdyr. Tirme bagşyçylyk halk döredijiliginiň, dürli şahyrlaryň eserlerinden seçip-saýlap aýtmaklyk ýoludyr. Dessançy bagşylar bolsa, belli-belli dessanlary başdan-aýaga dilden çeper beýan edip, şolardaky goşgulary aýdym edip aýdypdyrlar.

XVIII asyrda Döwletmämmet Azady, Magtymguly Pyragy, Andalyp, Şabende, Şeýdaýy, Magrupy, Gaýyby ýaly ençeme meşhur şahyrlar ýaşap we döredip geçdiler. Bu döwür nusgawy edebiýatyň, bagşyçylyk sungatynyň emele gelmeginde we ösmeginde «altyn zamana» boldy.


Döwletmämmet Azady

Döwletmämmet Azady (1695–1760 ý.) mekdep-medresede okap bilim alypdyr. Köp ylymlary özbaşdak okap öwrenipdir. Şahyr arap, pars hem-de köne çagataý dillerini oňat özleşdirip, şol dillerde ýazylan Gündogaryň taryhyny, edebiýatyny gowy bilipdir. Öz döwrüniň görnükli akyldary we ussat şahyry Azadynyň esasy käri oglan okatmak bolupdyr. Ol zergärçilik bilen meşgullanypdyr.

Azadynyň ýazan eserleriniň iň esasysy «Wagzy-Azat» poemasydyr. Ol dört bapdan ybarat. Bu poemada şahyr döwlet hem häkimlik, ylym hem alymçylyk, edep-ekram, haýyr-sahawat, garyp-pukaralar barada öz oý-pikirlerini beýan edipdir. Ol ähli türkmen taýpalaryny birleşdirmek, merkezleşdirilen döwlet gurmak pikirini öňe sürýär.

XVIII asyryň dünýä belli meşhur akyldary we beýik şahyry Magtymguly Pyragydyr (1724–1807 ý.). Türkmen halky Magtymgulynyň eserlerine we özüne aýratyn sarpa goýýar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow şahyr barada şeýle ýazýar:«Magtymguly Pyragy ylmyň, edebiýatyň, dünýä medeniýetiniň özünden öňki gazananlaryny akyl eleginden geçirip, dürdäne eserleri döretdi. Beýik şahyr türkmen şygryýetiniň we türkmen diliniň taryhynda uly özgerişlikleriň başyny başlady».


Magtymguly Pyragy

Magtymgulynyň ömri Etrek-Gürgen we Garrygala (häzirki Magtymguly etraby) sebitlerinde geçipdir. Magtymguly deslapky bilimi öz kakasyndan alypdyr. Soňam kakasynyň maslahaty bilen ol ilki Idrisbaba (Lebap welaýatynyň Halaç etrabynda), Gögeldaş (Buharada) medreselerinde okapdyr. Soňra Hywadaky Şirgazy medresesinde okap, öz ylym-bilimini has artdyrypdyr. Magtymguly jahankeşdelik edip, köp ýurtlarda we şäherlerde bolup görüpdir.

Köp alymlaryň we şahyrlaryň kitaplaryny yzygiderli okapdyr. Ol öz obasynda, esasan, çaga okadypdyr, zergärçilik bilen meşgul bolupdyr.

Magtymgulynyň döredijiligi türkmen edebiýatynyň taryhynda täze sahypa açýar. Şahyr öz eserlerini halka düşnükli sada türkmen dilinde ýazypdyr. Şoňa görä onuň goşgulary halk aýdymlaryna öwrülip gidipdir. Magtymgulynyň dünýägaraýşy we ideýalary ähli döwürde hem bütin adamzada ýakyn we düşnüklidir. Ol umumadamzat şahyrydyr. Şahyr öz eserlerinde halka hyzmat etmegi, adamkärçiligi, ata-ena hormat goýmagy, ulyny sylamagy ündäpdir:

Edebiň ýagşysy ulyny syla,
Ulyny ynjytmak kiçä ýaraşmaz.

Magtymgulynyň döwri galagoply bolupdyr. Ol döwürde türkmenleriň üstüne goňşy döwletler häli-şindi çozupdyr. Bir gezek gyzylbaşlar Magtymgulynyň obasyna çozanlarynda onuň ýazan eserlerini ýakypdyrlar, suwa akdyrypdyrlar.

Şonda ol:

Bäş ýylda bir kitap eden işimiz,
Gyzylbaşlar alyp, weýran eýledi –

diýip ýazypdyr.

Magtymguly ýurdy, halky tozgunçylykdan, daşary ýurt basybalyjylarynyň çozuşlaryndan halas etmegiň ýollaryny agtarypdyr. Şonda ol türkmen tire-taýpalaryny birleşdirmeli, agzybir bolmaly, merkezleşdirilen bir döwlet gurmaly diýen netijä gelýär. Bu pikiri Magtymguly jemagat arasynda giňden wagyz edýär. Şu maksat bilen ol «Türkmeniň», «Döker bolduk ýaşymyz», «Ajap eýýam gelmedi», «Türkmen binasy» ýaly eserlerini döredipdir.

Beýik Magtymguly Pyragy türkmen halkynyň uly hormatyna we çuňňur söýgüsine mynasypdyr. 1990-njy ýyldan bäri her ýylyň 18-nji maýynda ýurdumyzda Magtymgulynyň şygryýet güni uly baýramçylyk hökmünde bellenilýär.

XVIII asyrda ýaşap geçen Şabende (1720–1800 ý.) türkmen nusgawy edebiýatynyň görnükli wekilleriniň biridir. Ol Daşhowuz (häzir Daşoguz) welaýatyndaky Was diýen ýerde dünýä inipdir. Ol öz döredijiligini seýisçilik we aýdym-saz sungaty bilen utgaşdyryp alyp barypdyr. Şabende öwüt-nesihat, yşky-lirika temalary bilen baglanyşykly köp şygyrlar ýazypdyr. «Hojamberdi han», «Şabähram», «Gül-Bilbil» ýaly dessanlary döredipdir.

Nurmuhammet Andalyp (1660–1740 ý.) Ýylanly (häzirki Gurbansoltan eje) etrabynyň Garamazy obasynda doglupdyr. Ol «Oguznama», «Nesimi», «Sagdy–Wakgas» ýaly taryhy poemalary, «Ýusup–Züleýha», «Leýli–Mejnun», «Zeýnelarap», «Baba Röwşen» atly meşhur dessanlary we köp şygyrlary ýazypdyr.

Gaýyby (1735–1810 ý.) ärsary türkmenlerinden bolupdyr. Ol köp çeper eserler ýazmak bilen birlikde «Otuz iki tohum kyssasy» atly özboluşly poemany hem döredipdir. Eserde tohumlar barada gürrüň berilmegine garamazdan, dürli häsiýetdäki adamlaryň jedelleşmekleri, biriniň beýlekiden öz artykmaçlygyny subut etmäge çalyşmaklary göz öňünde tutulýar.

Gurbanaly Magrupy (1734–1810 ý.) Ahaldaky Durun (Baharly etrabynda) galasynda dünýä inipdir, ömrüniň orta gürpünde Horezme göçmäge mejbur bolupdyr. Magrupy watançylyk ruhunda ýazylan «Döwletýar», «Ýusup–Ahmet», «Alybeg–Balybeg» dessanlarynyň awtorydyr. Onuň döreden dessanlarydyr şygyrlary edermenligi, mertligi, Watana bolan söýgini wasp edýär.

---

Soraglar we ýumuşlar

**1.** XVIII asyrda türkmen medeniýetiniň ýagdaýy nähili bolupdyr? **2.** Döwletmämmet Azady barada gürrüň beriň. **3.** Magtymgulynyň ömri we döredijiligi barada gysgaça gürrüň beriň. **4.** Näme üçin Magtymguly türkmenleriň bitewi, merkezleşen döwleti gurmagyny arzuw edipdir? **5.** XVIII asyrda başga-da nähili görnükli şahyrlar ýaşapdyr?

---

# IV BAP
# XIX ASYRYŇ BIRINJI ÝARYMYNDA WE ORTALARYNDA TÜRKMENLERIŇ ERKINLIK, ÖZBAŞDAKLYK UGRUNDAKY GÖREŞLERI

## §23. Lebap türkmenleriniň Buhara emiriniň sütemine garşy göreşi

XIX asyrda Lebap türkmenleri Buhara emiriniň tabynlygynda ýaşaýardylar. 1800–1826-njy ýyllarda Buhara emirligini Şamyrat Welnamynyň ogly Seýit Haýdar töre (Mirhaýdar) do-

landyrypdyr. Mirhaýdaryň Şährisebzi, Kokant hanlygyny we Maryny eýelemek üçin alyp barýan harby hereketleri örän köp çykdajy talap edipdir. Buhara emiri öz tabynlygyndaky türkmenlerden diňe agyr salgytlar almak bilen çäklenmän, eýsem, olary harby hereketlerde hem ulanýardy. Batyr türkmen ýigitleri emiriň goşunynda gulluk edýärdiler.

Ilatdan alynýan hyraç (ýer) salgydynyň möçberi hasylyň 40 göterimine çenli baryp ýetipdir. Olardan başga-da, ilata adatdan daşary ýagdaýda salynýan salgytlar, ýygymlar we borçlar girizilipdir. Salgydyny wagtynda töläp bilmediklere jerime salnypdyr.

XIX asyryň birinji çärýeginde Buhara emirliginiň dürli ýerlerinde halk hereketleri bolup geçýär. Halk hereketleriniň bolmagyna tebigy hadysalar hem bellibir derejede täsir edipdir. Käbir ýyllarda gyş gazaply gelip, güýzlük ekinleri, bugdaýlary sowuk urupdyr. Bazarlarda çörek gymmatlapdyr, ilatyň köp bölegi azyk ýetmezçiliginden horlanypdyr.

1800-nji ýylda Maryda ýaşaýan salyr türkmenleri Berdi baýyň baştutanlygynda Buharanyň salgyt ýygnaýjylarynyň eden-etdiligine garşy gozgalaň türzupdyrlar. Şol gozgalaňy Mirhaýdar güýç bilen basyp ýatyrypdyr.

1801–1802-nji ýyllarda Buhara emiriniň sütemime garşy Lebap türkmenleri uly ýaragly gozgalaň edipdirler. Gozgalaňa ärsary türkmenleri işjeň gatnaşypdyrlar. Gozgalaň Kerki we Çärjew aralygynda ýaşaýan ähli ilaty öz içine alypdyr. Bu gozgalaňa lebaply ýaşulular ýolbaşçylyk edipdirler. Şahyr Seýitnazar Seýdi bolsa gozgalaňyň diňe ruhy ýolbaşçysy bolmak bilen çäklenmän, eýsem, ilkinjileriň hatarynda biline egri gylyjy dakynyp, ata atlanypdyr. Türkmen ýigitleriniň uly bölegine baştütanlyk edip, söweşe giripdir.

Gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin Mirhaýdar köp goşun iberipdir. Gozgalançylar ilkinji çaknyşykda emiriň goşunynyň bir bölegini ýeňipdirler. Buhara emiri hilegärlik bilen gozgalaňçylaryň arasyna bölünişik salmagy başarypdyr. Şondan soň emiriň san taýdan agdyklyk edýän goşuny birnäçe gezek hüjüme geçip, gozgalaňçylary ýeňipdir.

Gozgalaň basylyp ýatyrylandan soň, Lebap türkmenleri ýene-de mejbury ýagdaýda emire tabyn bolup ýaşamaly bolýarlar. Emma Buhara emirliginde asudalyk ýokdy. Özara göreşler, harby çaknyşyklar dowam edýärdi. Oňa türkmenler hem goşulmaly bolýardylar.

1804-nji ýylda Maryda häkimlik edýän Din Nasyr beg öz dogany Mirhaýdara garşy çykýar. Ol Mary we Sarahs türkmenleriniň harby güýjüne daýanyp, Buhara garşy üç ýyllap söweşýär. Buhara emiri onuň üstüne köpsanly goşun ýollaýar. 1807-nji ýylda Çärjewiň golaýynda garşydaşlaryň arasynda aýgytly söweş bolýar. Din Nasyr beg ýeňlip, Maşada gaçýar. Şondan soň Buhara goşunlary Mara gelip, Soltanbendi ýumurýar, ekinler suw ýetmezçiligi zerarly guraýar. Mirhaýdar Maryny eýeländen soň, 25 müň adamy Buhara göçürip äkidýär.



Seýitnazar Seýdi

XIX asyryň 20-nji ýyllarynda Buhara emirliginiň dürli ýerlerinde özbaşdaklyk ugrunda göreş ýene-de başlanýar. Gozgalaňa salgytlaryň barha artdyrylmagy we Buhara emeldarlarynyň eden-etdilikleri sebäp bolupdyr. Zulum öňküden-de beter güýçlenipdir. Lebap türkmenleriniň hany, Garabekewüliň Lamma obasyndan bolan Soltannyýaz beg uly gozgalaňa taýýarlyk görüp başlaýar. Oňa serkerde şahyr Seýitnazar Seýdi ýakyndan kömek beripdir. Edil şol wagtda Hywa hany Buhara bilen uruş hereketlerini alyp barýardy. Hywa hany Muhammetrahymyň goşuny Çärjewiň golaýynda Boryaban diýen ýerde düşlände, Soltannyýaz beg öz egindeşleri bilen hanyň ýanyna baryp, oňa iki sany saýlama aty sowgat berýär. Soňra emire garşy göreşde kömek bermegini soraýar. Han onuň teklibi bilen razylaşýar. Şeýlelikde, 1822-nji ýylda Hywa hanynyň goldaw bermegi bilen Buhara emirine garşy gozgalaň başlanypdyr. Oňa Lebapda ýaşaýan ähli türkmen taýpalarynyň wekilleri gatnaşýar. Gozgalaňçylaryň esasy güýçleri häzirki Saýat etraby bilen Sakaryň arasynda – Amyderýanyň boýunda ýerleşdirilýär. Şol ýerde duşmany garşy almak göz öňünde tutulýar.

Emma garaşylmadyk ýagdaýda emiriň goşuny Burdalyk (Hojambaz etrabynda) begliginiň üsti bilen Halajyň deňinden Amyderýadan bäri geçýär. Gapyllykda üsti basylan türkmenler emiriň goşunyna garşy deň bolmadyk söweşe girýärler. Söweş örän gazaply bolupdyr. Ärsary we sakar türkmenleri Hywa goşunlary bilen birleşip, ilkibada Buhara emiriniň goşunlaryndan üstün

çykypdyrlar. Emma ol ýeňiş uzaga çekmeýär. Hywa hanynyň goşuny söweşden çykyp gidýär. Emiriň goşunynyň agdyklyk etmegi sebäpli, gozgalaňçylar ýeňlipdirler.

Soňra Hywa hany Soltannyýaz bege Hywa hanlygynyň tabynlygyna geçmegi we Mara göçmegi maslahat beripdir. Bu meselede Lebap türkmenleri ikä bölünipdir. Olaryň köpüsi öz dogduk mekanlaryndan jyda düşmezlik üçin Buhara emirine tabyn bolupdyr. Soltannyýaz begiň we Seýitnazar Seýdiniň baştutanlygynda 800-e golaý öýli bolsa Mara göçüpdir. Şol ýerden Hywa hany olara ýer bölüp beripdir. Öz dogany Gutlymyrady hem Mara häkim belläp, oňa Soltanbendi dikeltmegi tabşyrypdyr. Emma onuň iki gezek eden synanyşygy başa barmandyr. Bendi derýanyň güýçli suwy alyp gidipdir.

Maryda Soltanbendi dikeltmek işi ugruna bolmansoň, ilatyň güzerany ýaramazlaşýar. Şeýle ýagdaýda ärsarylar, Hywa hanynyň teklibi boýunça, Horezme göçüp gidipdirler. Bu ýerde az wagt ýaşanlaryndan soň, Seýitnazar Seýdi ärsarylaryň çaklaňrak topary bilen ýene-de Lebaba göçüp gaýdypdyr. Soltannyýaz beg bolsa Hywada galypdyr. Ol birnäçe wagt öz ýanynda galan ärsarylar bilen hanyň goşunynda gulluk edipdir. Bu serkerde XIX asyryň 30-njy ýyllarynyň ortalarynda, Darganatanyň (häzir Birata) golaýynda Hywa hanynyň goşuny bilen Buhara emiriniň goşunynyň arasynda bolan agyr söweşde ýaralanypdyr. Şol ýaradan hem aradan çykypdyr. Onuň Lamma obasynda uly galasy bolupdyr. Ildeşleri onuň jesedini Lammadaky Göbekli öwlüýä getirip jaýlapdyrlar. Birnäçe wagt geçenden soň, onuň bilen Horezme göçüp giden ärsarylar kem-kemden Lebaba dolanyp gelipdirler.

Lebap türkmenleriniň ykbaly Mirhaýdaryň ogly Nasrulla Bahaduryň (1826–1860 ý.), onuň ogly Seýit Muzaffaryň (1860–1885 ý.) Buhara emirligini dolandyran wagtlarynda-da ýeňil bolmandyr. Eýran bilen Hywanyň arasyndaky ýer-ýurt dawalarynyň ezýeti elmydama türkmenleriň gerdenine düşüpdir.

---

**Soraglar we ýumuşlar**

**?** **1.** Buhara emiriniň ilata eden sütemi barada gürrüň beriň. **2.** 1801–1802-nji, 1822-nji ýyllardaky gozgalaňlaryň netijesi nähili bolupdyr? **3.** Harby hereketlerde Soltannyýaz begiň we Seýitnazar Seýdiniň orny nähili bolupdyr? **4.** Gozgalaňçylaryň soňky ykbaly hakynda aýdyp beriň.

atnaşyklary

...enli türkmenleriň oturýan ýerleri
...etleriniň arasynda göreş meýdanyna
...ynyň dagynyklygy basybalyjylaryň
...ýeňilleşdirýärdi. Türkmenler käha-
...atlygyny wagtlaýyn kabul etseler-de,
...ndarlaryna doly tabyn bolmandyr-
...krar eden hanlaryna gulak asypdyr-
...pdyrlar. Hatda Hywa hanlary-da öz
...leri hiç wagt özüne doly tabyn edip
...oňşy döwletler türkmenleri özlerine
...ak wagtlap el çekmändirler. Olaryň
...durupdyrlar. Gerek ýerinde käbir
...çekip, türkmenleriň arasynda bölü-
...Emma türkmenler özleriniň erkin-
...ygiderli göreşip gelipdirler.
...reginde Türkmenistanyň köp bölegi
...basylyp alynýar. Hywa hany Muham-
...Günorta we Günorta-Günbatar Türk-
...ylar aralygynda telim gezek talaň-
...Hanyň Ahal türkmenleri bilen ilkinji
...onuň Horasana eden ýörişi wagtynda
...döwletiniň gowşaklygyndan peýda-
...we Astrabatda ýerli ilat gozgalaň
...gatnaşyklary kesip, Hywadan arka
...Ahal, Mary türkmenleri hem Hywa
...meýil bildiripdirler. Şuňa esaslanyp,
...örüniň 1813-nji ýylda Horasana
...nöker berilmegini talap edipdir.
...dyrlar we nöker bermändirler.
...aşyklary ýitileşýär.
...nji rus-eýran, 1826–1828-nji
...uruşlary bolupdyr. Bu uruşlar
...bir derejede gowşaýar. Bu ýag-
...nji ýyllarda onuň raýatyndaky
...merkezi hökümete garşy gozga-
...uly bir bölegi arçmanly My-
...m begiň baştutanlygynda Begler

hana goşulypdyr. Begler han bilen birlikde hereket edip, şanyň goşunyna garşy göreşipdirler.

Hywa hanyna bu birleşme ýaramandyr. Muňa gahary gelen Muhammetrahym Günorta Türkmenistana ýöriş edýär. Onuň bu gezekki ýörişi, esasan, Myrat serdara garşy gönükdirilipdir.

Myrat serdar Ahal tekeleriniň abraýly, pähim-paýhasly, edermen hanlarynyň biri bolupdyr. Oňa ilat öz ykbalyny ynanypdyr. Myrat serdaryň baştutanlygynda tekeler öz aralarynda ýaşaýan beýleki ähli taýpalaryň wekilleri bilen bilelikde dag jülgelerinde bukulyp, duşmana garşy gaça uruş tilsimini ulanypdyrlar. Serdaryň batyr ýigitleri Hywa hanynyň goşunlarynyň çozuşlaryny birnäçe gezek yzyna serpikdiripdirler. Yzgant jülgesinde bolan çaknyşyk Hywa goşunlarynyň ýeňilmegi bilen gutarypdyr.

Hywa hany Muhammetrahym Ahaly güýç bilen boýun egdirip bilmejegini bilip, hilä ýüz urupdyr. Ol ýerli ilatyň arasyndaky iň abraýly käbir adamlary – kethudalary, serdarlary öz tarapyna çekipdir. Olara sylag-serpaý edipdir. Şeýle hem olaryň arasynda agzalalyk döredip, biri-birlerine garşy goýupdyr. Ýöne hanyň bu hileleri hem Ahal ilatyny doly boýun egdirip bilmändir. Şonuň üçin Hywa hany soňam uruş hereketlerini dowam etdiripdir. Hywa hany bilen Myrat serdaryň arasyndaky iň soňky söweş Irdat jülgesinde bolupdyr. Hywa goşunlary ýeňiş gazanypdyrlar.

Hywa hany soňlaram talaňçylykly çozuşlaryny bes etmändir. Bu tükeniksiz uruşlar mallaryň sürülip äkidilmegine, ekerançylygyň tozdurylmagyna, ilatyň talanmagyna getiripdir. Bu ýagdaý ilatyň Hywa hanyna boýun egmek islemeýän toparynyň Ahaly taşlap, Mary we Sarahs sebitlerine göçüp gitmegine sebäp bolupdyr. Şeýlelikde, Ahalyň Arçman, Durun, Mehin ýaly ýerleri esli wagt ilatsyz boşap galypdyr.

Hywa hanynyň Ahaly basyp almagy XIX asyryň 20--nji ýyllarynyň başlarynda tamamlanýar. Ahalyň tabyn edilmeginiň Hywa hanlygy üçin uly ähmiýeti bardy. Sebäbi bu ýagdaý geljekde Hywa hanlygynyň gündogarda Mara, Ýolötene, Sarahsa, günbatarda Etrek-Gürgen sähralaryna aralaşmagyny bellibir derejede ýeňilleşdirýärdi. Hywa hany Muhammetrahym 1816--njy ýylda Ahala çozan wagtlary Etrek-Gürgen boýlaryna hem çapawulçylyk edipdir. Ol parahat oturan gökleňleriň üstüne dökülip, olary talapdyr. Gökleňleriň 9 müňe golaý öýlüsi Hywa mejbury ýagdaýda göçürilipdir. Şondan öň olaryň sany 12 müň

## §24. Türkmen-Hywa gatnaşyklary

XIX asyryň ortalaryna çenli türkmenleriň oturýan ýerleri Hywa, Buhara we Eýran döwletleriniň arasynda göreş meýdanyna öwrülipdi. Türkmen taýpalarynyň dagynyklygy basybalyjylaryň ýörişlerini bellibir derejede ýeňilleşdirýärdi. Türkmenler kähalatda goňşy döwletleriň raýatlygyny wagtlaýyn kabul etseler-de, olaryň bellän hanlaryna, hökümdarlaryna doly tabyn bolmandyrlar. Türkmenler öz saýlan, ykrar eden hanlaryna gulak asypdyrlar, şolaryň aýdany bilen bolupdyrlar. Hatda Hywa hanlary-da öz çäklerinde ýaşaýan türkmenleri hiç wagt özüne doly tabyn edip bilmändirler. Şeýle-de bolsa, goňşy döwletler türkmenleri özlerine tabyn etmek niýetlerinden uzak wagtlap el çekmändirler. Olaryň üstüne wagtal-wagtal çozup durupdyrlar. Gerek ýerinde käbir täsirli adamlary öz tarapyna çekip, türkmenleriň arasynda bölünişik döretmäge çalşypdyrlar. Emma türkmenler özleriniň erkinligi, özbaşdaklygy ugrunda yzygiderli göreşip gelipdirler.

XIX asyryň birinji çärýeginde Türkmenistanyň köp bölegi Hywa hanlary tarapyndan basylyp alynýar. Hywa hany Muhammetrahym (1806–1825 ý.) Günorta we Günorta-Günbatar Türkmenistana 1812–1819-njy ýyllar aralygynda telim gezek talaňçylykly çozuşlar edipdir. Hanyň Ahal türkmenleri bilen ilkinji çaknyşygy 1812-nji ýylda, onuň Horasana eden ýörişi wagtynda bolupdyr. Bu döwürde Eýran döwletiniň gowşaklygyndan peýdalanyp, Demirgazyk Horasanda we Astrabatda ýerli ilat gozgalaň turuzýar. Olar Eýran bilen gatnaşyklary kesip, Hywadan arka tutunjak bolupdyrlar. Tejen, Ahal, Mary türkmenleri hem Hywa bilen gatnaşyk saklamaga meýil bildiripdirler. Şuňa esaslanyp, Hywa hany Muhammetrahym özüniň 1813-nji ýylda Horasana etjek ýörişi üçin türkmenlerden nöker berilmegini talap edipdir. Türkmenler bu ýörişi goldamandyrlar we nöker bermändirler. Şondan soň türkmen-hywa gatnaşyklary ýitileşýär.

1804–1813-nji ýyllarda birinji rus-eýran, 1826–1828-nji ýyllarda bolsa ikinji rus-eýran uruşlary bolupdyr. Bu uruşlar netijesinde Eýran döwleti bellibir derejede gowşaýar. Bu ýagdaýdan peýdalanyp, 1816–1817-nji ýyllarda onuň raýatyndaky Deregez hökümdary Begler han merkezi hökümete garşy gozgalaň turuzýar. Şonda Ahal ilatynyň uly bir bölegi arçmanly Myrat serdaryň we onuň dosty Aýym begiň baştutanlygynda Begler

hana goşulypdyr. Begler han bilen birlikde hereket edip, şanyň goşunyna garşy göreşipdirler.

Hywa hanyna bu birleşme ýaramandyr. Muňa gahary gelen Muhammetrahym Günorta Türkmenistana ýöriş edýär. Onuň bu gezekki ýörişi, esasan, Myrat serdara garşy gönükdirilipdir.

Myrat serdar Ahal tekeleriniň abraýly, pähim-paýhasly, edermen hanlarynyň biri bolupdyr. Oňa ilat öz ykbalyny ynanypdyr. Myrat serdaryň baştutanlygynda tekeler öz aralarynda ýaşaýan beýleki ähli taýpalaryň wekilleri bilen bilelikde dag jülgelerinde bukulyp, duşmana garşy gaça uruş tilsimini ulanypdyrlar. Serdaryň batyr ýigitleri Hywa hanynyň goşunlarynyň çozuşlaryny birnäçe gezek yzyna serpikdiripdirler. Yzgant jülgesinde bolan çaknyşyk Hywa goşunlarynyň ýeňilmegi bilen gutarypdyr.

Hywa hany Muhammetrahym Ahaly güýç bilen boýun egdirip bilmejegini bilip, hilä ýüz urupdyr. Ol ýerli ilatyň arasyndaky iň abraýly käbir adamlary – kethudalary, serdarlary öz tarapyna çekipdir. Olara sylag-serpaý edipdir. Şeýle hem olaryň arasynda agzalalyk döredip, biri-birlerine garşy goýupdyr. Ýöne hanyň bu hileleri hem Ahal ilatyny doly boýun egdirip bilmändir. Şonuň üçin Hywa hany soňam uruş hereketlerini dowam etdiripdir. Hywa hany bilen Myrat serdaryň arasyndaky iň soňky söweş Irdat jülgesinde bolupdyr. Hywa goşunlary ýeňiş gazanypdyrlar.

Hywa hany soňlaram talaňçylykly çozuşlaryny bes etmändir. Bu tükeniksiz uruşlar mallaryň sürülip äkidilmegine, ekerançylygyň tozdurylmagyna, ilatyň talanmagyna getiripdir. Bu ýagdaý ilatyň Hywa hanyna boýun egmek islemeýän toparynyň Ahaly taşlap, Mary we Sarahs sebitlerine göçüp gitmegine sebäp bolupdyr. Şeýlelikde, Ahalyň Arçman, Durun, Mehin ýaly ýerleri esli wagt ilatsyz boşap galypdyr.

Hywa hanynyň Ahaly basyp almagy XIX asyryň 20-njì ýyllarynyň başlarynda tamamlanýar. Ahalyň tabyn edilmeginiň Hywa hanlygy üçin uly ähmiýeti bardy. Sebäbi bu ýagdaý geljekde Hywa hanlygynyň gündogarda Mara, Ýolötene, Sarahsa, günbatarda Etrek-Gürgen sähralaryna aralaşmagyny bellibir derejede ýeňilleşdirýärdi. Hywa hany Muhammetrahym 1816-njy ýylda Ahala çozan wagtlary Etrek-Gürgen boýlaryna hem çapawulçylyk edipdir. Ol parahat oturan göklenleriň üstüne dökülip, olary talapdyr. Göklenleriň 9 müňe golaý öýlüsi Hywa mejbury ýagdaýda göçürilipdir. Şondan öň olaryň sany 12 müň

öýli bolup, diňe bir Gürgen boýunda däl, eýsem, Çendir, Sumbar derýalarynyň boýlarynda-da ýaşaýan eken. Gökleňler bag-bakjaly oturymly ýerlerinden Hywa göçmegi juda agyr görüpdirler. Hywa göçürilenleriň arasynda Zelili şahyr hem bar eken. Muhammetrahym ölenden soň, gökleňler Hywadan Gürgene gaýdyp gelipdirler. Olar göçürilmekden sag-aman sypan taýpadaşlary bilen bilelikde Gürgeniň orta akymynda ýaşapdyrlar.

Hywa hany Muhammetrahym Ahaly eýeländen soň, ol ýerde berk ornaşmaga dyrjaşypdyr. Ol 1820-nji ýylda öňki duşmany Myrat serdary ähli tekeleriň hany belläpdir. Onuň ýakyn kömekçisi Aýym begi hem öz tarapyna çekipdir. Şondan soň Muhammetrahym han Mary sebitlerini eýelemäge girişýär. Marynyň mes toprakly ýerlerini ele salmak ugrunda Hywa bilen Buharanyň arasynda bäsdeşlik hemişe dowam edýärdi. Bu ýagdaý kähalatlarda harby çaknyşyklara baryp ýetýärdi. 1822–1823-nji ýyllarda Buhara emiriniň güýji gowşaýar. Sebäbi Lebap türkmenleri Muhammetrahymyň goldamagy bilen oňa garşy gozgalaň edýärler. Emele gelen bu pursatdan peýdalanyp, han Maryny çalt eýeleýär. Hywa hanynyň täsiri Hazar ýakasyndaky ýomutlaryň arasyna hem ýaýrapdyr.

Hywa hanlary özüne tabyn raýatlardan köpräk salgyt ýygnamagy esasy maksat edinipdirler. Hywa hany Allaguly (1826–1842 ý.) söwda kerwenlerinden paç almak üçin Maryda we Sarahsda gümrükhana gurdurypdyr. Ol Etege eden ýörişleriniň birinde Marydan Ahala çenli aralykdaky türkmenleriň ähli mallaryndan salgyt ýygnapdyr. XIX asyryň 30-njy ýyllarynda Etekde ýaşaýan alililileriň, Maryda ýaşaýan salyr we saryk türkmenleriniň ençemesini zorluk bilen Hywa göçüripdir. Olar XIX asyryň dowamynda telim gezek Etege gelipdirler we ýene-de yzyna Hywa dolanypdyrlar.

Hywa hanlarynyň jebir-sütemi türkmenlerde nägilelik döredipdir. 1826-njy ýylda Mary türkmenleri Hywa hanynyň zulumyna garşy uly gozgalaň edip, onuň Marydaky dikmesi Sähetguly hany öldüripdirler. Mary türkmenleri Hywa hanlarynyň sütemine garşy 1841-nji we 1843-nji ýyllarda aç-açan çykyş edipdirler. Türkmenlere Buhara emiri goldaw beripdir. Bu ýagdaý Mary sebitlerini eýelemek ugrunda Hywa bilen Buharanyň arasyndaky göreşi ýitileşdiripdir.

Soraglar we ýumuşlar

1. Näme üçin goňşy döwletler türkmenleri özlerine tabyn etmäge çalşypdyrlar? 2. Hywa hanynyň Günorta Türkmenistana eden ýörişleri barada gürrüň beriň. 3. Göklenleriň Hywa göçürilişi barada gürrüň beriň. 4. Mary türkmenleriniň Hywa hanynyň sütemine garşy göreşi barada gürrüň beriň. 5. Myrat serdar barada näme bilýärsiňiz?

## §25. Etrek-Gürgen türkmenleriniň 1813-nji ýyldaky gozgalaňy. 1832-nji ýylda Sarahsyň tozdurylmagy

**1813-nji ýylda Etrek-Gürgen türkmenleriniň gozgalaňy.** XIX asyryň birinji ýarymynda Eýrandaky gajar hökümdarlarynyň goşunlary türkmen topragyna ençeme gezek talaňçylykly ýörişler edipdirler. Şol harby çaknyşyklar, esasan, Hazar kenaryndan tä Sarahsa çenli aralykda bolupdyr. Türkmenler özbaşdaklygyny gorap saklamak üçin erjellik bilen göreşipdirler. Şeýle göreşleriň biri-de Etrek-Gürgen türkmenleriniň 1813-nji ýyldaky gozgalaňydyr.

Bu gozgalaň gajar şalarynyň sütemine we Astrabat häkimleriniň eden-etdiligine garşy gönükdirilipdir. Gozgalaňyň esasy hereketlendiriji güýji gökleň we ýomut türkmenleri bolupdyr. Gozgalaňa asly badahşanly hojalardan bolan Seýitmuhammet Ýusup hoja ýolbaşçylyk edipdir. Ol derwüş hökmünde köp ýurtlarda bolup, bir sebäp bilen Eýrana düşüpdir. Eýranda Fataly şa onuň göwnüne degipdir. Içi ahmyrly Ýusup hoja Eýranda ýomutlaryň hany Gurbangylyç bilen tanyşýar we onuň bilen Etrek-Gürgene gaýdýarlar. Gurbangylyç han oňa ilatyň agyr ýagdaýy barada gürrüň berýär. Ilatyň gahar-gazaby has güýçlenýärdi. Şu pursatdan peýdalanyp, Ýusup hoja Gurbangylyç hanyň goldamagynda öz bähbidini arap, halky Eýran şasyna garşy aýaga galdyrýar. Gozgalaňyň ilkinji tapgyry 1813-nji ýylyň maý-iýun aýlarynda Gürgen boýunda bolup geçýär. Gozgalaňçylar serhetdäki gajarlaryň Peserek galasyny eýeleýär. Fataly şanyň buýrugy esasynda onuň ogullary Horasanyň hökümdary şazada Muhammetweli mürze, Astrabadyň hökümdary şazada Muhammetguly mürze 25 müň adamdan ybarat agyr goşun bilen gozgalaňçylaryň garşysy-

na herekete başlapdyrlar. Söweş gazaply bolupdyr. Söweşde iki tarap hem ýeňiş gazanyp bilmändir.

Etrek-Gürgen türkmenleriniň ýaragly gozgalaňy baradaky habar Russiýanyň Kawkazdaky goşunlarynyň serkerdebaşysy general N.F. Rtişşewe ýetipdir. General bu wakany öz bähbitleri üçin peýdalanmagyň aladasyny edipdir. Ol gozgalaňçylara Russiýanyň harby taýdan kömek bermäge taýýardygyny duýdurypdyr. Şeýle hem patyşa Aleksandr I goldamagy esasynda Eýrana garşy urşy gozgalaňçylar bilen bilelikde alyp barmak üçin şertnama baglaşmaga hem göwünjeňdiklerini aýdypdyr.

Ýöne wakalaryň gidişi bu meseläni düýbünden başgaça çözüpdir. Gozgalaňyň güýçli gidýän wagty türkmen wekilleri Russiýanyň Kawkazdaky goşunlarynyň serkerdebaşysy bilen gepleşmek üçin onuň ýanyna ugrapdyrlar. Şol wekilleriň arasynda Kyýat han hem bar eken. Hazar deňziniň günbatar kenarynda olary ruslar hormat bilen garşylapdyrlar. Türkmen wekillerini serkerdebaşynyň Garabagdaky Gülüstan diýen düşelgesine eltipdirler.

Edil şol wagt Gülüstana general Rtişşew bilen ýaraşyk şertnamasyny baglaşmak üçin Eýran şasynyň wekilleri hem gelipdirler. General Rtişşew ýaraşyk meselesi biryüzli bolýança türkmenler bilen örän sypaýy gürleşipdir. Gülüstan gepleşiginiň gidişinde Eýran şasynyň wekilleri öz güýçleriniň gowşaklygy hem-de Russiýanyň türkmenlere ýakynlaşmazlygy üçin olaryň goýan araçäk we harby-syýasy şertleri bilen ylalaşmaga mejbur bolupdyrlar. Eýranyň wekilleri-de öz gezeginde ruslaryň türkmenler bilen gatnaşyk açmazlygyny talap edipdirler. Muňa patyşanyň ikiýüzli, sypjyk generaly razy bolupdyr.

Şeýlelikde, 1813-nji ýylyň oktýabr aýynyň 12-sinde Gülüstan şertnamasyna gol çekilýär. Birinji rus-eýran urşy gutarýar. Netijede, türkmenleriň rus hökümetinden eden tamasy puç bolýar. Olary general sypaýyçylyk edip, boş söz bilen yzyna ugradypdyr.

Gozgalaňyň ikinji tapgyry, türkmen wekilleri Kawkazda mahaly, Gürgen derýasynyň sag kenarynda 1813-nji ýylyň sentýabr aýynda bolýar. Şonda 20 müňe golaý türkmen ýigitleri Astrabadyň hökümdary şazada Muhammetguly mürzäniň hemişelik goşuny bilen aldym-berdimli söweşe girýär.

Gazaply söweşiň dowamynda gozgalaňçylaryň ýolbaşçysy Ýusup hoja agyr ýaralanypdyr we şondan hem ölüpdir. Onuň

ölümi gozgalançylara agyr täsir edipdir. Olaryň guramaçylygy gowşap başlapdyr. Öňki ýaly hüjümi dowam etdirmändirler. Gozgalançylaryň takyk maksatnamasy bolmandyr. Üstesine-de, gozgalançylaryň arasynda özara agzalalyklar ýüze çykyp başlapdyr. Şularyň hemmesi gozgalançylaryň gutarnykly ýeňilmegine sebäp bolupdyr.

Gozgalançylar ýeňlenden soň, gajar häkimleri köp wagtlap Etrek-Gürgen türkmenlerine gün bermändirler. Olar türkmenleriň üstüne ençeme gezek gazaply ýörişler edipdirler. Türkmenler hem öz gezeginde Magtymguly hanyň baştutanlygynda duşmana berk gaýtawul beripdirler. Olar Astrabat häkiminiň goşunyny Gürgen derýasynyň boýunda derbi-dagyn edip, köp ýesir almagy hem başarypdyrlar.

Şeýlelikde, Etrek-Gürgen türkmenleri özleriniň erkinligi, özbaşdaklygy ugrunda aýgytly we dowamly göreş alyp barypdyrlar.

**1832-nji ýylda Sarahsyň tozdurylmagy.** XIX asyryň birinji ýarymynda Eýran bilen Hywanyň arasynda Günorta Türkmenistany eýelemek ugrunda bäsdeşlik dowam edýärdi. Olar bu meselede biri-birinden öňürtjek bolýardylar. Türkmenler bolsa ol döwletleriň hiç biri bilen uruşmagam, olara tabyn bolmagam islemeýärdi. Emma Eýrandaky gajar hökümdarlary Günorta Türkmenistana yzygiderli ýörişler edýärdi.

Ikinji rus-eýran urşy tamamlanyp, Türkmençaý şertnamasy (1828 ý.) baglaşylandan soň, Eýran hökümeti ýurduň içki tertip-düzgünini pugtalandyryp başlapdyr. Şondan soň, şanyň Maşatdaky hökümdary Apbas mürzäniň baştutanlygynda gajar goşunlary 1832-nji ýylda Sarahsyň üstüne ýöriş edipdirler. Salyr türkmenleriniň ýaşululary harby howpuň öňüni aljak bolup synanyşypdyrlar. Emma ol başa barmandyr. Eýran goşuny uly haýbat we zenzele bilen gelip, Sarahs galasyny zabt edip başlapdyr. Galany goraýjylaryň uludan-kiçä hemmesi eli ýaragly duşmana garşy gaýduwsyz göreşipdirler. Türkmen ýigitleri aldym--berdimli söweşlerde uly edermenlik görkezipdirler. Emma duşman bilen güýç deň däldi. Olar köplükdi. Ýaraglary örän guratdy. Gandöküşikli söweşden soň, Sarahs galasy synypdyr. Galany goraýjylaryň bir topary heläk bolupdyr, köpsanly maşgala Eýrana ýesir äkidilipdir. Ägirt köp mukdarda olja alnypdyr. Iň beteri-de Apbas mürze «Salyrlaryň galasyny ýer bilen ýegsan etmeli» diýip, buýruk beripdir. Umuman, gala doly tozdurylypdyr.

Sarahs galasy tozdurylandan soň, Apbas mürze Tejen, Ýolöten we Mary türkmenlerine ýörite hat iberip, olaryň Eýrana tabyn bolmagyny we salgyt tölemegini talap edipdir. Emma türkmenler bu teklibe razy bolmandyrlar hem-de garşylyk görkezmäge synanyşypdyrlar. Şol döwürde Mary sebitiniň ilaty Hywa hanlygyna garaşlydy. Şonuň üçin türkmenler Hywa hanlygyna ýakynlaşmagyň tarapdary bolupdyrlar.

Edil şol galagoply wagtda Apbas mürze ölüpdir. Bu bolsa Eýranyň Günorta Türkmenistanyň ilatyna sütem etmegini wagtlaýynça bökdäpdir. Onuň ýerine Günorta Türkmenistana Hywanyň täsiri güýçlenip başlapdyr.

Emma Hywanyňam, Eýranyňam hökümdarlary Günorta Türkmenistanyň ýerlerini eýeläp, onuň ilatyny özlerine tabyn etmek niýetinden uzak wagtlap el çekmändirler.

---

Soraglar we ýumuşlar

**1.** Näme üçin Etrek-Gürgen türkmenleri gozgalaň edipdir? Oňa kim ýolbaşçylyk edipdir? **2.** Näme üçin türkmen wekilleri Kawkaza gidipdirler? Onuň netijesi barada gürrüň beriň. **3.** Gozgalaňyň gidişi we onuň ýeňilmeginiň sebäpleri barada gürrüň beriň. **4.** 1832-nji ýylda Eýran goşunynyň Sarahsa çozmagy we olaryň talaňçylygy barada gürrüň beriň.

---

## §26. Sarahs söweşi (1855 ý.)

XIX asyryň birinji ýarymynda Günorta Türkmenistanyň ilaty özleriniň erkinligi we özbaşdaklygy ugrunda Hywa hanlarynyň yzygiderli çozuşlaryna garşy gaýduwsyz göreşipdirler. 1832-nji ýylda salyr türkmenleri Apbas mürzäniň goşunyndan ýeňlenden soň, Ahaldan, Marydan, Tejenden, Bäşgaladan (häzirki Kaka etraby) baran teke türkmenleriniň aglabasy Sarahsda ýaşapdyrlar. Olara Hojamşükür han bilen Oraz ýagly baştutanlyk edipdir. Bu iki han özara oňuşmandyr. Şonuň üçin Hojamşükür öz ilini alyp, 1847-nji ýylda Murgabyň aýagyndaky Garaburun diýen ýere göçüp gelýär.

Hywa hanlarynyň talaňçylykly ýörişleri, aýratyn-da, Muhammedemin (Mädemin) hanyň (1845–1855 ý.) döwründe has

güýçlenipdir. Ol hanlyk eden döwründe Mary, Sarahs, Tejen sebitlerinde ýaşaýan türkmenleriň üstüne her ýyl diýen ýaly ýöriş gurapdyr. Her gezekki ýörişde onuň nökerleri ýerli ilatyň mal-garasyny we öý goşlaryny talapdyrlar, ekin meýdanlaryny zaýalapdyrlar. 1847-nji ýylda Mädemin hanyň hut özüniň baştutanlygyndaky Hywa goşunlary Baýramaly han galany zabt edip bilmänsoň, orulmadyk bugdaýlary otlap gaýdypdyr. 1852-nji ýylda Hywa nökerleri Mary töweregindäki saryk çopanlary öldürip, olaryň 40 müň düýesini, 80 müň goýnuny alyp gidipdirler.

Şu galagoply döwürde Sarahs tekeleri özlerine bellibir baştutan saýlamak barada maslahat geçirip başlapdyrlar. Oraz ýagly indi garrapdy. Hojamşükür öýke-kine edip gidipdi. Han saýlamak baradaky halk geňeşlerinde demokratiýanyň gadymy ýörelgeleri berjaý edilýärdi. Netijede, 1853-nji ýylda Gowşut han Sarahs tekeleriniň hany saýlanýar.

1854-nji ýylyň aýaklarynda Mädemin han çaklaňrak goşun bilen Sarahsyň üstüne öz salgyt ýygnaýjylaryny iberipdir. Sarahsly türkmenler hanyň salgyt ýygnaýjylaryna hiç zat bermän, olary kowup goýberipdirler. Ozaldan yrsarap ýören Mädemin hanyň muňa gahary gelip, Mara we Sarahsa ýöriş etmegi ýüregine düwüpdir. Hywa ýomutlarynyň serkerdeleri Berdi beg, Baba bagşy, Atamyrat beg we başgalar «Sarahs türkmenleriniň üstüne barmalyň» diýip, töwella edipdirler. Emma han bularyň töwellasyna gulak asmandyr.

Mädemin han Köneürgençdäki uly medresede sapak berip ýören Gurbannazar molla ogly Akmämmedi – Ak işany çagyryp, oňa öz niýetini mälim edýär. Ak işan oňa: «Öz raýat il-halkyň üstüne goşun çekip gitme, päliňden gaýt» diýip töwella edýär. Emma Mädemin han türkmenleriň arasynda uly hormata mynasyp bolan Ak işanyň hem töwellasyny almaýar.

Mädemin han goşun çekip ugrandan soň, Ak işan ol ýerde durmaýar. Ol Ahala gelip, Merw, Sarahs ýaşulularyna hanyň maksadyny habar beripdir.

Han 1855-nji ýylyň başlarynda 40 müň goşunly, azyk-suwlugy we harby enjamlary ýüklenen 30 müň düýeli Marynyň golaýynda Garaýap diýen ýere gelip düşýär. Ol Sarahs tekelerinden derrew salgydy tölemegi hem-de Mara göçüp gelmegi talap edýär. Sarahs kethudalary han bilen salgydy wagtly-wagtynda tölemek barada ylalaşýarlar. Emma Mara göçüp gelmek meselesinde ra-

zylaşmandyrlar. Sebäbi olar Mara göçüp gelseler, onda Hywa hanynyň gol astyna düşmelidiler. Eýran bilen ara bozuljakdy. Türkmenler bolsa Eýran bilenem, Hywa bilenem arany bozman, oňşup ýaşamak isleýärdi.

Sarahsyň baş hany Gowşudyň: «Uruşmalyň, gan dökmäliň» diýip, hanyň wekilleri bilen geçiren parasatly we adalatly diplomatik gepleşikleri hem netije bermändir. Şondan soň Gowşut han söweşe ykjam taýýarlyk görýär, gala köp güýç toplaýar.

Mädemin hanyň goşunlary mart aýynyň başlarynda Sarahs galasynyň golaýyna gelip, ony top okuna tutup başlaýar. Gala örän berkdi, onuň iki sany uly derwezesi bardy.

Türkmenler gan dökmegiň öňüni almak maksady bilen Mädeminiň ýanyna Seýitmuhammet işany töwellaçy iberýärler. Emma han Sarahs türkmenleriniň iň uly işanynyň töwellasyny hem almandyr. Şondan soň galadakylar daşyna çykyp, söweş meýdanynda duşman bilen döş gerip söweşmäge mejbur bolupdyr. Bu aldym-berdimli söweşde iki tarap hem köp pida çekipdir. Hywa nökerleriniň belli serkerdelerinden biri Mirahmet han agyr ýaralanyp, şondan hem ölüpdir. Gowşut hanyň atyna ok degip, hatardan çykypdyr. Bu söweş türkmenleriň ýeňşi bilen tamamlanypdyr. Olar duşmandan köp olja alypdyrlar.

Emma Hywa hanynyň nökerleri soňam mart aýynyň 17–18-inde galany top okuna tutmagy dowam etdiripdirler. Galany goraýjylar bolsa galadan çykyp, olara garşy sowuk ýarag bilen gaýduwsyz söweşýärler. Duşmanyň her gezekki eden hüjümlerini yzyna serpikdirýärler.

Hywa hany iki-üç gün dowam eden söweşden soň, azrak goşun bilen Sarahs ilatyny boýun egdirip bilmejegine göz ýetiripdir. Şonuň üçin ol mart aýynyň 19-ynda Hywadan alyp gaýdan ähli goşunyna birden hüjüme geçmäge buýruk beripdir. Özi bolsa bir belentlikde çadyr dikdirip, şol ýerden ýakyn adamlary bilen söweşe ýolbaşçylyk edýär. Edil şol pursadyň öň ýanynda Gowşut han pähim-paýhasa eýerip, Hywa goşunynyň düzüminde gelen ýomut nökerlerine: «Siz ýomut garyndaşlarymyz, biziň bilen uruşmaň. Siz bize kömek ediň. Mädeminiň çäresini özümiz göreris» diýen manyda ýörite hat ýollapdyr. Ýomutlar öňem Mädemin handan öýkeli bolansoň, doganlyk duýga eýerip, söweşe girmändirler. Olaryň göreldesine eýerip, Hywa goşunynda nöker

bolup gelen ähli türkmenler öz ganybir doganlary bolan tekeleriň garşysyna söweşe girmekden ýüz dönderipdirler.

Urşuň barşynda Gowşut hanyň gazanan bu syýasy we diplomatik üstünligi Hywa hanyna uly urgy bolupdyr.

Mädemin hanyň beren buýrugy esasynda onuň goşunlary galany zabt edip almaga girişipdirler. Şol wagt türkmenleriň galadaky atly we pyýada nökerleriniň bir bölegi galanyň günortasyndaky, beýleki bölegi bolsa demirgazygyndaky derwezeden çykyp, iki tarapdan Hywa goşunlarynyň garşysyna hüjüme geçipdir.

Bu aldym-berdimli söweşde türkmen ýigitleri gylyç bilen naýzany duşman nökerlerine garşy ökdelik bilen işledipdirler, olary bir ýandan paýhyn edip başlapdyrlar. Hywa goşunlary bu çaknyşyga çydaman, düw-dagyn bolup gaçyp başlapdyrlar. Hanyň serkerdeleri olary yzyna gaýtarjak bolup synanyşypdyrlar. Emma bu synanyşyk indi giçdi.

Mädemin hanyň hut özi atyna atlanyp, ýanyndaky nökerleri bilen söweşe girmäge hyýallanypdyr. Edil şol pursatda öňe hereket edip barýan ýigitler Mädeminiň çadyryň öňünde atynyň üstünde oturanyny görüp, onuň üstüne topulypdyrlar. Gurban kel diýen bir batyr ýigit haýal etmän, hana göni gylyç salypdyr. Diňe şol günki söweşde Hywa nökerleriniň birnäçesi gyrlypdyr. Aman galanlarynyň bir bölegi ýesir düşüpdir, bir bölegi bolsa Garaýabyň üsti bilen yzyna gaçypdyr. Gazaply söweşiň bolan ýerini türkmenler «Ganlydepe» («Ýaglydepe») diýip atlandyrypdyrlar.

Söweşde köp top, ok, ýarag olja alnypdyr. Bu söweşe Sarahs ilatynyň uludan-kiçä ähli aýal-erkegi gatnaşypdyr.

Sarahs söweşinde Gowşut han özüniň başarjaň serkerde we uly diplomatdygyny görkezýär. Amansähet serdar, Täçgök serdar ýaly iň ýakyn dostlary onuň her bir parasatly hereketini goldapdyrlar.

Sarahsyň eteginde Hywa hanynyň goşunynyň derbi-dagyn edilmeginiň uly ähmiýeti bolupdyr. Sarahs söweşinden soň, Hywada hanlyk eden hökümdarlaryň biri-de Günorta Türkmenistana ýöriş edip bilmändir. Bu söweş olara berk sapak bolupdyr.

Sarahs tekeleri 1857-nji ýylda Mara göçüpdirler. Ol ýerde ymykly ornaşyp, Murgapda bent gurupdyrlar. Ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Salyrlar bolsa Sarahsa süýşüpdirler.

Soraglar we ýumuş

1. Näme üçin Mädemin han Sarahs türkmenleriniň üstüne ýöriş edipdir? 2. Ak işan we Hywa türkmenleri Mädemin hana nähili maslahat beripdirler? 3. Gowşut han urşuň öňüni almak üçin nähili hereket edipdir? 4. Sarahsyň eteginde bolan söweş barada gürrüň beriň. 5. Sarahs türkmenleriniň söweşde ýeňiş gazanmagyna nämeler mümkinçilik beripdir?

## §27. Hywa türkmenleriniň gozgalaňy (1855–1867 ý.)

Sarahs söweşinden soň, türkmenler bilen Hywa hanlarynyň arasyndaky gapma-garşylyk has ýitileşýär. Han we onuň emeldarlary türkmenler babatda eden-etdilige ýol berýärler. Şonuň üçin 1855-nji ýylda türkmenler uly gozgalaň türzupdyrlar. Oňa Köneürgenç sebitlerinde ýaşaýan ýomut türkmenleriniň belli serkerdesi Atamyrat han ýolbaşçylyk edipdir. Ol Hywa medresesinde bilim alan sowatly, paýhasly we edermen adam bolupdyr. Türkmenleriň garaşsyzlyk ugrundaky bu göreşi wagtlaýyn arakesme bilen 1855–1867-nji ýyllarda dowam edýär. Bu waka XIX asyrda Orta Aziýada bolan halk hereketleriniň iň ulularynyň biridir. Gozgalaňyň esasy hereketlendiriji güýji ýomut türkmenleri eken. Bulara ýemreliler, çowdurlar we beýleki türkmen taýpalarynyň käbir wekilleri-de goşulypdyr.

Hywa türkmenleriniň han häkimiýetine garşy gozgalaň etmeginiň esasy iki sebäbi bardy. Onuň birinji sebäbi, ýomut türkmenleri bilen Mädemin hanyň arasynyň bozulmagydyr. Ol şeýle bolýar: 1847-nji ýylda Mirahmediň baştutanlygynda Hywa goşunlary Tejene ýöriş edýär. Şol goşunyň düzümindäki 500 adamdan ybarat ýomut nökerlerine Atamyrat hanyň agasy Amannyýaz serdar baştutanlyk edýärdi. Ol goşun baştutany Mirahmet bilen oňuşman, milli dogan-garyndaşlyk duýgusyna eýerip, tejenli garyndaşlaryna garşy söweşe girmekden ýüz dönderýär. Şonuň üçin ýomut nökerleriniň her biri 5 tylla jerime tölemeli edilipdir. Amannyýaz serdary bolsa Mädemin han Hywada beýik minaradan zyňdyryp öldürýär. Hanyň bu etmişi ýomutlaryň ýüreginde tagma bolup galýar. Olar pursada garaşýarlar.

Ýene bir sebäbi – türkmenler bilen Hywa hanynyň arasyn-

da ýer-suw meselesi boýunça ýiti gapma-garşylyk dowam edýärdi. Han Daudan kanalynda bent gurduryp, dürli bahanalar bilen türkmenleriň ekin meýdanlaryna akýan suwy kesýär. Hywa hanynyň şu we beýleki eden-etdilikleri halkyň gahar-gazabyny güýçlendirýär. Olary hana garşy gozgalaň etmäge mejbur edýär. Bu gozgalaň häsiýeti boýunça milli-azat edijilik hereketidir. Oňa ilatyň ähli gatlaklaryndan adamlar gatnaşyp, erkin, garaşsyz ýaşaýyş-durmuş üçin aýaga galýarlar.

Mädemin han ölenden soň, onuň doganoglany Abdylla han Hywada tagta çykýar. Ol 1855-nji ýylyň maý we awgust aýlarynda türkmenleriň gozgalaňyny basyp ýatyrmak üçin iki gezek harby ýöriş edipdir. Ilkinji çaknyşyk häzirki Görogly etrabynyň Ýylgynly diýen ýerinde bolupdyr. Bu söweşde iki tarap hem üstünlik gazanyp bilmändir. Wagtlaýyn ylalaşyk baglaşylypdyr. Hanyň goşuny ikinji gezek gozgalaňçylar bilen häzirki Gurbansoltan eje (Ýylanly) etrabynyň golaýyndaky Ýekederek diýen ýerde söweşe giripdir. Söweşiň aýgytlaýjy pursadynda Hywa goşunynyň düzümindäki ýemreli, çowdur we beýleki türkmen nökerleri öz türkmenlerine duýgudaşlyk edip, gozgalaňçylaryň tarapyna geçýär. Netijede, türkmenleriň birleşen güýçleri Hywa goşunyny derbi-dagyn edipdir. Abdylla hany we onuň ýanyndaky serkerdeleri jezalandyrypdyrlar. Şundan soň Atamyrat hanyň at-abraýy ýokary galypdyr.

Abdylla handan soň, Hywa tagtyna Gutlymyrat han (1855–1856 ý.) çykypdyr. Gutlymyrat han türkmenler babatynda hilegär syýasaty alyp barypdyr. Ol käbir türkmen kethudalaryny öz tarapyna çekip, şolaryň üsti bilen gozgalaňçylaryň arasynda agzalalyk döretmäge synanyşypdyr. Emma onuň bu mekir syýasaty üstünlik getirip bilmändir. 1855-nji ýylyň noýabr-dekabr aýlarynda bolan uly söweşlerde türkmen tire-taýpalary birleşip, Atamyrat hanyň baştutanlygynda Hywa hanynyň goşunlaryny ýeňipdirler. Atamyrat han hemişe söweşiň öň hatarynda bolupdyr. Şondan soň Hywa hanlygynyň bütin demirgazyk-günbatarynda Atamyrat han öz hökümdarlygyny ýöredipdir we türkmenleriň köp bölegi wagtlaýyn Hywa hanyna tabynlykdan çykypdyr. Atamyrat han gozgalaňyň esasy serdary bolmak bilen, ol öz ýazan hatlarynda «Orazmuhammet ogly Atamyrat han» diýip gol çekip başlapdyr. Bu bolsa onuň Hywa hanlary bilen bäsleşýändigini we özbaşdak türkmen hanlygyny döretmek isländigini görkezýär.

1856-njy ýylyň fewral aýynda Gutlymyrat han öz kösgünde dildüwşük esasynda öldürilipdir. Dildüwşügi 2 müň türkmene baştutan bolup, Hywa baran ýomutlaryň salak tiresinden bolan Baba bagşy gurapdyr. Bu waka Atamyrat han goşulmandyr, gaýtam, munuň ýaly herekete garşy bolupdyr. Ýöne bu waka bilen baglanyşykly Hywa hanynyň nökerleri müňden gowrak türkmeni gyrypdyrlar. Şeýlelikde, bary-ýogy 10 aýyň içinde türkmenler tarapyndan Hywa hanlarynyň üçüsi öldürilipdir.

Hywanyň indiki hany Seýitmuhammet (1856–1864 ý.) bolupdyr. Ol türkmenleri ýarag güýji bilen boýun egdirip bilmejegine göz ýetirip, türkmen tire-taýpalaryny biri-birine garşy öjükdirmek syýasatyny alyp barypdyr. Käbir türkmen taýpalaryny öz tarapyna çekip, gozgalaňçylaryň güýjüni gowşatmagy hem başarypdyr. Gozgalaňçylaryň ýagdaýy barha agyrlaşypdyr, olaryň sany azalypdyr. Şu ýagdaýdan çykalga gözläp, 1858-nji ýylyň tomsunda Atamyrat han Orenburga adam iberip, Russiýanyň häkimiýetlerine ýüz tutüpdyr. Ol patyşa Russiýasyndan Hywa hanyna garşy göreşmek üçin ok, ýarag bermegini hem-de öz raýatyna kabul etmegini haýyş edipdir. Emma ondan netije bolmandyr.

1858-nji ýylyň oktýabr aýynda Hywa hanynyň sütemine garşy türkmenler bilen goňşulykda ýaşaýan garagalpaklaryň hem gozgalaňy başlanýar. Olar türkmenleriň ýardam bermeginde Goňrat begligini özbaşdak dolandyryp başlaýarlar. Bu işde Atamyrat hanyň egindeşi Berdi iňlis esasy orun tutupdyr. Goňrat begliginde 500 türkmen nökeri hemişelik saklanypdyr. Emma soňabaka türkmenler bilen garagalpaklaryň arasyndaky hyzmatdaşlyk bozulýar. Bu ýagdaýdan peýdalanyp, Hywa hany Goňrat begligini ýene-de özüne tabyn edýär.



**Hywa türkmenleri**

Türkmen gozgalaňçylarynyň güýji barha gowşaýardy. Ýöne halk köpçüligi entek ýaragyny doly taşlamak islemeýärdi. Sebäbi ilatyň

ýaşaýşynyň esasy bolan ýer-suw meselesi çözülmeýärdi. Şonuň üçin gozgalaň soňky ýyllarda hem üzlem-saplamrak dowam edýär.

1865-nji ýylda Hywa hanynyň tagtyna Seýitmuhammet Rahym II çykýar. Ol hem türkmenleriň ýaşaýan ýerlerine akýan ýaplary bekläp, wagtal-wagtal olaryň üstüne goşun sürüpdir. 1866–1867-nji ýyllarda harby çaknyşyklar gaýtalanyp durupdyr. Emma indi gozgalaňçylaryň güýji peselipdi. Atamyrat han ýene-de patyşa Russiýasyna kömek sorap ýüz tutýar. Emma ol hem netijesiz bolýar.

Hywa hanynyň türkmenlere sütemi barha güýçlenýärdi. Olara Hywa bazaryna barmak we galla satyn almak gadagan edilipdi. Bu agyr ýagdaý türkmenleriň ep-esli bölegini Hywa bilen umumy ylalaşyga gelmäge, oňa tabyn bolmaga mejbur edýär. Atamyrat hanyň Hywa hanynyň zulumyna garşy 12 ýyllap alyp baran göreşiniň iň soňkusy 1867-nji ýylyň awgust aýynda bolýar. Gozgalaňçylar ýeňilýärler we hana boýun bolýarlar.

Atamyrat han Hywa hanyna tabyn bolman, 40 öýli türkmen bilen Gyzylsuwa (Krasnowodska) gelýär. Ol ýerden hem topary bilen Çelekene göçüp barýar. Çelekende olara Kyýat hanyň agtygy Salyh han hemmetaraplaýyn kömek edýär.

Atamyrat han Çelekende ýaşan ýyllary rus goşunlarynyň Krasnowodskidäki toparynyň serkerdesi bilen ýakyn aragatnaşykda bolupdyr. 1873-nji ýylda patyşa Russiýasy Hywa hanlygyny basyp alandan soň, ol ýene-de öz dogduk mekanyna göçüp barýar we şol ýerde ömrüniň ahyryna çenli ýaşapdyr.

Atamyrat hanyň esasy maksady türkmen taýpalaryny birleşdirip, Hywa hanynyň zulumyndan azat bolmakdy. Başa barsa, türkmenleriň özbaşdak milli döwletini döretmäge bolan synanyşykdy.

---

### Soraglar we ýumuşlar

**1.** Türkmenleriň Hywa hanyna garşy gozgalaň etmeginiň sebäbi nämeden ybarat? **2.** Gozgalaňyň gidişi barada gürrüň beriň. **3.** Hywa hanlary türkmenleri özüne tabyn etmekde nähili syýasat ýöredipdirler? **4.** Türkmen gozgalaňçylary goňşy garagalpaklar bilen nähili gatnaşykda bolupdyr? **5.** Atamyrat han barada gürrüň beriň. Onuň ahyrky maksady nämedi?

## §28. Garrygala söweşi (1858 ý.)

Sarahs söweşinden soň, Hywa goşunlary Günorta Türkmenistana aýaklaryny sekmedi. Indi bu ýerlerde Eýrandaky gajar türkmenleriniň hökümdarlygynyň şasy Nasreddiniň goşunlary basybalyş hereketlerini ýaýbaňlandyryp başladylar. Ol türkmenleri tabyn edip, özüne salgyt töletmekçidi. Emma türkmenler XIX asyryň ortalarynda goňşy döwletleriň basybalyjylykly ýörişlerine garşy gaýduwsyzlyk bilen göreşip, ata Watanyny, ene topragyny döş gerip goradylar. 1858-nji ýylyň Garrygala söweşinde-de hut şeýle boldy.

Nasreddin şa türkmenleriň üstüne ýöriş guramak üçin mejlis geçirýär. Köşkdäki emeldarlaryň we serkerdeleriň mekirlik bilen taryna kakyp görýär. Şol mejlisde Büjnürt welaýatynyň häkimi Japarguly han türkmenleriň üstüne harby ýörişe gitmäge taýýardygyny ınälim edýär. Şa Japarguly hany 1858-nji ýylda öz goşunlaryna baş serkerde edip, Garrygalany, soňra bolsa Ahaly basyp almak üçin iberýär.

Japarguly hanyň goşunlary ençeme gün ýol ýöräp, Gürgen boýunda düşleýär. Uruş howpunyň abanyp gelýändiginden habarly gökleň türkmenleri Durdy hanyň baştutanlygynda özara maslahatlaşyp, galany berkidip, söweşe taýýarlyk görüp başlaýarlar. Olar goňşulary Ahal we günbatar türkmenlerine çapar ýollap, kömege çagyrmagy karar edýärler.

Habar barandan atlanha-atlan bolup, derrew gökleň doganlaryna kömek bermek üçin Ahaldan Nurberdi hanyň baştutanlygynda 10 müň atly, günbatardan Mahmyt işanyň[1] baştutanlygynda 8 müň atly Garrygala gelýär. Munuň özi kyn günde birek-biregi goldamagyň, umumy duşmana garşy bileleşip göreşmegiň türkmenleriň ganyna siňendigini subut edýärdi. Bu wakany Abdysetdar kazy «Jeňnamada» şeýle beýan edýär:

Gördi gökleň ili gerdi – gubary,
Ýetip gelen on müň çapyksuwary.

Tanadylar ony, Nurberdi handyr,
Merdana, il bilen bir tenu-jandyr.

---

[1] Mahmyt işanyň asly Hywa (Görogly etrabyndan) türkmenleriniň hojalar neslinden.

Öňlerinden çykyp, aldylar garşy,
Uly-kiçi aýdyp ýüz-müň alkyşy.

Ýaşyl donly, eli ýaşyl hasaly,
Köňlünde hak ýady, dili senaly.

Mahmyt işan diýrler onuň ismine,
Gelýär ol baş bolup ýomut iline.

Munuň özi türkmenleriň atly-ýaragly saýlama edermen ýigitlerine bir tuguň-baýdagyň astyna jemlenip, duşmanyň öňünden çykmaga mümkinçilik beripdir.

Japarguly hanyň goşunlary Çendiriň üstünden geçip, Garrygalanyň golaýyna gelip düşläpdir. Adatça, gadymdan gelýän däbe görä, her tarapdan söweşden öň bir batyr urşujy pälwan ýekme-ýek söweşmek üçin orta çykmaly eken. Bu gezek hem şeýle bolupdyr. Ýekme-ýek söweşde, esasan, galkan bilen naýza, gylyç ulanylýardy. Japarguly han öz pälwanyny öňe çykarypdyr. Gyzylarbatdan Päli mergen diýen bir batyr türkmen ýigidi garşydaşy bilen söweşip, ony ýeňipdir. Başa-baş söweşden soň, Garrygalanyň eteginde uruş başlanypdyr. Japarguly han galany top okuna tutup almakçy bolýar. Türkmenler bolsa ilki mergenleri, soňra galan nökerlerini söweşe girizýärler. Söweşiň edil jygba-jygbaly pursadynda günbatardan gelen ýomut atlylary hem hüjüme geçýär.



**Garrygala söweşi**

Uruşda tekeleriň, ýomutlaryň, gökleňleriň birleşen güýçlerine umumy ýolbaşçylyk etmek wezipesi Nurberdi hanyň paýyna düşýär. Duşman bilen söweş barha güýjeýärdi. Nurberdi han kethudalar, serdarlar bilen maslahatlaşyp, olara duşmanyň üstüne aýgytly hüjüme geçmek wagtynyň gelendigini mälim edýär. Soňra han ähli nökerlere ýüz tutup, türkmen tire-taýpalarynyň agzybir bolanda almajak galasynyň, gaýtarmajak ýagysynyň ýokdugyny nygtap, olary şir-peleň kimin duşmana daramaga çagyrýar. Duşman bilen aýgytly söweş bolan güni tekeler Nurberdi hanyň, Dykma serdaryň, Çopan batyryň (kir) ýolbaşçylygynda ortada, ýomutlar Mahmyt işanyň, Tuwakmyrat Taraşyň baştutanlygynda çep tarapda, gökleňler bolsa Durdy hanyň, Ýagşy mergeniň baştütanlygynda sag tarapda durup söweşipdirler. Japarguly han ähli top-tophanasyny söweş meýdanyna çykarýar. Bu aýgytly çaknyşykda iki tarap hem örän erjel söweşýär. Japarguly hanyň nökerleri türkmenleriň gazaply hüjümine çydaman, yza çekilmäge mejbur bolupdyrlar.

Kän salym geçmänkä, türkmenler doly ýeňiş gazanypdyrlar. Bu gazaply söweş Monjukly depäniň töwereklerinde bolupdyr.

Umuman, Garrygalanyň eteginde bolan uruşda Päli mergen, Öwezli tentek batyr, Çary batyr, Pena serdar, Marydan gelen Gülten batyr ýaly başga-da köp ýigitler uly edermenlik görkezipdirler.

Japarguly han galan az-owlak nökeri bilen ähli getiren harby enjamlaryny taşlap, söweş meýdanyndan gaçyp gidipdir. Eýran goşunlarynyň ýeňilendigi baradaky habary eşiden Nasreddin şanyň gaty gahary gelipdir we ahmyrlydygyny aýdypdyr. Gökleňler duşmandan olja alnan mis topy Nurberdi hana sowgat beripdirler.

Türkmenleriň Garrygala söweşimdäki ýeňşi Eýrandaky gajar türkmenleriniň hökümdarlygyna uly urgy boldy. Bu söweşde üç sany uly türkmen taýpasynyň birleşip, duşmana garşy göreşmeginde Nurberdi hanyň, Durdy hanyň, Mahmyt işanyň şahsy goşantlary uludyr. Olar Garrygala söweşinden has öň hem ýakyn aragatnaşyk saklapdyrlar.



**Mis top**

Bu hanlar biri-biri bilen ýüzbe-ýüz duşuşanlarynda, türkmen taýpalarynyň güýç birikdirip, agzybir bolmagyň zerurlygy barada söhbetdeş bolýardylar. Garrygala söweşi hem şonuň dogrudygyny hakykat ýüzünde subut etdi.

---

Soraglar we ýumuşlar

1. Eýran şasy türkmenler barada nähili pikirdedi? 2. Näme üçin Eýran goşunlary Garrygala çozdy? 3. Garrygala söweşinde türkmenleriň agzybirligini suratlandyryň. Olaryň baştutanlary barada gürrüň beriň. 4. Söweşiň gidişi we onuň netijesi barada aýdyp beriň. 5. Garrygala söweşi «Jeňnamada» nähili beýan edilipdir?

---

## §29. Gajarlaryň Mara ýörişi (1861 ý.)

Sarahs söweşinden soň, ol ýerdäki teke türkmenleri Gowşut hanyň baştutanlygynda Mara göçüpdiler. Emma ol ýerde hem asudalyk uzak dowam etmeýär. Garrygala söweşinde Eýran goşunlary türkmenleriň birleşen güýjünden ýeňlenden soň, Nasreddin şa ahmyrly bolup galypdy. Ol Günorta Türkmenistanyň ýerlerini eýelemek niýetinden el çekmedi.

1861-nji ýylyň tomsunda Eýrandaky gajar türkmenleriniň hökümdary Nasreddin şa Mara tarap harby ýöriş guraýar. Ol öz garyndaşy Horasanyň häkimi Hemze Mürze Hişmet Döwläniň baştutanlygynda 30 müňe golaý goşuny, 32 top, köp mukdarda ok-däri bilen Mary türkmenleriniň üstüne ugradýar. Gajarlaryň bu ýörişine maryly türkmenler «Gajar urşy» diýip at beripdirler.

Bu uruşda türkmenlere Gowşut han baştutanlyk edipdir. Ol Mary sebitiniň ähli obalaryna gyssagly habar edip, 10 müňe golaý nöker toplapdyr. Gowşut han bu uruşda uly serkerdelik ussatlygyny görkezipdir. Ol duşmany Mary galasynda däl-de, Garaýapda garşylamagy we şol ýerden berk gaýtawul bermegi makul bilipdir.

Eýran goşunlary ýolda uly ýitgiler çekip, iýul aýynyň başlarynda Garaýaba golaý gelipdirler. Türkmenler olaryň geljek ýerleriniň hemmesini önünden suwa basdyrypdyrlar. Şonuň üçin eýran atlylary, ýükli arabalary ýolda batyp-çomup juda kynlyk bilen ýöräpdir. Türkmenleriň özleri jeňňelliklerde bukulyp, duşman bilen gaça uruş tilsimini ulanyp, olary ysgyndan gaçyrypdyrlar.

Duşman goşuny uly ýitgiler çekip, gözgyny ýagdaýda ahyry Mary galasyna gelip girýär. Bu söweşsiz eýelenen «Mary galasy» diýilýän hakykatda derýanyň çep kenarynda ýerleşen Nyýazmetgala bolmaly. Gajar urşundan soň, onuň ady Porsygala bolup galýar. Eýran goşunlary gala girenden soň hiç hili harby hereket etmändirler, gaýtam, goşun serkerdeleri gije toý-meýlis edip, bu «wakany» dabaraly belläpdirler. Diňe agşamlaryna türkmenlere haýbat üçin top atypdyrlar.

Gowşut han urşuň öňüni almak üçin ähli tagallany edipdir. Ol kethudalar we serdarlar bilen maslahat geçirip, iň ynamdar adamlardan düzülen wekillerini Rahmanguly hanyň ýolbaşçylygynda Eýran goşunynyň baştutanynyň ýanyna iberýär. Gowşut hanyň iberen wekilleri duşmana uruşmazlygy, ýaraşygy teklip edýärler. Gepleşik iki günläp dowam edipdir. Türkmenler ýaraşyk baglaşjak bolup elde baryny edipdirler. Eger Eýran tarapy ýaraşygy makullasa, onda goşunda gulluk eder ýaly 1000-e golaý adam bermäge, zerur bolsa, pul, mal bermäge hem razydyklaryny aýdypdyrlar. Emma Hemze Mürze türkmenleriň eden tekliplerini kabul etmändir.

Şol gepleşikden soň Gowşut han berk durup uruşmalydygy barada karara gelýär. Ol geňeş çagyryp, Eýranyň goşunbaşylaryna ýüzlenip hat ýazdyryp, ony Täçgök serdardan iberýär.

Türkmenler duşman goşunlaryny galadan çykaryp, açyk meýdanda uruşmak üçin üstüne häli-şindi çozuş edip, ýene-de öz berkitmelerine gaýdyp gelipdirler. Türkmenler ahyry bir ýeser pirim oýlap tapypdyrlar. Olar Nyýazmetgalanyň üç tarapyna üç süri geçini eltipdirler. Geçileriň hemmesiniň şahyna garaýaga batyrylan esgi we keçe ýyrtyklaryny daňyp çykypdyrlar. Galanyň diňe derýanyň kenaryna tarap açylýan demirgazyk derwezesiniň gabadynda, derýa boýundaky gamyşlyklarda türkmen ýigitleri bukuda ýatyp garaşypdyrlar. Gijäniň ýarymynda üç süri geçiniň şahlaryndaky garaýagly esgilere, keçelere ot degrip, üç tarapdan gykuwlap galanyň üstüne sürüpdirler. Bu ýagdaýy görüp, duşman goşunlary demirgazyk derwezeden çykyp gaçmakçy bolýar. Ol ýerde-de bukuda ýatan türkmen ýigitleri duşmanyň üstüne hüjüm edýär.

Gajar goşunlary galadan çykyp, Goşaseňňer galasynyň golaýyna gelipdirler. Gowşut han ýaraşyk baglaşjak bolup ýene-de synanyşyk edipdir. Bu gezek ol ozal Eýran zyndanynda ýatan,

pars dilini bilýän Saparek hany bir topar adam bilen duşmanyň düşelgesine iki gezek iberipdir. Emma Gowşut hanyň bu iň soňky diplomatik synanyşygy-da şowsuz bolupdyr.

Ýaraşyk meselesi başa barmansoň, söweş ýene-de dowam etdirilýär. Türkmenler gaýduwsyz edermenlik görkezip, duşmanyň daşyny gabapdyr. Söweş örän gazaply bolup, 4-5 sagada çekipdir. Jerendepe diýen ýerde söweş has-da gazaply bolupdyr. Şonda 7-8 müň türkmen atlysy söweşe gatnaşyp, gajar goşunlarynyň bir müňe golaýyny gyrypdyr, ýüzlerçesini ýesir alypdyr. Söweşde Täçgök serdar, Amansähet serdar öz nökerleri bilen aýratyn gahrymançylyk görkezipdirler. Uzak gün dowam eden bu söweşde gajarlaryň belli serkerdesi Muhammethasan hem öldürilipdir.

Jerendepede bolan gazaply söweşden soň gajar goşunlary yza çekilýär. Türkmenler ýene-de gajar goşunynyň esasy güýjüniň üstüne duýdansyz hüjüm edýär. Bu gazaply söweş alty sagada golaý dowam edýär. Bu söweş gajar urşunyň ykbalyny çözüpdir. Türkmenler duşmanyň nökerleriniň ep-eslisini ýok edýärler we bir bölegini ýene-de ýesir alýarlar. Şol ýesir alnan adamlaryň arasynda fransuz topografy we suratçysy Gulibef de Blokwil hem bar eken. Ol bendilikden boşadylandan soň, bu uruş barada «On dört aýlap türkmenleriňkide ýesirlikde» atly ýatlama kitabyny ýazypdyr. Onda türkmenleriň gaýduwsyzlygy, batyrlygy we gylyk--häsiýetleri, däp-dessurlary görkezilipdir.

Şol aýgytlaýjy söweşden soň Hemze Mürze az-owlak nökeri ýanyna alyp, ýurduna gaçmak bilen bolýar. Gajar goşunlarynyň galan bölegi hem dowla düşüp, ähli goşlaryny, ýaraglaryny taşlap gaçyp başlaýarlar. Türkmenler olary Sarahsa, Çemenebide çenli kowalap, ownuk söweşler edipdirler. Yzlaryndan ýetip 2500 ýesir we köp olja alypdyrlar. Şeýlelik bilen, gajarlaryň Mara gelen goşunlary türkmenler tarapyndan derbi-dagyn edilýär.

Abdysetdar Kazynyň «Jeňnama» eserinde berilýän maglumatlara görä, türkmen taýpalary bu urușda-da özara birleşipdirler. Ahaldan Nurberdi hanyň baştutanlygynda ep-esli goşun kömege gelipdir. Umuman, Abdysetdar Kazynyň «Jeňnama» eseri Garrygala we Mary söweşleriniň taryhyny öwrenmekde ynamdar çeşme bolup hyzmat edýär. Şonuň üçin bu eseriň örän uly taryhy ähmiýeti bardyr.

Şeýlelikde, Sarahs, Garrygala we Mary söweşlerinde türkmenleriň gahrymançylykly ýeňşi Günorta Türkmenistanyň

ilatynyň özbaşdaklygyny, erkana durmuşyny üpjün edipdir. Emma bu özbaşdaklyk uzak dowam etmeýär. Indi Türkmenistana önküler bilen deňeşdirip bolmajak başga bir uly howp patyşa Russiýasy tarapyndan abanýardy.

---

**Soraglar we ýumuşlar**

**1.** Urşuň başlanmagy we onuň häsiýeti barada gürrüň beriň. **2.** Urušda türkmenler nähili harby tilsim ulanypdyrlar? **3.** Gowşut han urşuň öňüni almak üçin nähili tagalla edipdir? **4.** Jerendepede bolan söweş barada gürrüň beriň. **5.** Garrygala we Mary söweşleriniň taryhyny öwrenmekde «Jeňnama» eseriniň nähili ähmiýeti bar?

---

# II BÖLÜM

# TÜRKMENISTAN RUSSIÝA IMPERIÝASYNYŇ DÜZÜMINDE

## I BAP
## TÜRKMENISTANY PATYŞA RUSSIÝASYNYŇ BASYP ALMAGY

### §30. XIX asyrda türkmenleriň Russiýa bilen aragatnaşygy

XIX asyryň birinji ýarymynda Hazar deňziniň kenaryndaky we Müňgyşlakdaky türkmenleriň Russiýa bilen söwda-ykdysady, syýasy gatnaşyklary ösüpdir. Rus täjirleri Hazar deňziniň gündogar kenaryndan Eýran söwdagärlerini we balyk senagatçylaryny ýuwaş-ýuwaşdan gysyp çykarypdyrlar. Bu işde olara türkmenler ýardam beripdir. Özara oňşuksyzlyklar, goňşy döwletleriň we gazaklaryň, galmyklaryň yzygiderli çozuşlary türkmenleri güýçli döwlet bolan Russiýadan howandarlyk gözlemäge mejbur edipdir. Astrahanyň uly täjiri Aleksandr Gerasimow Kyýat han bilen balyk söwdasyny ýola goýupdyr.

Türkmen-rus gatnaşyklarynyň taryhynda müňgyşlakly türkmenlere uly orun degişlidir. Olar ruslar bilen ýakyn aragatnaşykda bolupdyrlar. Emma türkmenleriň bu hereketi Hywa we gazak hanlaryna ýaramandyr, oňa päsgelçilik döretmäge çalşypdyrlar.

1801–1802-nji ýyllarda Müňgyşlakda ýaşaýan türkmenleriň wekilleri Sankt-Peterburga baryp, özleriniň Russiýanyň raýatlygyna kabul edilmegini haýyş edipdirler. 1802-nji ýylyň maý aýynda Aleksandr I ýörite perman bilen Müňgyşlak türkmenlerini Russiýanyň howandarlygyna we raýatlygyna alýandygyny we gazak soltany Piralyny olara hökümdar belländigini yglan edipdir. Emma türkmenler Piralyny kabul etmändirler. Sebäbi ol Müňgyşlak türkmenlerini Russiýa imperiýasynyň kömegi bilen özüne elgarama etmek isläpdir. Şundan soň gazak soltanlary we Hywa hanlary Müňgyşlak türkmenlerini yzarlap başlapdyrlar.

Türkmenler Russiýa döwletinden Müňgyşlakda berkitme-gala gurmagyny, onda kiçeňräk goşun bölüminiň ýerleşdirilmegini hem haýyş edipdirler. Sebäbi olar Hywa hanyndan we goňşy gazak hanlaryndan goralmagyny isläpdirler. Galyberse-de, berkitme-galanyň gurulmagy türkmen-rus söwda gatnaşyklarynyň ösmegine ýardam eder diýip umyt edipdirler. Emma türkmenleriň olardan eden tamasy çykmandyr.

Rus patyşasynyň permanyna laýyklykda, Russiýa öz raýatlygyndaky türkmenleri goňşy döwletlerden goramalydy. Emma Russiýa döwleti bu borjuny köplenç halatda berjaý etmeýärdi. Şeýle hem bolsa, türkmenleriň ruslara ýakynlaşmagy gowşamaýardy. 1811-nji ýylda patyşa hökümetiniň rugsat bermegi bilen Müňgyşlakdaky abdallaryň, çowdurlaryň, igdirleriň, burunjylaryň bir bölegi Astrahana göçüpdirler. Ol ýerde ýaşap ýören türkmenler ozalam bardy. Russiýanyň topragyna aralaşan türkmen ýigitleriniň 1812-nji ýylyň Watançylyk urşuna gatnaşyp, fransuz atlylaryna gaýduwsyz darandygy barada hem maglumatlar bar.

XIX asyryň başynda patyşa Russiýasy Hazar deňziniň gündogar kenarynda ýaşaýan türkmenleriň ýerlerinde düýpli ornaşmaga howlugyp başlaýar. Sebäbi bu ýerlere Angliýa hem gözüni dikýärdi. Şonuň üçin bu ýerlere yzly-yzyna rus ylmy-barlag toparlary (ekspedisiýasy) iberilýär.

Rus goşunlarynyň Kawkazdaky baş serkerdesi general A.P. Ýermolowyň buýrugy boýunça 1819–1821-nji ýyllarda Hazaryň türkmen kenarlaryna uly ekspedisiýalar guralýar. Şol ekspedisiýalara maýor M.N. Ponomarýow we kapitan N.N. Murawýow ýolbaşçylyk edipdirler. Olara Hazaryň kenarlaryny barlap görmek, türkmenler bilen dostlukly aragatnaşygy ýola goýmak, türkmenleriň durmuşyny we ruslara garaýşyny öwrenmek hem-de Hywa baryp, ol ýerdäki ýagdaýlary anyklamak tabşyrylypdyr. Olar köp maglumatlar toplapdyrlar.

Patyşa hökümeti Türkmenistany özüne bakna etmek üçin ony yzygiderli öwrenmegini dowam etdirýärdi. 1832-nji we 1836-njy ýyllarda G.S. Kareliniň baştutanlygynda ýene-de iki sany ekspedisiýa guralýar. Olaryň birinjisi Hazar deňziniň demirgazyk-gündogar kenarlaryny gözden geçirmek hem-de täze gala gurmak üçin ýer saýlap almak maksady bilen iberilipdir. Netijede, 1834-nji ýylda Müňgyşlak ýarym adasynda Nowo-Aleksandrowsk harby berkitme-galasy gurulýar.

Ikinji ekspedisiýa Hazar deňziniň kenarynda ýaşaýan türkmenleriň taryhyna, etnologiýasyna, medeniýetine degişli köp maglumatlar toplapdyr. Hazar deňziniň gündogar kenaryndan Hywa, Astrabatdan Merkezi Aziýa ýurtlaryna barýan kerwen ýollaryny anyklapdyr. Karelin türkmen taýpalarynyň özara gatnaşyklaryny, olaryň Russiýa we beýleki goňşy döwletlere garaýyşlaryny öwrenipdir, Kyýat han bilen dostlaşypdyr. Kareliniň we Kyýat hanyň tagallasy bilen 1836-njy ýylyň iýul aýynda Esenguluda hazarýaka ýomutlarynyň umumy maslahaty bolupdyr. Oňa, takmynan, 180 müňe golaý ilatdan ýörite saýlanan 118 sany wekil gatnaşypdyr. Umumy pikir alşylandan soň, zerurlyk bolan halatynda Russiýanyň howandarlyk etmegini soramak barada karar kabul edipdirler we ýörite resminama taýýarlapdyrlar. Ony patyşa hökümetine gowşurmagy Karelinden haýyş edipdirler.

Türkmenleriň Russiýadan edýän tamasy doly kanagatlandyrylmasa-da, rus häkimiýetleri öz bähbitlerinden ugur alyp, kenarýaka türkmenlerine bellibir derejede kömek berip durupdyrlar. Mysal üçin, 1837-nji ýylda Çeleken töwerekleri Eýranyň şazadasy Ardaşir mürzäniň goşunlary tarapyndan talanypdyr. Şonda rus häkimiýetleri türkmenlere Astrahandan alty müň put un iberip, olara uly kömek edipdirler.

Türkmen-rus gatnaşyklarynyň ösmeginde Kyýat han, Nurmuhammet işan ýaly pähim-paýhasly adamlara uly orun degişlidir. Kyýat han (1754–1843 ý.) türkmen topragyna gelen rus ekspedisiýalaryna goldaw beripdir. Onuň özi-de patyşa Russiýasynyň ýokary wezipeli emeldarlarynyň ýanyna baryp, gepleşikler geçiripdir. Rus hökümeti ony kenarýaka türkmenleriniň kethudasy hökmünde ykrar edipdir. Oňa Hazar deňzinde öz söwda işlerini giň gerimde alyp barmaga ýardam beripdir.


**Kyýat han**

Emma soňabaka Kyýat hanyň söwdasynyň giň gerimde ösmegine göriplik edýän uly bäsdeş täjirler oňa garşy çykyp başlapdyrlar. Şolaryň biri-de Astrahanda ýaşaýan

Türkmenler Russiýa döwletinden Müňgyşlakda berkitme-gala gurmagyny, onda kiçeňräk goşun bölüminiň ýerleşdirilmegini hem haýyş edipdirler. Sebäbi olar Hywa hanyndan we goňşy gazak hanlaryndan goralmagyny isläpdirler. Galyberse-de, berkitme-galanyň gurulmagy türkmen-rus söwda gatnaşyklarynyň ösmegine ýardam eder diýip umyt edipdirler. Emma türkmenleriň olardan eden tamasy çykmandyr.

Rus patyşasynyň permanyna laýyklykda, Russiýa öz raýatlygyndaky türkmenleri goňşy döwletlerden goramalydy. Emma Russiýa döwleti bu borjuny köplenç halatda berjaý etmeýärdi. Şeýle hem bolsa, türkmenleriň ruslara ýakynlaşmagy gowşamaýardy. 1811-nji ýylda patyşa hökümetiniň rugsat bermegi bilen Müňgyşlakdaky abdallaryň, çowdurlaryň, igdirleriň, burunjylaryň bir bölegi Astrahana göçüpdirler. Ol ýerde ýaşap ýören türkmenler ozalam bardy. Russiýanyň topragyna aralaşan türkmen ýigitleriniň 1812-nji ýylyň Watançylyk urşuna gatnaşyp, fransuz atlylaryna gaýduwsyz darandygy barada hem maglumatlar bar.

XIX asyryň başynda patyşa Russiýasy Hazar deňziniň gündogar kenarynda ýaşaýan türkmenleriň ýerlerinde düýpli ornaşmaga howlugyp başlaýar. Sebäbi bu ýerlere Angliýa hem gözüni dikýärdi. Şonuň üçin bu ýerlere yzly-yzyna rus ylmy-barlag toparlary (ekspedisiýasy) iberilýär.

Rus goşunlarynyň Kawkazdaky baş serkerdesi general A.P. Ýermolowyň buýrugy boýunça 1819–1821-nji ýyllarda Hazaryň türkmen kenarlaryna uly ekspedisiýalar guralýar. Şol ekspedisiýalara maýor M.N. Ponomarýow we kapitan N.N. Murawýow ýolbaşçylyk edipdirler. Olara Hazaryň kenarlaryny barlap görmek, türkmenler bilen dostlukly aragatnaşygy ýola goýmak, türkmenleriň durmuşyny we ruslara garaýşyny öwrenmek hem-de Hywa baryp, ol ýerdäki ýagdaýlary anyklamak tabşyrylypdyr. Olar köp maglumatlar toplapdyrlar.

Patyşa hökümeti Türkmenistany özüne bakna etmek üçin ony yzygiderli öwrenmegini dowam etdirýärdi. 1832-nji we 1836-njy ýyllarda G.S. Kareliniň baştutanlygynda ýene-de iki sany ekspedisiýa guralýar. Olaryň birinjisi Hazar deňziniň demirgazyk-gündogar kenarlaryny gözden geçirmek hem-de täze gala gurmak üçin ýer saýlap almak maksady bilen iberilipdir. Netijede, 1834-nji ýylda Müňgyşlak ýarym adasynda Nowo-Aleksandrowsk harby berkitme-galasy gurulýar.

Ikinji ekspedisiýa Hazar deňziniň kenarynda ýaşaýan türkmenleriň taryhyna, etnologiýasyna, medeniýetine degişli köp maglumatlar toplapdyr. Hazar deňziniň gündogar kenaryndan Hywa, Astrabatdan Merkezi Aziýa ýurtlaryna barýan kerwen ýollaryny anyklapdyr. Karelin türkmen taýpalarynyň özara gatnaşyklaryny, olaryň Russiýa we beýleki goňşy döwletlere garaýyşlaryny öwrenipdir, Kyýat han bilen dostlaşypdyr. Kareliniň we Kyýat hanyň tagallasy bilen 1836-njy ýylyň iýul aýynda Esenguluda hazarýaka ýomutlarynyň umumy maslahaty bolupdyr. Oňa, takmynan, 180 müňe golaý ilatdan ýörite saýlanan 118 sany wekil gatnaşypdyr. Umumy pikir alşylandan soň, zerurlyk bolan halatynda Russiýanyň howandarlyk etmegini soramak barada karar kabul edipdirler we ýörite resminama taýýarlapdyrlar. Ony patyşa hökümetine gowşurmagy Karelinden haýyş edipdirler.

Türkmenleriň Russiýadan edýän tamasy doly kanagatlandyrylmasa-da, rus häkimiýetleri öz bähbitlerinden ugur alyp, kenarýaka türkmenlerine bellibir derejede kömek berip durupdyrlar. Mysal üçin, 1837-nji ýylda Çeleken töwerekleri Eýranyň şazadasy Ardaşir mürzäniň goşunlary tarapyndan talanypdyr. Şonda rus häkimiýetleri türkmenlere Astrahandan alty müň put un iberip, olara uly kömek edipdirler.

Türkmen-rus gatnaşyklarynyň ösmeginde Kyýat han, Nurmuhammet işan ýaly pähim-paýhasly adamlara uly orun degişlidir. Kyýat han (1754–1843 ý.) türkmen topragyna gelen rus ekspedisiýalaryna goldaw beripdir. Onuň özi-de patyşa Russiýasynyň ýokary wezipeli emeldarlarynyň ýanyna baryp, gepleşikler geçiripdir. Rus hökümeti ony kenarýaka türkmenleriniň kethudasy hökmünde ykrar edipdir. Oňa Hazar deňzinde öz söwda işlerini giň gerimde alyp barmaga ýardam beripdir.


**Kyýat han**

Emma soňabaka Kyýat hanyň söwdasynyň giň gerimde ösmegine göriplik edýän uly bäsdeş täjirler oňa garşy çykyp başlapdyrlar. Şolaryň biri-de Astrahanda ýaşaýan

asly eýranly, rus raýatyna geçen Mir Bagirow bolupdyr. Onuň esasy maksady Hazar deňzindäki söwda ýolundan Kyýat hany gysyp çykaryp, onuň ýerine öz agalygyny berkitmekden ybaratdy.

---

Sorag we ýumuşlar

**1.** Müňgyşlak türkmenleriniň Russiýanyň raýatlygyna kabul edilişi barada gürrüň beriň. **2.** Ponomarýowyň we Murawýowyň hem-de Kareliniň ekspedisiýalary barada aýdyp beriň. **3.** Näme üçin kenarýaka türkmenleri Russiýa ýykgyn edipdirler? Bu meselede Kyýat hanyň hyzmaty barada nämeleri bilýärsiňiz.

---

## §31. Rus-Eýran şertnamasy

1837-nji ýylda Eýranyň şasy Muhammet şa Tbilisä gelýär we şol ýerde rus imperatory Nikolaý I bilen rus-eýran araçägi barada gepleşik geçirýär. Şol gepleşikler netijesinde, Etrek derýasynyň günortasyndaky ýerler Eýrana berilýär. Derýanyň demirgazygyndaky ýerler bolsa Russiýanyň ýerleri hasaplanýar. Türkmenlerden bolsa razylyk hem soralmaýar, olaryň bähbidi hasaba hem alynmaýar. Şundan soň türkmenler bilen Russiýanyň aragatnaşygy ýaramazlaşyp başlaýar, onuň howandarlyk etjegine ynam gaçýar. Sebäbi Eýranyň garamagyna düşen ýerlerde türkmenler ýaşaýardy.

Russiýa bilen Eýranyň arasynda Gülüstanda (1813 ý.) we Türkmençaýda (1828 ý.) baglaşylan ýaraşyk şertnamalary boýunça Eýranyň Hazar deňzinde harby gämi saklamaga haky ýokdy. Şoňa görä patyşa hökümeti tarapyndan Hazaryň günorta-gündogar kenarlarynda goragy has berkitmek üçin 1841-nji ýylda Aşyradada (Eýranda) hemişelik rus harby gämiçiligi (kreýserlik) döredilýär. Onuň baştutanlygyna kapitan Ý. W. Putýatin bellenilýär. Ol türkmenlere, aýratyn-da, Kyýat hana we onuň ogullaryna ynamsyzlyk edipdir. Ol adamlaryna türkmen gämilerini islän wagtlary, islän ýerlerinde barlamaga görkezme beripdir.

Kyýat hanyň we onuň uly ogly Ýagşymuhammediň üstüne ýalan-ýaşryk töhmetler atyp, olary tussag edýärler. Kyýat han Tbilisiniň türmesinde 1843-nji ýylda, ogly bolsa Woronež türmesinde 1849-njy ýylda ölýärler. Patyşa hökümetiniň düzgünine

boýun bolmadyk türkmenleriň baştutany Çerkez han hem 1851-nji ýylda tussag edilýär. Ol 1855-nji ýylda Kaluga türmesinde ölýär. Şeýlelikde, rus harby adamlarynyň gedemligi, gödek hereketleri türkmen-rus aragatnaşyklarynyň ösmegine bellibir derejede zyýan ýetiripdir.

Türkmen-rus gatnaşyklarynyň taryhynda uly yz galdyranlaryň biri-de Müňgyşlak çowdurlaryndan Nurmuhammet (Sary) işan (1806–1871 ý.) bolupdyr. Onuň kakasy Bekdurdy işan öz döwrüniň atly-abraýly adamy eken. Nurmuhammet işan pähim-paýhaslylygy, öňdengörüjiligi, dogruçyllygy bilen tapawutlanypdyr. Onuň tagallasy bilen 1835-nji ýylda Müňgyşlakdaky çowdurlaryň, igdirleriň we beýleki türkmen taýpalarynyň wekillerinden 1800-e golaý öýlüsi rus raýatlygyna kabul edilipdir. Nurmuhammet işan patyşa hökümeti tarapyndan 1846-njy ýylda Müňgyşlagy düýpli öwrenmek üçin guralan ekspedisiýanyň baştutany M.I. Iwanin bilen hem duşuşýar. Ol Hywa hany bilen birnäçe gezek duşuşyp, oňa türkmenleri öz gününe goýmagy, güýçli Rus döwleti bilen parahatçylykly aragatnaşygy saklamagy maslahat berýär. Nurmuhammet işan iň soňky gezek Hywa hany bilen gürrüňdeş bolup, öz iline gaýdyp gelýärkä, ýolda gümürtik ýagdaýda aradan çykýar.

Umuman, türkmen-rus gatnaşyklarynda düşünişmezlikleriň, näsazlyklaryň bolandygyna garamazdan, kenarýaka türkmenleriň Russiýa bilen aragatnaşygy dowam edipdir.

---

**Sorag we ýumuşlar**

1. 1837-nji ýylda rus-eýran araçäginiň kesgitlenilişi barada aýdyp beriň.
2. Putýatin türkmenleriň garşysyna nähili jeza çärelerini geçiripdir?
3. Nurmuhammet işan barada gürrüň beriň.

---

## §32. Patyşa Russiýasynyň günbatar Türkmenistany eýelemegi

XIX asyryň 60-njy ýyllarynda patyşa Russiýasy Orta Aziýanyň ýerlerine, şol sanda Türkmenistana aralaşmagyny barha çaltlandyryp başlaýar. Sebäbi bu döwürde Russiýanyň dokma senagaty güýçli ösýärdi. Oňa köp mukdarda pagta gerekdi. Ony

bolsa Russiýa, esasan, Amerikadan satyn alýardy. Emma ol ýerde raýatlyk (graždanlyk) urşunyň gidýänligi sebäpli, amerikan pagtasyny getirmek üzül-kesil kemelipdi. Bu ýetmezçiligi patyşa hökümeti Orta Aziýany basyp alyp, onuň pagtasy bilen doldurmagy göz öňünde tutýardy. Şeýlelikde, Orta Aziýa sebiti Russiýa üçin täze çig mal çeşmesi we söwda bazary bolup hyzmat edip biljekdi. Ondan başga-da, bu ýerlere Angliýanyň, Türkiýäniň aralaşmagyndan howatyr edýärdi. Şonuň üçin patyşa Russiýasy bu meseläni çaltlaşdyrmaly diýen netijä geldi.

Patyşa Russiýasy 1865-nji ýylda ilki Kokant hanlygyny, soňra 1868-nji ýylda Buhara emirligini basyp alýar. 1868-nji ýylyň 23-nji iýunynda Russiýa bilen Buharanyň arasynda ýaraşyk şertnamasy baglaşylýar. Şol şertnama laýyklykda Buhara emirligi özbaşdak diýlip hasap edilse-de, hakykat ýüzünde ol rus patyşasynyň ýapjasyna (protektorat) öwrülýär. Lebap türkmenleri hem şoňa tabyn bolýarlar. Şondan soň Daşkent şäherini merkez etmek bilen Türküstan general-gubernatorlygy döredilýär. Oňa ilkinji general-gubernatorlyga K.P. fon Kaufman bellenilipdir.

Orta Aziýa hanlyklarynda öz häkimliklerini pugtalandyrmak bilen bir wagtda, patyşa goşunlary Türkmenistanyň jümmüşine süýşmeklerini dowam etdirýärdiler. Kenar ýakasyndaky türkmenleriň dostlukly gatnaşyklaryndan peýdalanylyp, 1869--njy ýylyň noýabr aýynda polkownik N.G. Stoletowyň baştutanlygyndaky goşun topary gadymy Şagadam guýusynyň golaýynda düşürilýär. Şol ýyl Gyzylsuw aýlagynda Krasnowodsk (häzirki Türkmenbaşy) şäheriniň düýbi tutulýar. Bu waka Russiýanyň Türkmenistany basyp almaga girişendigini aňladýardy. Basyp alyş ýörişleri Krasnowodskden tä Guşga (häzirki Serhetabat) çenli 16 ýyllap dowam etdi.

Krasnowodsk şäheri patyşa goşunlarynyň mundan beýläk ýuwaş-ýuwaşdan türkmen topragyna süýşmegi üçin daýanç nokadyna öwrülýär. Bu töwerekde, esasan, ýomut türkmenleri ýaşaýardy. Olar köp wagt bäri ruslar bilen aragatnaşyk saklap gelýärdi. Köplenç halatda birek-birege düşünişilýärdi. Ruslar şäheri gurup başlanlarynda türkmenler howsala düşmez ýaly: «Biz söwda etmek üçin şäher gurýarys. Biz siziň bilen dostlukly gatnaşykda bolarys» diýip, olary ynandyrypdyrlar. Polkownik Stoletowa türkmenler bilen örän seresaply bolmalydygy barada

hut şeýle görkezme berlipdi. Ol ilkibaşda türkmenleriň ynamsyzlygyny aradan aýyrjak bolup, kethudalara mawut matadan parçalar paýlapdyr, garyp-gasarlara nahar, un, ýarma ýaly azyk önümlerini mugtuna beripdir. Patyşa serkerdeleri (ofiserleri) özleriniň hakyky bakna edijilik maksatlaryny türkmenlerden gizläp saklaýardylar.

Patyşa çinownikleriniň (emeldarlarynyň) ilkibada «urman-sökmän, höre-köşe bilen almak» syýasaty netije hem beripdir. 1870-nji ýylyň başynda kenardan 140-150 kilometr gündogardaky Balkan daglaryny öwrenmek bahanasy bilen polkownik Stoletow öz harby topary bilen barlag ýörişini geçiripdir. Şeýlelik bilen, ol basym Mollagara, Daşrabatgala ýaly ýerleri hem eýeläpdir. Harby barlag ýörişini geçirmek üçin ulag gerekdi, türkmenlerden düýe alyp, ýük daşamalydy. Şonuň üçin soňabaka güýje baýrynyp başlapdyrlar.

1871-nji ýylyň tomsunda Stoletowyň ýerine polkownik W.I. Markozow Krasnowodsk goşun toparynyň başlygy edilip bellenýär. Şondan soň ýagdaýlar has çylşyrymlaşyp başlaýar. Ol türuwbaşdan ýomutlara 600 düýe bilen 70 düýekeşi bermeli diýip buýruk berýär. Düýeleriň bahasyny bolsa doly tölemeýär. Mundan düýe eýeleri nägile bolýarlar. Krasnowodskden Hywa barýan ýollary öwrenmek maksady bilen, 1871-nji ýylyň sentýabr aýynda Markozowyň harby topary Sarygamyşa tarap ugraýar. Onuň ýoly Mollagara, Gözli ata, Çagyl, Gumsepişen, Uzynguýy ýaly ýerleriň üstünden geçýär. Iki aýdan soň onuň harby topary yzyna gaýdyp gelýär. Şonda ol ýolda Hywadan Etrege barýan 350 düýeli kerweniň üstüne çozup, ony talapdyr. Markozowyň harby-barlag ýörişiniň esasy maksady halka göz görkezmekden ybaratdy. Ol Sarygamyşdan gaýdyp gelen badyna, Çekişlere hem-de Esengula harby barlag ýörişini gurapdyr. Ýolda sähel müňkür bolan adamlaryny oka tutupdyr. Markozow Çekişlerde bir bölek goşun, birnäçe top goýup, Krasnowodska dolanyp gelýär.

1872-nji ýylyň başynda Markozow Tährana, ol ýerden hem Sankt-Peterburga gidýär. Ol harby ministre we Aleksandr II özüne işleriň gidişi barada habar berýär we harby ýörişleri has ýaýbaňlandyrmak barada görkezme alyp gaýdýar. Indi harby hereketi Hywa, Etrege hem-de Ahala tarap giňeltmek göz öňünde tutulýardy. Bu meýilleri amala aşyrmak üçin ýene-de köp mukdarda düýe ýygnamalydy. Markozow gabat gelen ýerde düýeleri

zor bilen alyp, puluny tölemeýärdi. Ol 1872-nji ýylda Gyzylarbat, Bamy, Börme töwereklerine ýöriş edip, ol ýerlerdäki türkmenleri hem talapdyr. Onuň bu eden-etdilikleri ýuwaş-ýuwaşdan ilatyň patyşa hökümetine bolan ynamyny gaçyrypdyr.

1873-nji ýylda Hywa ýöriş etmek maksady bilen Markozow ýene-de zorluk ulanyp düýe toplap başlaýar. Şeýlelikde, Türkmenistanyň Hazar kenaryndaky ýerlerinde patyşa Russiýasynyň ilkibaşda ýöreden parahatçylykly we aram syýasaty zor salmak bilen çalşyryldy. Patyşa hökümetiniň basybalyjylykly syýasaty uzak garaşdyrman äşgär boldy. Günbatar Türkmenistanyň ilaty bolsa patyşa Russiýasynyň raýatlygyna mejbur bolup geçdiler.

Patyşa hökümeti täze eýelän ýerlerini edara etmek üçin täze düzgünler girizip başlapdyr. 1874-nji ýylda Zakaspi harby bölümi döredilýär. Onuň merkezi Krasnowodsk şäheri bolupdyr. Bölümiň düzümine Hazar deňziniň kenar ýakasy giripdir. Ol Etrek deryasynyň aýaguçlaryndan Müňgyşlaga çenli bolan aralygy öz içine alypdyr. Täze döredilen edaranyň baştütany edilip general Lomakin bellenilipdir. Şeýlelik bilen, Türkmenistanyň günbatar böleginiň patyşa Russiýasynyň düzümine girmegi resmileşdirilipdir. Indi patyşa Russiýasy Hywa hanlygyny basyp almaklyga we ol ýerdäki türkmenleri özüne tabyn etmäge taýýarlyk görüp başlaýar.

---

**Soraglar we ýumuşlar**

**1.** Näme üçin patyşa Russiýasy XIX asyryň ortalarynda Orta Aziýa ýerlerine aralaşmagy çaltlandyrypdyr? **2.** Rus goşunlarynyň Krasnowodskä gelip düşmegi barada gürrüň beriň. **3.** Markozowyň eden-etdiligi barada gürrüň beriň. **4.** Zakaspi harby bölüminiň döredilişi barada aýdyp beriň. **5.** Günbatar Türkmenistanyň patyşa Russiýasynyň düzümine girmegini nähili häsiýetlendirip bolar?

---

## §33. Hywa hanlygynyň basylyp alynmagy we Gazawat söweşi

XIX asyryň ortalarynda Hywa hanlygynda 35-40 müň öýli türkmen ýaşapdyr. Olar hanlykda ýaşaýan ähli ilatyň 24-26 göterimini düzüpdir. Türkmenler sanynyň azlygyna garamazdan,

ozalkylary ýaly Hywa hanlygynyň syýasy we harby durmuşynda uly orun eýeläpdirler. Hywa hanlary ol ýerde ýaşaýan türkmenleri hiç wagt özlerine doly boýun egdirip bilmändirler. Patyşa Russiýasynyň goşunlary Hywa çozanlarynda olara garşylyk görkezen esasy güýç türkmenler bolupdyr.

1873-nji ýylyň mart aýynda patyşa goşunlary Hywa hanlygyny basyp almak üçin üç tarapdan hüjüme geçýär. Harby toparlaryň hemmesine Türküstan general-gubernatory fon Kaufman ýolbaşçylyk edýär. Birnäçe gezek çaknyşanlaryndan soň, patyşa goşunlary 1873-nji ýylyň 29-njy maýynda Hywa galasyny eýeleýär. Hywa hany patyşa hökümetine boýun egse-de, türkmenler oňa tabyn bolmak islemändirler.

Hywa hanlygynyň basylyp alnyşy hem-de Gazawat söweşi barada gürrüň berýän taryhy çeşmeler köp. Olaryň arasynda wakalary gözi bilen görüp, anyk maglumatlar esasynda ynamdar beýan eden iki awtoryň işleri has möhümdir. Birinjisi, Hywa taryhçysy Muhammet Ýusup Beýanynyň «Şejerei Horezmşahi» diýen golýazmasydyr. Ikinjisi bolsa Hywa söweşlerine synçy hökmünde gatnaşan «Nýu Ýork gerald» atly amerikan gazetiniň habarçysy Artur Ýanuarius Mak Gahanyň «Военные действия на Оксусе и падение Хивы» («Oksusdaky harby hereketler we Hywanyň syndyrylmagy») diýen kitabydyr. Olar patyşa Russiýasynyň dolandyryjy toparlaryna garaşly bolmadyk bitarap awtorlar hökmünde wakalary hakykata has golaý beýan etmäge çalşypdyrlar.

Patyşa goşunlary Hywany eýeländen soň, hanyň ýanynda maslahatçy edara – diwan döredilýär. Diwanyň düzümine ýerli han-begler bilen birlikde patyşa hökümetiniň hem wekilleri girýär. Patyşa hökümetiniň wekilleri Hywa hanynyň alyp barýan syýasatyny öz maksatlaryna gönükdiripdirler.

Hywa hany Seýitmuhammet Rahym II patyşa hökümetiniň öňünde özüni «ak guş» edip görkezmek üçin, türkmenlere sürtüp bilen garasyny sürtüpdir. Türkmenleri rus-hywa harby çaknyşyklarynyň esasy günäkäri hökmünde häsiýetlendiripdir.

Hywa hanlygynda türkmenleriň aýratyn orun eýeleýändigi sebäpli, patyşa goşunynyň baştutanlarynyň arasynda «türkmen meselesi» diýilýän mesele ýüze çykypdyr. Olar geljekde Hywa hanlygyny Russiýanyň tabynlygynda saklamak üçin, onda esasy güýç bolup durýan türkmenleri boýun egdirmeli diýen netijä gelýärler.

Patyşa goşunlarynyň baştutany K.P. Kaufman türkmenleri boýun egdirmegi, olardan ujypsyz bahadan azyk harytlaryny salgyt hökmünde rus düşelgesine (lagerine) hökman getirmegi talap etmekden başlaýar. Türkmenler bu görkezmäni ýerine ýetirmeýärler. Sebäbi olarda ätiýaçlyk galla ýokdy. Muňa gahary gelen K.P. Kaufman türkmenleri ykdysady taýdan has çykgynsyz ýagdaýa salmak üçin, olara 610 müň rus rubly möçberinde harby salgyt (kontribusiýa) salypdyr. Salgydy tölemegiň möhleti iki hepde diýlip bellenilipdir. Munça mukdardaky harby salgydy gysga möhletde tölemäge türkmenleriň mümkinçiligi bolmandyr.

K.P. Kaufman özüniň harby salgyt baradaky kararyny berjaý etdirmek üçin iýul aýynyň 5-inde gazawatly türkmenlerden 17 kethudany Hywa çagyrýar. Şonda kethudalar salgydy tölemek üçin birneme wagt berilmegini haýyş edipdirler. Emma olaryň haýyşy kanagatlandyrylmandyr. Çagyrylan kethudalaryň 5-si yzyna iberilýär, galan 12 kethudany Kaufman girew hökmünde alyp galýar.

Şeýle agyr ýagdaýdan çykalga tapmak üçin gazawat (häzirki Görogly etrabyndaky) türkmenleri maslahat çagyrýarlar. Çykalga ýokdy. Şoňa görä-de, ýeňşe uly ynam bolmasa-da, patyşa goşunlaryna gaýtawul bermäge synanyşyk etmelidi. Kaufmanyň maksady bolsa türkmenlere rus ýaragynyň güýjüni görkezip, olary aňsat aýňalyp bilmez ýaly, agyr jeza bermekden ybaratdy. Hywa hany Seýitmuhammet Rahymyň hem isleg-arzuwy şoldy. Şeýlelikde, gazawatly türkmenleriň garşysyna guralan jeza beriji ýöriş hut hanyň gep bermegi bilen guralýar.

General Kaufman salgyt tölemegiň möhletiniň gutarmagyna hem garaşman, türkmenleri jezalandyrmak maksady bilen ýörite iki sany jeza beriji topar düzýär. Olaryň birine general Golowaçýow, beýlekisine bolsa Kaufmanyň özi ýolbaşçylyk edýär. Golowaçýowyň baştutanlygyndaky jeza beriji toparyň düzüminde 8 pyýada rota, 800 atly goşun, 10 sany top we başga-da dürli harby enjamlar bardy. Kaufmanyň ýolbaşçylygyndaky toparyň düzüminde 10 rota, 8 top, ep-esli kazak atlylary bolupdyr. Golowaçýowyň baştutanlygyndaky topar Gazawat kanalynyň boýunda (häzirki Görogly etrabynda) ýaşaýan türkmenleriň üstüne iberilýär. Kaufmanyň öz topary bolsa birneme soňrak Ýylanly etrabynyň töwereklerinde ýaşaýan türkmenlere tarap ugraýar. Goşun bölümleriniň ýanynda ýörite salgyt kabul ediş toparlary hem döredilipdir.

Bu iki topar 1873-nji ýylyň iýul aýynyň 7-24-i aralygynda örän köp bigünä adamlary gyrypdyr.

General Golowaçýowyň baştutanlygyndaky patyşa goşunlarynyň ýetip gelýändigini eşidip, gazawat türkmenleri öz maşgalalaryny halas etmek üçin topar-topar bolup Ysmamyt ata tarap süýşüp ugraýarlar. Söweşmäge ukyply erkek adamlar bolsa, basybalyjylary yzyna serpikdirmek üçin birnäçe gezek hüjüm edipdirler. Olar batyrlyk bilen söweşipdirler. Her gezegem uly ýitgi çekip, yza çekilmäge mejbur bolupdyrlar. Şol ýeriň golaýyndaky Zeýkeş kölüniň ýanynda türkmenler bilen patyşa goşunlarynyň arasynda gazaply söweş bolýar. Bu aldym-berdimli söweşde Hywa taryhçysy Beýanynyň ýazmagyna görä, aýallar hem çep elinde çagasyny göterip, sag elinde bolsa gylyç bilen duşmana garşy söweşe giripdirler. Bu söweşde iki müňe golaý dürli ýaşdaky adam gyrlypdyr. Olaryň bir bölegi köle gark bolupdyr, bir bölegi bolsa, onuň töweregindäki batgalyklara batyp galypdyr. Wakany gözi bilen gören, amerikaly gazet habarçysy Mak Gahan şeýle ýazýar: «Bütin ýurt ot içindedi. Men henize çenli munuň ýaly urşy görmändim, beýle uruş biziň günlerimizde gaty seýrek duş gelýär». Türkmenleriň aňynda bu aýylganç waka «Gazawat gyrgynçylygy» ady bilen galypdyr.

Golowaçýowyň topary öz harby hereketlerini dowam etdirip, Ýylanlynyň golaýyndaky Çendir obasyna baryp ýetýär. Ol ýerde 1873-nji ýylyň 15-nji iýulynda uly söweş bolýar. Bu söweşe türkmenleriň ýomut, gökleň, garadaşly, çowdur, ýemreli, alili taýpalarynyň wekillerinden ybarat 10 müňe golaý adam gatnaşypdyr. Türkmenler duşmana garşy gaýduwsyz söweşipdirler. Emma duşmanyň güýjüniň agdyklygy we ýaragynyň gurat bolanlygy sebäpli, türkmenler ýeňlipdirler. Söweşde türkmenlerden 800 adam wepat bolupdyr. Duşmanyň goşuny hem ep-esli pida çekipdir.

Ýylanla tarap giden general Kaufmanyň topary hem öňünde goýan maksadyna ýetipdir. Baran ýerinde türkmenlere rehimsiz darapdyr. Basym onuň topary Golowaçýowyň topary bilen birigipdir. Bu iki topar bilelikde türkmenlerden harby salgyt ýygnamagyny dowam etdiripdir.

Türkmenler öz güýçleriniň ýetdiginden harby salgydy öz wagtynda tabşyrmaga çalşypdyrlar. Türkmenleriň nagt puly bolmansoň, öz gelin-gyzlarynyň altyn-kümüş şaý-seplerini, olaryň dokan ajaýyp halylaryny salgydyň hasabyna geçiripdirler. Mun-

dan başga-da, olar köp mukdarda goýun, düýe, at ýaly mallary ýörite döredilen salgyt ýygnaýjy topara tabşyrypdyrlar. Türkmenler näçe köp zat tabşyrsalar-da, harby salgydy ýene-de bellenilen möhletde üzüp bilmändirler. General Kaufman türkmenleriň başga ýerlere göçüp gitmeginden ätiýaç edip, harby salgydyň möhletini bir ýyl yza çekdiripdir.

---

**Soraglar we ýumuşlar**

**1.** Hywa galasynyň basylyp alnyşy barada gürrüň beriň. **2.** Näme üçin rus goşunlarynyň baştutany we Hywa hany türkmenlere rehimsiz garapdyrlar? **3.** Türkmenlere harby salgydyň salnyşy we onuň ýygnalyşy barada gürrüň beriň. **4.** General Golowaçýowyň jeza beriji toparynyň Gazawat türkmenlerine garşy zalymlygy we Çendir obasynda bolan söweş barada gürrüň beriň. **5.** Hywa taryhçysy Beýany we amerikan gazetiniň habarçysy Mak Gahan Gazawat söweşi barada nähili gürrüň beripdirler?

---

## §34. Birinji Ahal-teke harby ýörişi

Patyşa Russiýasy günbatar Türkmenistany eýeländen soň, Ahal ilimi içgin öwrenip başlaýar. 1874-nji ýylda döredilen Zakaspi harby bölüminiň baştutany general Lomakine bolsa türkmenler bilen arany sazlamak tabşyrylýar. Ol Ahal türkmenleriniň Dykma serdar, Sopy han, Garaja han ýaly wekilleri bilen hat alyşmagy ýola goýýar. Emma Ahal türkmenleriniň arasynda bu meselede agzybirlik ýokdy. Ahalyň obalarynda, şol sanda Gökdepede-de häli-şindi maslahatlar geçirilip, ruslar bilen nähili gatnaşyk saklamaly diýen mesele orta goýulýardy. Bu meselede iki pikir ýüze çykypdyr. Olaryň biri patyşa goşunyna ýaragly garşylyk görkezmek bolsa, beýlekisi söweş etmezden patyşa Russiýasyna tabyn bolmakdy. Ahyrsoňunda rus goşunlary bilen ýaragly söweşmeli diýen netijä gelinýär. Olar bilen ilkinji kiçiräk harby çaknyşyk 1877-nji ýylyň maý aýynda Gyzylarbadyň eteginde bolýar. Bu söweşde Nurberdi hanyň baştutanlygynda türkmen ýigitleri gaýduwsyzlyk, batyrlyk görkezipdirler. Emma olar ruslaryň dyngysyz atýan toplarynyň zoruna çydaman, yza çekilipdirler.

Ahal türkmenleri rus goşunynyň türkmen topragyna aralaşmagyna gaýtawul bermegi dowam etdiripdirler. 1878-nji

ýylda türkmenler Hojagala we Çat töweregindäki rus harby toparlarynyň üstüne hüjüm edipdirler. Çatdaky çaknyşykda türkmenler ruslardan ýesir hem alypdyrlar. Emma ruslaryň güýçli top oklary türkmen atlylaryny yzyna serpikdiripdir.

1877–1879-njy ýyllarda Ahaly basyp almak üçin taýýarlyk işleri has-da ýaýbaňlanypdyr. Ahalda hem rus goşunlaryna berk gaýtawul bermek üçin güýçli taýýarlyk işleri gidýärdi. Edil şol jygba-jygly pursatda Gowşut hanyň aradan çykandygy baradaky şum habar çaltlykda bütin Ahala ýaýraýar. Onuň ölümi türkmen halky üçin öwezini dolup bolmajak uly ýitgidi.

1879-njy ýylyň başynda Ahaly eýelemek üçin harby ýörişi guramak barada patyşa hökümeti karar edýär. Oňa taryhda «Birinji Ahal-teke harby ýörişi» diýlip at berilýär. Harby ýörişe baştutanlyk etmäge rus-turk uruşlarynda şöhrat gazanan general Lazarew bellenilýär. Ol Ahal türkmenlerine hat iberip, olaryň gürrüňsiz boýun egmegini talap edipdir. Lazarewiň beýle tekepbirligi türkmenleri has hem öjükdirýär.

Indi Ahalda parahatçylygyň ýa-da uruşmagyň tarapdary ýaly iki topara bölünmek ýokdy. Ýurdy goramak üçin ählihalk göreşi başlanypdy. Uruş howpunyň abanyp gelýändigi sebäpli, Ahal türkmenleri Aşgabat obasynda gyssagly maslahat geçiripdirler. Onda ýurdy duşmandan goramak meselesine garalypdyr. Maslahata Nurberdi han gatnaşmandyr. Sebäbi ol şol wagt Maryda eken. Onuň ýerine Ahalda baş hanlygy ogly Berdimyrat han alyp barypdyr. Oňa geňeşdar we kömekçi edilip, Orazmämmet han we Gurbanmyrat işan bellenilipdir. Maslahatda ýurdy goramak üçin duşmana berk gaýtawul bermek barada karara gelinýär.

Ahaly basyp almak üçin general Lazarewiň ygtyýaryna her biri 450 adamdan ybarat bolan 16 batalýon, kazaklaryň 18 ýüzlügi (sotnýasy), 2 atly eskadron, 34 top we başga-da köp mukdarda goşmaça harby enjamlar berlipdir. Ol Hazar deňziniň kenaryna gelip, goşuny gyssagly urşa taýýarlamaga başlapdyr.

Türkmenler hem abanyp gelýän howpa garşy güýçli taýýarlyk görüpdirler. Olar eýýäm 1877-nji ýylda köne Gökdepäni taşlap, Dinlidepäniň töweregine galyň diwarlary galdyryp başlapdyrlar. Emma gurluşygy gutaryp bilmändirler. Aşgabat maslahatynda patyşa goşunlarynyň Ahala süýşmeginiň öňüni almak üçin Bendesene goşun iberilmeli edilýär. Berdimyrat han, Orazmämmet han, Gurbanmyrat işan 4 müň atly, 2 müň pyýada goşun bilen

Bendesene gidýärler. Ol ýerde pyýada goşuny goýup, Berdimyrat han, Dykma serdar bilen bile atly goşuny alyp, rus goşunlarynyň gös-göni öňünden çykmak üçin Hojagala tarap ugraýar. Emma ýolda rus goşunlary bilen duýdansyz çaknyşyk bolýar. Şondan soň Berdimyrat han öz ýigitleri bilen Bendesene yza çekilipdir. Ol ýerden pyýada goşunyny hem alyp, Börmä gaýdypdyr.

Börmede gyssagly maslahat geçirilýär. Onda Ahalyň ähli ilatyny Gökdepä ýygnamaly edilýär. Wagt utmak üçin Dykma serdar bilen Sopy hany ruslaryň arasyna ibermeli edilýär. Olar rus serkerdeleriniň ýanyna öz tiredeşlerini rus raýatlygyna kabul etmegini haýyş etmek bahanasy bilen barmalydy. Olar şeýle hem edipdirler. Emma rus goşunlarynyň täze baştutany general A.A. Lomakin (General Lazarew Çatda keselläp ýogalansoň, Lomakin rus goşunlaryna ýolbaşçylyk edip başlapdyr) Dykma serdaryň we Sopy hanyň aýdanlaryna ynanmandyr. Olaryň ýaragyny alyp, özlerinem göz tussagy edipdir.

Rus goşunlary çalt hereket edýärdi. Olar Gyzylarbatdan Gökdepä çenli obalary, kiçiräk galalary yzly-yzyna eýeleýärdi. General Lomakin Gökdepe galasyna hüjüm etmek üçin öz goşunlaryny üç topara bölüpdir. Patyşa goşunlarynyň Gökdepä üç topar bolup gelýänini gören Berdimyrat han Gara batyryň ýolbaşçylygyndaky atly goşuny duşmanyň üstüne sürýär. Emma ruslaryň güýjüniň agdyklyk etmegi sebäpli, türkmenler yza çekilmeli bolýar. Rus goşunlary öňe hereket edip, galanyň golaýyna barypdyrlar.

1879-njy ýylyň 28-nji awgustynda rus goşunlary galanyň demirgazyk-günbatar tarapyndan aýgytly hüjüme geçipdirler. Ilki 6 sagadyň dowamynda galany top okuna tutupdyrlar. Soňra garpyşyk söweşi başlanypdyr. Iki tarap hem gazaply söweşipdir. Galany goraýjylar örän tutanýerli garşylyk görkezip, batyrlyk hem-de gahrymançylyk bilen gylyçlaşypdyrlar. Gala ýygnanan ähli ilat – aýal-erkek, garrylar, çagalar ýurduň azatlygy we erkinligi ugrundaky ganly jeňde deňi-taýy bolmadyk edermenligiň, gaýduwsyzlygyň, durnuklylygyň nusgasyny görkezipdirler. Patyşa goşunlaryna türkmenleriň arasyndan ýekeje-de dönüklik edeni ýa-da içaly bolmaga razylyk bereni tapmak başartmandyr.

Söweş garaňky düşýänçä örän dartgynly ýagdaýda dowam edipdir. Galadaky türkmenler özara maslahat edip, rus goşunlaryna ýaraşyk baglaşmagy teklip etmeli diýen netijä gelseler-de,

bu pikirden el çekip, türkmenler galany gahrymançylyk bilen gorap saklamagy başarypdyrlar. Awgust aýynyň 28-inde bolan gazaply söweşde patyşa goşunlary 450 töweregi adam ýitiripdirler. Olar türkmenleriň zor salmagyna çydaman, yza çekilmäge mejbur bolupdyrlar. Türkmenler 600 sany berdanka tüpeňini olja alypdyrlar. Söweşde türkmenler hem köp ýitgi çekipdirler. Olaryň öleni we ýaraly bolany iki müň adama ýetipdir. Wepat bolanlaryň arasynda türkmeniň meşhur sazandasy Amangeldi Gönübek, Gara batyr, Berdimyrat han we başgalar bar eken.

Uzyn gün aç-suwsuz söweşen argyn esgerlere gije-de dynç bermän, Lomakin howlukmaçlyk bilen yza çekilip, ilki Börmede, soň hem Tersakan diýen ýerde düşläpdir. Ýolda rus goşunlary köp maddy ýitgiler çekipdirler. Harby enjamlary, azyk-suwluklary ýüklenen düýeleri keselçilik zerarly gyrlyp başlapdyr. Şonuň üçin köp ýüklerini taşlap, zordan özlerini Bendesen obasyna atypdyrlar. Ol ýerden hem aňyrlygyna gidipdirler.

Şeýlelik bilen, 1879-njy ýylyň Birinji Ahal-teke harby ýörişi ruslar üçin şowsuz gutarýar. Bu ýagdaý Russiýanyň hökümdarynyň lapyny keç etdi. «Merkezi Aziýada rus ýaragyny masgaralady, ýurduň abraýyna zyýan ýetirdi» diýip, gazet-žurnallarda uly goh-galmagal turupdyr. Her edip-hesip edip, patyşa Russiýasy rus ýaragynyň abraýyny dikeltmegi niýet edinýär.

---

**Soraglar we ýumuşlar**

**1.** Ahal ilaty rus goşunlaryna ilkibada nähili garapdyr? **2.** 1877–1879-njy ýyllarda rus goşunlary bilen türkmenleriň arasynda nirelerde harby çaknyşyklar boldy? **3.** Aşgabatda, Börmede geçirilen maslahatlarda garalan meseleler barada aýdyp beriň. **4.** 1879-njy ýylyň awgust aýynyň 28-inde bolan söweş barada gürrüň beriň. **5.** Birinji Ahal-teke harby ýörişi wagtynda türkmenler nähili gahrymançylyk görkezipdirler?

---

## §35. Ikinji Ahal-teke harby ýörişi

Birinji Ahal-teke harby ýörişi şowsuz tamamlanandan soň, patyşa hökümeti haýal etmän, Ahalyň ýerlerini basyp almak üçin ikinji ýörişe güýçli taýýarlyk görüp başlaýar. Bu taýýarlyk örän

düýpli hem ar almak ruhunda geçirilipdir. 1880-nji ýylyň başynda Ikinji Ahal-teke harby ýörişiniň baştutany edilip 1873-nji ýylyň Hywa ýörişine hem-de 1877–1878-nji ýyllardaky rus-türk urşuna gatnaşan general M.D. Skobelew bellenýär. Şol wagt Nurberdi han ýaraman ýatan eken. Onda-da ol Yzgantda gyssagly maslahat geçirýär. Maslahatda ähli ilaty Gökdepä ýygnamaly edilýär. Emma Nurberdi han basym ýogalypdyr. Onuň ýerine ogly Magtymguly bütin Ahalyň hany diýlip yglan edilýär. Ol ýaş eken. Şonuň üçin Orazmämmet han onuň wezirligine, Gurbanmyrat işan bolsa bütin Ahalyň kazylygyna bellenipdir. Galanyň gurluşygy güýçlendirilipdir.

General Skobelew 1880-nji ýylyň maý aýynda Krasnowodskä gelýär. Ol dessine rus goşunlarynyň ýerleşen ýerleri we olaryň ýagdaýy bilen tanyşýar. Ol goşunyň ok-ýarag, azyk-suw bilen üpjün edilmegine uly üns berýär. Hazar deňziniň kenaryndan başlanan demir ýol Baleýşem menziline çenli ýetirilipdir. Generalyň buýrugy bilen rus goşunlary haýal etmän Bama süýşüp gelipdirler. Ýoldaky obalary weýran edipdirler.

Skobelew Bamyda esasy güýçlerini goýup, 1880-nji ýylyň iýul aýynyň başlarynda 800 atly, 10 top, 8 raketa stanogyny alyp, Gökdepäni öwrenmek üçin barlag ýörişini geçirýär. Ol Gökdepäniň golaýyndaky Ýegenbatyr galasyny we Ýaňgala obasyny eýeläpdir. Şol ýerden Gökdepe galasy bilen baglanyşykly özlerine gerekli maglumatlary alyp, yzyna – Bama gidipdir. Ruslaryň yza çekilýän ýoluny kesmek üçin Dykma serdar bilen Gulbatyr serdar patyşa goşunlarynyň üstüne hüjüm edipdir. Şol gün Berkeli hanyň baştutanlygynda Mary türkmenlerinden 800-den gowrak atly Gökdepä kömege gelipdir. Olar hem gyzgyny bilen söweşe giripdirler. Ruslar bilen bolan çaknyşykda türkmenlerden 200-e golaý adam heläk bolupdyr. Olaryň arasynda bäherdenli Hudaýýar han, Marydan gelen Berkeli han bar eken.

Ruslar Gökdepe galasyna aýgytly hüjüm etmezden öň, ony pugta öwrenip, galanyň nusgasyny çekipdirler. Galanyň umumy meýdany 100 gektardan gowrak bolupdyr. Diwarynyň düýbüniň galyňlygy 11 metre, depesiniň galyňlygy 6 metre golaý, beýikligi bolsa 10-12 metre golaý bolupdyr.

Galany goraýjylaryň ýaragy juda ýöntem bolup, esasan, sowuk ýaragdan ybarat eken. Olarda bary-ýogy 4-5 müň tüpeň

bar eken. Galany goraýjylar kömek bermeklerini haýyş edip, Mary türkmenlerine ýüz tutupdyrlar. Marydan Topaz hanyň baştutanlygynda dekabr aýynyň 11-inde 2 müň atly gelip, 1881-nji ýylyň ýanwar aýyndaky söweşlere gatnaşypdyrlar.

Rus goşunlary ýuwaş-ýuwaşdan öňe süýşüp, täzeden Ýegenbatyr galasynda ymykly ornaşýarlar. 1880-nji ýylyň dekabr aýynyň ortasyna çenli şol ýere 38 rota, ýüz sany atly topar, eskadronlaryň 11-si, 72 top, 11 raketa stanogy, 5 müňe golaý naýzaly, 2 müň gylyçly goşun, müň topçy jemlenipdir. Bu ýere ot açýan ýaraglar üçin köpsanly ok, 150 put däri hem-de köp mukdarda azyk daşalypdyr. Şeýlelikde, Gökdepe galasyna hüjüm etmäge hemme zat taýýar edilipdir. Soňra rus goşunlary aýgytly söweş geçirip, harby taýdan has ähmiýetli bolan Ýaňgala obasyny eýeleýär. General Skobelew gala aýgytly hüjüm etmezinden öň, ony gabamagy ýüregine düwýär. Onuň bar aladasy gala ýygnanan türkmenleri galadan çykarman gyrmak bolupdyr. Türkmenler hem galany goramak üçin berk taýýarlyk görüpdirler. Her bir türkmen tiresiniň ýolbaşçysy we olaryň goramaly ýerleri anyk kesgitlenipdir.

1880-nji ýylyň 23-nji dekabryndan başlap gala her gün top okuna tutulypdyr. Skobelew türkmenler galany taşlap, guma tarap çekilen halatlarynda öňlerini kesmek üçin general Petrusewiçi Gökdepe galasynyň gündogarynda ýerleşýän Jümmi galasyna iberipdir. Ol ýere baran generalyň atlylary bilen Gulbatyr serdaryň atlylarynyň arasynda dekabr aýynyň 23-ünde uly söweş bolupdyr. Söweşde general Petrusewiç ölüpdir. Ruslar söweşiň bolan ýerine «Petrusewiçiň bagy» diýip at beripdirler. Sebäbi galanyň töweregi bag-bakjalyk eken. Bu söweşde iki tarap hem köp adam ýitiripdir.

Patyşa goşunlary her näçe jan etseler-de, olara galany doly gabamak başartmandyr. Sebäbi galanyň günbatary hem-de demirgazyk tarapy tutuşlygyna galany goraýjylaryň ygtyýarynda bolupdyr. Olar şol ýerlerden islän wagtlary girip-çykyp bilipdirler. Umuman, galany goraýjylaryň gaýraky gum bilen arasy üzülmändir. Magtymguly han ýaş bolansoň, galanyň içinde ähli işlere umumy ýolbaşçylyk etmek Dykma serdar bilen Gurbanmyrat işanyň hem-de Orazmämmet hanyň elinde jemlenipdir. Gala ýygnanan ilat şol adamlary goldapdyr, olaryň yzyna düşüpdir.

Türkmenler gylyç, pyçak, hyrly tüpeň, syryklaryň ujuna gyrkylyk, synny berkidilip ýasalan naýza bilen şol döwrüň iň kämil ýaragy bilen ýaraglanan rus goşunlaryna garşy gahrymanlarça söweşipdirler. Türkmenler garpyşma söweşine ökde bolansoň, ruslar olary golaýyna getirmän, köplenç, tüpeň we top okuna tutupdyrlar. Galany goraýjylar elleri sowuk ýaragly gijelerine çozuş edipdirler. Jemi üç gezek – 1880-nji ýylyň dekabr aýynyň 28-inde, 30-ynda we 1881-nji ýylyň ýanwar aýynyň 4-ünde gijeki çozuşlar geçirilipdir. Birinji çozuşa 4 müň adam, ikinji çozuşa 6 müň adam, üçünji çozuşa bolsa 12 müň adam gatnaşypdyr. Şunuň ýaly köpçülikleýin çozuşlara diňe uly ýaşly adamlar gatnaşman, 14-15 ýaşly ýetginjekler hem gatnaşypdyrlar. Birinji çozuşda türkmenler ruslaryň Apşeron polkunyň 4-nji batalýonynyň baýdagyny, iki sany dag topuny, köp mukdarda ok-däri, ençeme berdanka tüpeňini olja alypdyrlar. Iki gezekki çozuşdan soň, ruslar türkmenleriň gije çozuş tilsimini (taktikasyny) düýpli öwrenip, onuň garşysyna goranyş çärelerini geçiripdir. Uzyn gije söweşe taýýar bolup durupdyrlar. Şonuň üçin türkmenleriň 4-nji ýanwardaky bolan üçünji çozuşy şowsuz tamamlanypdyr. Söweş meýdanynda ýüzlerçe adamyň jesedi galypdyr.

4-nji ýanwardan soň türkmenler gije çozmak tilsiminden el çekipdirler. Ruslar bolsa gala has golaý gelip, galanyň teýine däri goýmak işlerini çaltlandyrypdyrlar.

---

**Soraglar we ýumuşlar**

**1.** General Skobelewiň Ikinji Ahal-teke harby ýörişine taýýarlyk görüşi barada gürrüň beriň. **2.** Skobelewiň harby-barlag ýörişleri barada gürrüň beriň. **3.** Türkmenler galany goramak üçin nähili taýýarlyk görüpdirler? **4.** Türkmenleriň nähili ýaraglary bolupdyr we olar duşmana nähili garşylyk görkezipdirler? **5.** Türkmenleriň gijeki çozuşlary we olaryň netijeleri barada gürrüň beriň.

---

## §36. Gökdepe galasynyň synmagy

1880-nji ýylyň dekabr aýynyň ortasyndan 1881-nji ýylyň 12-nji ýanwaryna – galanyň zabt edilen gününe çenli galany goraýjylar deň bolmadyk söweşlerde örän agyr we howply günleri

mertlik bilen başdan geçirdiler. General Skobelew Gökdepe galasyna aýgytly hüjüme geçmek üçin galanyň eteginde ummasyz köp goşun, ýarag we ok-däri jemleýär. Goşunlar dürli tarapdan hereket eder ýaly, olary üç topara bölüpdir. Olara polkownikler Kuropatkin, Kozelkow we podpolkownik Gaýdarow baştutanlyk edipdirler. Şol toparlar galanyň içine girenden soň birigip, Diňlidepä hüjüm etmegi dowam etmeli eken. Bulardan başga-da, ätiýaçlykdaky (rezerw) goşun topary döredilipdir.

1881-nji ýylyň 11-nji ýanwarynda partladyjy däri goýmak üçin gazuw işleri, esasan, tamamlanypdyr. Galanyň göz öňünde tutulan diwarynyň aşagyna 72 put däri eltilip taýýar edilip goýlupdyr.

Rus goşunlary 1881-nji ýylyň 12-nji ýanwarynda daň bilen hüjüme başlapdyrlar. Ilki bilen olaryň toplary galanyň diwarlaryndan gädik açmaly edilen ýerleri oka tutupdyr. Pyýada goşun bolsa gädik açylaryna hem galanyň diwarlarynyň partladylaryna garaşyp, hüjüme taýýar bolup durupdyr. Galany goraýjylar patyşa goşunlarynyň galanyň astyny gazýandyklaryny bilipdirler. Ýöne, galanyň diwaryny partladar ýaly däri goýmak üçin köw gazýandyr diýip, pikir etmändirler. 1881-nji ýylyň 12-nji ýanwarynda ir bilen güýçli partlama galanyň diwarynyň esli bölegini asmana göterýär.

Galany goraýjylar birbada bu bolýan hadysa anyk akyl ýetirip bilmändirler we aljyrapdyrlar. Emma basym olar özlerini dürsäp, elleri ýalaňaç gylyçly galanyň ýarylan ýerinden kürsäp giren rus goşunlaryna garşy hüjüme geçipdirler. Galany goraýjylar ölerini-galaryny bilmän, gahrymanlarça garşylyk görkezipdirler. Ep-esli wagtyň dowamynda bolup geçen gazaply söweşiň netijesinde, rus goşunlarynyň üç topary hem galanyň içinde birigip, uly güýç bolup has öňe hereket edýärler.

Galany goraýjylar ejizlik etmändirler, gahrymançylyk bilen goranmaklaryny dowam edipdirler. Ýeňşe hiç hili umyt ýok wagtynda şeýle batyrlyk bilen söweşilmegi türkmenleriň gözsüz batyrlygyndan nyşandyr. Galanyň içiniň hemme ýerinde söweş barha güýçlenipdir. Galany goraýjylaryň eli ýarag tutany ölümini boýnuna alyp, duşman bilen batyrgaý söweşipdir.

Galanyň içiniň köp bölegini eýeländen soň, rus goşunlarynyň üç topary hem Diňlidepä tarap hüjüme geçipdir. Ahal serkerde-



**Gökdepe söweşi. Galanyň partladylyşy**

leriniň baştutanlygynda galany goraýjylar duşmany Diňlidepä tarap goýbermejek bolup, ölümden heder etmän söweşipdirler. Söweş juda gazaply bolýar. Gökdepe galasy örän pajygaly ýagdaýa düşýär. Uruşmaga gurby çatmaýan adamlar galanyň gaýraky çykalgalaryndan çykyp, guma tarap çekilip başlaýarlar. Olar, esasan, aýal-gyzlardan, garrylardan, çagajyklardan ybaratdy. Eli ýarag tutup bilýän ilat göreşi dowam etdiripdir.

Rus goşunlary söweş bilen Diňlidepä golaýlapdyrlar. Olary topçular goldapdyr. Ruslaryň Şirwan atly polkunyň esgerleri Diňlidepäniň üstüni oka tutupdyrlar. Bu ýerde örän köp türkmen heläk bolupdyr. Günortanlar Şirwan polkunyň esgerleri öz baýdaklaryny Diňlidepäniň üstünde dikýärler. Kän wagt geçmänkä rus goşunlary Gökdepe galasynyň hemme ýerini diýen ýaly eýeleýär. Şeýlelikde, Gökdepe galasy synýar.

1881-nji ýylyň 12-nji ýanwary galany goraýjylar üçin hakykatdan-da pajygaly, örän agyr gün bolupdyr. Gala synandan soň guma gaçyp barýan ilatyň yzyndan pyýada, atly goşun kowalap gidipdir. Gökdepe galasyndaky söweşde örän köp pida çekilipdir. Wepat bolanlaryň arasynda Kerimberdi işan, Orazmämmet han, Dykma serdaryň ogly Hakberdi han we başgalar bar eken.

Gökdepe galasynyň synan gününiň ertesi – ýanwar aýynyň 13-ünde Skobelew galanyň içinde ýeňijileriň dabaraly ýörişini geçiripdir.

Şeýlelikde, general Skobelew özüniň arzuwly maksadyna ýetipdir. Ol gaty rehimsiz bolanlygy üçin türkmenler oňa «gözi ganly» general adyny beripdirler. Patyşa hökümeti bolsa «За взятие штурмом Гёк-тепе 12 января 1881 года» («1881-nji ýylyň 12-nji ýanwarynda Gökdepäni zabt edip alanlygy üçin») diýen ýazgy ýazylan medal döredýär. Onuň bilen Gökdepe galasyny almaga gatnaşanlaryň hemmesi sylaglanypdyr.

Gökdepe galasy synandan soň, Ahal türkmenleri köp wagtlap bakna ýagdaýda ýaşadylar. 18-nji ýanwarda rus goşunlary Aşgabady hem eýeleýär. Ýöne ahal ilini basyp almak patyşa Russiýasyna biçak gymmat düşýär. Ol tutuş Orta Aziýany basyp almak üçin edilen çykdajydan birnäçe esse köp boldy.

Gökdepe urşunda türkmenleri patyşa goşunlarynyň kämil ýaragy ýeňdi. Türkmenler uruşda diri galmak üçin däl-de, watanyň azatlygy we halkyň erkinligi üçin pida çekdiler.

---

Soraglar we ýumuşlar

**?** **1.** Rus goşunlarynyň taýýarlyk işleri we Gökdepe galasyna aýgytly hüjüme geçişi barada gürrüň beriň. **2.** Gökdepe galasynyň içinde bolan söweşiň gidişi barada gürrüň beriň. **3.** Söweşde türkmenler nähili edermenlik görkezipdirler? **4.** Gala synandan soň bosgunlaryň ýzarlanylyşy we patyşa goşunlarynyň eden-etdiligi barada gürrüň beriň. **5.** Näme üçin Ahaly eýelemek patyşa Russiýasyna gymmat düşüpdir? Öz pikiriňizi aýdyň.

---

## §37. Marynyň patyşa Russiýasyna mejbury birikmegi

Gökdepe söweşinden soň Mary sebitlerindäki syýasy ýagdaý has çylşyrymlaşýar. Gökdepe pajygasy maryly türkmenlere örän uly täsir edipdir. Ol ýere ahally bosgunlar hem baryp başlapdyr. Olaryň arasynda Dykma serdar, Magtymguly han hem bardy. Patyşa hökümeti Maryny eýelemeklige uly ähmiýet beripdir. Baryp Gökdepä edilen ýörişler wagtynda onuň aladasyny edipdir. Indi bolsa ýuwaş-ýuwaşdan süýşüp gelýän ruslar bilen uruşmalymy ýa-da olara tabyn bolmalymy diýen mesele Mary ilatyny

has biynjalyk edipdir. Emele gelen ýagdaýdan çykmagyň dürli usullaryny seljerip görüpdirler. Olar kömek sorap Eýrana, Owganystana, Hywa, iňlislere ýüz tutmagyň maslahatyny-da edipdirler. Ahyry bu meselede iki topar emele gelýär. Birinji topar ruslara garşy uruşman, parahatçylykly ýol bilen birleşmegiň tarapdary bolýar. Ikinji topar bolsa ýurdy goramak üçin patyşa goşunlary bilen uruşmagy ündeýär.

Gökdepe söweşinden soň günorta Türkmenistanyň ýerleri, şol sanda Mary bilen baglanyşykly iňlis-rus bäsdeşligi has ýitileşýär. Iňlisleriň gizlin jansyzlary türkmenleri ruslara garşy göreşmäge çagyryp, olara kömek bermegi hem wada beripdirler. Şol döwürde «Deýli Nýus» gazetiniň habarçysy Edmond O'Donowan Mara gelýär. Ýerli ilat ony Angliýanyň gizlin ilçisi hasap edýär. O'Donowan telim aýlap Gowşutgalada ýaşaýar, ýerli hanlar bilen her gün diýen ýaly duşuşýar. Ýöne türkmen kethudalary Angliýanyň Mary türkmenlerine kömek berjekdigine kän bir ynam etmändirler.

Patyşa hökümeti Maryny eýelemek üçin taýýarlyk işlerini barha güýçlendirýär. Munuň üçin ol dürli hilegärliklere ýüz urupdyr. Ilki bilen, ol ilatyň arasynda täsiri uly adamlara sylag, sowgat, çin bermek arkaly olary öz tarapyna çekip başlaýar. Rus çinownikleri tarapyndan 1882-nji ýylyň başynda Aşgabatdan Mara dürli harytlar ýüklenen söwda kerweni guralýar. Munuň özi ruslar bilen Mary ilatynyň arasynda söwda-satyk işleriniň güýçlenmegine täsir edýär. Soňra rus goşunlary kem-kemden gündogara süýşmeklerini dowam etdirýärler. 1883-nji ýylyň ahyrynda general Komarowyň baştutanlygynda patyşa goşunlarynyň kiçiräk topary Tejeni eýeleýär we Mara golaý barýar. Şol ýerden rus goşunlarynyň baştutany asly dagystanly musulman, türkçe gepläp bilýän, patyşa goşunlarynyň ştabs-kapitany M. Alyhanow-Awarskini Mara iberýär. Ol Mara baryp, onuň ähli ýagdaýlaryny pugta öwrenmelidi.

Alyhanowyň ýany bilen eýýäm rus raýatlygyny kabul eden Magtymguly han hem gidýär. Alyhanow Mara gelenden soň, haýal etmän Magtymguly hanyň üsti bilen Nurberdi hanyň aýaly Güljemal han (1836–1919 ý.), onuň ogly Ýusup han (1863–1920 ý.) bilen tanyşýar. Rus häkimiýetlermiň wekili hökmünde nähili maksat bilen gelendigini mälim edýär. Onuň gozgan meselesini ara alyp maslahatlaşmak üçin 1884-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-inde uly



**Marynyň we Ahalyň han-begleri**

Geňeş çagyrylypdyr. Onda Güljemal han uly orun eýeläpdir. Ol adamsy Nurberdi han ölenden soň, Marynyň hany bolup galýar. Geňeşe ähli taýpa-tire hanlary, kethudalary, aksakgallary gatnaşypdyrlar. Onda «Ýurdy goramak üçin patyşa goşunlary bilen uruşmalymy ýa-da olara garşylyk görkezmän, tabyn bolmalymy?» diýen mesele garalypdyr. Ilki Alyhanow söz sözläpdir. Ol Mary ilatynyň parahatçylykly ýol bilen patyşa Russiýasynyň raýatlygyna geçmegini ündäpdir. Sözüniň ahyrynda bolsa, eger ilat onuň beren maslahatyny kabul etmese, onda olary rus goşunynyň zor bilen boýun egdirjekdigini aýdypdyr. Olara Gökdepe galasyndaky gyrgynçylygy ýene-de bir gezek ýatladypdyr.

Soňra esasy maslahatçy hökmünde Magtymguly han çykyş edipdir. Ol öz ildeşlerine Alyhanowyň talaplaryna razy bolmakdan başga alajyň ýokdugyny aýdypdyr. Geňeşe gatnaşanlaryň arasynda Russiýanyň raýatyna geçmäge garşy bolanlar hem bolupdyr. Ep-esli wagt dowam eden çekeleşikden soň, Geňeş Mary türkmenleriniň patyşa Russiýasynyň raýatlygyna geçmäge razydyklary barada karar kabul edipdir. Şol günüň özünde ýörite haýyşnama ýazypdyrlar. Haýyşnama Marynyň 4 hany we 24 kethudasy möhürlerini basyp, gollaryny çekipdir. Emele gelen taryhy ýagdaýa dogry düşünen geňeşiň agzalary ilaty gyrgyna bermejek bolup, mejbury suratda şeýle karara gelipdirler.

Marynyň patyşa Russiýasyna parahatçylykly ýol bilen mejbury ýagdaýda birleşmegine ýerli ilat birmeňzeş garamandyr. Ilatyň käbir topary we Gajar han oňa garşy bolupdyr.

General Komarow bir bölek goşun topary bilen 1884-nji ýylyň 22-nji fewralynda Aşgabatdan Mara ugrapdyr. Onuň goşun toparyny Gajar hanyň 4 müň atly topary 29-njy fewralda Marynyň eteginde ok bilen garşy alypdyr. Emma bu harby çaknyşykda Gajar hanyň topary ýeňlipdir. Ikinji şeýle synanyşyk martyň 2-sinden 3-üne geçilýän gijede bolup, ol hem türkmenler üçin şowsuz tamamlanypdyr. Gajar han we onuň egindeşleri tussag edilipdir. Şondan soň rus goşunlary Maryda ymykly ornaşypdyr.

---

**Soraglar we ýumuşlar**

**?**

**1.** Mary ilaty patyşa Russiýasyna birikmek meselesine nähili garapdyr? **2.** Mary bilen baglanyşykly rus-iňlis bäsdeşligi näme üçin ýitileşipdir? **3.** Patyşa hökümetiniň Maryny eýelemek üçin alyp baran syýasaty barada gürrüň beriň. **4.** 1884-nji ýylda bolan Mary Geňeşi hakynda gürrüň beriň. Güljemal han kim bolupdyr? **5.** Näme üçin Gajar hanyň topary patyşa goşunlary bilen çaknyşypdyr?

---

## §38. Daşköpri söweşi (1885 ý.)

Mary türkmenleriniň parahatçylykly ýol bilen mejbury suratda Russiýa birikdirilmegi köp meseleleriň öz-özünden çözülmegine ýardam etdi. Günorta Türkmenistanyň Ýolöten, Pendi we Sarahs ýaly etraplarynyň ilaty hem Russiýanyň raýatlygyna kabul edilmegini sorap ýüz tutupdyr. Bu meseläni çözmek üçin Ýolötene Magtymguly hany we inžener Lessary iberýärler. Netijede, bu ýerler hem 1884-nji ýylyň ýaz-tomus aýlarynda uruşsyz, parahatçylykly ýol bilen patyşa Russiýasynyň düzümine girdiler. Şeýlelik bilen, Türkmenistan doly patyşa Russiýasynyň golastyna düşüpdir.

Marydan soň Günorta Türkmenistan meselesiniň şeýle çalt çözülmegi Eýrany, Owganystany hem-de iňlis serkerdelerini örän ynjalykdan gaçyrýar. Sebäbi Etek bilen Sarahsa Eýran, Pendi topragyna bolsa Owganystan dalaş edýärdi. Munuň özi araçäk meselesini diýseň çylşyrymlaşdyrýardy.

Patyşa goşunlarynyň günorta-gündogara tarap süýşmegine iňlisler päsgel bermäge synanyşypdyrlar. Olar Owgan emirine Guşgy we Pendi sebitlerini eýelemegi maslahat beripdirler. Owgan goşunlaryna tälim berer ýaly öz harby serkerdelerinden adam beripdirler, az-owlak ýarag kömegini edipdirler. Owganlar bolsa tiz wagtdan türkmen topragyna aralaşmak üçin hereket edip başlapdyrlar. Olaryň goşun bölümleri eýýäm 1884-nji ýylyň maý aýynda Guşgy derýasynyň Murgaba guýýan ýerindäki Akdepeden dumly-duşa ýaýrap ugrapdyr. Şonuň üçin 1885-nji ýylyň ýanwar aýynyň 15-inde general A.W. Komarow podpolkownik Alyhanowy ýanyna çagyryp, oňa Pulhatyny eýelemegi buýrupdyr. Onuň esasy maksady Pulhatyny eýeläp, owgan goşunlarynyň Murgap boýlaryndan yza çekilmegini gazanmakdy. Ol öz buýrugynda şol töwerekde iň gowşak ýeriň Daşköprüdigini belläpdir. Daşköpriniň ýanyndan owgan goşunlary yza çekiler ýaly edilmese, soň ol ýerlere erk etmek Russiýa üçin juda kyn boljakdygyny Alyhanowa berk duýdurypdyr.

Iňlis generaly Lemsden bolsa Alyhanowa hat iberip, eger ol öz harby topary bilen Daşköprini eýeläýse, Russiýa bilen diplomatik aragatnaşyklar kesiljekdir diýip, hemle urupdyr. Emma onuň haýbaty patyşa goşunlarynyň öňe süýşmegini durzup bilmändir. Murgap jülgesine tarap iki harby topar, ýagny biri Samarkantdan, beýlekisi Aşgabatdan iberilipdir. Şol harby toparlaryň ikiside mart aýynyň 8-inde general A.W. Komarowyň baştutanlygyndaky Murgap harby toparyna birigipdir. Şeýlelikde, bärden



**Pulhatyn köprüsi**

rus goşunlary, ilerden hem owgan goşunlary biri-birlerine tarap süýşüp, Daşköprinin ýanynda duşuşypdyrlar.

1885-nji ýylyň 18-nji martynda Daşköprinin ýanynda rus we owgan goşunlarynyň arasynda aýgytly söweş bolupdyr. 4 müň adamdan we 8 topdan ybarat bolan owgan nyzamly goşunlary batyrgaý söweşipdirler. Emma olar rus goşunlarynyň has güýçli top oklarynyň we oňat harby tälimininň öňünde durup bilmändirler. Owganlylar bu söweşde ep-esli maddy zyýan çekipdir we 500 adam ýitiripdir. Iňlis harby serkerdeleri bolsa owganlary taşlap, ilki gaçypdyrlar. Şeýlelik bilen owganlaryň Guşgy we Pendi sebitlerini eýelemek synanyşyklary şowsuz gutarypdyr.

Daşköpri söweşinde rus goşunlary-da ýitgi çekipdir. Söweşden soň general Komarow bu sebitdäki türkmen obalaryna ýeňiji hökmünde aýlanyp çykýar, olary wagtlaýyn edara etmek üçin Ýolötenden Öwez baý diýen adamy belleýär. Şeýlelikde, Ýolöten we Pendi sebitleri hem patyşa Russiýasynyň düzümine doly girýär.

Patyşa Russiýasy Türkmenistany doly eýeländen soň, Eýran we Owganystan döwletleri bilen araçägi kesgitlemek meselesi orta çykýar. Bu mesele Russiýa Ahal-teke sebitlerini basyp alan badyna döräpdi. General Skobelew haýal etmän Etrek, Sumbar, Çendir boýunça kartalary çekmegi, ähli çyzgy maglumatlaryny taýýarlamagy tabşyrypdy. 1881-nji ýylyň dekabr aýynda Eýran bilen araçäk çekmek barada ilkinji Şertnama gol çekilipdi. Şertnama boýunça günbatar tarapda Esenguly aýlagyndan başlap, gündogarda Babadurmaza çenli iki ýurduň araçäginiň ugry kesgitlenipdi. Bu şertnama gol çekileni bilen iki ýurduň arasyndaky ýer we araçäk hem-de ilat baradaky mesele gutarmady. Entek öňde Etek, Tejen, Sarahs bardy. Uzaga çeken gepleşiklerden soň, Russiýa Eýran döwleti bilen ylalaşyk esasynda araçäk çekmek meselesini doly tamamlaýar.

Owgan araçäginiň çekilmegi baradaky gepleşikler Daşköpri söweşinden soň başlandy. Rus-owgan araçägini kesgitlemek meselesi patyşa Russiýasynyň we Angliýanyň ylalaşygy boýunça çözüldi. Araçäk, esasan, iki tarapyň taýýarlan topografik kartalaryny degşirmek üsti bilen kesgitlenildi. 1885-nji ýylyň awgust aýynda polkownik Rižueý we rus inženeri Lessar araçägi takyklamak barada Londonda alnyp barylýan gepleşiklere gat-

naşdylar. Şol gepleşikleriň esasynda ýörite teswirnama taýýarlanyp, oňa iki döwletiň wekilleri gol çekdiler. Şoňa laýyklykda, araçägi ýerinde kesgitlemek üçin iki tarapdan işçi topar döredildi. Işçi toparlaryň araçäk çekmek üçin alyp baran işleri 1887-nji ýylda doly tamamlandy. Şol serhet häzir hem Türkmenistanyň döwlet serhedidir.

Döwletleriň arasynda araçäk çekmek örän çylşyrymly mesele. Diňe zora, güýje daýanmak arkaly şeýle araçäk patyşa Russiýasynyň we Angliýanyň ylalaşygy boýunça çekildi. Şonda türkmen halkynyň bähbidi, bitewüligi, etniki alamatlary nazarda tutulman, eýsem, uzaga gidýän harby bähbitlerden ugur alnyp, derýalaryň hanasy, daglaryň gerşi ýa-da jülgesi boýunça çekildi. Sowet ýyllary döwründe şol çekilen araçäk berk goralýan ýapyk serhede öwrüldi. Türkmenistan Garaşsyzlygyny gazanandan soň, demir gala öwrülen ýapyk serhet kem-kemden açylyp, halklaryň dostlukly gatnaşyklaryna ýardam edýän hoşniýetli goňşuçylyk serhedine öwrüldi.

---

Soraglar we ýumuş

?

1. Marydan soň patyşa Russiýasy Günorta Türkmenistanyň haýsy etraplaryny we nähili eýeläpdir? 2. Näme üçin owgan goşunlary türkmen topragyna aralaşyp başlapdyrlar? 3. Daşköpriniň ýanynda bolan söweş barada gürrüň beriň. 4. Rus-eýran we rus-owgan araçäkleri nähili we kimler tarapyndan kesgitlendi? 5. Türkmenistanyň Eýran hem-de Owganystan döwletleri bilen ozalky we häzirki gatnaşyklary barada näme bilýärsiňiz?

---

## §39. Türkmenistanyň basylyp alynmagynyň tamamlanmagy

Patyşa Russiýasy basyp alan ýerlerinde özüniň baknaçylyk syýasatyny amala aşyrmak üçin turkmen hanlary we kethudalary bilen gowy aragatnaşyk saklap, olary öz tarapyna çekmäge çalşypdyr. Gökdepe galasy synandan soň hem Dykma serdar, Magtymguly han dagylar birnäçe wagtlap rus häkimiýetlerine boýun egmän gezipdirler. Emma çykalga tapman, ahyrsoňy ruslara mejbury ýagdaýda tabyn bolupdyrlar. Dykma serdar 1881-

-nji ýylda rus häkimiýetleri tarapyndan Sankt-Peterburga iberilen teke türkmenleriniň ilkinji wekillerine ýolbaşçylyk edipdir. Onuň ýanynda Gökdepe söweşinde onuň sag goly bolan Gulbatyr serdar (1820–1905 ý.) we başga-da birnäçe adam bolupdyr. Ruslar olary Peterburg gorhanasyna, ok zawodyna, artilleriýa muzeýine aýlapdyrlar. Iň soňunda hem olary patyşa Aleksandr II kabul edip, olara harby çin beripdir. Şeýdip, patyşa hökümeti türkmenleriň görnükli adamlaryny öz tarapyna çekip, olaryň üstünden öz agalygyny pugtalandyryp başlapdyr.

Mary sebitleriniň parahatçylykly ýol bilen patyşa Russiýasyna birleşmeginde Güljemal hana, Magtymguly hana uly orun degişlidir. Olar Gökdepe urşunyň netijelerine anyk göz ýetirmek bilen, Mary sebitiniň ilatyny gyrgyna bermän, patyşa Russiýasyna birikmegiň tarapdary bolup çykyş edipdirler. Rus patyşasynyň çagyrmagy boýunça Güljemal han hem öz ýakyn adamlary bilen Sankt-Peterburga barypdyr. Rus patyşasy oňa hem gymmat bahaly sowgatlar gowşurypdyr, ömürlik pensiýa belläpdir.

Magtymguly han (1857–1919 ý.) Mary ilatynyň patyşa Russiýasynyň raýatlygyna parahatçylykly ýol bilen geçmegini ündäpdir. Bu hyzmaty üçin patyşa hökümeti Magtymguly hanyň sylagyny ýetiripdir. 1884–1890-njy ýyllarda oňa ilki maýor, soňra podpolkownik çini berilýär. Ol birnäçe gezek Sankt-Peterburga barypdyr. Ikinji döwlet Dumasynda (mejlis) türkmenleriň adyndan wekilçilik edip, olaryň bähbidini gorapdyr. Patyşa hökümeti Magtymguly hana hem ömürlik uly pensiýa belläpdir.

Patyşa hökümeti Meňli hana, Sary hana, Gara işana we Teke hana harby çin berip, ýokary aýlyk belläpdir. Olaryň hemmesi uýezd başlygy ýa-da pristawlyk wezipesine bellenýärler. Güljemal hana we ogly Ýusup hana Mary-Baýramaly aralygynda iň amatly ýerden köşk salnyp berilýär. Russiýanyň raýatlygyny kabul etmäge goldaw beren türkmen kethudalary bolsa «За усердие» («Görkezen yhlasy üçin») diýen ýazgyly kümüş medal bilen sylaglanypdyrlar.

Şeýlelikde, patyşa hökümeti Türkmenistany basyp alandan soň, ýerli ilatyň arasynda goldaw tapmak üçin olaryň has täsirli bölegini öz tarapyna çekmek syýasatyny alyp barypdyr. Türkmenlere bolsa patyşa hökümetiniň baknaçylyk syýasatyna tabyn bolmakdan başga çykalga galmandyr.

Türkmenistan patyşa Russiýasy tarapyndan basylyp alnandan soň, türkmenleriň erkana ýaşaýyş durmuşy wagtlaýyn tamamlanýar. Gazawat gyrgynçylygy, Gökdepe pajygasy ýaly wakalar halkyň aňynda ýatdan çykmajak yz galdyrdy. Sowetler döwründe-de şol gara günler barada hakykaty doly açyp görkezmek mümkin bolmady. Türkmen ogul-gyzlary diňe bir Gökdepe söweşinde däl, eýsem, asyrlaryň dowamynda öz Watanyny, ene topragyny gorap, birnäçe gazaply söweşlerde janlaryny gurban edipdiler. Gökdepe gyrgynçylygynda bolsa hiç bir halkyň günäsi ýokdur, ol diňe patyşa hökümetiniň basybalyjylykly syýasatynyň netijesidir.

1993-nji ýylyň 12-nji ýanwarynda Gökdepe galasyna baranda Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşy 1879–1881-nji ýyllardaky Gökdepe urşuny Watançylyk urşy, onda wepat bolanlaryň hemmesini Watançylyk urşunyň gahrymanlary diýip yglan etdi. Gökdepe galasynyň diwarlarynyň öňküsi ýaly edilip täzeden dikeldiljekdigini mälim etdi. Galany goran gahrymanlaryň ýagty ýadygärligini ebedileşdirmek maksady bilen, ol ýerde uly metjit bina edildi. Oňa «Saparmyrat hajy metjidi» diýlip at berildi. Munuň özi öz Watanynyň garaşsyzlygy, halkynyň erkanalygy ugrunda janyny gurban edenleriň ýadygärligine mukaddes sarpa goýulmagydyr, taryhy hakykata dogry baha berilmegidir.

Türkmen halky on iki sünňi bilen parahatçylygy, özbaşdaklygy, erkanalygy söýýän halk. Ol hiç wagt goşun sürüp, Hywa hanynyň, Eýran şasynyň ýa-da Russiýa imperiýasynyň üstüne barmandyr. Türkmenler hiç kim bilen ýer-çäk dawasyny etmändir. Duşman onuň üstüne uzak ýol söküp gelipdir.

Sowetler döwründe türkmen halkynyň taryhynyň ýoýulyp beýan edilişi ýaly, patyşa Russiýasynyň Türkmenistany basyp almagy hem nädogry teswirlenip gelindi. 1959-njy ýyldan tä 1983--nji ýyla çenli taryhy edebiýatda «Türkmenistanyň Russiýa döwletine birikdirilmegi» diýen kesgitleme – düşünje dowam edip geldi. Bu düşünje şol döwrüň kommunistik ideologiýasynyň talabyna görä gelnen netijedi. Soňra muny hem az görüp, TKP MK-nyň (Türkmenistan Kommunistik partiýasynyň Merkezi Komitetiniň) «Türkmenistan SSR-niň we TKP-niň döredilmeginiň 60 ýyllygy we Türkmenistanyň Russiýanyň düzümine meýletin girmeginiň 100 ýyllygy hakynda» diýen karary kabul etmegi, ony üýtgetmegi talap etdi. Şunlukda «Türkmenistanyň Russiýanyň düzümine meýletin birikmegi» diýen kesgitleme – düşünje döredildi. Bu



**Gökdepedäki Saparmyrat hajy metjidi**

düşünjäni diýdimzor ideologiýanyň agram salmagyna garamazdan, halk köpçüligi goldamady.

1993-nji ýylda Aşgabat şäherinde taryhçy alymlaryň «Patyşa Orsýetiniň Türkmenistany basyp almagy: sebäpleri we netijeleri» diýen temada ylmy maslahaty geçirildi. Maslahatda Türkmemistanyň görnükli alymlary çykyş edip, patyşa Russiýasynyň Türkmenistany güýç bilen basyp alandygy hem-de ony öz baknasyna öwrendigi anyk maglumatlar arkaly beýan edildi. Bu maslahatyň taryhy ähmiýeti hakykaty ylmy taýdan aýan edenliginden ybaratdyr. Garaşsyz Türkmenistanda taryh ylmynyň ösmegi bilen geçmişiň köpsanly wakalary öz hakyky beýanyny tapdy.

### Soraglar we ýumuş

1. Näme üçin patyşa hökümeti türkmen hanlaryny, kethudalaryny öz tarapyna çekmäge çalşypdyr? 2. Türkmen hanlarynyň Sankt-Peterburga gidişi barada gürrüň beriň. 3. Saparmyrat Türkmenbaşy Gökdepe urşuna we oňa gatnaşyjylara nähili baha berdi? 4. Näme üçin sowetler döwründe Gökdepe söweşi baradaky taryhy hakykat ýoýulyp görkezildi?

## II BAP
# TÜRKMENISTAN BAKNALYK DÖWRÜNDE

### §40. Zakaspi oblastynyň harby-baknaçylyk dolandyryş ulgamy

Türkmenistany patyşa Russiýasynyň basyp almagy bilen baknalyk döwri başlanýar. Bu döwür 1869–1917-nji ýyllar aralygyny öz içine alýar. Patyşa hökümeti täze basyp alan ýerlerinde öz täsirini barha güýçlendirýärdi. Öz häkimligini pugtalandyrmak üçin türkmenleriň özboluşly dolandyryş düzgünini ýatyryp, onuň deregine öz bähbidine laýyk gelýän dolandyryşyň täze düzgünlerini ornaşdyrýar. Bu düzgün girizilende ýerli halkyň taryhy, milli aýratynlyklary, onuň ykdysady bähbitleri göz öňünde tutulmaýardy. 1873-nji ýylyň başlarynda Krasnowodsk pristawlygy döredilýär. Onuň düzümine Balkan daglarynyň töwerekleri, Çeleken, Çekişler, Esenguly, Ogurjaly adasy giripdir.

1874-nji ýylyň mart aýynda Zakaspi harby bölümi döredilýär. Zakaspi harby bölümi Müňgyşlak (merkezi Aleksandrowsk) we Krasnowodsk pristawlyklaryny öz içine alýardy. Şol ýylda kabul edilen «Zakaspi ülkesinde harby dolandyryş hakynda wagtlaýyn düzgünnama» görä, bu bölüm Kawkaz harby okrugyna tabyn edilýär. Sebäbi Kawkazda patyşa goşunlary köpdi we olar Hazar deňziniň gündogar kenarlaryna islendik wagtda öz güýçli täsirini ýetirip biljekdi. Bölümiň baştutany patyşanyň hut öz permany bilen harby adamlardan bellenilýärdi, oňa gubernatoryň hukugy berilýärdi. Bölümiň merkezi, onuň edaralary Krasnowodskde ýerleşýärdi. Umuman, Zakaspi harby bölümine demirgazykda Bozajy we Müňgyşlak ýarym adalaryndan başlap, günortada Etrek derýasyna çenli Hazar deňziniň gündogar kenarlary girýärdi. «Wagtlaýyn düzgünnama» boýunça Zakaspi harby bölümiň başlygy ýerli ilaty edara etmelidi we oňa doly gözegçiligi amala aşyrmalydy.

1879-njy ýylyň aprel aýynda Zakaspi harby bölüminiň başlygy Lomakin öz karary bilen Çat we Çekişler pristawlyklaryny döredýär. Şunlukda, Zakaspi harby bölümi dört sany pristawlykdan ybarat bolýar. Şondan soň bu bölüm bütin Türkmenistanyň ýerlerini eýelemek üçin patyşa Russiýasynyň daýanç meýdanyna öwrülýär.

Rus goşunlary Ahaly basyp alandan soň, onda mäkäm ornaşmak maksady bilen, patyşa hökümeti täze perman çykarýar. Ol perman esasynda 1881-nji ýylyň maý aýynda Ahal sebiti hem Zakaspi harby bölümine goşulýar. 1882-nji ýylda Zakaspi harby bölüminiň esasynda täze Zakaspi oblasty döredilýär. Täze döredilen oblast hem Kawkaz harby okrugyna tabyn edilýär. Oblastyň merkezi bolsa Aşgabat şäheri bolýar. Şu ýerden patyşa hökümeti gündogara tarap hereket edip başlaýar. Emma dolandyryş-çäk bölünişigiň bu durky uzak dowam etmeýär. 1882-nji ýylyň iýun aýynda täze «Wagtlaýyn düzgünnama» kabul edilip, oblasty edara etmegiň uýezdlere bölünýän dolandyryş düzgüni girizilýär. Netijede, oblast üç sany uýezde – Müňgyşlak, Krasnowodsk we Ahal-teke uýezdlerine bölünýär. Bularyň dolandyryş merkezleri öňküligine galýar, oblastyň merkezi bolsa Aşgabat bolýar.

1883–1886-njy ýyllar aralygynda Zakaspi oblastynyň çäkleri barha giňelýär. 1884-nji ýylda Ýolöten we Sarahs pristawlyklaryndan ybarat bolan Mary hem Tejen okruglary (olar tiz wagtdan uýezd diýlip atlandyrylýar) döredilýär. 1885-nji ýylda Daşköpri söweşinden soň, Pendi pristawlygy döredilip, ol Mary uýezdine birikdirilýär. 1886-njy ýylda bolsa täze Etek pristawlygy (häzirki Kaka etraby) döredilip, ol Ahal-teke uýezdiniň düzümine goşulýar. 1890-njy ýylda Ahal-teke uýezdi Aşgabat uýezdine öwrülýär. Şol ýylda oblasty edara etmek baradaky «Wagtlaýyn düzgünnama» üçünji gezek täzelenýär. Bir ýyldan soň bolsa Aşgabat uýezdinden Etek, Mary uýezdinden Sarahs pristawlygyny aýryp, olary Tejen uýezdiniň düzümine goşýarlar.

1897-nji ýylda Zakaspi oblasty harby ministrlikden aýrylýar. Ol administratiw taýdan Türküstan general-gubernatorlygynyň düzümine birikdirilýär, harby taýdan bolsa Türküstan harby okrugyna tabyn edilýär. Sebäbi şol döwürde Zakaspi oblasty demir ýol arkaly Türküstan bilen doly baglanyşypdy.

Şeýlelikde, oblast täze dolandyryş (administratiw) ulgamyna eýe bolýar. Ol ýedi pristawlyga bölünen bäş uýezdden – Müňgyşlak, Krasnowodsk (Çekişler we Garrygala pristawlyklary); Aşgabat (Durun); Tejen (Etek we Sarahs); Mary (Pendi we Ýolöten) uýezdlerinden ybarat bolupdyr. Pristawlyklara goşulmadyk ýerler uýezd başlyklaryna garaşly bolupdyr.

Zakaspi oblasty patyşa Russiýasynyň agalygyny üpjün etmek maksady bilen döredilýär. Zakaspi oblastynyň döredilmegi




**Zakaspi oblastynyň uýezdleri**

bilen türkmen halky bäş bölege bölünipdir. Indi türkmen halky Zakaspi oblastynda, Hywada, Buharada, Eýranda, Owganystanda ýaşaýardy. Olar syýasy we dolandyryş taýdan biri-birlerinden üzňe bolupdyrlar.

Oblast, uýezd, pristaw başlyklary patyşa hökümetine ynamdar rus serkerdelerinden bellenipdir. Oblast başlygy häkimiýeti dolandyrmakda çäklendirilmedik hukukdan peýdalanypdyr. Ähli ýerli dolandyryş edaralary, polisiýa, goşun şonuň ygtyýarynda bolupdyr. Ol ýerli ilatyň wekillerini aşaky wezipelere belläp ýa-da olary aýryp bilýärdi.

Uýezd we pristaw başlyklary hem özlerine ynanylan ýerde uly hukuklardan peýdalanýardylar. Pristawlykdan soň aşaky dolandyryş edarasy wolostnoýçylykdan we oba arçynlaryndan ybaratdy. Bu wezipelere il ýüzüne ýerli ilatdan saýlanylýardy. Wolostnoýlar (wolost ýolbaşçysy) we oba arçynlary ýörite çagyrylan ýygnaklarda saýlanylýardy. Emma bu saýlawlar hem galplaşdyrylýardy. Ol wezipelere patyşa çinownikleri köplenç halatlarda diňe özlerine ýaramly ýerli adamlaryň saýlanmagyny gazanýardylar. Bu galp düzgün patyşa häkimiýetlerine il ýüzüne «harby halk dolandyryşy» diýmek üçin gerekdi. Wolostnoýlaryň we ar-

çynlaryň esasy wezipesi öý başyna düşýän salgydy ýygnamak, gazy-haşar, bent, gatla, köpri gurmak ýaly işleri amala aşyrmakdan ybaratdy.

Oblastda umumy raýatlyk we kazyýet edaralary hem patyşa häkimiýetleriniň elindedi. Obalarda kazyýet işlerine oba kethudalary, kazylar seredýärdi. Olar kazyýet işlerini şerigat we adat esasynda alyp barýardylar.

Oblastyň dolandyryş edaralarynda iş ýöretmeklik diňe rus dilinde alnyp barylýardy. Munuň özi türkmen halkyna juda agyr degýärdi. Sebäbi şol döwürde halkyň aglaba köpüsi rus dilini bilmeýärdi. Oblastyň harby-baknaçylyk dolandyryşynyň ähli ýerlerinde hyýanatçylyk, eden-etdilik, parahorlyk ýaly nogsanlyklar höküm sürýärdi. Baknaçy häkimiýetiň ýolbaşçy işgärleri ilatdan alynýan köpsanly salgytlaryň we tölegleriň hasabyna saklanýardy.

Zakaspi oblastynyň umumy meýdany 532 müň inedördül km-e barabardy. 1897-nji ýylyň ilat ýazuwy boýunça oblastda 382,5 müň adam ýaşaýardy. Esasy ilaty bolsa türkmenlerdi. Bu ýerde gazaklar, ruslar, ermeniler, azerbaýjanlar, eýranlylar, parslar we başga-da dürli milletleriň wekilleri ýaşaýardy.

---

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Baknalyk döwri haýsy ýyllary öz içine alýar? 2. Zakaspi harby bölümiň döredilmegi we onuň düzümine girýän pristawlyklar barada gürrüň beriň. 3. Zakaspi oblasty haçan döredilýär we onuň düzümine näçe uýezd giripdir? Olary kartadan görkeziň. 4. Näme üçin Zakaspi oblastyny dolandyrmagyň «Wagtlaýyn düzgünnamasy» birnäçe gezek üýtgedilýär? 5. Zakaspi oblastynda kazyýet işleri nähili guralypdyr?

---

## §41. Zakaspi demir ýolunyň gurluşygy. Amyderýa gämiçiligi

Patyşa Russiýasynyň agalygy döwründe Türkmenistanyň ykdysadyýetinde ep-esli özgerişler bolup geçýär. Indi bu ýerlere rus maýasy, aýratyn hem söwda maýasy çekilýär, pul-haryt gatnaşyklary ösüp başlaýar. Bu bolsa türkmenleriň natural hojalygyny kem-kemden dargadyp başlaýar. Onuň deregine senagat

kärhanalary döräp başlaýar. Şu babatda XIX asyryň 80-nji ýyllarynda gurlan Zakaspi demir ýoly uly ähmiýete eýe bolýar.

Demir ýoluň gurluşygy Gökdepe söweşine taýýarlyk görülýän döwürde – 1880-nji ýylyň iýun aýynda başlanypdyr. Onuň Russiýa üçin harby we ykdysady bähbidi uludy. Şonuň üçin ol çalt depgin bilen amala aşyrylypdyr. Hazaryň kenaryndaky Mihaýlow aýlagyndan başlanýan demir ýol 1881-nji ýylyň sentýabr aýynda Gyzylarbada (häzirki Serdar ş.) ýetirilipdir.

Marynyň ilaty patyşa Russiýasyna mejbury birikdirilenden soň, demir ýoluň gurluşygy has güýçli depgin bilen täzeden dowam etdirilýär. 1885-nji ýylyň iýul aýynda demir ýoly Gyzylarbatdan gündogara tarap çekip ugraýarlar we şol ýylyň noýabr aýynyň 30-ynda Aşgabada ilkinji otly gelýär. 1886-njy ýylda demir ýol eýýäm Mara, soňra Çärjewe (Türkmenabada) ýetirilipdir. Şol ýyl bu ýoluň Hazaryň kenaryndaky başlanýan ýerini Mihaýlow aýlagyndan täze gurlan Uzynada gämi duralgasyna (port) çenli uzaldypdyrlar. Demir ýoly dowam etdirmek üçin Amyderýanyň üstünden wagtlaýyn agaç köpri gurlupdyr. 1888-nji ýylda demir ýol Samarkanda çenli ýetirilipdir. 1901-nji ýylda Amyderýanyň üstünden agaç köprä derek demir köpri gurulýar.

Patyşa Russiýasy Orta Aziýada öz eýeleýän ornuny berkitmek maksady bilen, demir ýol gurluşygyna uly üns berip, onuň üçin köp harajat edipdir. «Zakaspi demir ýoly» adyny alan bu ýol 1898-nji ýylda Mary menzilinden Ýolöten we Pendi düzlüginiň üsti bilen Guşgy galasyna çenli çekilýär. Soňra muňa «Guşgy demir ýoly» ady berlipdir. Şol döwürde Hazar deňziniň suwunyň peselmegi we Uzynada gämi duralgasynyň hatardan çykmagy sebäpli, demir ýoluň başlanýan ýerini çuň suwly Krasnowodsk aýlagyna geçiripdirler. Şol ýerde Krasnowodsk gämi duralgasy (port) döredilýär. Ol Zakaspi demir ýoluny deňiz arkaly Kawkaz we Russiýa bilen baglanyşdyrýar. Şondan soň tiz wagtdan Krasnowodskden gaýdýan demir ýol Daşkent bilen birigýär.

Zakaspi demir ýol gurluşygynyň ähli işleri general-leýtenant M.N.Annenkowyň ýolbaşçylygynda alnyp barlypdyr. Patyşa oňa çalt gurmak üçin adatdan daşary giň hukuklary beripdir. Gurluşyk işleri agyr tebigy şertlerde amala aşyrylypdyr. Ony, esasan, ýörite düzülen iki demir ýol batalýony, rus inženerleri we arzan işçi güýji hökmünde münlerçe türkmen daýhanlary alyp barypdyrlar. Esasy transport serişdesi hökmünde düýelerdir ýabylar ulanylypdyr. Olar bilen



**Zakaspi demir ýolunyň gurluşygynyň başlanýan ýeri**

şalmanlary (şpal), relsleri daşapdyrlar. Rus hünärmenleri ýuwaş--ýuwaşdan türkmenleri hem demir ýola işçi hökmünde kabul edip başlaýarlar. Emma entek türkmenlerden demir ýol işçileri juda azdy. Olara demir ýol işinde jogapkärli wezipeler ynanylmaýardy.

Zakaspi demir ýolunyň ugrunda 50-ä golaý ululy-kiçili demir ýol menzili, demir ýol ussahanalary, depolar gurlupdyr. Gyzylarbatda wagon abatlaýjy zawod, Aşgabatda, Maryda we Çärjewde (häzirki Türkmenabat) parowozlary abatlaýan ussahanalar gurlupdyr, telegraf simleri çekilipdir. Demir ýoluň boýunda Krasnowodsk, Gyzylarbat, Aşgabat, Tejen, Mary, Baýramaly, Çärjew ýaly şäherler, Gazanjyk (häzir Bereket), Bäherden (häzir Baharly), Kaka, Guşgy ýaly birnäçe şäherçeler döreýär. Bu ýerlerde ilkibada rus işçileri, harby gullukçylar, kärhana eýeleri, söwdagärler, senetçiler, hünärmentler ýaşapdyrlar.



**Amyderýa köprüsi**

Zakaspi demir ýolunyň gurulmagy Türkmenistanyň söwda-ykdysady ösüşine uly itergi berdi. Demir ýol arkaly ýerli halk üçin zerur bolan rus senagat harytlary, galla önümleri köp möçberlerde gelip ugraýar. Türkmenistandan bolsa pagta, ýüň, deri, pile, bagana, haly-palas ýaly oba hojalyk, hünärmentçilik,



**Aşgabatdaky demir ýol menzili**

senetçilik önümleri äkidilýärdi. 1890-njy ýylda Zakaspi demir ýoly boýunça bary-ýogy 160 müň tonna golaý ýük daşalan bolsa, 1913-nji ýylda bir million tonnadan-da köp ýük daşalypdyr. Krasnowodsk şäheri ähmiýetli söwda-deňiz gämi duralgasyna (portuna) öwrülýär. Möhüm ýük geçiriji ýer bolany üçin, şäher «Orta Aziýa derwezesine» öwrülip ugraýar. Ol ýerde 1908-nji ýylda diňe işçileriň sany 1,5 müňe ýetipdir.

Söwda dolanyşygynyň artmagyna Amyderýa gämiçiligi (flotiliýasy) hem oňaýly täsir edipdir. Ol 1888-nji ýylda döredilýär. Onuň düzüminde 6 gämi, 2 sany bug kateri, 13 sany barža bar eken. Amyderýa gämiçiliginiň binýady Çärjew şäherinde ýerleşipdir. Gämiçilik derýa boýundaky port şäherleri bolan Çärjewiň we Kerkiniň goňşy Owganystan bilen söwda gatnaşyklaryny ösdürmäge ýardam edipdir. Amyderýa gämiçiligi Zakaspi demir ýolunyň ýüklerini Samarkant şäherine, ondan aňryk ýetirmekde hem uly ähmiýeti bolupdyr.

### Soraglar we ýumuşlar

**?** **1.** Näme üçin patyşa hökümeti Zakaspi demir ýoluny gurupdyr? **2.** Zakaspi demir ýolunyň gurluşygy barada gürrüň beriň. **3.** Zakaspi demir ýolunyň gurulmagy ykdysadyýetiň we söwdanyň ösmegine nähili täsir edipdir? **4.** Krasnowodsk gämi duralgasy we Amyderýa gämiçiligi barada gürrüň beriň.

## §42. Senagatyň ösüşi. Hünärmentçilik we söwda

Zakaspi demir ýolunyň gurulmagy bilen birlikde Türkmenistanda ilkinji kiçi senagat kärhanalary hem döräp başlaýar. Patyşa hökümeti iri senagat kärhanalarynyň gurulmagyny islemeýärdi. Sebäbi ol Türkmenistany Russiýanyň agrar-çig mal ojagy hasaplaýardy. Ýöne ol, islese-islemese-de, käbir zerur bolan zawod-fabrikleri we söwda merkezlerini açmaga mejbur bolýardy. Olar, esasan, oba hojalyk önümlerini işläp bejerýän kärhanalardan we ýerasty baýlyklary gazyp alýan kärhanalardan ybaratdy.

Oba hojalyk önümlerini işläp bejerýän, pagta arassalaýan, sabyn gaýnadýan, çigit ýagyny çykarýan, däne üweýän, çakyr ýasaýan, konditer, gön kärhanalary gurlup başlanypdyr. Kerpiç bişirýän zawodlar, çaphana, elektrik stansiýalary açylypdyr. Bular «zawod» we «fabrik» diýlip atlandyrylan hem bolsalar, hakykatda pes tehnikaly we örän az sanly işçisi bolan kärhanalardy.

Çig maly işläp bejerýän senagatda birinji orun pagta arassalaýjy zawodlara degişlidi. Ol zawodlar pagta satyn alýan pagta firmalarynyň esasy daýanç nokatlary bolup durýardy. 1892-nji ýylda Maryda gurlan iki sany pagta arassalaýjy zawod şolaryň ilkinjileridi. Soňky ýyllarda pagta arassalaýjy zawodlaryň sany köpelipdir. 1897-nji ýylda Zakaspi oblastynda ýedi sany pagta arassalaýjy zawod bardy. 1914-nji ýylda oblastda 15 sany pagta arassalaýjy, 16 sany ýag taýýarlaýjy, 9 sany sabyn gaýnadyjy zawod bolupdyr. Bulardan başga-da 12 elektrik stansiýasy, bug bilen ýöreýän 16 haraz, 6 sany gön, 104 sany kerpiç zawody, 6 çaphana, 5 çakyr zawody işläpdir. Olardan başga-da ençeme hünärment kärhanalary peýda bolupdyr.

Pagta arassalaýjy zawodlarda iş üç-dört aýdan köpe çekmeýärdi. Ýylyň galan wagtlary şol zawodlar çig malyň ýoklugy sebäpli işlemeýärdi. Şonuň üçin möwsümleýin işe alnan adamlar başga ýerlerden iş gözlemeli bolýardylar. Emma Murgapdaky patyşalyk mülkündäki zawodlaryň enjamlaşdyrylyşy we onda işiň guralyşy aýratyn häsiýetdedi. Olar şol döwrüň kämil tehnikasy bilen üpjün edilipdi. Bu ýerde pagta arassalaýan zawodda 100, ýag çykarýan zawodda 60, durlanan ýag zawodynda 14 adam işläpdir. Zawodlarda işlenip taýýarlanan pagta süýümi Russiýanyň Moskwa, Ýaroslawl, Iwanowo-Woznesensk we beýleki şäherleriniň dokma senagat kärhanalaryna iberilipdir. Şol ýerde taýýar önüm görnüşinde işlenip, satuwa çykarylypdyr.

Täze senagat kärhanalarynyň peýda bolmagy şäherleriň döremegine we ösmegine, olaryň ilatynyň köpelmegine getiripdir. Aşgabat şäheriniň taslamasy Ýewropa kysymynda çekilip, köçeleri göni we giň, kwartallary tertipli ýerleşendi, owadan demir ýol menzili bardy. 1889-njy ýylda şäherde 654 söwda nokady, hünärmentleriň 121 sany dükany, 33 sany kerwensaraý, iki myhmanhana, 15 sany naharhana bolupdyr. Aşgabadyň ilaty çalt köpelýärdi. 1882-nji ýylda onda bary-ýogy iki müň adam ýaşan bolsa, 1911-nji ýylda ilatyň sany 45 müňden hem geçipdir. Aşgabadyň çalt ösmegine onuň Eýran bilen söwda ediş merkezine öwrülmegi hem ýardam edipdir. Russiýa we bütin Merkezi Aziýa Eýran bilen söwda gatnaşygyny Aşgabadyň üsti bilen amala aşyrypdyr. Mary, Çärjew, Krasnowodsk şäherleri hem ösüp başlapdyr.

Baknalyk döwründe russiýaly alymlardyr hünärmenleriň ylmy barlaglary netijesinde, Zakaspi oblastynda nebit, himiýa, dürli dag-magdan pudaklarynyň baý gorlary açylýar. Şol döwürde ilkinji nebit diňleri dikeldildi. Nebitli ýerleri eýelemek ugrunda Baku, Çeleken firmalarynyň arasynda ýiti bäsdeşlik göreşi başlanypdyr. Bu bäsdeşlikde norwegiýaly doganlar Nobelleriň firmasy üstün çykyp, nebitli ýerler şolaryň eline geçipdir. Nebit çykarylyşy ýylsaýyn artypdyr. 1913-nji ýylda Zakaspi oblastynda jemi 13,3 million put nebit çykarylyp, ol Bakudan we Groznydan soň Russiýa boýunça üçünji orunda durupdyr. Ýerasty baýlyk-



**Pagta arassalaýjy zawodda**

laryň beýleki görnüşleri – nebitdakylyň (ozokerit), kükürdiň, nahar duzunyň çykarylyşy hem artyp başlapdyr. Ýörite daş, gips ýaly gurluşyk materiallary hem öndürilipdir. Dag-magdan işleri, esasan, Krasnowodsk uýezdinde alnyp barlypdyr. 1914-nji ýylda şu pudakda uýezd boýunça 1850 adam işläpdir. Emma Birinji jahan urşunyň başlanmagy bilen nebitiň çykarylyşy, dag-magdan önümçiligi ep-esli pese gaçýar. Ilatyň durmuş-ykdysady ýagdaýy agyrlaşýar.

XIX asyryň ahyrlarynda senagatyň hem-de haryt-pul gatnaşyklarynyň çalt ösmegi türkmenleriň özleri üçin öndürýän natural hojalygyna-da täsirini ýetiripdir. Hünärmentçilik we senetçilik önümleriniň köp bölegi haryt hökmünde bazarlara çykarylypdyr. Bu babatda halyçylyk we zergärçilik önümleri aýratyn tapawutlanypdyr. Iri rus we daşary ýurt söwdagärleri peýda görmek maksady bilen türkmenleriň haly önümlerini örän köp mukdarda satyn alyp başlapdyrlar. Türkmenleriň durmuşynda tara dokamak, demir we agaç ussaçylygy, gön öndürmek ýaly hünärmentçiligiň dürli görnüşleri barha kämilleşipdir.

Oba hojalyk we hünärmentçilik önümleriniň artmagy, Zakaspi oblastynda söwdanyň ösmegine itergi beripdir. Içerki bazarlarda türkmenler oba hojalyk we hünärmentçilik önümlerini satypdyrlar. Ilat köplenç goňşy döwletlerden getirilýän senagat hem-de başga-da dürli görnüşdäki özlerine gerekli harytlaryny satyn alypdyr.



**Aşgabatdaky bazar meýdançasy**



**Aşgabat şäherindäki kerwensaraý**

Tejende öndürilýän galla diňe içerki bazarda satylman, eýsem, daşary ýurtlara hem çykarylypdyr. Şol döwürde Tejen ýurt boýunça meşhur galla öndürýän sebit bolupdyr. Tejen gallasy Syrderýa, Fergana welaýatlaryna hem-de Hywa, Buhara, başga-da käbir pagtaçylyk etraplaryna satmaga äkidilipdir. Merkezi Russiýadan Türkmenistana fabrik matalary, un, gant, çaý, demir, polat, agaç materiallary getirilipdir. Zakaspi oblastynyň söwda dolanyşygy goňşy Eýran we Owganystan döwletleri bilen hem ýyl-ýyldan artypdyr.

Pul-haryt, söwda gatnaşyklarynyň artmagy bank işlerini janlandyrýar. Oblastda Russiýanyň banklarynyň bölümi açylýar. Şolaryň ilkinjileriniň biri Döwlet bankynyň 1895-nji ýylda Aşgabatda açylan bölümidir. Bu bölümiň dolanyşygy 1895-nji ýylda 18 million manat bolan bolsa, 1900-nji ýylda 54 million manada ýetipdir. Tizara Aşgabatda Eýranyň hasap-karz bankynyň (1899 ý.), Russiýa-Aziýa bankynyň (1905 ý.) bölümleri-de açylýar. Beýleki şäherlerde özara karz jemgyýetleri döredilýär.

Maliýe ulgamynyň ýola düşmegi diňe bir rus kapitalistleri üçin amatly bolman, eýsem, türkmen baýlarynyň döremegine hem mümkinçilik beripdir. Türkmenleriň arasynda uly söwdagärler köpelip başlapdyr. Diňe Aşgabat uýezdinde 150-ä golaý uly türkmen söwdagäri bolupdyr. Olar goňşy döwletler bilen hem söwda gatnaşyklaryny alyp barypdyrlar.

Şeýlelikde, Zakaspi demir ýolunyň gurulmagy, senagat kärhanalarynyň peýda bolmagy türkmen ýerleriniň patyşa Russiýasyna bakna ýerlere öwrülmegini resmileşdirdi. Bu bolsa Türkmenistanyň Russiýa imperiýasynyň çig mal bazasyna we söwda bazaryna öwrülip başlandygyny aňladýardy.

---

**Soraglar we ýumuşlar**

**1.** Zakaspi oblastynda nähili senagat kärhanalary gurlupdyr? **2.** Oblastdaky pagta arassalaýjy zawodlar barada gürrüň beriň. **3.** Şäherleriň ösüşi barada gürrüň beriň. **4.** Zakaspi oblastynda nebitiň çykarylyşy we dag-magdan önümçiligi barada gürrüň beriň. **5.** Ýerli hünärmentçiligiň we söwdanyň ösüşi barada gürrüň beriň. **6.** Oblastda maliýe-bank işleri nähili guralypdyr?

---

## §43. Patyşa hökümetiniň baknaçylyk agrar syýasaty

Haryt-pul gatnaşyklarynyň ösmegi bilen baglanyşykda türkmen obalarynyň ykdysadyýetinde-de ep-esli özgerişler bolup geçýär. Zakaspi oblastynda ekin meýdanlarynyň möçberi artýar. 1890-njy ýylda jemi 44 müň desýatin (1 desýatin – 1,09 ga) ýere ekin ekilen bolsa, 1915-nji ýylda onuň möçberi 163 müň desýatine barabar bolýar. Ekin meýdanlarynyň esasy bölegi Mary (57 %), Tejen (30 %) uýezdlerinde bolupdyr. Aýratyn hem Russiýanyň dokma senagatynyň talaby bilen baglanyşykly pagta meýdany ep-esli artypdyr. 1890-njy ýylda bütin oblast boýunça diňe müň gektara golaý ýere gowaça ekilen bolsa, eýýäm 1913-nji ýylda onuň ekin meýdany 70 müň gektara ýetipdir. Öndürilýän pagtanyň möçberi 100 müň put bolanlygyndan 2 million 400 müň putdan hem geçipdir.

Pagta ekilýän ýerleriň artmagy türkmenleriň gadymdan gelýän ekinleriniň käbir görnüşleriniň (jöwen, ýazlyk bugdaý, bakja ekinleri, künji we ş.m.) gysylmagyna täsir edipdir. Şeýle bolsa-da, türkmenler gallanyň, gök önümleriň, piläniň öndürilişini ünsden düşürmändirler. Aşgabadyň golaýynda ýüpekçilik tejribe stansiýasynyň gurulmagy ýüpekçiligiň ösmegine ýardam edipdir. 1893-nji ýylda ilat 120 puta golaý çig ýüpek alypdyr. 1890–1915-nji ýyllar aralygynda galla ekinleriň meýdany üç essä

golaý artýar, Tejende ýygnalýan bugdaýyň möçberi 1 million putdan geçýärdi.

Patyşanyň ýerli baknaçylyk häkimiýetleri ekin meýdanlaryny artdyrmak maksady bilen, suwaryş desgalaryny gurmaklyga hem az-kem üns beripdir. 1884-nji ýylda Tejen derýasynda Garrybent desgasy täzeden dikeldilipdir. 1890-njy ýylda Soltanbent, soňra Gazyklybent (Ýolötende), Gyzganly bent (Tejende) işe girizilipdir. 1891–1895-nji ýyllarda Hindiguş bendi gurlup, Murgapdaky patyşalyk mülki suwarylypdyr. Ahalda we Etekde taşlanan köne kärizleri arçadyp, täzelerini gazdyrypdyrlar. Diňe Aşgabat uýezdinde 40-a golaý käriz täzeden işe girizilipdir. Emma suwaryş desgalary az-kem giňeldilse-de, barha artýan ekerançylygyň talaplaryny kanagatlandyryp bilmändir.

Zakaspi oblastynda kärende ýer gaznasy diýilýän gazna döredilipdir. Baknaçy häkimiýet hamala türkmenler ýerden rejeli peýdalanyp bilmeýär diýen bahana bilen olaryň wagtlaýynça ekmän goýan ýerlerini ellerinden alyp, kärende ýer gaznasyna goşupdyr. Aslynda baknaçy häkimiýet türkmenleriň ähli ekin ýerlerini, öri meýdanlaryny, daglary, düzleri, Garagumy döwletiň ýeri diýip yglan edipdir. Netijede, türkmenleri ýer-suwa bolan hususy eýeçilik hukugyndan kesip, olary diňe berlen ýerleri ekip, hasyl ýygnamaga hakly kärendeçilere öwrüpdir. Munuň özi baknaçy häkimiýetiň Zakaspi oblastyndaky agrar syýasatynyň esasyny düzýän kanundy. Ol türkmenleriň elinden alnan ýerleri şäherlere, harby bölümlere, Merkezi Russiýadan göçürilip getirilen rus daýhanlaryna paýlap beripdir.

1887-nji ýylda imperator Aleksandr III buýrugy esasynda Murgapda patyşalyk mülki döredilýär. Patyşalyk mülküni döretmek baradaky permanda: «Murgap derýasynyň boýunda boş ýatan ýerleriň hemmesini... patyşalyk edýän imperatoryň emlägi hasap etmeli» diýip aýdylýardy. Patyşalyk mülk hakykatda, permanda aýdylyşy ýaly «boş ýerler» däl-de, Mary we Ýolöten sebitleriniň daýhanlarynyň elinden alnan ýerleriň hasabyna döredilipdir. Mülküň dolandyryş edarasy Baýramalyda ýerleşýärdi. Murgapdaky patyşalyk mülküň meýdany 104 müň desýatin (113 müň ga) bolupdyr. Onda agrotehniki usullar we oba hojalyk maşynlary ulanylypdyr. 1901-nji ýylda patyşalyk mülkünde aglabasy kärendeçi bolan, dürli milletleriň 7,5 müňden gowrak wekilleri işläpdir. Şolaryň 70 göterimi ýerli daýhanlar eken.



**Murgapdaky patyşalyk mülkündäki bent**

Patyşalyk mülkünde pagtaçylyk esasy orun tutupdyr. Onda üzüm, däne, gök we bakja ekinleri hem ösdürilip ýetişdirilipdir. Şol önümler Romanowlaryň maşgalasyna köp girdeji beripdir. Gurply türkmen baýlary uly ýer böleklerini patyşalyk mülkünden kärendesine alyp, ony kiçiräk böleklere bölüp, garyp daýhanlara tirkeşikli kärendesine beripdirler.

Murgapdaky patyşalyk mülkünde dürli gidrotehniki desgalar gurulýar, ýol çekilýär, telefon, elektrostansiýa gurulýar. 1897--nji ýylda mülküň dolandyryş edarasynyň golaýynda pagta arassalaýjy zawod, 1904-nji ýylda pagta çigidinden ýag çykarýan zawod, 1909-njy ýylda sabyn gaýnadýan zawod gurulýar. Bu zawodlaryň ähli enjamlaryny şol wagtyň iň öňde barýan tehnologiýaly Peterburgyň Putilow zawodyndan hem-de Amerikadan getiripdirler. Hindiguş bendinde ilkinji suw elektrik stansiýasy gurulýar. Hindiguşdan Baýramala çenli 42 wýorstlyk elektrik geçiriji çekilip, ol şäheri yşyk bilen üpjün edipdir.

Patyşa hökümeti Tejende hem patyşalyk mülküni döredipdir. Garrybent desgasy dikeldilenden soň, ol ýerden ýene-de bir suw akýan ýap gazylyp, oňa «patyşalyk kanaly» diýlip at berlipdir. Şeýlelik bilen, 1888-nji ýylda deryanyň aşak akymynyň sag tarapynda patyşalyk mülki döredilýär.

Patyşa hökümeti diňe Marynyň we Tejeniň bol suwly, mes toprakly ýerlerini almak bilen çäklenmän, eýsem, bütin Günorta Türkmenistana ruslary göçürip getirmek, olara ýer bermek, suwuň sakasynda olaryň obalaryny döretmek ýaly syýasaty-da alyp barypdyr.

Patyşa hökümeti merkezi Russiýadan göçürilip getirilen daýhanlara karz pul, mal, gural-enjam, ulag ýaly zerur maddy kömekler berip, olaryň çalt gurplanmagyna ýardam edipdir. Rus ilatly obalaryň sany barha köpelip, jemi 35-e ýetipdir. Olar, esasan, maldarçylyk, süýt önümlerini öndürmek bilen meşgul bolup, şäherleri, goşun bölümlerini, hassahanalary üpjün edipdirler. Olar gök ekerançylyga, miweli baglara hem üns beripdirler. Rus we türkmen daýhanlary özara düşünişip, ekinleriň dürli görnüşlerini ösdürip ýetişdirmegi biri-birlerinden öwrenipdirler.

Baknalyk döwründe maldarçylyk hem ösüpdir. Goýunlaryň, düýeleriň, gara mallaryň, gylýallaryň sany artypdyr. Bu bolsa şäher ilatynyň et, süýt, ýüň önümleri bilen üpjünçiligine oňyn täsir edipdir. Emma 1914-nji ýylda Birinji jahan urşunyň başlanmagy bilen mallaryň baş sany ýene-de kemelýär. Ilatyň durmuş-ykdysady ýagdaýy agyrlaşýar. Patyşa hökümeti ilatdan mejbury esasda dowardyr iri mallary, düýedir gylýallary toplapdyr. Mallaryň mejbury alynmagyndan, urşuň hupbatlaryndan sowulmak üçin çarwaçylyk bilen meşgullanýan türkmenleriň Zakaspi oblastynyň çäginden çykyp gidenleri-de bolupdyr. Olar, esasan, Eýranda, Owganystanda, Hywa hanlygynda ornaşypdyrlar.

Patyşa hökümetiniň baknaçylyk agrar syýasaty sebäpli, türkmenler ýüz müňlerçe desýatin ekin ýerlerinden mahrum boldular, odun ýygýan ojarly-sazakly ýerlerini, öri meýdanlaryny elden giderdi. Bu zatlaryň üstesine-de, her ýyl öý başyna düşýän salgydy patyşanyň gaznasyna töleýärdi, natural borçlary berjaý edýärdi. Bularyň hemmesi patyşa düzgüniniň türkmen halkyna näderejede sütem edendigini görkezýär.

---

### Soraglar we ýumuşlar

**1.** Ekin meýdanlarynyň giňeldilmegi we ekerançylygyň ösüşi barada gürrüň beriň. **2.** Suwaryş desgalarynyň gurluşygy barada aýdyp beriň. **3.** Näme üçin patyşa hökümeti kärende ýer gaznasyny dörediipdir? **4.** Murgapdaky patyşalyk mülki barada nämeleri bilýärsiňiz? **5.** Merkezi Russiýadan göçürilip getirilenler barada gürrüň beriň.

---

## §44. Hywa we Buhara hanlyklaryndaky türkmenleriň ýagdaýy

Hywa, Buhara hanlyklary patyşa Russiýasynyň ýapjasy (protektoraty) bolsalar-da, han we emir hökümetiniň öňki döwlet dolandyryş düzgüni, esasan, saklanyp galýar. Bu hanlyklaryň ikisi-de köpmilletli döwletlerdi. Hywada özbek, türkmen, garagalpak, gazak, Buharada-da özbek, täjik, türkmen halklary ýaşaýardy. Indi ol halklaryň hemmesi patyşa we han hökümetleriniň bilelikdäki sütemine sezewar edilýärdi.

Hywa hanlygy patyşa Russiýasy tarapyndan basylyp alnandan soň, Amyderýanyň ozal hanlyga degişli bolan sag kenarynda Amyderýa bölümi döredilýär. Onuň merkezi Petro-Aleksandrowsk (Özbegistandaky häzirki Dörtgül) şäheri bolupdyr. Bölüm gös-göni rus dolandyryş edarasy tarapyndan dolandyrylypdyr. Ol ýerde rus harby güýçleri-de bardy. Amyderýa bölüminiň başlygy hanyň alyp barýan ähli işlerine doly gözegçilik edýärdi.

Hywa hanlygynda 200 müňe golaý türkmen bolup, olar, esasan, Gazawat, Ýylanly, Porsy (häzir Boldumsaz), Köneürgenç, Daşhowuz begliklerinde ýaşaýardylar. Baknalyk döwründe-de türkmenleriň içki dolandyryş düzgüni öňküler ýaly dowam edipdir. Her tire-taýpanyň ýa-da obanyň ýerli ilat tarapyndan saýlanýan hany, kethudasy bolupdyr. Oňa Hywa hanlarynyň içgin goşulmagyna känbir ýol bermändirler.

Hywa türkmenleri ekerançylyk, maldarçylyk, hünärmentçilik we söwda bilen meşgullanypdyrlar. Hywa hanlygy patyşa Russiýasy tarapyndan basylyp alnandan soň, türkmenleriň goşunda gullugy ýatyrylýar. Indi öňki atlyk ýer eýeleri her atlyk üçin Hywa hanynyň gaznasyna 12 tylla salgyt tölemäge borçly edilipdir. Atlyk ýerler kem-kemden ýuridik taýdan mülke öwrülipdir. Türkmen daýhanlarynyň käbir topary, esasan, döwlet ýerinden peýdalanypdyrlar.

Türkmen obalary, esasan, uly ýaplaryň aşaky akymlarynda ýerleşipdir. Şonuň üçin ekerançylygyň ýagdaýy hanyň türkmenler babatda alyp baran ýer-suw syýasatyna bagly bolupdyr. Ýarag güýji bilen türkmenleri özüne boýun egdirip bilmedik Hywa hanlary olaryň ekin meýdanlaryna akýan suwy wagtal-wagtal kesipdirler. Gapma-garşylyk ýitileşen halatynda patyşa Russiýasynyň harby güýjüne bil baglapdyrlar.

1912–1913-nji ýyllarda türkmen-Hywa gatnaşyklary has ýitileşýär. Sebäbi Hywa hany Seýit Isfendiýar (1910–1918 ý.) ýer-suw reformasyny geçirmäge synanyşýar. Ol türkmenleriň töleýän ýer-suw salgydyny 32 müň tylla bolanlygyndan 64 müň tylla çenli ýokarlandyrýar. Ondan başga-da, türkmenler 32 müň batman bugdaýy haryt (natura) görnüşinde tölemeli we uly ýaplary öz güýçleri bilen arassalamaly edilýär. Türkmenler muňa çürt-kesik garşy çykýarlar we gozgalaň başlanýar.

1912-nji ýylyň dekabr aýynda Gazawat begliginiň Diregli obasyndan Şammy serdaryň baştütanlygynda salgydyň ýokarlandyrylmagyna garşy türkmenleriň han hökümetine garşy ýaragly çykyşy başlanýar. Bu harby çaknyşyk iki aýlap dowam edýär. 1913-nji ýylyň ýanwar aýynda Amyderýa bölüminden Hywa hanyna kömege gelen patyşa goşunlary tarapyndan türkmenleriň gozgalaňy basyp ýatyrylýar.

Türkmenler 1915-nji ýylda Şammy keliň baştutanlygynda ýene-de Hywa hanynyň we patyşa hökümetiniň bilelikdäki sütemine garşy ýaragly gozgalaňa başlaýar. Olar birnäçe beglikleriň dolandyryş merkezlerini eýeläp, Hywa hanynyň emeldarlaryny we salgyt ýygnaýjylaryny ele salýarlar. Gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin Amyderýa bölüminiň başlygy polkownik Kolosowskiniň baştutanlygynda patyşa goşunlary ýene-de Hywa hanyna kömege gelýär. Olaryň arasynda bolan aýgytly söweşde türkmenler ýeňiş gazanýar. Kolosowskiý bolsa wagt utmak üçin türkmenler bilen ýaraşyk şertnamasyny baglaşmaga mejbur bolýar. Emma ýer-suw, salgyt meselesi oňyn çözülmeýär. Umuman, türkmen-Hywa gatnaşyklarynda şeýle dartgynly ýagdaý yzygiderli gaýtalanyp durupdyr.

Zakaspi oblastyna garanyňda, Hywa türkmenleriniň durmuşynda haryt-pul gatnaşyklary haýal ösüpdir. Türkmenler, esasan, ekerançylyk, maldarçylyk, senetçilik önümlerini içerki bazara çykarypdyrlar. Olar rus täjirleri bilen aragatnaşyk saklap, daşarky bazara-da çykypdyrlar. Daşhowuzda, Ýylanlyda, Köneürgençde esasy söwda merkezleri bolupdyr. Türkmenlerden ýemreli Anna bala, Kakabaý kerwenbaşy, Babajan mährem ýaly iri söwdagärler bolupdyr.

Hywa hanlygynda-da pagta aýratyn üns berlipdir. Bu ýerde pagta satyn alýan senagat we söwda kärhanalarynyň lomaý ammarlary, bank bölümleri işläpdir. 1893-nji ýylda Hywa han-

lygyndan 300 müň put pagta Merkezi Russiýa äkidilen bolsa, onuň mukdary 1904-nji ýylda iki essä golaý artypdyr. 1910-njy ýylda Daşhowuz şäherinde 200 işçini özünde jemleýän iki pagta arassalaýjy zawod işläpdir. Gowaçadan başga-da, meşhur Hywa ýorunjasy köp ekilipdir. Onuň tohumy diňe bir Merkezi Russiýa däl, eýsem, Gamburga, Demirgazyk Amerika hem äkidilipdir.

Buhara emirligindäki türkmenleriň umumy sany 250 müňe golaý bolupdyr. Olar, esasan, Çärjew, Kerki, Burdalyk, Kelif, Gabakly we Narazym begliklerinde ýaşapdyrlar. Beglikleriň häkimleri emir tarapyndan bellenipdir. Lebap türkmenlerinde jemagaty dolandyrmagyň tire-taýpa düzgünleri dowam edip, ilat öz aralaryndan kethudalary, aksakgallary saýlapdyr.

Buhara emirligi patyşa Russiýasy tarapyndan basylyp alnandan soň, tertip-düzgüni berjaý etmek üçin emire jemi 11--12 müň serbaz (nöker) saklamaga rugsat berilýär. Olara-da, köplenç, rus serkerdeleri erk edipdir. Şol nökerleriň esasy bölegi begliklerde gulluk edipdirler. Olaryň arasynda türkmen nökerleri-de bolupdyr. 1885-nji ýylda Buharada «Russiýanyň imperatorlyk syýasy agentligi» döredilýär. Ol Russiýanyň resmi wekili bolup, Buhara hökümetiniň ähli işlerine gözegçilik edipdir.

Lebap türkmenleri ekerançylyk, maldarçylyk, hünärmentçilik we söwda bilen meşgullanypdyrlar. Türkmen daýhanlary pagta, däne we bakja ekinleriniň dürli görnüşlerini ösdürip ýetişdiripdirler. Iri ýer eýeleri bolupdyr. Türkmen maldarlary garaköli goýunlary has köp saklapdyrlar. Türkmenleriň baý hojalyklary 2-3 müňden gowrak dowarlara eýelik edipdirler. Türkmenler emiriň gaznasy üçin salgytlaryň köp görnüşini tölemäge mejbur bolupdyrlar.

Buhara emirligi kem-kemden Russiýa kapitalizminiň täsirine düşüp ugraýar. Bu babatda Buharany Russiýa bilen baglanyşdyrýan Zakaspi demir ýoly hem-de Amyderýa gämiçiligi uly ähmiýete eýe bolupdyr. Çärjew, Kerki, Kelif esasy söwda we senagat kärhanalarynyň merkezine öwrülip başlapdyr. Şol şäherleriň üsti bilen Owganystana, Russiýa köp mukdarda garaköli baganalar äkidilip, soňra olaryň bir bölegi Ýewropa bazarlarynda satylypdyr.

Çärjew şäherinde pagta arassalaýjy zawodlaryň 6-sy, bug degirmeni, ýag çykaryjy zawod, buýan köküni galyplaýjy zawod, çaphana bolupdyr. Kerki şäheri ýarym harby häsiýetdäki rus ilatly ýere öwrülipdir. Bu ýerde 1914-nji ýylda 4 sany pagta arassalaýjy zawod bolupdyr. Rus dokma kärhanalarynyň wekilleri türkmenlerden pagta satyn alypdyrlar. Rus täjirleri haly, ýüň, garaköli bagana we beýleki oba hojalyk önümlerini satyn alyp, olary Merkezi Russiýa ugradypdyrlar. Pagta söwdasy bilen meşgullanan Halaç baý, degirmenlere we kiçiräk pagta arassalaýjy zawoda eýelik eden Jomart baý ýaly türkmen telekeçileri-de döräp başlapdyr. Umuman, patyşa Russiýasynyň baknaçylyk syýasaty Buhara emirliginde we onuň türkmen etraplarynda ymykly kök urýar.

Şeýlelikde, Hywa we Buhara hanlyklary, sözüň doly manysynda, patyşa Russiýasynyň çig mal ülkesine we satuw bazaryna öwrülipdir. Şol bir wagtda-da, ol ýerdäki türkmenlerinem söwda alyş-çalyş işlerine goşulyşmagy, olarda haryt-pul gatnaşyklarynyň ösmegine itergi beripdir.

Sorag we ýumuşlar

?

**1.** Hywa we Buhara hanlyklaryny edara etmekde nähili düzgünler girizilipdir? **2.** Baknalyk döwründe Hywa türkmenleriniň durmuşy we türkmen-Hywa gatnaşyklarynyň ýitileşmeginiň sebäpleri barada gürrüň beriň. **3.** Hywa hanlygyndaky türkmenleriň söwda we senagat kärhanalarynyň işlerine gatnaşyşy barada gürrüň beriň. **4.** Buhara emirligindäki türkmenleriň durmuşy barada gürrüň beriň. **5.** Buharanyň türkmen etraplarynda söwdanyň we senagat kärhanalarynyň işi barada gürrüň beriň.

## §45. XIX asyrda we XX asyryň başlarynda türkmen halkynyň medeniýeti

XIX asyrda we baknalyk döwründe türkmen obalarynyň köpüsinde başlangyç bilim berýän mekdepler bolupdyr. Irki döwürlerde türkmen çagalary dini mekdeplerde we medreselerde okadylypdyr. Baknalyk döwründe dünýewi mekdepler hem açylypdyr. 1908–1910-njy ýyllarda diňe Zakaspi oblastyndaky 557 dini mekdepde 9560 çaga (şolaryň 900-si gyz), 83 medresede 911

adam okapdyr. Oblastdaky 2 gimnaziýada 43, dürli uçilişşeleriň 54-sinde 306, 10 sany rus-ýerli mekdepde 194 türkmen çagalary okapdyr. Türkmen oglanlarynyň käbiri Hywa ýa-da Buhara gidip okap, düýpli dini bilim alypdyrlar.

Patyşa Russiýasy Türkmenistany basyp alandan soň, baknaçy hökümete wepaly işgärlerdir dilmaçlary taýýarlamak hem-de ýerli ilaty ruslaşdyrmak maksady bilen rus-ýerli mekdepleri açyp başlaýar. Şeýle ilkinji mekdep 1893-nji ýylda Bäherdende, soňra Garrygalada, Tagtabazarda, Sarahsda, Tejende we beýleki ýerlerde açylypdyr. Rus-ýerli mekdeplerinde türkmenleriňem, ýewropalylaryňam çagalary okadylypdyr. Okuwlar rus dilinde alnyp barlypdyr. Türkmen magaryfçylary Tatýana Tekinskaýa, Ýomut han şol mekdeplerde çagalara sowat beripdir. Türkmenler üçin rus-ýerli mekdepleri bellibir derejede peýdaly bolupdyr. Ony gutaran türkmen oglanlaryň birnäçesi Daşkentde we Merkezi Russiýanyň şäherlerinde okuwlaryny dowam etdiripdir. Görnükli döwlet işgärleri we magaryfçylary Gaýgysyz Atabaýew, Muhammetguly Atabaýew, Nedirbaý Aýtakow, Çary Wellekow dagylar ilkinji rus-ýerli mekdeplerinde sowat alypdyrlar.

Zakaspi oblastynda ýörite we orta okuw jaýlary hem açylýar. Olaryň ilkinjileri ekerançylyk we bagbançylyk, ýüpekçilik mekdepleridir. Aşgabat tehniki demir ýol liseýi bu ugurda Orta Aziýada açylan ilkinji ýörite okuw jaýydyr.



**Aşgabatdaky gimnaziýanyň jaýy**

XIX–XX asyrlaryň sepgidinde Türkmenistanda ylymdan ýüki ýeten onlarça belli şahslar bolupdyr. Olar türkmen çagalaryny hat-sowatly, bilimli etmegiň aladasyny edipdirler. Mary etraplarynda Molla Töre ahun (Töremyrat Rahmanguly, 1839–1895 ý.), Demirgazyk Türkmenistanda Amangeldi ahun, Lebap sebitlerinde (Astanababada) Akmuhammet işan, Balkan töwereklerinde Hajyguly ahun, Ahalda Kerimberdi işan dagylar il arasynda uly abraýa eýe bolupdyrlar.



Han Ýomudskiý (Ýomut han)

Molla Töre ahun Sarahsda doglup, oba mollasynda okap sowat alýar. Soňra Buharada on sekiz ýyl okap düýpli sowat alypdyr. Ahunyň elinde okap ylymly-bilimli bolan adamlar az bolmandyr. Molla Töre ahunyň örän baý kitaphanasy bar eken. Ondaky kitaplaryň köp bölegi 1960-njy ýylda Türkmenistan Ylymlar akademiýasynyň golýazmalar gaznasyna (häzirki Milli golýazmalar institutyna) tabşyrylýar. Käbir kitaplary bolsa ýitip gidipdir.

Amangeldi ahunyň iki tapgyrly medresesi bolup, birinji tapgyrynda başlangyç, ikinjisinde orta we ýokary bilim berlipdir. Medresede ýüzlerçe talyp okapdyr.

Hajyguly ahun Balkan sebitlerinde giňden tanalypdyr. Ol çagalary okatmaga köp üns berip, şol maksat bilen özi metjit saldyrypdyr.

Kerimberdi işan öz hasabyna Bagyr obasynda ýörite mekdep saldyryp, sogap iş edipdir. Ol Gökdepe söweşine gatnaşyp, şol uruşda-da gahrymanlarça wepat bolupdyr.

Rus alymlary Türkmenistanyň içine köpsanly ekspedisiýalar gurap, onuň haýwanat we ösümlik dünýäsini, tebigy resurslaryny hem-de gazylyp alynýan



Tatýana (Artykgül) Tekinskaýa

baýlyklaryny, taryhy ýadygärliklerini öwrenipdirler. 1881--nji ýylda rus alymlary Garagumda kükürt ýatagyny açýarlar. Görnükli rus alymy N.I. Andrusow 1887-nji, 1897-nji, 1901-nji ýyllarda Krasnowodsk ýarym adasynda, Garabogaz kenarynda, Kiçi Balkanda, Köpetdagyň günbatar böleginde geologiýa barlaglaryny alyp barýar. Şol ýerleriň geologiýa kartasyny düzýär.

Türkmenistanyň ösümlik dünýäsini öwrenmekde rus alymy W.L. Komarow uly iş bitiripdir. Onuň ýazan ylmy işleri häzirki wagtda hem öz ähmiýetini ýitirmän gelýär.

Türkmenistanyň taryhy ýadygärliklerini öwrenmek barada ilkinji ädimler ädilipdir. 1884-nji ýylda Zakaspi oblastynyň başlygy A. W. Komarow Änewiň demirgazygyndaky depede gazuw-agtaryş işlerini geçiripdir. Onuň işine nemes arheology Gubert Şmidt hem gatnaşýar. Ol Maşat-Misseriany, Köne we Täze Nusaýy-da öwrenýär. 1890-njy ýylda gadymy Marynyň ýadygärliklerini professor W. A. Žukowskiý öwrenipdir. 1904-nji ýylda R. Pampelliniň ýolbaşçylygynda amerikan ekspedisiýasy Änewde gazuw-agtaryş işlerini geçirýär. Soňra olaryň neşir edilen ylmy işleri türkmen taryhyny öwrenmekde uly ähmiýete eýe boldy.

Baknalyk döwründe Türkmenistana kem-kemden rus medeniýeti ýaýrap başlapdyr. 1890-njy ýylda Zakaspi oblastyna ýolbaşçy edip general A. N. Kuropatkini iberýärler. Ol 1897-nji ýyla çenli şu wezipede işläp, ülkäniň ösmegi ugrunda bellibir işleri bitiripdir. Aşgabat şäherinde çaphana, keselhana, dürli aň-bilim edaralary, poçta, telegraf bolupdyr. 1895-nji ýylda Aşgabat şäherinde oblast jemgyýetçilik kitaphanasy (häzirki Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet kitaphanasy) açylýar. 1899-njy ýylda Aşgabatda Zakaspi oblast ülkäni öwreniş muzeýi (häzirki Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýi) açylýar. Bu döwürde türkmen we rus dillerinde kitaplar, döwürleýin metbugat hem neşir edilip başlanýar.

Medeniýetiň möhüm ugurlarynyň biri halk döredijiligidir. XIX asyrda türkmenleriň arasyndan ençeme zehinli şahyrlar, kyssaçylar döräpdir. Kemine, Talyby, Seýdi, Zelili, Mollanepes, Zynhary, Mätäji, onuň ogly Molladurdy, Çary Afzal, Dowan şahyr, Misgingylyç we başga-da onlarça şahyrlaryň döredijiligi şol döwre degişlidir.

Kemine (1770–1840 ý.) Sarahs töwereginde dünýä inipdir. Ol Buharada we Hywada okapdyr. Kemine şol döwrüň türkmen poeziýasynda demokratik meýilleri batyrgaýlyk bilen öňe süren şahyrdyr. Onuň watançylyk, söýgi, dostluk bilen baglanyşykly hem-de ençeme satiriki eserleri halk arasynda giňden belhidir.

Talyby, takmynan, 1766-njy ýylda Gökdepe sebitlerinde eneden bolupdyr. Ol diňe bir şahyr däl, eýsem, sazanda hem bolupdyr. Ol «Talyby we Sahypjemal» diýen dessany ýazypdyr. Şahyr halal zähmet çekmegi, halal baýamagy ündäpdir.

Lebapdan Seýitnazar Seýdi (1775–1836 ý.), Etrek-Garrygala sebitlerinden Gurbandurdy Zelili (1800–1852 ý.) diňe goşgulary bilen tanalman, eýsem, ellerine ýarag alyp, Watan üçin duşmana garşy göreşipdirler.

Mollanepes (1810–1875 ý.) Sarahsda dogulýar. Ol ilki Mary medresesinde, soňra Buharada okap, düýpli bilim alypdyr. Mollanepes Gowşut han bilen aragatnaşykda bolupdyr. Ol edebiýat meýdanynda «Yşk mülküniň şasy» hasaplanylýar. Şahyryň watançylyk, öwüt-nesihat hakyndaky goşgulary, «Zöhre–Tahyr» dessany uly höwes bilen okalýar.

Abdyrahym Zynhary (1791–1880 ý.) Halaç etrabynyň Esenmeňli obasynda dünýä inýär. Ol ökde demirçi ussa bolupdyr, tüpeň hem ýasapdyr. Zynhary döredijiliginde agzybirlige, watançylyga, öwüt-nesihata degişli köp eserler döredipdir.

Mätäji (1824–1884 ý.) Aşgabadyň etegindäki Köşi obasynda doglupdyr. Ol Kätibi bilen bilelikde Gökdepe urşuna gatnaşypdyr. Mätäji watançylyk, dostluk, söýgi bilen baglanyşykly ençeme eserleri döredipdir.

Türkmenler gadymdan aýdym-sazyň sarpasyny belent tutupdyrlar. XIX asyrda türkmeniň taryhyny aýdym-saz bilen beýan eden Amangeldi Gönibek, Garadäli Gökleň, Kel bagşy, Şükür bagşy ýaly ençeme meşhur bagşydyr sazandalar döräpdir. Olaryň saz sungaty türkmen halkynyň il-ýurt, watan ugrundaky gahrymançylykly göreşleri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.



**Şükür bagşy**



Nazar Ýomudskiý

Ilkinji türkmen suratkeşi Nazar (Nazarmuhammet) Ýomudskiý (1860–1897 ý.) bolupdyr. Ol polkownik Nikolaý Nikolaýewiç (Annamuhammet) Ýomudskiniň ogly, Kyýat hanyň bolsa çowlugy eken. Ol Russiýada ýaşapdyr. Türkmenistana köp gezek gelip, onuň durmuşyna degişli «Uzynada porty», «Mary», «Gyzylarbat», «Çelekende duzuň alnyşy», «Amyderýanyň giňişlikleri» ýaly ençeme suratlary çekipdir.

Soraglar we ýumuşlar

**1.** Türkmenistanda açylan mekdepler barada gürrüň beriň. **2.** Din ugrundan sowatly türkmen wekillerinden kimleri bilýärsiňiz? **3.** Rus we daşary ýurtly alymlar tarapyndan Türkmenistanyň öwrenilişi barada aýdyp beriň. **4.** Aşgabat şäherinde nähili ań-bilim edaralary açylypdyr? **5.** XIX asyrda ýaşan türkmen şahyrlaryndan kimleri bilýärsiňiz?

## §46. Türkmenistan Birinji jahan urşy ýyllarynda. 1916-njy ýylyň milli-azat edijilik hereketi

1914-nji ýylyň iýul aýynda Birinji jahan urşy başlandy. Ony bir tarapdan, Germaniýanyň, Awstriýanyň, beýleki tarapdan bolsa, Fransiýanyň, Angliýanyň we Russiýanyň imperialistleri taýýarladylar. Bu talaňçylykly urşa köp döwletler gatnaşdy. Patyşa Russiýasy urşa taýýarlyksyz girişipdi, onuň goşuny yzly-yzyna ýeňlişe sezewar bolýardy. Uruş millionlarça adamlaryň başyna ýetýärdi. Adamlar tylda uly betbagtçylyk çekýärdiler. Russiýanyň halk hojalygy weýran edilipdi. Urşuň mähnet labyry Türküstan ülkesini, şol sanda türkmen halkyny hem öz içine aldy.

Birinji jahan urşunyň başlanmagy bilen, ilatyň durmuşy has agyrlaşypdyr. Patyşa çinowniklериniň, Hywa we Buhara hanlarynyň eden-etdilikleri halkyň närazylygyny barha güýçlendiripdir. Bu çydamsyz ýagdaý 1916-njy ýylda türkmenleriň umumymilli-azat edijilik hereketiniň başlanmagyna sebäp bolupdyr.

1916-njy ýyldaky milli-azat edijilik hereket tutuş Türküstan ülkesini öz içine alypdyr. Türkmenleriň bu hereketi Hywada, Tejende we Günbatar Türkmenistanda güýçli ýaragly çaknyşyklara çenli baryp ýetipdir, ýöne ol hemme ýerde bir wagtda başlanmandyr.

Hywa hanlygyndaky türkmenleriň hereketi biraz irräk başlanypdyr. Ol päleçilige adam alynmagy bilen gös-göni baglanyşykly bolmasa-da, türkmenler front üçin dürli görnüşli salgytlary tölemäge borçly edilipdir. Üstesine-de, türkmenler ozaldan dowam edip gelýän Hywa hanlarynyň ýer-suw meselesi babatynda adalatsyz syýasatyndan ejir çekýärdiler.

1916-njy ýylyň ýanwar aýynda Hojaili (Özbegistanda) begliginiň müňe golaý ilaty hanyň eden-etdiligine garşy närazylyk bildirip, Hywa ýöriş guraýar. Ýolda olara beýleki begliklerden hem birnäçe adam goşulýar. Gozgalaňçylar bu ýagdaýy Şammy kele we Jüneýit hana habar berýärler. Jüneýit han öz ynamdar wekillerini gozgalaňçylaryň toparyna goşýar, özi amatly pursada garaşypdyr. Şammy kel bolsa gozgalaňçylara ýolbaşçylyk edipdir. Gozgalaňçylar Hywanyň golaýyna gelende Amyderýa bölüminiň başlygy, polkownik W. P. Kolosowskiý harby topar bilen Hywa hanyna kömege ýetişýär. Ol gozgalaňçylaryň daşyny gabap, özbek baştutanlarynyň 7-sini tussag edýär.

Jüneýit han tussag edilenleri boşatmagy talap edipdir. Emma talap ýerine ýetirilmeýär. Şondan soň Jüneýit hanyň ýaragly topary Hywa hanyny goldaýan toparlaryň üstüne hüjüm edipdir. Polkownik Kolosowskiý ýagdaýyň ýitileşýändiginden howatyrlanyp, Türküstan general-gubernatoryndan kömek soraýar. Ol general A. S. Galkiniň baştutanlygynda gyssagly ýagdaýda harby topar iberýär. Onuň düzüminde 5 müň atly we pyýada goşun, 25 top, 30 pulemýot bar eken.

Türkmen, özbek, garagalpak gozgalaňçylarynyň sany 10 müňe golaýlaýar, ýöne olarda ot açýan ýarag örän az bolupdyr. 1916-njy ýylyň fewral aýynyň 13-14-ünde Jüneýit hanyň we Şammy keliň nökerleri Hywa galasyny eýeleýär. Jüneýit han özüni «Hywanyň hany» diýip yglan edýär. Emma polkownik Kolosowskiý Jüneýit hany ykrar etmeýär we onuň Hywadan çykmagyny talap edýär. Şol aralykda – fewral aýynyň 15-inde general Galkiniň jeza beriji harby topary Hywa hanyna kömege ýetişýär. Uzak

günläp dowam eden gazaply söweşden soň, Jüneýit hanyň topary Hywadan çykyp, Garaguma tarap çekilmäge mejbur bolýar. Şammy keliň topary bolsa Goşköpri, Gazawat töwereklerinde patyşa goşunlary bilen gazaply söweşlere girýär. Türkmendir özbek gozgalaňçylaryndan 1500-e golaý adam heläk bolýar.

Şondan soň general Galkiniň jeza beriji harby topary iki ýarym aýyň dowamynda türkmenleriň ýaşaýan etraplarynyň hemmesiniň içinden geçip, ýerli ilaty rehimsizlik bilen jezalandyrýar. Türkmenlerden jemi 6 müň atýan ýaragy, 1 milliondan gowrak puly we dürli görnüşli emlägi zorluk bilen alýar. Ýerli ilat şol ahy-nalaly geçen 1916-njy ýyly «Galkin ýyly» diýip atlandyrypdyr.

Tizara milli-azat edijilik hereketiň täze bir ýokary göterilişi başlanýar. Ol 1916-njy ýylyň 25-nji iýunynda patyşa Nikolaý II Russiýa imperiýasynyň bakna künjeklerinden ýerli ilaty frontuň «tyl işlerine» ugratmak barada perman çykarmagy bilen baglydyr. Şol perman boýunça, Zakaspi oblastyndan jemi 15 müň adam, şol sanda Aşgabat uýezdinden 2500, Krasnowodskden 1960, Müňgyşlakdan 3240, Marydan 5000 we Tejenden 2300 adam toplamalydy. Olar 19-43 ýaş aralygynda bolup, tyl işlerinde – harby kärhanalarda, nagym gazmakda, ýol gurmakda, garawulçylyk gullugynda, demir ýoldaky işlerde peýdalanylmalydy. Türkmenleriň arasynda bu hadysa «päle» ýa-da «päleçilik» ady bilen bellidir.

Päleçilik baradaky perman ilatyň gahar-gazabyny has güýçlendirýär. Süteme döz gelip bilmedik ilat aç-açan çykyş etmäge mejbur bolupdyr.

Baknaçy häkimiýet üçin ýagdaý barha ýaramazlaşyp, howp emele getirýärdi. Şonuň üçin ol dürli ýerlere toply we pulemýotly harby toparlary iberýär. Zakaspi oblastynyň başlygy Kalmakow päleçilige garşylyk görkezenlere berk jeza berilmelidigi barada buýruk berýär.

Halk hereketiniň güýçli bolan ýerleriniň biri Tejen uýezdidir. Uýezdiň Sarahs pristawlygynyň ilaty päleçilige garşy aýaga galýar. Oňa garamazdan, pälä adam toplanýar. Şol adamlar Tejene tarap ugradylanda, olary boşatmak üçin Sarahsyň ilaty aýgytly çykyş edýärler. Olar oktýabr aýynyň başlarynda jemi üç gezek päleçileri alyp barýan harby toparyň üstüne hüjüm edýärler. Olaryň arasynda güýçli ýaragly çaknyşyklar bolýar.

Oktyabr aýynyň 6-syna geçilýän gijede Tejen uýezdiniň Utamyş wolostynda başlanan hüjüme 2500-e golaý adam gatnaşyp, olara Alty Sopy hem-de Eziz han Çapyk ogly baştutanlyk edipdir. Olaryň bir topary Tejen derýasynyň üstünden geçýän köprini eýeleýärler. Gozgalaňçylaryň beýleki topary Tejen şäherindäki demir ýol menziline hüjüm edýär. Emma gozgalaňçylar patyşa goşunlarynyň taýýarlykly gaýtawulyna duçar bolýarlar. Adam ýitgisi bolýar. Gozgalaň basylyp ýatyrylýar. Gozgalaňçylaryň 45--si tussag edilýär. Şondan soň päleçilige adam alnyp başlanýar.

1916-njy ýylyň milli-azat edijilik hereketiniň has gazaply ýüze çykan ýeri Günorta-Günbatar Türkmenistandyr. Gozgalaňa Baba gylyç, Mergen arçyn, Esen han, Şyhy han dagylar baştutanlyk edipdirler. 17-nji awgustda Çekişler pristawlygynda ilat ilkinji bolup ýaraga ýapyşýar. Olar päleçilige adam bermekden boýun gaçyrýarlar. Türkmenler bilen serhetçileriň arasynda harby çaknyşyklar bolýar. Gozgalaňçylar rus şäherçelerine hüjüm edýärler. Soňra sentýabr aýynda Gürgen töwereginde başlanan gozgalaň tiz Akgala, Kümüşdepe, Kümmetkowus, Marawdepe (hemmesi Eýranda) etraplaryna dolýar. Patyşa goşunlarynyň gozgalaňy basyp ýatyrmaga güýji ýetmeýär. Şonuň üçin rus harbylary Türküstan general-gubernatoryndan kömek soraýar.

1916-njy ýylyň dekabr aýynda halk hereketiniň has ýitileşen ýeri Etrek-Gürgene Türküstanyň general-gubernatory A. N. Kuropatkiniň buýrugy bilen jellatlykda ýakasyny tanadan general Madritowyň baştutanlygynda jeza beriji goşun iberilýär. Onuň düzüminde 10 müňe golaý adam, 18 top, 17 pulemýot we başga ýaraglar bardy. Madritowyň jeza beriji topary Çekişlerdir Esengulynyň deňinden geçip, Aşyradada we Garasuwda düşleýär. Ol ýerde türkmenler bilen harby çaknyşyklar başlaýar. General Madritow örän gyrgynçylykly uruş hereketlerini alyp barypdyr. 1917-nji ýylyň ýanwar aýynyň başynda Etregiň boýundaky Çat we Ýaglyolum obalarynda bolan söweşde 700-e golaý türkmen wepat bolupdyr.

Jeza berijileriň zulumynyň we talaňçylygynyň çägi bolmandyr. Doly bolmadyk maglumatlara görä, türkmenlerden 3200 tüpeň, 5 müň düýe, 5 müň at, 100 müň dowar, 2,5 müň iri şahly mal, 500 öý, birgiden haly-palas, şaý-sep zorluk bilen alnypdyr.

Halk hereketiniň baştutanlarynyň birnäçesi baknaçy hökümetiň eline düşüpdir. 1917-nji ýylyň ýanwar aýynyň 18-inde general-gubernator Kuropatkin: «Orta Aziýada gozgalaňyň soňuna çykyldy» diýip, paýtagta maglumat berýär.

---

### Sorag we ýumuşlar

**1.** 1916-njy ýylda milli-azat edijilik hereketiniň başlanmagynyň sebäpleri barada gürrüň beriň. **2.** Hywa hanlygyndaky türkmenleriň gozgalaňy barada gürrüň beriň. **3.** Tejende we Sarahsda bolan halk hereketi barada gürrüň beriň. «Päleçilik» näme? **4.** Günbatar Türkmenistanda bolan halk hereketi barada gürrüň beriň.

---

# III BÖLÜM

# TÜRKMENISTAN SOWETLER DÖWRÜNDE (1917–1991 Ý.)

## I BAP
## TÜRKMENLER REWOLÝUSION ÖWRÜLIŞIKLER WE RAÝATLYK URŞY ÝYLLARYNDA. SOWET HÄKIMIÝETINIŇ ORNAŞDYRYLMAGY (1917–1920 Ý.)

### §47. Türkmenler Fewral we Oktýabr rewolýusiýalary döwründe

1917-nji ýylyň Fewral rewolýusiýasy Russiýa imperiýasynda 300 ýyllap höküm süren Romanowlaryň neberesiniň häkimiýetini syndyrdy. Netijede, ýurtda iki häkimiýetlilik – Wagtlaýyn hökümet we işçiler hem-de esgerler deputatlarynyň Petrograd Soweti emele geldi. Wagtlaýyn hökümeti jemgyýetiň ýokary gatlaklary, sowetleri bolsa işçiler we esgerler goldaýardylar.

Özboluşly iki häkimiýetlilik imperiýanyň milli ülkelerinde, şol sanda Zakaspi oblastynda-da[1] döredilýär. Mart aýynyň 5-inde Aşgabatda köne baknaçylyk dolandyryş edarasynyň deregine Wagtlaýyn ýerine ýetiriji komitet döredilip, onuň düzümine, esasan, ozalky baknaçylyk düzgüniniň emeldarlary girizilipdir. Komitete türkmenleriň wekilleri çekilmändir.

Mart aýynyň ortalarynda oblastda işçiler we esgerler deputatlarynyň sowetleri-de döredilip başlanypdyr. Olaryň ýolbaşçylary başda, esasan, es-erlerden we menşewiklerden ybaratdy. Sowetleriň ýerli ilat bilen aragatnaşygy entek gowşakdy, hatda ýok diýen ýalydy. Sowetler başda Wagtlaýyn hökümetiň syýasatyny goldapdyrlar.

Türkmenler ülkesini özleri edara edýärler diýdirmek üçin, 1917-nji ýylyň maý aýynda Aşgabatda «Ähliturkmen gurultaýy» çagyrylýar. Gurultaý Türkmen ýerine ýetiriji komitetim döredipdir, onuň başlyklygyna ozal «ak» patyşanyň gullugynda bolan N. N. Han Ýomudskiý bellenilýär. Şol wagtlar Han Ýomudskiý,

[1] Häzirki Balkan, Ahal, Mary welaýatlarynyň çäkleri.

Magtymguly han, S. Öwezbaýew, Kakajan, Bekgi Berdiýewler, G. Atabaýew ýaly belli türkmen şahsyýetleri syýasy sahna çykyp başlapdyrlar.

Umuman, Türküstanda, onuň Zakaspi oblastynda-da häkimiýetiň Wagtlaýyn hökümetiň eline geçmegi ülkede syýasy ýagdaýyň düýpli özgermegine getirmändir. Iş ýüzünde Wagtlaýyn hökümet hut patyşa hökümetiniň baknalyk syýasatyny dowam etdiripdir. Wagtlaýyn hökümet milli çet ülkeleriň halklaryna, şol sanda türkmen halkyna hem syýasy özbaşdaklyk bermek islemändir, onuň ozalky dagynyklygyny saklapdyr.

1917-nji ýylyň maý aýynyň ortalarynda päleçilige giden türkmenler yzyna dolanyp gelip başlapdyrlar. Olar daýhanlaryň çykyşlaryna täze itergi beripdirler, köne aşaky dolandyryş guramalaryny çalşyrmak ugrundaky göreşe ýolbaşçylyk edipdirler. Olar ozal nädogry alnan nebitli, nebitdakylly baý ýerleriň, duz çeşmeleriniň, umuman, ummasyz baýlygy bolan ýerleriň hemmesiniň indi onuň hakyky eýelerine – halka gaýtarylyp berilmegini talap edipdirler. Elbetde, daýhanlaryň Wagtlaýyn hökümete garşy çykyşlary, tolgunmalary köpçülikleýin häsiýete eýe bolup bilmändir. Şeýle çykyşlar, tolgunmalar, esasan, şäherlere, demir ýola ýakyn obalarda bolupdyr. Türkmenleriň çykyşlary milli sütreme we deňsizlige garşy gönükdirilipdir.

1917-nji ýylyň 5-nji iýulynda Petrogradda işçileriň parahatçylykly çykyşlary oka tutulýar hem-de ýurtda iki häkimiýetlilik tamamlanýar. Şol ýylyň güýzünde Russiýa agyr ykdysady çökgünlige düşýär. Türküstanda we onuň Zakaspi oblastynda-da syýasy hem-de ykdysady ýagdaý juda çylşyrymlaşypdyr. Gurakçylyk zerarly oblasty, ylaýta-da onuň Mary we Aşgabat uýezdlerini açlyk gurşap alypdyr. Oblastyň komissary Dorrer açlygyň öňüni almak üçin öz hökümetiniň hiç zat edip bilmeýändigini Petrograda ýollan habarynda boýun alýar. Ýöne ol azyk kömegini soramagyň deregine, «haýal edilmän harby kömegiň iberilmegini haýyş edýär», sebäbi ol bu ýerde tolgunyşygyň bolaýmagyndan howatyrlanýardy.

Şol wagtlar bütin ýurt agyr çökgünligiň bosagasynda durdy. Bu ýagdaý rewolýusion akymyň sosialistik ugur bilen gitmegini kesgitledi. Ýurduň syýasy, ykdysady durmuşynda çuň özgertmäniň zerurdygy anyk ýüze çykypdy.

Petrogradda Oktýabr rewolýusiýasy üstün çykýar. Häkimiýet sowetleriň eline geçýär. Sowet hökümeti ýer, ýaraşyk hakyndaky dekretleri kabul edýär, uly-kiçi halklaryň azatlygyny we deňhukuklylygyny jar eden taryhy beýannamalary yglan edýär, bu bolsa milli ülkeleriň, şol sanda Zakaspi oblastynyň zähmetkeşleriniň syýasy işeňňirligine-de täsir edýär. Türkmen obalarynda, bir tarapdan, açlyk zerarly tolgunmalar artan bolsa, ikinji tarapdan, Wagtlaýyn hökümetiň dikmelerine garşy göreş güýçlendi, kähalatlarda ýaragly çaknyşmalar hem bolýardy. Indi olar öz çykyşlarynda Birinji jahan urşunyň ýatyrylmagyny, häkimiýetiň sowetleriň eline berilmegini talap edýärdiler. Sowetler bolşewikleşip başlaýarlar. Eýýäm noýabr aýynda Krasnowodskde, Guşguda, Çelekende, Gazanjykda[1] häkimiýet iş ýüzünde sowetleriň eline geçipdi. 1917-nji ýylyň noýabr aýynyň 30-y, dekabr aýynyň 5-i aralygynda Aşgabatda oblast sowetleriniň IV gurultaýy bolup, ol ähli häkimiýetiň sowetlere geçýändigini yglan etdi. Şäher sowetlerinde türkmen bölümleri döredildi.

Oblast Halk Komissarlar sowetiniň türkmen seksiýasynyň başlyklygyna Öwezberdi Kulyýew bellenilýär. Mary sowetleriniň türkmen bölümlerine G. Atabaýew we Garagöz işan ýolbaşçylyk edýärler. N. N. Han Ýomudskiý, Magtymguly han ýaly türkmenleriň arasynda oňat tanalýan adamlar hem Sowet häkimiýeti bilen hyzmatdaşlyk edip başladylar. 1918-nji ýylyň ýazynda oba sowetleri döredilip ugraýar.

Elbetde, Sowet häkimiýeti örän çylşyrymly syýasy ýagdaýda berkarar edilýärdi. Çünki rewolýusiýanyň netijesinde jemgyýet gapma-garşylykly iki topara bölünipdi. Köne düzgüni dikeltmäge çalyşýanlar «aklar» diýlip, sowet häkimiýetiniň tarapdarlary bolsa «gyzyllar» diýip at alypdyrlar. Şu esasy güýçleriň arasynda barlyşyksyz göreş dowam edýärdi. Bu ýagdaý soňra ýurtda raýatlyk urşuna getirdi.

---

### Soraglar we ýumuş

**?**

**1.** Iki häkimiýetlilik diýip nämä düşünýärsiňiz? **2.** 1917-nji ýylda daýhanlaryň çykyşlary barada gürrüň beriň. **3.** Zakaspi oblastynda sowet häkimiýeti haçan berkarar edildi?

---

[1] Şäherleriň üýtgedilen häzirki atlary kitabyň soňunda berilýär.

## §48. Türkmenler raýatlyk urşy ýyllarynda

1918-nji ýylyň 17-nji iýunynda «sagçy» es-erler we menşewikler Zakaspide sowet häkimiýetini agdarmak üçin synanyşyk etdiler, ýöne ol başa barmady. Türküstan ASSR-niň[1] hökümeti Zakaspide bolan bu ýagdaýyň sebäplerini anyklamak maksady bilen, Samarkant sowetiniň başlygy A. I. Frolowy Zakaspi oblastyna adatdan daşary ygtyýarly komissar edip iberýär. Ol Aşgabada gelip, şäherde harby-gabaw çäresini yglan edýär. Soňra özüniň kiçeňräk ýaragly topary bilen Gyzylarbada ugraýar. Ýöne ol oblastda dörän örän çylşyrymly ýagdaýyň sebäplerini doly anyklap bilmändir. Tersine, gödek hereket edip, ýagdaýy has-da çylşyrymlaşdyrypdyr.

«Sagçy» es-erler we menşewikler şeýle ýagdaýdan peýdalanyp, 1918-nji ýylyň 12-nji iýulynda Aşgabatda ýaragly çykyş edip, sowet häkimiýetini agdarýarlar. Şol gün Gyzylarbatda-da gazaply söweşlerde A. I. Frolowyň topary, Gyzylarbat rewolýusion häkimliginiň (rewkom) başlygy M. Dianow we başgalar heläk bolýarlar. Tiz wagtdan oblastyň ähli ýerlerinde (Guşgudan başga) sowet häkimiýeti agdarylýar we häkimiýet «sagçy» es-erleriň hem-de menşewikleriň eline geçýär. Olar «Wagtlaýyn ýerine ýetiriji komitetini» (WIK) döredip, onuň başlyklygyna es-er F. Funtikowy belleýärler.

1918-nji ýylyň 12-nji awgustynda iňlisleriň Eýranda jemlenen goşunlarynyň bir topary araçäkden geçip, ak gwardiýaçylara kömege gelýär. Şeýlelikde, Zakaspi fronty döräp, gazaply uruş başlanýar. Bu uruş türkmenlere, esasan, «bolşewik» – «menşewik» urşy ady bilen belli bolupdyr.

Uruş hereketleri bu ýerde, esasan, demir ýoluň ugrundaky şäherlerde, şäherçelerde, uly stansiýalarda bolupdyr. Demir ýola ýakyn obalaryň ilaty söweşýän goşun bölümleriniň talaňçylyklaryndan, eden-etdiliklerinden howatyrlanyp, Garagumuň jüm-

[1]Türküstan Awtonom Sowet Sosialistik respublikasy 1918-nji ýylyň aprel aýynyň 30-ynda Türküstan Ülke Sowetleriniň V gurultaýynda Daşkentde jar edildi. Zakaspi oblasty (1921-nji ýyldan – Türkmen oblasty) tä 1924-nji ýylyň oktýabr aýyna çenli Türküstan ASSR-niň düzüminde boldy. TASSR RSFSR-iň düzüminde 1922-nji ýylyň dekabr aýynda döredilen SSSR-iň düzümine girdi. 1924-nji ýylyň oktýabr aýynda Özbegistan SSR-niň we Türkmenistan SSR-niň döredilmegi bilen TASSR ýatyryldy.

müşine göçüp gidýärdi. Mysal üçin, Tejen töwereklerinde 1919--njy ýyl «gaça-gaçlyk» ýyly diýip at alypdy. Ýöne türkmenler şol aldym-berdimli söweşlere düýbünden gatnaşmandyr diýip bolmaz, çünki olar özleriniň taryhy ykbaly bilen içgin baglanyşykly wakalara biperwaý garap durup biljek däldiler.

Iýul aýynyň 16-synda türkmen jemgyýetiniň ýokary gatlagynyň wekilleri Büzmeýinde (häzirki Abadan) maslahat çagyrýarlar. Maslahatda Seýitmyrat Öwezbaýewiň baştutanlygynda Merkezi türkmen komiteti (MTK) döredilýär. Onuň düzümine Oraz serdar, Hojageldi Hajymyradow, Kakajan Berdiýew we başgalar girýär[1]. Komitet tutuşlygyna türkmen bölümi hökmünde ak gwardiýaçylaryň hökümetine (WIK) goşuldy. Ak gwardiýaçylaryň goşunlarynyň baş goşunbaşylygyna polkownik Oraz serdar (Orazberdi) bellenilýär.

Raýatlyk urşunyň ilkinji tapgyrynda türkmen ýaragly otrýadlary – Maşat, Ýomut, Tejen, Mary atly otrýadlary, Ahal polky (ozalky Teke polky) aklaryň hatarynda gyzyllara garşy söweşipdirler. 1918-nji ýylyň ahyrynda aklaryň ýaragly güýçleriniň adam sany 5200-e ýetýärdi, şol sanda S. Öwezbaýewiň Ahal polky 800 atlydan, Eziz hanyň nökerleri 500 pyýadadan we 100 atlydan, Baba hanyň nökerleri 500 pyýada bilen 200 atlydan ybarat bolupdyr. Ýusup hanyň (Güljemal hanyň ogly) topary hem şolaryň hataryndady. Bulardan başga-da Maryda, Aşgabatda we Krasnowodskde 2000 iňlis esgeri we ofiseri bardy.

Aklar gazanan ilkinji üstünlikleri bilen ruhlanyp, Türküstan ASSR-niň paýtagty Daşkende tarap hereket edip başlaýarlar. TASSR-iň hökümeti-de öz gezeginde gyssagly çäreler görýär. Iýul aýynyň 19-ynda Daşkentde döredilen harby-syýasy ştab şol aýyň 27-sinde Çärjewe gelýär. Şol wagtlar aklar hem Çärjewi etekläp, şähere hüjüm edýärler. Goranýan işçi toparlary, gyzyl gwardiýaçylar we gyzyl goşun bölümleri garşydaşlarynyň hüjümine gaýtawul berip, olary Kaka çenli yza serpikdirýärler.

1918-nji ýylyň awgust-oktýabr aýlarynda Kaka bilen Duşagyň eteginde alnyp barlan söweşlerden soň, gyzyl goşun bölümleri ýene-de Rawnina stansiýasyna tarap yza çekilip, şol ýerde tä 1919-njy ýylyň maý aýyna çenli goranyşda bolýarlar. Aklar Tejen

---

[1]Raýatlyk urşy tamamlanandan soňra S. Öwezbaýew, H. Hajymyradow, K. Berdiýew sowet häkimiýeti bilen hyzmatdaşlyk etdiler. Ýöne olar soňra stalinçilik jezalandyryşyň pidasy boldular.

we Mary sebitlerini ikinji gezek eýeleýärler. Ýöne olaryň Çärjewi aljak bolup eden synanyşyklary ýene-de şowsuz gutarýar. Soňra iki tärap hem täze hüjümlere taýýarlanyp başlaýar.

Hut şol wagtlar şäherlerde we obalarda Funtikowyň hökümetine garşy nägilelikler güýçlenip başlaýar. Sebäbi Funtikowyň hökümeti ilaty talamak bilen meşgul bolupdyr, ol öz goşunynyň hajatlary üçin ilatyň düýelerini elinden alypdyr. Üstesine-de, hökümetiň göz ýummagy bilen, iňlisler azyk önümlerini, pagta, haly, altyn-kümüş şaý-seplerini, türkmen tohum atlaryny, nebit önümlerini, hatda meşhur binagärlik ýadygärligi bolan Änew metjidiniň gymmatlyklaryny-da äkidipdirler. 1918-nji ýylyň awgust aýyndan 1919-njy ýylyň aprel aýyna çenli döwürde iňlis goşunlary üçin ilatdan 17,4 mln manat pul ýygnalypdyr.

1918-nji ýylyň güýzünde Funtikowyň hökümeti bilen iňlisler gallany arzan nyrhdan tabşyrmaga ilaty mejbur etmäge synanyşanlarynda, şol wagt olarda gulluk eden Eziz han muňa garşy çykýar. Ol atlylarynyň esasy bölegini frontda goýup, nökerleriniň bir topary bilen Tejene, öz obasy Agalaňa dolanyp gelýär we üç aýlap şol ýerde bolýar. Ol gyzyl goşunyň baştutanlary bilen aragatnaşyk açmagy ýüregine düwýär. Aklar we iňlisler muny aňyp, 1919-njy ýylyň mart aýynyň 3-ünde Eziz hany hile bilen tussag edýärler we atýarlar. Şondan soň Eziz hanyň nökerleriniň ýarysy Gyzyl hanyň ýolbaşçylygynda fronty taşlap, Tejeniň aşak eteklerine tarap gidýär. Bu waka beýleki türkmen atly toparlaryna-da uly täsir edipdir.

1919-njy ýylyň 2-nji aprelinde iňlis generaly Mallesonyň öz goşunlary bilen Aşgabady we fronty taşlap gitmegi aklaryň ýagdaýyny kynlaşdyrýar. Zakaspidäki ak gwardiýaçylar indi rus generaly Denikine tabyn edilýär hem-de Demirgazyk Kawkazdan olara harby kömek iberilýär, goşuna täze baştutan edilip general Sawiskiý bellenilýär.

Türküstan ASSR-niň hökümeti hem Zakaspi frontunyň gyzyl goşun bölümlerinde düzgün-nyzamy pugtalandyrmak barada degişli çäreler geçirýär. 1919-njy ýylyň aprel aýynyň ortalarynda Rewolýusion Harby Sowet (RHS) döredilýär. RHS-iň syýasy bölüminiň düzüminde ýerli ilatyň arasynda iş alyp barmak üçin Musulmanlar bölümi (müdiri F. G. Rahmatulin, işgärler G. Atabaýew, A. Garahanow, Ý. Nasyrly we başg.) döredilýär.

1919-njy ýylyň 17-nji maýynda gyzyl goşun hüjüme geçýär. Basym Baýramaly, Mary, Tejen, Kaka, Aşgabat şäherleri aklardan azat edilýär. Başda aklaryň tarapynda çykyş eden türkmen atly bölümleri 1919-njy ýylyň ýazyndan başlap, gyzyl goşunyň tarapyna geçip başlaýarlar. Mysal üçin, şol ýylyň tomsunda Hangeldi Wepadar oglunyň, Gyzyl hanyň atlylary, Gowşut Öwezow bilen Gurbanmämmet Babaýewiň meýletin türkmen atlylary gyzyl goşunyň hataryna goşulypdyrlar. Olaryň yzysüre Allaýar Gurbanowyň partizan topary-da gyzyl goşuna birigýär.

1919-njy ýylyň güýzünde Merkezi Russiýa bilen Türküstanyň arasynda demir ýol gatnawy dikeldilýär. Şol ýylyň oktýabr aýynda bolsa, RSFSR BMÝÝK-nyň, HKS-niň Türküstanyň işleri baradaky Komissiýasy (Türkkomissiýa) döredilýär. Komissiýa RK(b)P MK-nyň hem ygtyýarly guramasydy. Bu bolsa RSFSR-iň hökümetiniň Türküstany we onuň Zakaspi oblastyny elde saklamaga aýratyn uly üns berendigine şaýatlyk edýär.

Zakaspi frontunda Gyzyl goşun 1919-njy ýylyň güýzünde ýene-de hüjümi dowam etdirýär. 1920-nji ýylyň 6-njy fewralynda Krasnowodskini we Çelekeni eýeleýär. Zakaspi frontunyň goşun bölümleriniň hatarynda Gerkez, Mary, Poltorask, Tejen türkmen atly toparlary, 1-nji Zakaspi atly polky we beýleki türkmen bölümleri söweşlere gatnaşypdyrlar.

Raýatlyk urşy tamamlanandan soň, frontuň RHS-niň gös-göni ýolbaşçylygy astynda Zakaspi oblastynda sowet häkimiýetiniň ýerli guramalary berkarar edildi. Başda saýlawsyz, ýokardan bellenilýän harby-raýat wezipeli sowet guramalary – rewolýusion komitetler (Rewkom) döredildi. Aşgabatda Rewkom 1919-njy ýylyň tomsunda hereket edip başlaýar. Onuň düzüminde entek türkmenleriň wekili ýokdy. Oblastyň şäherlerinde partiýa guramalary dikeldilýär, ilkinji komsomol (ýaşlar), profsoýuz (kärdeşler arkalaşygy) guramalary döredilýär. Şäherlere ýakyn obalarda oba komitetleri döredilip başlanýar. Şeýlelikde, Zakaspi oblastynyň çäklerinde gyzyl goşun bölümleriniň kömegi bilen sowet häkimiýeti täzeden dikeldilýär.

Raýatlyk urşy ýyllarynda sowet häkimiýetiniň ykdysady syýasaty «harby kommunizm» ady bilen taryha girdi. Özeni azyk monopoliýasy bolan bu syýasat bazar gatnaşyklaryny inkär edýärdi. Sowet häkimiýeti bu syýasaty hatda «kommunizme böküp geçmegiň» iň degerli usuly diýip ykrar edipdi.

Zakaspi oblastynda azyk syýasatyna üýtgeşiklik girizilipdir. Azygy, galladyr maly satyn almak arkaly taýýarlamaklyk karar edilipdir. Bazarlarda gallanyň ownuk söwdasyna ýol berlipdir. Ýöne urşuň ýalynly ýyllarynda hökümetiň azyk syýasatynda bellibir düzgün-kada hem-de yzygiderlilik bolmandyr. Biri-birine çapraz gelýän görkezmeler berlip, razwýorstkanyň gaýta-gaýta alnan wagtlary-da bolupdyr. Fronty, goşuny, şäher ilatyny azyk we beýleki zerur önümler bilen üpjün etmegiň ähli agramy daýhanlaryň gerdenine düşüpdir.

Raýatlyk urşy halklaryň üstüne inen aýylganç hasrat bolup, onuň netijeleri soňra uzak ýyllaryň dowamynda jemgyýetiň ruhy-ahlak ýagdaýyna ýaramaz täsirini ýetirip durupdyr.

---

Soraglar we ýumuşlar

? **1.** Zakaspi oblastynda raýatlyk urşy haçan başlanýar? **2.** Raýatlyk urşunda türkmenleriň orny barada gürrüň beriň. **3.** «Harby kommunizm» syýasaty näme? Bu barada öz pikiriňizi ýazyp, beýan ediň.

---

## §49. Türkmenler Hywa we Buhara rewolýusiýalarynda

1917-nji ýylyň Fewral rewolýusiýasyndan soňra, Hywa hanlygynda ozalky baknaçylyk sütemi dowam edip gelýärdi, aýratyn hem onuň türkmen raýonlarynda[1] (etraplarynda) ýagdaý agyrdy. Isfendiýar han 1916-njy ýylda gozgalaň edendikleri üçin türkmenlerden öç almagyny dowam etdirýärdi. Rus goşunynyň polkownigi Zaýsewiň kömegi bilen Isfendiýar hana belli türkmen serdarlary Jüneýit han bilen Şammy keli biri-birine garşy goýmak başartdy, netijede han 1917-nji ýylyň tomsunda Şammy keliň ýolbaşçylygynda turan türkmenleriň gozgalaňyny gazap bilen ýatyryp bildi.

1917-nji ýylyň Oktýabr rewolýusiýasyndan soň, polkownik Zaýsewiň goşuny Hywa hanlygyndan çykaryldy, Jüneýit han pursatdan peýdalanyp, Hywany eýeledi, ýöne ol Isfendiýar hany tagtdan düşürmän, ony özüne elgarama edip goýdy. Soňra Jüneýit han azda-kände özbaşdak hereket etmäge ýüz uran Isfendiýar hany heläk edip, ýerine bolsa onuň dogany Seýit Abdyllany oturdýar.

---

[1] Häzirki Daşoguz welaýatynyň çäkleri.

Emma ýurtda oňatlyga tarap özgerişlik duýulmaýardy. Halkyň hal-ýagdaýy öňküden-de agyrlaşýardy. Köp ýerleri açlyk gurşap aldy.

1919-njy ýylyň ýazyndan başlap, Hywa hanlygynda ýagdaý has-da çylşyrymlaşdy. Şol ýylyň ortalarynda beýleki bir turkmen hany Goçmämmet han we onuň ýaranlary Jüneýit hana garşy göreşde kömek sorap, sowet hökümetine ýüz tutýarlar. Noýabr aýynyň başlarynda tutuş Hywa hanlygynda diýen ýaly Jüneýit hanyň düzgünine garşy gozgalaň turýar. Jüneýit han hem öz gezeginde Türküstan ASSR-niň Amyderýa bölüminiň (Garagalpagystan) çäklerine çozýar. Bu bolsa Hywa hanlygynyň üstüne goşun sürmäge sowet hökümetine tutaryk boldy. 1919-njy ýylyň ahyrlarynda gyzyl goşun bölümleri Ürgenç şäheriniň eteginde Amyderýadan ötüp, Hywa hanlygynyň çäklerine girýär. Jüneýit hanyň garşydaşlary gyzyl goşun bölümlerine birigýärler.

1920-nji ýylyň 23-nji ýanwarynda Gazawadyň eteginde gazaply söweş bolýar. Bu söweşe köpsanly özbek, garagalpak, gazak gozgalaňçylary-da gatnaşýar. Netijede, Jüneýit hanyň goşuny ýeňlişe sezewar bolýar. Jüneýit han zordan Garaguma gaçyp gutulýar. Fewral aýynyň 2-sinde Hywa hany Seýit Abdylla we Jüneýit han tagtdan el çekýärler.

1920-nji ýylyň mart aýynyň ahyrynda halk wekilleriniň I Bütinhorezm gurultaýy bolup, onda Horezm Halk Sowet Respublikasynyň (HHSR) döredilendigi jar edilýär hem-de onuň Konstitusiýasy kabul edilýär. Şol ýylyň 13-nji sentýabrynda Moskwada RSFSR bilen HHSR-iň arasynda soýuzdaşlyk barada şertnama baglaşylýar. Şertnama boýunça RSFSR-iň hökümeti HHSR-iň özbaşdaklygyny we garaşsyzlygyny doly ykrar edýär. Şeýlelikde, Hywa halklary göräýmäge erkinlik, azatlyk gazanan ýalydylar. Ýöne iş ýüzünde ozalky Hywa hanlygynyň 1917-nji ýyla çenli patyşa Russiýasyna tabyn bolşy ýaly, Horezm Halk Sowet Respublikasy hem ilki RSFSR-e, soňra-da (1922-nji ýyldan başlap) SSSR-e elgarama ýagdaýyna düşüpdi.

1917-nji ýylda Russiýada bolup geçen Fewral rewolýusiýasyndan soň, Buhara emirliginde-de düýpli özgerişlik bolmandy. Şonuň üçin emirligiň çäklerinde şol ýylyň aprel-iýul aýlarynda Buhara emiri Seýit Alym hana we onuň ýerli emeldarlaryna garşy tolgunmalar, gozgalaňlar başlandy. Mysal üçin, Çärjew we Kerki begliklerinde obalaryň 10-a golaýynda daýhanlar hyraç, hojalyk

salgydyny tölemekden ýüz öwrüpdirler. 7 obada barly gatlaklaryň ýer-suwuny alyp, mallaryny talapdyrlar. Ýöne bu çykyşlar gazap bilen basylyp ýatyrylypdyr.

Esasan, özbek täjirlerinden ybarat bolan «Ýaş buharalylar» partiýasy işeňňirleşip başlaýar. Olaryň esasy talaby absolýut monarhiýanyň konstitüsion monarhiýa bilen çalşyrylmagyna syrygýardy. Wagtlaýyn hökümetden goldaw tapan Buhara emiri Seýit Alym hana bolsa, hatda şeýle aram meýilli talaplar hem ýaramaýardy.

1917-nji ýylyň Oktýabr rewolýusiýasynyň täsiriniň Buhara emirligine ýaýramagyndan howatyrlanan emir ýurtda çäklendirilmedik häkimiýeti berkarar etmäge başlaýar. Ol haýsy-da bolsa demokratik özgertmeleri geçirmek barada asla hiç hili pikir etmeýär, gaýtam, iri ruhanylaryň kömegi bilen «ýaş buharalylar» partiýasyna garşy göreşi ýaýbaňlandyrýar. «Ýaş buharalylaryň» aglabasy Türküstanyň şäherlerine gaçmaga mejbur bolupdyrlar.

1918-nji ýylyň başlarynda Buhara emiriniň syýasy ýagdaýynyň pugtalanmagyna getiren bir waka boldy. «Ýaş buharalylaryň» «Buharada emire garşy köpçülikleýin gozgalaň taýýarlanylýar» diýenine ynanyp, TASSR-iň hökümetiniň başlygy F. Kolesow 700 esger bilen Buhara emirligine garşy harby ýöriş etdi. F. Kolesowyň juda şowsuz gutaran çozuşyny tutaryk edinip, emir Seýit Alym han «Ýaş buharalylaryň» partiýasyny dargadýar we öz düzgünini öňküden-de gazaplandyryp başlaýar. Emiriň ýerlerdäki hökümdarlarynyň eden-etdiligi günsaýyn artýardy. Çärjew begi 120 adamy kommunistler bilen aragatnaşyk edýärler diýen bahana bilen tussag edipdir. Bu gazaply çäreler ýerlerde özakymlaýyn çykyşlaryň, tolgunmalaryň güýçlenmegine getiripdir.

1920-nji ýylyň ýazyndan başlap, türkmen begliklerinde (häzirki Lebap welaýatynyň çäkleri) ilat emiriň goşunyna nöker bermekden aç-açan ýüz dönderýär. Howsala düşüp, aljyran Çärjew begi Seýit Alym hana ýazan hatynda: «5-6 sany döwlet emeldary diýäýmeseň, türkmenleriň hemmesi boýun egmezlige ýüz urdy. 12 müň nökeriň 10 müňüsi bolşewikleriň wagyz-ündewiniň täsirine düşen ilatyň tarapyna geçdi» diýip habar berýär. Emma emire we onuň ýerli emeldarlaryna rewolýusion çykyşlaryň öňüni almak başartmady.

1920-nji ýylyň 23-nji awgustynda Sakarda Abdyhekim Gulmuhammedow bilen onuň ýakyn egindeşi Bäşim serdaryň baştutanlygynda emire garşy ýaragly gozgalaň başlanýar. Gozga-

lançylar şol günüň özünde Sakary, şonuň yz ýany bolsa Köne Çärjewi eýeleýärler. Şol ýerde bada-bat Rewkom döredilip, onuň düzümine Bäşim serdar (başlyk), Abdyrahym Ýusubow we Hasan Alyýew giripdir.

Soňra tiz wagtdan zähmetkeş halkyň adyndan kömek sorap ýüzlenen Buhara rewkomynyň haýyşyny kanagatlandyryp, Kaganda duran gyzyl goşun bölümleri hem-de 1-nji Gündogar musulman polky Buharanyň üstüne hüjüme başlaýarlar. Gyzyl goşun bölümleri we gozgalaňçylar 2-nji sentýabrda Buharany eýeleýärler. Buhara emiri Seýit Alym hany tagtdan agdarýarlar. Türküstan frontünyň baştutany M. W. Frunze Buharanyň boýun egdirilendigini W. I. Lenine habar berýär. 1920-nji ýylyň 6-njy sentýabrynda Buharada halk wekilleriniň I Bütinbuhara gurultaýy bolup, onda Buhara Halk Sowet Respublikasynyň (BHSR) döredilendigi jar edilýär.

Şeýlelik bilen, rewolýusion öwrülişikler we raýatlyk urşy bolşewikleriň peýdasyna gutarýar. Türküstanda, onuň Zakaspi oblastynda, Hywada we Buharada, olaryň türkmen etraplarynda-da gyzyl goşun bölümleriniň gös-göni goldawy bilen sowet häkimiýeti berkarar edilýär.

---

Soraglar we ýumuş

**?**

**1.** Hywa hanlygynda we Buhara emirliginde türkmenleriň ýagdaýy nähili bolupdyr? **2.** Hywa hanyna we Buhara emirine garşy gozgalaň ilki haýsy ýerlerde başlanýar? **3.** Hywa we Buhara halk rewolýusiýasynda türkmenleriň orny barada gürrüň beriň. **4.** Horezm we Buhara Halk Sowet Respublikalary haçan jar edilýär?

---

# II BAP
# TÄZE YKDYSADY SYÝASAT. TÜRKMENISTAN SSR-NIŇ DÖREDILMEGI (1921–1925 Ý.)

## §50. Täze ykdysady syýasata geçilmegi

Ýurtda raýatlyk urşy tamamlanandan soň, parahatçylykly gurluş döwrüne geçmeklik çuň syýasy çökgünlik hem-de hojalyk weýrançylygy ýagdaýynda amala aşyrylýardy. Birinji jahan hem-

-de raýatlyk uruşlary zerarly, Zakaspi oblastynyň ykdysadyýeti batyp galmak derejesine ýetipdi.

Parahatçylykly gurluşyň ilkinji gadamlary bolşewikleriň haýdan-haý «kommunizme böküp geçmek» niýetleriniň puja çykandygyny aýdyň görkezdi. Ýagdaý «harby kommunizm» syýasatynyň ýatyrylmagyny talap edýärdi.

1921-nji ýylyň mart aýynda «harby kommunizm» syýasaty täze ykdysady syýasat (TYS) bilen, azyk borçnamasy bolsa azyk salgydy bilen çalşyryldy. Ozal daýhanlar öndürýän gallasyndan azyklyk üçin ujypsyz bölegini özüne alyp, galanyny kesgitli baha bilen döwlete tabşyrmaga borçludylar. Indi olara salgyt hökmünde hasylyň bellibir bölegini döwlete berip, galan köp bölegini bazara çykarmaga hukuk berildi. Netijede, daýhanlaryň maddy hal-ýagdaýy biraz ýeňilleşdi, telekeçilige ýol açyldy.

Türküstan ASSR-niň, şeýle hem onuň Zakaspi oblastynyň şertlerinde täze ykdysady syýasatyň amala aşyrylmagy milli deňsizligi aradan aýyrmaklygyň, ýer-suw meselesini çözmekligiň zerurlygy bilen utgaşyp gidýärdi. Sebäbi bu meseleler örän ýitileşipdi. RK(b)P-niň X gurultaýynda (1921 ý.) partiýanyň milli syýasatynyň ýiti tankyt edilendigi tötänden däldi.

1921–1922-nji ýyllarda Zakaspi oblastynyň Poltorask (Aşgabat), Tejen, Merw uýezdlerinde ilkinji ýer-suw özgertmesi geçirildi. Ol baknaçylyk döwründe Russiýadan göçürilip getirilen ilatyň has köp ornaşan ýerlerini hem-de «ak» patyşanyň Baýramalydaky mülküni öz içine aldy. Ýerli we göçürilip getirilen ilatyň ýer-suwdan peýdalanmak hukugy deňlendi. Şeýlelikde, bu çäre «ak» patyşanyň baknaçylyk agrar syýasatynyň galyndylaryny aradan aýyrmaga hem-de milletara gatnaşyklaryny düzgünleşdirmäge ýardam etdi. Obalarda özboluşly jemgyýetçilik guramasy – «Goşçular» soýuzy döredildi.

Azyk salgydynyň girizilmegi, ýer-suw gatnaşyklarynyň düzgünleşdirilip başlanmagy daýhanlarda öz hojalyklaryny ösdürmäge höwes döretdi.

Sowet häkimiýeti, ilkinji nobatda, bütin sowetler ýurdy üçin ähmiýetli pudak bolan pagtaçylygy ösdürmäge goltgy berdi. Suwaryş desgalary dikeldilýär. Daýhanlar suwaryş işleri üçin ep-esli pul serişdelerini bermekden başga-da, onlarça kilometre uzalyp gidýän uly-kiçi ýaplary, salmalary arassalap, gazyp beripdirler. 1925-nji ýylda pagta meýdany 62,8 müň desýatina

çenli artdyrylypdyr. Şol ýylda daýhanlar döwlete 2750 müň put pagta satypdyrlar.

Maldarçylyk haýal we kynlyk bilen dikeldilýärdi. Maddy serişdeler, çarwa we ýarym çarwa durmuşynyň aýratynlyklaryny gowy bilýän ýerli işgärler ýetmezçilik edýärdi. Üstesine-de, maldarlar bilen sowet häkimiýetiniň arasynda örän dartgynly gatnaşyklar dowam edýärdi. Türkmen oblispolkomynyň 1922-nji ýylyň awgust aýy boýunça hasabatynda: «Krasnowodsk uýezdinde çarwadarlar sowet häkimiýetine we kommunistik partiýa biparh garaýarlar..., olaryň nämedigini entek añşyranoklar» diýlip görkezilendigi tötänden däldi.

Täze ykdysady syýasata geçilmegi bilen, türkmen obalarynda köptaraplaýyn karz beriş şereketleri, alyjylar jemgyýeti, 1924--nji ýyldan başlap bolsa, melioratiw şereketler döredilip başlandy. Ýöne, umuman alnanda, şereket (kooperatiw) ulgamy entek gowşakdy. Maliýe serişdeleriniň ýetmezçiligi zerarly, şereketler döwlete baglydylar we esasan, döwletiň tabşyrygy boýunça işleýärdiler.

Senagat kärhanalary dikeldilip başlandy. Olaryň esasylary hojalyk hasaplaşygy esasynda işleýärdi. Kiçeňräk kärhanalar, köplenç harazlar hususy adamlara kärendesine berildi. Demir ýoluň işi kadalaşyp ugraýar.

1921-nji ýylyň maý aýynda Aşgabatda aýna zawody işe girizildi. Garabogaz aýlagynda mirabilitiň seýrek duş gelýän ýatagy açyldy. Eýýäm 1921-nji ýylyň başlarynda bu gymmatly çig malyň 1 mln puta golaýy öndürilipdir.

Nebitiň, duzuň çykarylyşy, elektrik energiýasynyň öndürilişi, aýna zawodynyň, pagta arassalaýjy kärhanalaryň işleri birsyhly ilerläp başlady. 1923-nji ýylda Murgap derýasynda Hindiguş gatlasy we elektrik stansiýasy dikeldildi we işe girizildi. Senetçiligi-hünärmentçiligi janlandyrmakda ilkinji ädimler ädildi.

Oblastyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda hem ilkinji özgerişlikler bolup geçdi. 1921-nji ýylyň 7-nji awgustynda Türküstan ASSR-niň MÝÝK-nyň karary bilen Zakaspi oblasty Türkmen oblastyna öwrüldi. Şeýlelikde, ülkäniň ozal «ak» patyşa tarapyndan çalşyrylan gadymy ady dikeldildi.

1920-nji ýylyň ahyrynda – 1921-nji ýylyň başlarynda rewkomlar saýlawly sowetler bilen çalşyryldy. Şäherlerde we ekerançylyk obalarynyň aglabasynda diýen ýaly sowetler ornaşdyrylyp

başlandy. Oblast partiýa guramasy profsoýuzlaryň, komsomol, «Goşçular» guramalarynyň üsti bilen bütin oblasty gözegçilikde saklaýardy hem-de öz täsirini ýaýradýardy.

1923-nji ýylyň oktýabr aýynda BHSR-de Çärjew we Kerki welaýatlaryndan ybarat bolan Türkmen oblasty (merkezi Kerki şäheri) döredildi. 1924-nji ýylyň maý aýynda bolsa, HHSR-de Türkmen oblasty (merkezi Daşhowuz şäheri) döredildi. Dolandyryş-çäk giňişligi babatda türkmenleriň ýerleşen we ýaşaýan ýerleri anyk kesgitlendi.

Parahatçylykly gurluş, elbetde, örän çylşyrymly we dartgynly ýagdaýda amala aşyrylýardy. Türkmen jemgyýetçiliginiň bir topary, ylaýta-da ýokary gurply gatlaklar sowetleriň öňe süren ýörelgelerini kabul etmediler. Netijede, basym sowet häkimiýetine garşy ýaragly gozgalaňlar ýüze çykyp başlady.

Sowet taryhnamasynda şol tolgunyşyklara gatnaşan adamlaryň hemmesi biraýakdan sürlüp, olar «basmaçylar» ýa-da «halk duşmanlary» diýlip, nädogry häsiýetlendirildi. Olaryň aglabasy «halkyň duşmanlary» däldi.

Türkmenistanda sowet häkimiýetine garşy gozgalaňlar 20--nji ýyllaryň başlarynda ýüze çykyp, ol kä tutaşyp, käte gowşap, 30-njy ýyllaryň ortalaryna çenli dowam etdi.

Türkmenistanda gozgalançylaryň sowet häkimiýeti üçin iň howplusy Jüneýit hanyň toparydy. Hywada rewolýusiýa ýeňenden soňra, Jüneýit han Garagumuň jümmüşine çekilipdi, ol ozalky elden gideren häkimiýetini dikeltmek ugrunda göreşýärdi. 1924-nji ýylyň 15-nji ýanwarynda Horezmde sowet häkimiýetine garşy gozgalaň turdy. Gozgalançylar Hywany gabadylar. Jüneýit han olara kömege gelip, gozgalaňa umumy ýolbaşçylyk etmegi-de öz üstüne aldy.

Hywany goraýjylara kömege iberilen 82-nji Türküstan atly polkunyň ýetip gelýänini bilip, Jüneýit han nökerleri bilen şol aýyň 28-inde galany taşlap, ýene-de Garaguma yza çekilýär. Fewral-aprel aýlarynda Garagumda Balykly, Çyryşly, Igde guýularynyň töwereginde bolan gazaply söweşlerde 82-nji atly polk Jüneýit hanyň esasy güýçlerini dargatdy. Jüneýit han aman galan atlylary bilen Owganystana geçdi. 1924-nji ýylyň iýul aýynda Jüneýit han ýene-de Türkmenistana dolanyp gelýär.

1925-nji ýylyň fewral aýynda sowetleriň Bütintürkmen I gurultaýynda Jüneýit hanyň haýyşnamasyna seredilip, onuň

günäsi geçilýär hem-de Wasda mekan tutmaga rugsat edilýär. Şeýlelikde, respublikada birbada asudalyk aralaşan ýaly boldy, ýöne bu ýagdaý uzaga çekmedi.

1920-nji ýyllarda Türkmenistanyň çäklerinden goňşy ýurtlara göçe-göçlük hem başlandy. Bu hadysa sowet häkimiýetiniň syýasaty bilen gös-göni baglanyşykly bolup, jemgyýetçilik-syýasy gapma-garşylygyň ýüze çykmagynyň anyk mysalydy.

Goňşy ýurtlara mejbury göçe-göçlük kä güýçlenip, käte gowşap, tä 30-njy ýyllaryň ortalaryna çenli dowam edipdir. Buhara emirliginde rewolýusiýa ýeňenden soňra, 1920-nji ýylyň ahyrlarynda Kerki we Çärjew welaýatlaryndan baý maldarlaryň we ruhanylaryň, garyp gatlaklaryň 60 müňüsi Owganystana göçüpdir. Elbetde, göçüp gidenler, ylaýta-da garyp gatlaklar baran ýerlerinde maddy we ruhy kynçylyklara sezewar bolupdyrlar. Sonuň üçin-de, garyp gatlaklaryň dogduk mekanlaryna dolanmak islegleri artypdyr. 20-nji ýyllaryň birinji ýarymynda bosgunlaryň 28 müňe golaýy Türkmenistana dolanypdyr. Watana dolanyp gelýänler, esasan, garyp gatlaklar bolupdyr.

---

**Soraglar we ýumuşlar**

**1.** Täze ykdysady syýasat diýip nämä düşünýärsiňiz? **2.** 1921–1922-nji ýyllaryň ýer-suw özgertmesi barada gürrüň beriň. **3.** Zakaspi oblasty haçan Türkmen oblastyna öwrüldi? **4.** Horezm we Buhara Halk Sowet Respublikalarynda Türkmen oblastlary haçan döredildi? **5.** Sowet häkimiýetine garşy ýaragly çykyşlar barada öz pikiriňizi beýan ediň. **6.** Mejbury göçe-göçlük barada näme aýdyp bilersiňiz?

---

## §51. Milli-döwlet bölünişigi. Türkmenistan SSR-niň döredilmegi

1917–1920-nji ýyllarda Orta Aziýada jar edilen Türküstan ASSR-i (1918-nji ýylyň aprel aýy), Horezm Halk Sowet Respublikasy (1920-nji ýylyň mart aýy), Buhara Halk Sowet Respublikasy (1920-nji ýylyň sentýabr aýy) ozalky köne syýasy-dolandyryş bölünişigiň çäklerinde döredilipdi. Orta Aziýada ýaşaýan esasy halklar böleklere bölünip, şol üç respublikanyň düzümine giripdiler. Mysal üçin, türkmenleriň 43,2%-i Türküstan ASSR-inde, 27%-i BHSR-de, 29,8%-i bolsa HHSR-de ýaşaýardy.

Bolşewikler partiýasy milletleriň öz ykbalyny özüniň kesgitlemäge hukugynyň bardygyny ençeme gezek jar edipdi. Ýöne, aslyýetinde bolşewikler uly bitewi döwletiň tarapdarydylar. Şeýle-de bolsa, 1924-nji ýyla çenli emele gelen içerki we daşarky çylşyrymly ýagdaýlary nazara alyp, RK(b)P MK Orta Aziýada milli bölünişik geçirmek tagallasyny goldap, şol çylşyrymly we kyn işi özi üçin amatly ugra gönükdirmegi bähbitli hasaplaýar. Bolşewikler üçin esasy zat, Orta Aziýa halklaryny SSSR-iň düzüminde saklamakdy. Partiýanyň göz öňünde tutuşyna görä, Orta Aziýada milli bölünişik şu uly hem özboluşly sebitde sowet häkimiýetiniň ornuny berkitmäge gös-göni ýardam etmelidi.

1924-nji ýylyň 12-nji iýunynda RK(b)P MK-nyň Syýasy byurosy ýerli partiýa guramalarynyň tekliplerine seredip, «Orta Aziýa respublikalarynyň (Türküstanyň, Buharanyň we Horezmiň) milli bölünişigi hakynda» karar kabul etdi.

Milli bölünişik hakyndaky mesele ilki partiýa guramalarynda, soňra halk köpçüliginiň arasynda birnäçe gezek ara alnyp maslahatlaşylandan we makullanandan soň, Türküstan MÝÝK-nyň adatdan daşary III sessiýasy, Sowetleriň V Bütinhorezm we V Bütinbuhara gurultaýlary Orta Aziýada milli-döwlet bölünişigini geçirmek hakynda karar kabul etdiler.

1924-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda SSSR MÝÝK-nyň II sessiýasy Orta Aziýa respublikalarynyň ýokary guramalarynyň kararlaryny makullady we Özbegistan SSR-ni (düzümine Täjigistan ASSR-i girýär) we Türkmenistan SSR-ni döretmek hakynda karar kabul etdi hem-de SSSR MÝÝK-nyň Prezidiumyna Orta Aziýada täze döredilen respublikalary degişli sowetleriň gurultaýlarynyň kararyna laýyklykda resmileşdirmegi tabşyrdy.

Bütintürkmen gurultaýyna taýýarlyk işleri partiýa guramalarynyň berk gözegçiligi astynda geçdi. Partiýa saýlaw möwsümini özüniň sowetlerdäki ornuny berkitmek üçin peýdalandy.

1925-nji ýylyň fewral aýynyň 15-inde Aşgabatda dabaraly ýagdaýda sowetleriň I Bütintürkmen gurultaýy açyldy. Gurultaý türkmen halkynyň gadym wagtlardan bäri ýaşap gelýän çäklerinde Türkmenistan SSR-niň döredilendigi barada Jarnama kabul etdi.

Türkmenistan SSR-ne ozalky TASSR-iň, HHSR-iň we BHSR-iň Türkmen oblastlary goşuldy. TSSR-iň çägi 488,0 müň inedördül km, ilaty 1007 müň adamdan ybarat boldy. Türkme-

nistan SSR-niň çäginde şol wagtlar SSSR-de ýaşaýan türkmenleriň 94,2%-i jemlenipdi. Bu bolsa respublikanyň tutuş ilatynyň 72,9%-ine barabardy.

TSSR köpmilletlidi. Respublikada ýaşaýan ähli beýleki milletler we halkyýetler üçin deň hukuklar hem-de kadaly durmuş şertleri kepillendirildi.

Gurultaýda TSSR MÝÝK-nyň başlyklygyna N. Aýtakow, Halk Komissarlar Sowetiniň başlyklygyna Orta Aziýada milli-döwlet bölümişigini geçirmäge, TSSR-iň binýadyny tutmaga işeňňir gatnaşan G. Atabaýew saýlandylar.

Gurultaý Türkmenistan SSR-niň SSSR-iň düzümine girmegi hakynda karar kabul etdi. Sowetleriň 1925-nji ýylyň maý aýynda bolup geçen Bütinsoýuz III gurultaýynda Türkmenistan SSR-i SSSR-iň düzümine kabul edildi. Halkara derejesinde TSSR-i ilkinjileriň biri bolup Türkiýe hökümeti gutlady. 1925-nji ýylyň 23-nji noýabrynda Türkiýäniň hökümeti öz mejlisinde TSSR-i ýuridiki taýdan ykrar etdi.

TSSR-iň SSSR-iň düzümine girmegi bilen, Sowet Sosialistik Respublikalarynyň Soýuzyny döretmek hakyndaky Şertnama laýyklykda, Türkmenistan hem beýleki soýuz respublikalary ýaly özüniň birnäçe düýpli hukuklaryny – halkara meseleleri, daşary söwda işleri, goranmak meseleleri, demir ýol we howa ulagy, poçta-telegraf işleri boýunça hukuklaryny Merkezi hökümetiň ygtyýaryna berdi.

Gurultaý respublikanyň Konstitusiýasyny (esasy kanunyny) işläp taýýarlamak barada ýörite topar döretdi. Topar tarapyndan taýýar edilen TSSR-iň ilkinji Konstitusiýasy Sowetleriň II gurultaýynda (1927 ý.) tassyk edildi. Konstitusiýa synpy häsiýetli bolup, baý adamlar we din wekilleri saýlamak we saýlanmak hukugyndan mahrum edilipdi.

Gurultaý ýer-suw meselesini çözmegiň, medeniýeti ösdürmegiň, aýal-gyzlary täze durmuş gurmaga çekmegiň zerurlygyny aýratyn nygtady. Aýal-gyzlaryň azatlygy ugrunda ýaýbaňlanan hereketde Ene Kulyýewa, Şasoltan Garajaýewa we başgalar tapawutlandylar.

Sowetleriň Bütintürkmen I gurultaýy bilen bir wagtda Türkmenistan Kommunistik (bolşewikler) partiýasynyň I gurultaýy boldy. Gurultaý TK(b)P-niň döredilmegini guramaçylyk taýdan resmileşdirdi. TK(b)P MK-nyň jogapkär sekretarlygyna I.I. Mežlauk we H. Sähetmyradow saýlandylar.

1925-nji ýylda respublikanyň jemgyýetçilik guramalary – profsoýuzlary, kommunistik ýaşlar soýuzy we «Goşçular» soýuzy resmileşdirildi hem-de olaryň merkezi edaralary döredildi. Partiýanyň pikirine görä, köpçülikleýin jemgyýetçilik guramalary partiýa bilen halkyň arasynda «baglanyşdyryjy zynjyr» bolup hyzmat etmelidi.

Türkmenistan SSR-niň döremegi türkmen halkynyň durmuşynda uly taryhy waka boldy. Milli-çäk bölünişiginiň netijesinde, soňky 7-8 asyryň dowamynda dagynyk ýaşamaga mejbur bolan türkmenleriň köpüsi öz milli bitewi respublikasyna birleşdiler. Türkmenler özleriniň gadymyýetden bäri ýaşap gelen mekanlaryna eýe boldular.

Türkmenistan SSR-niň SSSR-e girmegi oňa beýleki soýuz respublikalar bilen gös-göni aragatnaşygy ýola goýmaga ýardam etdi, taryhy ösüşiň ýokary basgançagyna galmaga mümkinçilik berdi. Syýasy we ykdysady durmuşyň çendenaşa merkezleşdirilendigine hem-de umumy galyba salnandygyna garamazdan, türkmen halky özüniň çäk bitewüligini, milli özboluşlylygyny we beýleki gowy häsiýetlerini saklap bildi. Respublikada dürli-dürli halklaryň agzybir, ylalaşykly ýaşaşmagynyň tejribesi toplandy.

Elbetde, Türkmenistan SSR-i sözüň doly manysynda, özbaşdak respublika däldi. Ol özüniň mazmuny we häsiýeti boýunça sowetler görnüşinde döredilen synpy döwlet bolup, Merkez tarapyndan hukuklary çäklendirilen soýuz respublikalaryň biridi.

Emma uly arzuw-umytlaryň döwri bolan 1924–1925-nji ýyllarda türkmenler hakykatdan hem özygtyýarly milli döwletine ahyry eýe bolandyklaryna ak ýürekden ynanypdyrlar. Şol wakalara gös-göni gatnaşan adamlaryň ýatlamalaryna görä, TSSR-iň döredilmegi türkmenleriň aglaba köplügi tarapyndan çuň kanagatlanmak bilen garşylanypdyr.

---

**Soraglar we ýumuş**

**?** **1.** Milli döwlet bölünişigi haçan geçirildi? **2.** Türkmenistan SSR-i haçan döredildi? **3.** Sowetleriň I Bütintürkmen gurultaýy barada gürrüň beriň. **4.** Türkmenistan SSR-ni ilkinji bolup haýsy döwlet ykrar etdi? **5.** Türkmenistan SSR-niň taryhy orny barada näme aýdyp bilersiňiz?

---

# III BAP
# TÜRKMENISTAN SSR-I 20-NJI ÝYLLARYŇ IKINJI ÝARYMYNDA – 30-NJY ÝYLLARDA

## §52. Türkmenistanyň oba hojalygyndaky özgerişler. Köpçülikleýin kollektiwleşdirmek

20-nji ýyllaryň ortalarynda respublikanyň oba hojalygy maddy önümçiligiň esasy bolup durýardy. Ilatyň 86%-i obalarda ýaşaýardy.

1925–1927-nji ýyllarda respublikanyň Poltorask we Mary okruglarynda (häzir Ahal we Mary welaýatlary) ýer-suw özgertmesi geçirildi. Netijede, oba hojalyk işleri bilen gös-göni meşgul bolmaýan söwdagär we süýthor hasaplanan hojalyklaryň 2300-e golaýy ýer-suwdan mahrum edildi. 15 müňden gowrak barly hojalyklaryň bellenen möçberden artyk ýerleri alyndy. Ýersiz garyp-batrak hojalyklaryň 10357-sine we az ýerli garyp daýhan hojalyklaryň 23155-sine ýer-suw mugt berildi. Daýhanlara oba hojalyk gurallaryny, iş mallaryny satyn alar ýaly pul kömegi hem berildi. Orta daýhanlar indi obada esasy önümçilik güýje öwrüldiler, olaryň paýyna ähli ekin ýerleriniň 56,5%-i düşýärdi.

Ykdysady nukdaýnazardan özgertme oba hojalygynyň ilerlemegine degerli täsir etdi. Pagtaçylyk öňki derejesine ýetirildi. Amyderýanyň, Tejen, Murgap derýalarynyň jülgelerinde uly suw gurluşyk işleri geçirildi. Bosaga-Kerki, Ärsary, Garabekewül kanallarynyň gurulmagy uly ähmiýete eýe boldy. Olar ep-esli möçberde täze ýerleri özleşdirmäge mümkinçilik berdi.

Türkmen obalaryna ilkinji traktor 1924-nji ýylda getirilipdi. 1929-njy ýylyň ahyrlarynda eýýäm 13 sany maşyn-traktor birleşmesi bolup, olarda jemi 478 traktor işleýärdi.

Kommunistik partiýa Orta Aziýany, şol sanda Türkmenistany-da sowetler ýurdunyň pagtaçylyk sebitine öwürmek syýasatyny yzygiderli ýöredýärdi. Pagta öndürmegiň birinji bäşýyllyk meýilnamasy 36 mln put bolanlygyndan 48 mln puta çenli artdyryldy.

Oba hojalygynyň umumy önüminiň 26%-i maldarçylygyň paýyna düşýärdi. 1926-njy ýylyň awgust aýynyň 4-ünde maldarçylyk meseleleri bilen meşgul bolýan ýörite Maldarçylyk komite-



Traktor bilen ýer sürlüşi

ti döredildi (başlygy N. Aýtakow). Soýuz hökümeti 1925–1928-nji ýyllarda dikeldiş çärelerini we guýy gazmak işlerini geçirmek üçin jemi 4,7 mln manada golaý pul goýberdi. Maldarçylyk birneme ilerläp ugrady.

20-nji ýyllaryň ikinji ýarymynda obada şereketleriň, ýönekeýje birleşmeleriň dürli görnüşleri ýüze çykdy. Kooperatiw ulgamynyň kemala gelmegi bilen birlikde, hut şol ýyllarda kooperasiýanyň esasy ýörelgelerine gabat gelmeýän nogsanlyklar hem ýüze çykýar.

Kooperatiwleriň işinde höwesjeňlik, meýletinlik we özbaşdaklyk ýaly düzgünler kem-kemden ünsden düşürilýär. Olar diňe döwlet sargytlaryny ýerine ýetirmäge mejbur bolan, ýarym döwlet guramalaryna öwrüldiler. Indi olara daýhanlary iri hojalyklaryň – kolhozlaryň ýoluna geçirmek üçin döwletiň elindäki möhüm serişde hökmünde garalyp başlandy.

Respublikada ilkinji kolhozlar 1926-njy ýylda döredildi. Şol wagtlar kolhozlara, esasan, garyplar-batraklar girýärdiler. Orta daýhanlaryň köpüsi entek kolhozlara girmäge howlukmaýardy. Şonuň üçin kolhozlary gurmak işi emeli ýol bilen haýdadylyp başlandy. Eýýäm 1929-njy ýylyň ýazynda Bosaga-Kerki kanalynyň zolagynda Kerki okrugynyň Gyzylaýak raýony ilkinji uçdantutma kollektiwleşdirilen raýon boldy. Emma köp wagt geçmänkä bu ýerde kooperatiw-kolhoz gurluşygynyň esasy ýörelgeleriniň gödek bozulandygynyň üsti açyldy. Daýhanlar zorluk bilen kolhozlara çekilipdir. Şonuň üçin olaryň köpüsi kolhozlardan çykypdyr, birtopary bolsa Owganystana göçüpdir.

TK(b)P MK-nyň III plenumy (1929 ý.) kolhoz gurluşygynda goýberilen «öte geçmeleri» we «düzgün bozmalary» ýazgaran hem bolsa, mundan beýläk kolhoz gurluşygynyň depginlerini çaltlandyrmagyň zerurdygyny ýörite nygtady.

**1929-njy ýylyň ahyrynda, 1930-njy ýylyň başynda respublikanyň ekerançylyk raýonlarynda köpçülikleýin**

**kollektiwleşdirmek işi güýçlendirilip başlandy.** Şeýle uly özgerişlik üçin degişli şertleriň, mümkinçilikleriň barlygyna-ýoklugyna garamazdan, kollektiwleşdirmegiň ozalky kesgitlenen möhletleri hiç bir esassyz üýtgedildi. Başda bu ýerde kollektiwleşdirmegi 1933-nji ýylda tamamlamak göz öňünde tutulypdy. Ýöne respublikanyň partiýa guramasy ekerançylyk hojalyklaryny kolhozlara birleşdirmegi 1932-nji ýylda tamamlamak mümkin diýip hasap etdi. BK(b)P MK-nyň Orta Aziýa býurosy hatda şeýle depginler bilen hem kanagatlanman, pagtaçylyk raýonlarynda kolhoz gurluşygyny Russiýanyň däneçilik raýonlaryndan yza galman gutarmagy talap etdi. Şeýle diýdimzorluk kolhozlara girmegiň meýletinlik şertiniň hem-de kanunçylygyň gödek bozulmagyna getirýärdi.

Partiýanyň diýdimzorlugy «baýlary (kulaklary)» synp hökmünde ýok etmek syýasaty durmuşa geçirilende has-da meseınälim ýüze çykdy. «Baý-kulak» hataryna, hemme ýerde bolşy ýaly, orta daýhanlaryň ep-esli böleginiň, hatda garyplaryň-da düşen ýerleri boldy. «Baý-kulak» hojalyklaryň bir topary respublikanyň çäginden daşary Özbegistana, Gazagystana, Demirgazyk Kawkaza, Ukraina sürgün edildi. 2000 hojalygy mejbury göçürmek barada tabşyryk berlendigine garamazdan, 2211 hojalyk göçürilipdir.

Synp hökmünde ýok edilenleriň aglabasy respublikanyň çäklerinde ýörite ýerlere (posýoloklara) sürgün edilýär. Käbir maşgalalar ýol gurluşygynda, senagat kärhanalarynda işlemäge iberilipdir. Olaryň açlyk çekýän, keselleýän we heläk bolýan halatlary az bolmandyr.

Kollektiwleşdirmegi geçirmekde ýol berlen gödek ýoýulmalar barada ýerlerden gelýän şikaýatlar köpelip ugraýar, hatda Mary, Sarahs, Hojambaz, Daşhowuz raýonlarynyň obalarynda kolhoz gurluşygyna garşy aýgytly çykyşlar hem bolýar.

Netijede, 1930-njy ýylyň gyş we ýaz aýlarynda respublikada örän dartgynly hem-de howply ýagdaý emele gelýär. TK(b)P MK-nyň şol ýylyň 28-nji aprelinde kabul eden kararynda respublikada kolhoz gurluşygy hakyndaky syýasatyň kollektiwleşdirmegiň mümkinçilikleri baradaky nädogry düşünjelere esaslanandygy boýun alynýar. TK(b)P MK-nyň Çarjew okrugyny uçdantutma kollektiwleşdirilýän sebitleriň hataryna goşmagy, Sarahs, Aşga-

bat, Kaka we Kerki raýonlarynda uçdantutma kollektiwleşdirmegi yglan eden kararlary hem nädogry diýlip hasap edildi.

Köpçülikleýin kollektiwleşdirmegiň geçirilişini düzgünleşdirmek maksady bilen, gyssagly çäreler geçirilýär. Kolhozlaryň jemgyýetçilik mallary, kolhozçylaryň hususy mallary (iş mallaryndan başga), şeýle-de gök ekilýän ekin meýdanlary iki ýyllap oba hojalyk salgydyndan boşadylýar. Kolhozlaryň döwlete karz bergilerim üzmegiň möhleti hojalyk ýylynyň ahyryna çenli gaýra goýulýar. Bu çäreler syýasy dartgynlygyň birneme gowşamagyna ýardam edýär. 1932-nji ýylda ekerançylyk hojalyklarynyň (esasan, pagtaçylaryň) 78,2%-i kolhozlara çekilip, respublikanyň ekerançylyk raýonlarynda kolhoz gurluşygy umuman tamamlanypdyr.

**Çarwa hojalyklaryň kollektiwleşdirilmegi** has-da dartgynly ýagdaýda geçirildi. Bu raýonlarda hem maldarlaryň «düýpll özgerdişleri» isleýändigi ýa-da islemeýändigi nazara alynmaýardy. BK(b)P MK-nyň Orta Aziýa býurosy çarwa obalarynda «synplara bölmek» syýasatyny güýçlendirmegi, munuň üçin döwlete tabşyrylmaly oba hojalyk önümleriniň agramly bölegini baý hojalyklaryň üstüne ýüklemegi, olaryň elinden malyny alyp, onuň bir bölegini garyplara bermegi respublikanyň partiýa guramasyna teklip etdi.

Baýlaryň ykdysady kuwwatyny hem täsirini gowşatmak maksady bilen, öri meýdanlary we guýular hökümetiň hasabyna geçirildi. Bu bolsa çarwaçylyk raýonlarynda kollektiwleşdirmeklige garşy hereketiň güýçlenmegine getiripdir. Iri maldarlar mallaryny bir ujundan ýok edip (soýup) başlapdyrlar, mallaryny alyp, Garagumuň jümmüşine siňip gidenem, serhetden aňry geçenlerem az däldi.

Çarwaçylyk raýonlarynda iri maldarlary synp hökmünde ýok etmek çäresi kollektiwleşdirmek işinden öň geçirildi. Şonuň netijesinde, maldarçylygyň esasy hut şol wagtlar opurylypdy. 1928–1933-nji ýyllarda gylýallaryň üçden birinden-de gowragy, gara mallaryň ýarysyndan-da gowragy, dowarlaryň üçden iki böleginden, düýeleriň dörtden üç böleginden gowragy ýa ýok edilipdi, ýa-da daşary ýurtlara sürlüp äkidilipdi.

1931-nji ýylyň ahyrlarynda maldarçylyk raýonlarynda kollektiwleşdirmek işi barha güýjeýär. Bu raýonlarda kolhozlaryň

esasy görnüşiniň mallary bileleşip bakmak şereketi bolmalydygy yglan edildi. Şeýle şereketlerde hususy mallary umumylaşdyrmak talap edilmeýärdi.

1932-nji ýylyň oktýabr aýynyň 17-sinde Soýuz hökümeti TSSR HKS-niň maglumatyny diňläp, «Türkmenistanda maldarçylygy ösdürmek barada» ýörite karar kabul etdi. Gyrlan mallaryň öwezini dolmak üçin, her hojalykda hususy eýeçilikdäki ownuk mallaryň baş sanyny 100-e çenli, iri mallaryň sanyny 15-e çenli köpeltmäge rugsat edildi. Bu kararyň üstüni dolduryp, respublikanyň MÝÝK-i we HKS-i şol ýylyň 21-nji noýabryndan başlap, çarwaçylyk hojalyklaryny iki ýyllap salgytlaryň ähli görnüşlerinden boşatmak, tohumlyk dänäni mugt bermek, oturymly durmuşa geçenleri galla taýýarlamak borjundan boşatınak barada karar çykardylar. Şol çäreler çarwaçylyk raýonlarynda ýagdaýyň bellibir derejede kadalaşmagyna, maldarlaryň kem-kemden oturymly durmuşa geçmegine ýardam etdi. Emma bu çäreler has giç, ýagny maldarçylyga eýýäm uly zyýan ýetirilenden soň kabul edilipdi. 1939-njy ýyly maldarçylyk raýonlarynda kolhoz gurluşygynyň tamamlanan ýyly diýip hasap etmek bolar, şol ýyl çarwa hojalyklarynyň 95,4%-i kolhozlara birleşdirilipdi.

Türkmenistanyň oba hojalygynda sowhozlardan ybarat döwlet ulgamy-da döredildi. Başda sowhozlar maddy-guramaçylyk taýdan gowşakdy. Diňe 30-njy ýyllaryň ahyryna çenli sowhozlar birneme berkleşdi. Olarda garaköli goýunlaryň 31,5%-i, gylýallaryň 11,4%-i jemlenipdi. Ýöne sowhozlar entek kämillikden daşdadylar. Ýaşaýyş jaýlarynyň ýetmezçilik etmegi we durmuş üpjünçiliginiň ýaramaz bolmagy sebäpli, işçileriň geldi-geçerligi birsyhly dowam edýärdi.

1935-nji ýylda täze artel düzgünnamasy kabul edildi. Düzgünnamada kolhozçylaryň hak-hukuklary tekrarlanan-da bolsa, iş ýüzünde olar berjaý edilmän, köplenç, kagyz ýüzünde galýardy.

Kolhozlar göräýmäge köp pudakly hojalyk ýalydy. Ýöne iş ýüzünde ekerançylykda pagtaçylyk esasy pudaga öwrülip, suwarymly meýdanlardan pagtadan başga ekinler, aýratyn hem, halk tejribesiniň köpasyrlyk önümi bolan ak bugdaý kem-kemden gysylyp çykarylýardy. 1937-nji ýylda 1925-nji ýyl bilen deňeşdirilende pagta öndürilişi 4,2 esse, onuň hasyllylygy bolsa 2 esse artdy. Respublika SSSR-iň pagta babatdaky garaşsyzlygyny gazanmak işine özüniň saldamly goşandyny goşdy. Ýöne bu ýagdaý galla

babatda respublikanyň Merkeze elgaramalygyny güýçlendirýärdi. Ukrainada we Russiýada öndürilýän dänäniň daşary ýurtlara iberilýän möçberiniň artmagy respublikanyň ilatyny 1932–1933-nji ýyllarda açlyga sezewar etdi. Şonda-da Merkez Orta Aziýada, esasan, tehniki ekinleri ösdürmek syýasatyny dowam etdirýärdi.

Zorluk bilen amala aşyrylan kollektiwleşdirmek syýasaty dürli netijelere getirdi. Kolhozlar ýurdy senagatlaşdyrmak üçin serişde toplamaga, senagaty zerur bolan işçi güýçleri hem-de çig mal bilen üpjün etmäge mümkinçilik berdi. Önümçiligiň enjamlaşdyrylyşy düýpli özgerdi.

Şonuň bilen birlikde-de, kollektiwleşdirmek Türkmenistanyň oba hojalygynyň pagtaçylykdan beýleki pudaklaryna – däneçilige, maldarçylyga, bagçylyga uly zyýan ýetirdi. Azyk üpjünçiliginde Merkeze elgaramalyk güýçlendi.

Kolhoz gurluşygy «baý-kulak» diýilýänleriň synp hökmünde ýok edilmegi bilen utgaşdy. Kollektiwleşdirmek tutuş hususy daýhan hojalyklarynyň zor salnyp opurylmagyna getirdi. Ýere hususy eýeçiligiň ýatyrylmagy bilen daýhanlar ýerden daşlaşdyryldy, olar önümçilik serişdelerinden mahrum edilip, kolhoz önümçiligine biperwaý garaýan günlükçilere öwrülip başladylar.

---

**Soraglar we ýumuşlar**

1. 1925–1927-nji ýyllaryň ýer-suw özgertmesi haýsy okruglarda geçirildi we ol nähili netijeleri beripdir? **2.** Ekerançylyk raýonlarynda köpçülikleýin kollektiwleşdirmegiň geçirilişi barada referat ýazyň. **3.** «Baýlary-kulaklary» synp hökmünde ýok etmek syýasaty barada öz garaýşyňyzy beýan ediň. **4.** Çarwa hojalyklary haçan kollektiwleşdirildi?

---

## §53. Türkmenistanda senagat gurluşygy

XX asyryň 20-nji ýyllarynyň ortalarynda sosialistik jemgyýeti gurmagyň «esasy açary» hasaplanylan ýurdy senagatlaşdyrmaklyga (industriýalaşdyrmak) howlukmaçlyk bilen girişildi. Ýurdy industriýalaşdyrmak maksatnamasyna laýyklykda, ägirt uly ýerasty baýlyklary bolan Türkmenistanyň üstüne Merkeziň senagat kärhanalaryny zerur çig mallar bilen üpjün etmek wezipesi ýüklenildi. Respublikany industriýalaşdyrmagy maliýeleşdirme-

giň meýilnamasy bolsa Merkezde tassyklanýardy. Şonda ilkinji nobatda Merkeziň bähbitlerinden ugur alynýardy.

Soýuz respublikalaryň 1927–1928-nji ýyllar üçin býujetleri tassyklanylanda-da, SSSR-iň hökümet baştutany A. Rykow: «Merkezde bolelinlige ýetip boljak bolsa, ýerlerdäki käbir pudaklaryň «asgyn» gelmeginden çekinmeli däl» diýen çagyryş bilen çykyş etdi. Şol ýyllarda respublikanyň býujetiniň ýetmezçiliginiň üsti Merkeziň ýardam (dotasiýa) serişdeleri bilen doldurylýardy, emma berilýän ýardam, esasan, senagatyň soýuz ähmiýetli pudaklaryny ösdürmek üçin ulanylýardy.

Industriýalaşdyrmak üçin serişde toplamak maksady bilen, ýörite döwlet zaýomlary (karz borçnamalary) hem goýberildi. 1927-nji ýylda Türkmenistan boýunça 0,5 mln manatlyk obligasiýa (gymmat bahaly kagyzlar) ýaýratmak göz öňünde tutulypdy. Hakykatda bolsa, onuň 1,2 mln manatlygy ýerleşdirildi. 1928-nji ýylda bolsa, gymmat bahaly kagyzlary ýerleşdirmekden 3,5 mln manat toplandy. Ýöne oňa ýazylmak meýletin däldi. Gymmat bahaly kagyzlaryň zorluk bilen ýaýradylmagy ilatyň arasynda nägilelik döredipdir.

Umuman, maýa goýumlaryny toplamakdaky kynçylyklara garamazdan, ilkinji nobatda ownuk senagat kärhanalarynyň durkuny täzelemek işleri başlandy. Şonuň bilen birlikde, Aşgabatda dokma we ýüpek fabrikleriniň, Garagumda kükürt zawodynyň, Krasnowodskde balyk kakadylýan, Kerkide pagta arassalaýjy zawodlaryň gurluşygy alnyp baryldy. Ýöne, umuman, senagat önümçiliginde ösüşiň depgini gowşakdy. Senagat önümçiligi 1928-nji ýylda ýaňy 1913-nji ýylyň derejesine ýetipdi. Ykdysadyýetiň gurluşy ozalky ýagdaýynda galýardy. Tebigy baýlyklar entek doly öwrenilmeýärdi. Şeýle-de bolsa, respublika ýurdy senagatlaşdyrmagyň umumy işine goşulyp başlapdy.

1928–1932-nji ýyllarda respublikada, esasan, ýeňil we azyk senagat pudaklaryna üns berildi. Aşgabatda ýüpek we egirme-dokma fabrikleri, Çärjewde ýüpek fabrigi, Maryda ýüň ýuwýan fabrik işe girizildi, ownuk azyk kärhanalary guruldy. Bu netijeler zähmetkeşleriň azap baryny çekip işlemekleriniň hasabyna gazanyldy. Bu ýyllarda gurluşyk enjamlarynyň, tehnikanyň, ulag serişdeleriniň, hünärli işgärleriň ýetmezçiligi zerarly, agyr senagata gönükdirilen maýa goýumlary doly özleşdirilmän galýardy.



**Aşgabatda ýüpek fabriginiň açylyşy**



**Ýüpek fabriginiň içki görnüşi**

1933–1937-nji ýyllarda senagatyň çig mal öndürýän pudaklaryna üns berlip başlandy. 1933-nji ýylda Nebitdagyň (häzirki Balkanabat) golaýynda tapylan uly ýatakdan atylyp çykan nebit respublikanyň ýangyç-energetika senagatynyň uly geljeginiň bardygyny hemmelere aýan etdi. Hökümet topary bilen Türkmenistana gelen akademik I.M. Gubkin Nebitdaga kömek berilmegini guramak üçin uly iş alyp bardy. Soýuz hökümeti toparyň teklibi boýunça 1933-nji ýylda «Türkmennebit» trestiniň tehniki binýadyny pugtalandyrmaga, nebitçileri azyk we senagat harytlary bilen üpjün etmäge, hünärmenleri taýýarlamaga gönükdirilen birnäçe karar kabul etdi.

Ikinji bäşýyllygyň dowamynda soda, kükürt, brom, himiýa, poligrafiýa kärhanalary guruldy, «Garabogazhim» tresti döre-

dildi, Derwezede kükürt zawody guruldy. Gowurdakda (häzirki Magdanly) uly kükürt kombinatynyň gurluşygy başlandy. Elektrik energiýasynyň öndürilişi ep-esli artdy. Aşgabat, Mary elektrik stansiýalary ulanylmaga berildi. Pagta arassalaýjy we aýna zawodlarynyň, dokma, ýüpek fabrikleriniň we ýeňil senagatyň beýleki kärhanalarynyň durky täzelendi hem-de giňeldildi. 1937-nji ýylda respublikada uly bolmadyk senagat kärhanalarynyň 294-si işleýärdi. Aşgabat demir ýolunda SSSR-de ilkinji bolup, parowozlar teplowozlar bilen çalşyrylyp başlandy, ilkinji howa ýollary açyldy.

Respublikanyň senagatyny ösdürmekde, ýerasty baýlyklaryny özleşdirmekde, milli hünärmenleri, işçileri taýýarlamakda RSFSR, Ukraina we beýleki soýuz respublikalar degerli kömek berdiler.

Şeýlelik bilen 20-nji ýyllaryň ikinji ýarymynda 30-njy ýyllarda respublikada bellibir derejede senagat gurluşygy amala aşyryldy, şäherlerde onlarça dürli senagat kärhanalary bina edildi. Ownuk hünärmentçilik – senetçilik önümçiligi özgerdilip, onuň durky täzelendi hem-de şol döwrüň talaplaryna laýyk gelýän senagat kärhanalaryna öwrüldi. Ozal, esasan, ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgul bolan türkmenleriň bir topary senagat önümçiligine çekildi. Ýerli milletden inžener-tehniki işgärler kemala gelip başlady. Täze şäherler we şäherçeler peýda boldy.

Dolandyryş-buýruk beriji usul bilen haýdadylan industriýalaşdyrmak işinde düýpli kemçilikler hem goýberildi. Respublikanyň senagaty, umuman, birtaraplaýyn ösdürilip, esasan, çig mal öndürýän pudaklara üns berildi. Nebiti we beýleki çig mallary gaýtadan işleýän kärhanalar, maşyn gurluşyk kärhanalary gurulmady. Köpsanly maşynlar, metal önümleri, gurluşyk enjamlary, esasan, Russiýadan getirilýärdi.

Respublikada taýýar önüm öndürýän uly senagat toplumlary bina edilmedi. Ýerli ilatyň hajatlaryny kanagatlandyryp biläýjek kärhanalara üns berilmedi. Mysal üçin, Çärjew oblastynda duz ýataklarynyň 15-sindäki kaliý duzlary ulanylman ýatyrdy, kaliý dökünleri bolsa, respublika Russiýadan getirilýärdi.

Ýeňil senagatyň kuwwatynyň gowşaklygy zerarly, ilata gerek harytlar (geýim, aýakgap, matalar we ş.m.) beýleki respublikalardan getirilýärdi. Senagatyň birtaraplaýyn ösüşi respublikanyň ykdysadyýetiniň pugtalanmagyna ýaramaz täsir edýärdi.

Soraglar we ýumuş

1. Ýurdy senagatlaşdyrmak diýip näme düşünýärsiňiz? 2. Respublikada haýdadylan senagat gurluşygy haçan başlandy? 3. Ilkinji gurlan senagat kärhanalary barada gürrüň beriň. 4. Näme üçin ilkinji nobatda çig mal öndürýän pudaklara üns berlipdir?

## §54. Respublikanyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşy

SSSR-iň düzümine girmegi bilen, respublikanyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda kommunistik partiýanyň hökmürowanlygy ýyl-ýyldan güýçlenýärdi, häkimiýet we emläk eýeçiligi partiýa nomenklaturasynyň elinde jemlenýärdi.

20-nji ýyllaryň ikinji ýarymynda – 30-njy ýyllarda respublikada partiýanyň berk gözegçiligi astynda sowetler ulgamy ornaşdyryldy. Şu ýyllarda sowetler özara göreşiň meýdanyna öwrüldi. Respublikanyň 1927-nji ýylda kabul edilen birinji Konstitusiýasy boýunça baýlar, gurply adamlar we din wekilleri saýlawlardan çetleşdirildi.

30-njy ýyllaryň başlaryndan başlap dolandyryş-buýruk beriji ulgam güýçlendi.

Respublikanyň jemgyýetçilik guramalary-da (profsoýuzlar, komsomol we beýlekiler) partiýanyň ähli işleriniň tarapdary bolup çykyş edýärdiler.

20-nji ýyllaryň ahyrlarynda täze ykdysady syýasat inkär edilýär. Indi partiýanyň we sowet häkimiýetiniň işinde buýruk beriş, höküm ediş, zabt ediş usullary birinji orna geçip başlaýar. Partiýanyň şeýle gödek syýasatyna halkyň dürli gatlaklary garşylyk görkezipdirler. 1927-nji ýylyň sentýabr aýynyň 19-ynda Jüneýit han Daşhowuz (häzirki S.A. Nyýazow ad.), Köneürgenç, Ýylanly (häzirki Gurbansoltan eje ad.), Tagta (häzirki Görogly) raýonlaryna çozýar. TSSR MÝÝK-nyň we HKS-niň 1927-nji ýylyň 9-njy oktýabrynda kabul eden kararynyň esasynda Jüneýit han kanundan daşary diýlip yglan edilýär. Jüneýit hana garşy gyzyl goşun bölümleriniň uly topary, şol hatarda 1-nji türkmen atly polky, DSU-nyň ýerli bölümleri hem-de oba adamlaryndan düzülen meýletinçiler toparlary gönükdirildi. 1927–1928-nji ýyllarda bolan gazaply söweşlerde Jüneýit hanyň topary dargadylýar.

Sowet häkimiýetini agdarmaga indi umyt edip bolmajakdygyna doly göz ýetiren Jüneýit han özüniň ýakyn adamlary bilen 1928--nji ýylyň tomsunda serhetden aşyp, Owganystana geçýär.

1930-njy ýylyň başlarynda din wekilleri berk yzarlanyp ugraýar, metjitler ýapylýar ýa-da ýykylýar. Şeýle ýagdaý ýene-de nägilelIklerin, tolgunmalaryň, ýaragly gozgalaňlaryň ýüze çykmagyna sebäp bolýar.

1931-nji ýylda şeýle çykyşlar, ýaragly gozgalaňlar aýratyn hem respublikanyň maldarçylyk ýerlerinde (Tejen, Gazanjyk-Krasnowodsk, Daşhowuz toparlary) güýçli bolupdyr. Gozgalaňçylar raýon merkezlerine, obalara çozup, edaralary, mekdepleri, saglygy goraýyş jaýlaryny otlapdyrlar, kolhozlaryň mallaryny sürüp äkidipdirler, partiýa-sowet işgärlerinden öç alypdyrlar.

TK(b)P MK, TSSR HKS 1931-nji ýylyň awgust aýynda gozgalaňçylara garşy harby-syýasy ýöriş guramagy karar edýärler. Şu maksat bilen, TK(b)P MK-nyň birinji sekretary Ý.A. Popokdan, TSSR HKS-niň başlygy G. Atabaýewden we Orta Aziýa Harby okrugynyň baş serkerdesi P.Ý. Dybenkodan ybarat çalt hereket edýän merkezi ştab döredilýär. Eýýäm şol ýylyň sentýabr aýynyň 8-inde gyzyl goşun bölümleri bir wagtyň özünde Krasnowodsk, Gazanjyk, Gyzylarbat, Tejen, Mary, Hywa we Daşhowuz tarapdan Garaguma tarap aýgytly hüjüme geçýärler we gozgalaňçylary dargadýarlar.

Şeýlelikde, 1920–1931-nji ýyllardaky birinji, ikinji we üçünji Garagum uruşlary diýip atlandyrylan gazaply söweşlerde iki tarapyndanam müňlerçe adam heläk boldy. Aňyýet babatda juda öjükdirilen bu gazaply, ýaragly çaknyşyklaryň öz wagtynda öňüni almak hiç kime başartmady. Türkmen halky şol galagoply ýyllarda öwezini dolup bolmajak agyr pidalara, betbagtlyklara sezewar boldy.

Sowet häkimiýetiniň amala aşyran syýasy, ykdysady özgerişlikleri bilen gös-göni baglylykda goňşy ýurtlara mejbury göçe-göçlük 20-nji ýyllaryň ikinji ýarymynda – 30-njy ýyilaryň birinji ýarymynda täzeden güýçlenýär. Diňe bir 1931-nji ýylyň dowamynda Gyzylaýak raýonyndan ilatyň 40%-i, Halaç raýonyndan ilatyň 42,5%-i Owganystana geçipdir. Käbir obalar tutuş boşap galypdyr. Elbetde, şol ýyllarda respublikadan daşary ýurtlara mejbury göçüp gidenleriň umumy sanyny anyklamak örän kyn. Şeýle-de bolsa, arhiwlerden tapylan maglumatlarda Ow-

ganystana we Eýrana göçüp giden hojalyklaryň sany, takmynan, 78,7 müň hojalyga ýa-da 351325 adama barabar bolupdyr diýlip berilýär. Mejbury göçe-göçlük türkmen halkynyň taryhynyň hasratly sahypalarynyň biri bolup, ol respublikanyň ykdysadyýetine ägirt uly zyýan ýetiripdir. Ýöne onuň türkmen halkynyň ruhy dünýäsine ýetiren zeperi has-da agyr boldy.

**Köpçülikleýin jezalandyryş çäreleri (repressiýalar).** 30-njy ýyllarda dolandyryş-buýruk beriji ulgamyň geçiren jezalandyryş çäreleri özüniň häsiýeti boýunça hut halka garşy gönükdirilen gazaply uruş bolupdy.

Hut şol ýyllarda milli öwüşgindäki «halk duşmanlary» gözlenip başlanýar. «Türkmen azatlygy» diýen toslama gurama barada galp iş gozgalýar. Şol toslama esaslanyp, ilkinji türkmen intelligentlerinden 40 adamy nähak tussag edipdirler, köpüsi uzakmöhletleýin sürgün edilýär, käbirlerini bolsa (K. Böriýew, S. Öwezbaýew, B. Nazarow) 1937-nji ýylda atypdyrlar.

1937-nji ýylyň iýul aýynda BK(b)P MK-nyň partiýa kollegiýasynyň Ý. A. Çubiniň ýolbaşçylygynda 8 adamdan ybarat topary Türkmenistana iberilýär. Ol topar gös-göni Moskwa garaşlydy, onuň çäklendirilmedik hukuklary bardy. Çubiniň gelmegi bilen, milli intelligensiýany ýzarlamak «işi» has-da güýçlendirilýär.

Respublikanyň sowet we partiýa guramalarynyň ýolbaşçy işgärleri G. Atabaýew, N. Aýtakow, G. Sähedow, ýazyjylar birleşiginiň başlygy O. Täçnazarow, TK(b)P MK-nyň birinji sekretary A. Muhammedow, ozalky sekretarlary H. Sähetmyradow, Ç. Wellekow, şäher we raýon, kolhozlaryň, senagat we ulag kärhanalarynyň ýolbaşçylarynyň bir topary, türkmen milli intelligensiýasynyň wekilleri tutulyp, olaryň bir topary atyldy, galanlary sürgün edildi. Aýylganç toslamanyň maksady türkmen milli medeniýetini we ýaşaýyş däbini saklamaga synanyşýan, milli ruhda pikir ýöredýän adamlary ýok etmekden ybarat bolupdy.

Sowet raýatlarynyň hukugyny goramagyň kepillendirijisi bolup hyzmat etmeli bolan SSSR-iň täze Konstitusiýasy 1936-njy ýylyň 5-nji dekabrynda Sowetleriň Adatdan daşary VIII Bütinsoýuz gurultaýynda kabul edildi. 1937-nji ýylyň 2-nji martynda Türkmenistan SSR-niň täze Konstitusiýasy tassyk edildi. 1938--nji ýylyň tomsunda respublikanyň Ýokary Sowetine saýlawlar geçirildi. Ýöne bu döwlet resminamalary iş ýüzünde häkimiýetleriň eden-etdiligine, bikanunçylyklara, jenaýatçylyklara perde

bolup hyzmat etdi. Stalimiň şahsyýet kulty has güýçlendi, häkimiýet çendenaşa merkezleşdirilip, milli respublikalaryň hukuklary juda çäklendirildi. Buýruk beriş, höküm ediş düzgüni jemgyýetçilik-syýasy durmuşa barha çuň ornaşdy.

---

Soraglar we ýumuşlar

**1.** Dolandyryş-buýruk beriji ulgam diýip nämä düşünýärsiňiz? **2.** Jüneýit hanyň ýaragly çykyşy barada gürrüň beriň. **3.** 1931-nji ýylda Günbatar Türkmenistanda bolan ýaragly gozgalaň barada öz garaýşyňyzy beýan ediň. **4.** Göçe-göçlügiň täzeden güýçlenmeginiň sebäpleri nämeden ybarat bolupdyr? **5.** Köpçülikleýin jezalandyryş diýip nämä düşünýärsiňiz?

---

## §55. Medeniýet

Medeniýetiň ähli pudaklarynyň düýpli özgerdilmegine gönükdirilen çäreleriň tutuş toplumy «medeni rewolýusiýa» ady bilen SSSR-iň düzümindäki halklaryň, şol sanda türkmen halkynyň-da taryhyna girdi. Türkmenistanda medeni rewolýusiýa amala aşyrylanda uly ýaşly adamlaryň sowatsyzlygyny aradan aýyrmak meselesi bada-bat ör-boýuna galypdy. 1925-nji ýylyň fewral aýynda TSSR MÝÝK-nyň ýanynda N. Aýtakowyň baştutanlygynda sowatsyzlygy ýok etmek boýunça topar düzüldi. Respublikanyň ähli ýerlerinde diýen ýaly sowatsyzlygy ýok ediş mekdepleri açyldy. Döwrüň kynçylyklaryna garamazdan, 30-njy ýyllaryň ahyrlaryna uly ýaşly adamlaryň sowatsyzlygy, esasan, ýok edilýär.



**Uly adamlara sowat öwredilişi**

Halk magaryfyna uly ähimiýet berildi. Mekdepleri açmak, olaryň okuw-maddy esasyny pugtalandyrmak, mugallymlary taýýarlamak işi yzygiderli dowam etdirildi. 1927–1929-njy ýyllarda arap elipbiýi latyn elipbiýi bilen çalşyryldy. Elbetde, bu çäre taryhy-medeni mirasymyzy öwrenmekde bellibir kynçylyklary döretdi.



**Sowatsyzlygy ýok ediş mekdebinde sapak wagty**

1930-njy ýylda ählumumy hökmany başlangyç okuw girizildi. Mekdepler üçin ilkinji okuw kitaplaryny, okuw-usulyýet gollanmalaryny ýazmakda we çap etmekde M. Geldiýew, A. Garahanow, H. Baýlyýew, G. Sopyýew we başgalar köp iş bitiripdirler.

1937–1938-nji okuw ýylyndan başlap, şäherlerde, obalaryň hem aglabasynda kem-kemden ählumumy hökmany ýediýyllyk bilime geçilip başlanýar. 1940-njy ýylda latyn elipbiýinden kirillisa geçildi.

1927-nji ýylda Aşgabatda Türkmen medeniýeti instituty döredilip, onda ylmyň dürli ugurlary boýunça bölümler işläpdir. Institut 1928–1932-nji ýyllarda «Туркменоведение» («Türkmenleri öwreniş») žurnalyny neşir edipdir.

1931-nji ýylda Aşgabatda mugallymçylyk (pedagogik), Oba hojalyk institutlary işläp başlady. 1940-njy ýylyň başlarynda respublikada ýokary okuw mekdepleriniň 5-si, ýörite orta okuw mekdepleriniň 36-sy ýokary we ýörite orta bilimli hünärmenleri taýýarlaýardy.

20–30-njy ýyllarda Türkmenistanyň medeni mirasyny, taryhyny we onuň tebigy baýlyklaryny öwrenmekde Moskwanyň,

Leningradyň we Daşkendiň alymlary degerli kömek beripdirler. 1933-nji ýylyň dekabr aýynda Leningradda SSSR ÝA-nyň görnükli alymlarynyň gatnaşmagynda Türkmenistanyň öndüriji güýçlerini öwrenmeklige bagyşlanan ylmy maslahat (konferensiýa) geçirildi. Maslahatyň 4 tomdan ybarat ylmy maglumatlary 1934–1935-nji ýyllarda «Türkmenistanyň meseleleri» diýen at bilen çap edilipdir.

30-njy ýyllarda belli gündogarşynaslar S. A. Wolin, W.I. Belýaýew, A. A. Romaskewiç we başgalar Moskwanyň hem-de Leningradyň ylmy ojaklarynda saklanýan arap-pars dillerinde ýazylan kitaplardan Türkmenistanyň VII–XIX asyrlar taryhyna degişli maglumatlary rus dilime terjime edip, «Материалы по истории туркмен и Туркмении» (MITT) ady bilen iki tomluk işi çap etdiler. Bu iş türkmen taryhyny ýazmak üçin gymmatly çeşme bolup hyzmat etdi we edýär.

1941-nji ýylda SSSR Ylymlar akademiýasynyň türkmen şahamçasy (filialy) döredildi. Filial ülkämiziň tebigy baýlyklaryny öwrenmekde, taryhyny we medeni mirasyny seljermekde ilkinji işleri ýerine ýetirdi. Milli ylmy işgärleri taýýarlamakda B. A. Keller, Ý. E. Bertels, A. P. Poseluýewskiý, M. Ý. Masson, S. P. Tolstow, W. N. Minerwin, M. P. Petrow ýaly görnükli alymlar degerli kömek berdiler.

Saglygy goraýyş ugrunda ilkinji ädimler ädildi. 1924-nji ýylda fiziki usullar bilen bejermek we newrologiýa instituty, 1927-nji ýylda inçekesel dispanseri, 1932-nji ýylda bolsa trahomatoz, deri-wenerologiýa institutlary açyldy. Birnäçe ýokanç keselleriň öňi alyndy. 1932-nji ýylda medisina instituty döredilip, ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlap başlady.

20–30-njy ýyllarda türkmen sowet edebiýaty kemala geldi. B. Kerbabaýew, H. Derýaýew, A. Durdyýew, N. Saryhanow, A. Gowşudow ýaly zehinli ýazyjylar ýetişdi. 1934-nji ýylda respublikanyň ýazyjylarynyň I gurultaýy boldy. Şonda Türkmenistan ýazyjylarynyň birleşmesi döredildi. Çeper döredijiligiň poeziýa, proza, oçerk, hekaýa, powest, roman ýaly žanrlary kemala gelip başlady.

Türkmen sowet metbugaty – «Türkmenistan» (1920 ý.), «Туркменская искра» (1924 ý.) gazetleri, «Tokmak» (1925 ý.) žurnaly, habar beriş serişdeleri, medeni-aň bilim edaralary döredildi. Bular partiýanyň syýasatynyň güýçli ündewçisi boldular.

20–30-njy ýyllarda Türkmenistanyň şekillendiriş sungaty ilkinji ädimleri ädip başlady. Türkmenistan döwlet çeperçilik mekdebi (uçilişşesi) açyldy, suratkeşleriň respublikan birleşigi döredildi, Aşgabatda döwlet şekillendiriş sungatynyň muzeýi açyldy, B. Nuraly, Ş. Myradow, H. Allaberdiýew täze hakykaty täsirli şöhlelendirmegiň milli görnüşlerini gözläp, halk amaly-haşam sungatyna, haly sungatyna ýüzlenen ilkinji zehinli suratkeşlerdi. Şekillendiriş sungatynyň gazananlary 1941-nji ýylyň başynda Aşgabatda guralan I respublikan çeperçilik sergisinde jemlendi.

Meşhur halyçylyk sungatyna uly üns berlipdir. Ussat halyçy gelin-gyzlaryň we suratkeşleriň ukyplaryny utgaşdyrmak maksady bilen, synag häsiýetinde 1930-njy ýylda haly ussahanasy hem-de halyçylyk tehnikumy açyldy. Suratkeşler bilen halyçylaryň döredijilik hyzmatdaşlygy durmuşyň dürli ugurlaryny şöhlelendirýän haly pannolary döretmekde hem bellibir üstünliklere getiripdir.

Meşhur türkmen halyçylary 1937-nji ýylda Parižde, 1939-njy ýylda Nýu-Ýorkda geçirilen sungat sergilerine gatnaşyp, uly üstünlik gazanypdyrlar.

1929-njy ýylda türkmen drama teatry açyldy. Ilkinji artistleriň arasynda soňky ýyllarda teatr sungatynyň tanymal ýyldyzlary bolup ýetişen A. Gulmämmedow, A. Garlyýew, B. Amanow, G. Berdiýew, G. Herräýew, G. Gulmyradow, Sona we Suraý Myradowalar, O. Durdyýewa bardy. 1936-njy ýylyň aprel aýynda türkmen teatry ilkinji gezek Moskwada çykyş etdi. Onuň çykyşlary merkezi metbugatda oňyn seslenme döretdi.

1941-nji ýylyň noýabr aýynyň 6-synda, ýagny Watançylyk urşunyň agyr günlerinde, A. Şapoşnikowyň we W. Muhadowyň «Zöhre–Tahyr» operasynyň ilkinji gezek görkezilmegi bilen Aşgabatda opera we balet teatry açyldy.

1926-njy ýylda «Türkmenfilm» studiýasy döredildi. 1935-nji ýylda O. Täçnazarowyň «Batrak» poemasynyň esasynda «Men gaýdyp gelerin» atly film surata alynýar. Bu film türkmen çeper kinematografiýasynyň başyny başlady. 1940-njy ýylda ekrana çykarylan «Dursun» filmi milli kino sungatynyň uly üstünligi boldy. Filmde oýnan artistler A. Garlyýew, N. Alisowa Döwlet baýraklaryna mynasyp boldular.

Aýdym-saz sungatyna uly ähmiýet berilýär. Halk içinde uly



sylagy bolan Haily bagşynyň, Oraz Salyryň, Sary bagşynyň, Nobat bagşynyň, Garly bagşynyň, Girman bagşynyň, Çuwal bagşynyň, Peýda tüýdükçiniň, Täçmämmet Suhangulynyň, Mylly Täçmyradowyň, Pürli Sarynyň, Sahy Jepbaryň, Palta bagşynyň, Hanmämmet gyjakçynyň we beýlekileriň Aşgabada öz halkynyň hyzmatyna çagyrylmagy bu sungatyň ýaýbaňlanmagyna itergi berdi.

Belli saz öwreniji, moskwaly alym W. A. Uspenskiý tüýdükçi M. Nepesliýew bilen obama-oba aýlanyp, türkmen bagşy-sazandalarynyň 250-ä golaýy barada gymmatly maglumat toplady. Soňra öz kärdeşi W. M. Belýaýew bilen bilelikde «Туркменская музыка» («Türkmen sazy») diýen iki tomluk ylmy işi çap edip, türkmenleriň gadymy ajaýyp saz sungatyny dünýä jar etdi.

1938-nji ýylda Moskwada milli sazandalaryň Bütinsoýuz bäsleşigi geçirildi. Bäsleşikde meşhur sazandalar P. Saryýewiň (ikinji ýer), M. Täçmyradowyň (üçünji ýer) we tüýdükçi M. Allamyradowyň (üçünji ýer) baýrakly orunlary eýelemegi türkmen milli saz sungatynyň dabaralanmagy we ykrar edilmegi boldy. 1940-njy ýylda Türkmenistan kompozitorlarynyň birleşigi döredildi.

Medeni özgerişlikleriň dowamynda ilatyň, hususan-da, ýaşlaryň ruhy-beden saglygyny pugtalandyrmaklyga uly üns berilýärdi. Bedenterbiýe, sport ýaryşlary, ýörişleri, ýörite türgenleşik çäreleri ýygy-ýygydan geçirilýärdi. 1935-nji ýylda Garagumuň üsti bilen Aşgabat–Moskwa atly ýörişi amala aşyryldy. 1936-njy ýylda bolsa, türkmen balykçylary Krasnowodsk–Moskwa aralygyny gaýykda akymyň garşysyna ýüzüp geçdiler. Türkmen ýigitlerini we balykçylaryny moskwalylar uly dabara bilen garşyladylar. Bu iki waka türkmenleriň ruhubelentliginiň aýdyň alamatlary boldy.

Şeýlelikde, 20–30-njy ýyllarda Türkmenistanyň medeniýetiniň we sungatynyň ähli ugurlary boýunça döredijilik gözlegleri dowam etdirildi. Şunuň bilen birlikde-de, hut şol ýyllarda medeniýet we sungat kommunistik aňyýetiň ýiti gözegçiliginiň astyna düşýär.

Sowet häkimiýetiniň türkmen halkynyň ruhy medeniýetiniň aýrylmaz bölegi bolan yslam dinine bolan garaýşy-da gapma-garşylyklydy. Ýurtda wyždan azatlygy jar edilen-de bolsa, iş ýüzünde din wekilleri yzarlanýardy, kemsidilýärdi, hatda tussag edilýärdi, metjitlerdir medreseler ýykylýardy ýa-da hojalyk hajatlary üçin ulanylýardy.

Medeniýetde-de partiýalylyk we synpylyk ýörelgeleri ornaşdyrylyp, milli gymmatlyklar bolsa ünsden düşürilýärdi.

---

Soraglar we ýumuşlar

1. Medeni rewolýusiýa näme? 2. Ählumumy hökmany başlangyç okuw haçan amala aşyryldy? 3. Teatr we kino sungatynyň görnükli wekillerinden kimleri bilýärsiňiz? 4. Aýdym-saz sungaty barada gürrüň beriň. 5. Din wekilleriniň ýzarlanmagy barada öz garaýşyňyzy beýan ediň.

---

# IV BAP
# TÜRKMENISTAN SSR-I BEÝIK WATANÇYLYK URŞY ÝYLLARYNDA (1941–1945 Ý.)

## §56. Türkmenistanly esgerler Beýik Watançylyk urşunyň frontlarynda

1941-nji ýylyň 22-nji iýunynda faşistik Germaniýanyň SSSR-iň üstüne çozmagy bilen Beýik Watançylyk urşy başlandy. Gitlerçi basybalyjylara garşy 1418 gün dowam eden bu uruş Ikinji jahan urşunyň aýgytlaýjy tapgyryny düzüpdir. Faşizmiň maksady Sowet döwletini dargadyp, onuň düzümine giren halklary bolsa gul etmekdi.

Şeýlelikde, sowetler ýurdunyň üstüne aýylganç howp abanypdy. Bada-bat Türkmenistanda hem harby-çagyryş işi ýaýbaňlandy, meýletinçileriň hereketi başlandy. Meýletinçi ýaş ýigitleriň 3 müňüsiniň haýyşy kanagatlandyrylyp, olar fronta, harby mekdeplere (uçilişşelere), harby-desant goşun bölümlerine iberildi. Gysga wagtda türkmen milli goşun bölümleri – 87-nji, 88-nji aýratyn türkmen atyjylyk brigadalary, 97-nji we 98-nji türkmen atly diwiziýalary düzüldi hem-de fronta ugradyldy. Iş ýüzünde Türkmenistanyň ýarag götermäge ukyply adamlarynyň ählisi diýen ýaly Watan goragyna aýaga galdy.

Türkmenistanly esgerler Watançylyk urşunyň ilkinji agyr günlerinden başlap, urşuň ähli frontlarynda diýen ýaly gahrymanlarça söweşip, özleriniň Watan öňündäki borçlaryny abraý bilen



**Türkmen esgerleri urşa ugradylmazynyň öň ýanynda**

berjaý etdiler. Türkmen ýigitleri şol aldym-berdimli söweşlerde özleriniň ata-babalarynyň – Oguz hanyň, Gorkut atanyň, Togrul begiň, Alp Arslanyň, Soltan Sanjaryň, Görogly begiň, Baýram hanyň, Gökdepe gahrymanlarynyň şöhratly harby däp-dessurlaryny dowam etdirdiler. Moskwanyň etekleri we Stalingrad, Smolensk we gabawdaky Leningradyň etekleri, Kursk tirsegi, Demirgazyk Kawkaz, Ukraina we Belorussiýa, Moldawiýa, Ýewropa ýurtlary – ine, sowet goşunlarynyň düzüminde türkmenistanly gerçekleriň söweş ýollaryny geçen ýerleri. Watan goragy ugrundaky gazaply söweşlerde görkezen edermenlikleri we gahrymançylyklary üçin, türkmenistanly esgerleriň 100 müňe golaýy döwletiň harby ordenleri we medallary bilen sylaglandy, türkmenistanly gerçeklerden 105--si Sowet Soýuzynyň Gahrymany diýen belent ada mynasyp boldy, 18 esger bolsa, «Şöhrat» ordeniniň doly 3 derejesi bilen sylaglandy. Bularyň hemmesi Watançylyk urşunda gazanylan beýik Ýeňşe türkmenistanly esgerleriň



**General**
**Ýakup Kulyýew**

goşan goşantlarynyň gürrüňsiz ykrar edilendiginiň anyk şaýadydyr. Ildeşlerimiz goşun ýolbaşçylary general Ýakup Kulyýewiň, general Bagşy Ataýewiň, komandirler Kerim Myradowyň, Goşly Atajanowyň, Molla Nyýazowyň, komissar Aýtguly Geldiýewiň, Sowet Soýuzynyň Gahrymanlary Gurban Durdynyň, Aýdogdy Tahyrowyň, Pena Rejebowyň, Annagylyç Ataýewiň, Saparmät Hojaýewiň, Muhammet Ataýewiň, Berdimyrat Döwletjanowyň, Orazberdi Hekimowyň, Iwan Bogdanowyň, W.W. Rubinskiniň, Tagan Baýramdurdyýewiň, Allaberdi Agalyýewiň, Rejep Durdyýewiň, Muhammet Gylyjowyň, Oraz Annaýewiň, Gylyçnyýaz Azalowyň, Täçmämmet Nyýazmämmedowyň, Jumanyýaz Hudaýbergenowyň we beýleki gerçekleriň atlary, şeýle hem «Şöhrat» ordeniniň doly üç derejesiniň eýeleri Muhammetguly Durdyýewiň, Çary Nazarowyň, Kemer Ungalbaýewiň, Ahmet Annadurdyýewiň, Ylýas Öwezgeldiýewiň we beýleki gerçekleriň atlary Watançylyk urşunyň sene ýazgysyna hemişelik ýazyldy.

Russiýanyň, Belorussiýanyň, Ukrainanyň tokaýlarynda söweşen gaýduwsyz partizanlaryň arasynda Geldi Gurbanmyradow, Geldimämmet Baýramow, Anna Mämmedow, K. Saparow, M. Çaryýew, T. Nurlyýew, O. Annagulyýew ýaly ýüzlerçe türkmen ýigitleri edermenlik görkezipdirler. Türkmenistanly ýigitler Oraz Gurbannyýazow, Jumadurdy Sabyrow, Orazberdi Annaberdiýew, Çary Potjarow, Geldi Güýçgeldiýew we beýlekiler Ýewropanyň dürli ýurtlarynda Garşylyk görkeziş halk hereketiniň hatarynda söweşip, özleriniň batyrlygy bilen şol ýurtlaryň halklarynyň çuň hormatyna, söýgüsine mynasyp bolupdyrlar.

Beýik Ýeňşe uly goşant goşan sowet aňtawçylarynyň hatarynda türkmen halkynyň edermen ogly Aga Berdiýew hem bardy. Ol 1943-nji ýylda özüniň batyrlygy we ugurtapyjylygy bilen möhüm tabşyryklary ýerine ýetirip, duşmanyň köpsanly bet pirimleriniň üstüni açanlygy üçin Watanyň ençeme harby ordenlerine we medallaryna mynasyp boldy.

Türkmenistanly gerçekleriň ýüzlerçesi ýapon basybalyjylaryna garşy göreşde aýgytly söweşlere gatnaşdylar. Olardan Öwlüýä Kulyýew, Güjüm Begjanow, Allaýar Hudaýýarow, Baba Rejebow, Atamyrat Hatamow, Juma Sähedow, Sapar Berdiýew we başgalar Ýaponiýa garşy agyr söweşlere gatnaşyp, onuň haý-haýly Kwantun goşunyny derbi-dagyn etmäge öz goşantlaryny goşdular.



Türkmenistandan köpsanly saglygy goraýyş işgärleri, şol sanda türkmen zenanlary hem meýdan hassahanalarynda (gospital), saglygy goraýyş-arassaçylyk batalýonlarynda işläp, Watan goragyna gatnaşdylar. Türkmen döwlet medisina institutynyň uçurymlarynyň 140-sy goşun hataryna çagyrylyp, öz borçlaryny abraý bilen berjaý edipdirler. Türkmen zenanlarynyň arasynda medisina gullugynyň kapitany Saçly Dursunowa, Dürjemal Ysmaýylowa, M. Bagşyýewa, A. Orazowa, K. Kulyýewa aýratyn tapawutlanypdyrlar.

Elbetde, uruş diňe bir şanly Ýeňşiň dabarasy bolman, eýsem, onuň halk üçin ägirt uly hasrat bolandygy hem ýatdan çykarylmaly däldir. 1941–1945-nji ýyllaryň Watançylyk urşy dünýä taryhynda iň gazaply, gandöküşikli uruş bolupdy. Bu uruşda pida çekmedik ýekeje-de öý, dogan-garyndaşyny aldyrmadyk ýekeje-de adam, ýekeje-de türkmen maşgalasy ýokdur. Türkmenistandan Watan goragyna gidenleriň ýüz müňlerçesi mähriban ojaklaryna dolanyp gelmediler. Şol gerçekler geljek nesliň, parahatçylygyň hatyrasyna ýowuz urşuň gurbany bolup, Russiýanyň, Demirgazyk Kawkazyň, Ukrainanyň, Belorussiýanyň, daşary ýurtlaryň çäklerinde doganlyk mazarlarda ebedilik galdylar.

Beýik Watançylyk urşunda edermenlik we gahrymançylyk görkezip, wepat bolan türkmen gerçekleriniň röwşen ýadygärligini ebedileşdirmek hem-de olaryň atlaryny hemişelik şöhratlandyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň ilkinji Prezidentiniň 2000-nji ýylyň 4-nji maýynda kabul eden Permanyna laýyklykda wepat bolan watandaşlarymyz Türkmenistanyň Milli Gahrymanlary diýlip yglan edildi.

Watany döş gerip goran şol gahrymanlaryň atlary neşir edilen «Hatyra» atly köp tomlukda, uruşdan ýeňiş bilen dolanyp gelen gerçekleriňki bolsa, «Şöhrat» atly köp tomlukda teswirlendi.

**Soraglar we ýumuşlar**

**?**

**1.** Beýik Watançylyk urşy haýsy ýyllarda boldy? **2.** Türkmen diwiziýalary barada näme bilýärsiňiz? **3.** General Ý. Kulyýew, Gahryman P. Rejebow barada gürrüň beriň. **4.** Beýik Ýeňşiň taryhy ähmiýeti barada gürrüň beriň.

## §57. Uruş ýyllarynda türkmen halkynyň zähmet edermenligi

Urşuň başlanmagy bilen, respublikanyň halk hojalygy harby ýagdaýa laýyk üýtgedilip guraldy. Senagat kärhanalary front üçin zerur bolan ok-däri, ýarag, harby enjamlary we egin-eşikleri öndürdiler. Krasnowodsk deňiz porty we Aşgabat demir ýoly bökdençsiz işläp, portda işleýänler we demirýolçular zähmet edermenligini görkezdiler. Aşgabat demir ýolunyň weterany M. Aşyrmyradow: «Biz käwagtlar öýümiziň, maşgalamyzyň bardygyny hem ýatdan çykarýardyk, sebäbi iş kyndy we jogapkärlidi ... Meniň hut özümiň bir hepdeläp dagy teplowozdan düşmän işlänim ýadyma düşýär. Biz bäş ýylyň dowamynda dynç almany, dynç alyş gününiň bardygyny, zähmet rugsadyny bilmedik» diýip ýatlaýar.

Krasnowodsk deňiz porty we Aşgabat demir ýoly bilen ýurduň frontýaka raýonlaryndan göçürilip getirilýän ilaty we zawod-fabrikleri Günbatar Sibire hem-de Orta Aziýa respublikalaryna geçirmek boýunça uly işler amala aşyryldy. Şol bir wagtyň özünde hem olar Demirgazyk Kawkaz we Stalingrad frontlaryna esgerleri we harby ýükleri bökdençsiz ýollamagy üpjün edýärdiler.

Respublikanyň oba hojalygy hem uruş döwrüniň uly kynçylyklaryna döz gelmeli boldy. Kolhozlaryň we sowhozlaryň maddy-tehniki binýady ýaramazlaşdy, kolhozçylaryň, oba hojalyk hünärmenleriniň uly topary fronta ugradylypdy. Oba hojalyk işleriniň esasy agramy ýaşulularyň, aýal-gyzlaryň we ýetginjekleriň üstüne düşdi.

Maddy üpjünçilik babatda oba ilaty uly ýetmezçilikleri, horluklary başdan geçirýärdi. Hatda 1943–1944-nji ýyllaryň gyş aýlarynda açlyk bolup, obalarda köp adam heläk bolupdyr. Üstesine-de, kolhozlarda zähmeti guramakda mejbur ediş usullary ulanylypdyr. Daýhanlaryň mejbury işledilişi, şahsy mallary satmaga şertnama baglaşmaga olaryň mejbur edilişi käbir ýagdaýlarda kollektiwleşdirmegiň zorluk bilen geçirilen pursatlaryny ýatladýardy.

Şeýle-de bolsa, daýhanlar öz ykballarynyň faşizme garşy urşuň nähili gutarjakdygyna baglydygyna göz ýetirip, kynçylyklara döz gelýärdiler. Senagat üçin çig maly, goşun we ilat üçin zerur bolan azyk önümlerini öz wagtynda döwlete tabşyrmak üçin jan aýaman zähmet çekýärdiler. Aýal-gyzlaryň münlerçesi fronta

giden erkek adamlaryň ornuna işläp, erkek adamlaryň hünärlerini ele alyp, janlaryny aýaman edermenlik bilen zähmet çekdiler.





**Türkmen gelin-gyzlarynyň fronta kömegi**

Urşuň agyr ýyllarynda türkmenistanlylaryň çeken ýadawsyz zähmetleri, bitiren uly hyzmatlary üçin, respublikada 160 müňe golaý adam «1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda edermenlikli zähmeti üçin» diýen medal bilen sylaglandy.

Türkmen halky Goranmak gaznasyny döretmek ugrundaky ählihalk hereketine işeňňir gatnaşdy. Türkmen aýal-gyzlary Watanyň azatlygyny hem erkinligini has ileri tutup, Goranmak gaznasyna 7392 kg gymmatly altyn-kümüş şaý-seplerini tabşyrypdyrlar. Bu bolsa, Soýuz boýunça ýygnalan ähli gymmat baha şaý-sepleriň ýüzden ýetmiş bäş bölegini düzüpdir.

Respublikanyň ilaty tanklary, uçarlary, toplary we beýleki ýaraglary öndürmek üçin pul serişdelerini ýygnamaga hem işeňňir gatnaşdy. Olar 170 mln manat pul we 110 mln manatlyk gymmat bahaly kagyz borçnamalary (zaýomlar) topladylar. Şol serişdeleriň hasabyna harby uçarlaryň 7 eskadrilýasy we tank düzümleriniň (kolonna) 5-si ýasalyp, fronta berildi. Mundan başga-da, türkmenistanlylar fronta esgerler üçin ýyly egin-eşikleriň we içki geýimleriň 2 milliondan gowragyny iberdiler. Ussat halyçy gelin-gyzlar tä uruş gutarýança uçarmanlara ýörite eşik tikmek üçin iki tarapy-da sütükli işliklik matany düýe ýüňünden dokap, tikin fabriklerine yzygiderli iberipdirler.

Türkmen halky söweşýän esgerler bilen içgin aragatnaşyk saklady, olara sowgatlar, hatlar iberip durdy. Uruş ýyllarynda Türkmenistandan dürli sowgatlar ýüklenen 6 eşelon fronta iberildi. 1943-nji ýylyň aprel aýynyň 16-synda «Prawda» gazetinde

türkmen halkynyň frontdaky türkmen esgerlerine ýüzlenmesi çap edildi. Ýüzlenmede: «Gyzyl esger, ýatda sakla! Ýigit, ýatda sakla! Azow deňziniň kenarlarynda, Ukrainanyň çöllerinde, rus meýdanlarynda, Leningradyň eteginde sen öz güneşli Türkmenistanyňy, mähriban obaňy, eneňi, aýalyňy we öz çagalaryňy goraýansyň» diýip aýdylýardy. Şol ýüzlenmäniň türkmenistanly esgerler üçin möhüm ruhlandyryjy ähmiýeti boldy. Türkmenistanyň howandarlyk edýän 76-njy atyjylyk «Ýelnýa diwiziýasynyň» esgerleri bilen yzygiderli hat alşylyp duruldy.

Faşistlerden azat edilen raýonlaryň ilatyna kömek bermek işi giňden ýaýbaňlandy. Diňe 1943-nji ýylyň dowamynda azat edilen raýonlara 56 müň baş mal, 984 azal, 1044 dyrmyk, 1 mln manada golaý pul iberildi. Stalingrad oblastyna enjamlar, gurallar we ilat üçin sowgatlar ýüklenen 66 wagon ugradyldy. Şeýle kömekler Harkow, Woroşilowgrad oblastlaryna, Minsk, Krasnodon şäherlerine hem iberildi.

Respublika aýry-aýry raýonlary we oblastlary howandarlyga aldy. Mysal üçin, Aşgabat oblastynyň ilaty Smolensk oblastynyň Ýelnýa şäherini we raýonyny howandarlyga aldy. Şol ýerde mekdepleri, keselhanalary we ýaşaýyş jaýlaryny dikeltmek üçin kerpiç, metal, aýna, penjire söýeleri, sement we beýleki gurluşyk serişdeleri iberilýärdi.

Uruş ýyllarynda oba ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň pese düşendigine garamazdan, respublikanyň kolhozçylary frontýaka raýonlaryndan göçürilip getirilen müňlerçe adamlary myhmansöýerlik bilen kabul etdiler. Bu zatlar türkmen halkynyň çuňňur watansöýüjiliginiň, ynsanperwerlik häsiýetiniň anyk ýüze çykmasy bolupdy.

* * *

Beýik Watançylyk urşy sowet halkynyň beýik Ýeňşi bilen tamamlandy. Faşistik basybalyjylar Berlinde doly derbi-dagyn edildi.

Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda SSSR-iň ähli halklary bilen bilelikde türkmen halky-da, onuň gerçek ogullary, merdana zenanlary urşuň ýowuz synaglaryna döz gelip, Watanyň azatlygy we özbaşdaklygy ugrunda gahrymanlarça söweşdi. Türkmen halky frontda-da, tylda-da gaýduwsyzlyk we edermenlik görkezip, beýik Ýeňşe özüniň saldamly goşandyny goşdy.

Beýik Ýeňşiň taryhy ähmiýeti türkmen halkynyň ykbaly üçin-de örän uly boldy. Watanymyzyň eziz ogul-gyzlary şonda

dünýäde adalaty goramadyk bolsalar, biziň geljegimiz üçin şirin janlaryny gurban etmedik bolsalar, özümiziň bu günki beýik Garaşsyzlygymyza ýetip bilmezdik. Biziň şu günki bagtyýar, abadan, bolelin durmuşymyzda şolaryň hem ajaýyp paýy bardyr.

---

Soraglar we ýumuşlar

1. Uruş ýyllarynda türkmenistanlylaryň zähmet edermenligi barada gürrüň beriň. 2. Türkmen aýal-gyzlarynyň fronta beren kömegi barada nämeleri bilýärsiňiz? 3. Azat edilen raýonlara Türkmenistanyň howandarlygy barada nämeleri aýdyp bilersiňiz? 4. Beýik Ýeňşiň taryhy ähmiýeti barada öz pikiriňizi beýan ediň.

---

# V BAP
# TÜRKMENISTAN SSR-I URUŞDAN SOŇKY ÝYLLARDA (1946–1970 Ý.)

## §58. Halk hojalygynyň dikeldilmegi. Aşgabatda ýer titremegi

Uruşdan soň parahatçylykly durmuşa geçmek, elbetde, örän çylşyrymly şertlerde amala aşyryldy. Urşuň netijesinde SSSR özüniň milli baýlygynyň üçden birini ýitirdi. Agyr söweşlerde, duşmanyň wagtlaýyn basyp alan ýerlerinde, ýesirlikde, konslagerlerde, takmynan, 27 mln adam wepat boldy.

Uruş Türkmenistan SSR-niň çäklerinden daşda bolan bolsa-da, respublikanyň halk hojalygy agyr ýagdaýa düşüpdi. Işçi güýjüniň, ylaýta-da hünärli işçileriň ýetmezçiligi ýiti duýulýardy. Ilatyň gün-güzerany juda pese düşüpdi. 1946-njy ýylda galla öndürýän merkezi ülkelerde bolan gurakçylyk we açlyk zerarly, ýagdaý has-da agyrlaşypdy.

Şeýle ýagdaýda halk hojalygyny dikeltmek we ösdürmek wezipesi ör-boýuna galdy. Umumysoýuz meýilnama laýyklykda respublikanyň 1946–1950-nji ýyllar boýunça döwlet meýilnamasy işlenip düzüldi.

Meýilnamada, ilkinji nobatda, umumysoýuz ähmiýetli senagat pudaklaryny ösdürmäge üns berildi. Burawlaýyş işleri giňel-

dildi, täze nebit ýataklary özleşdirilip başlandy. Nebit çykarylyşy mese-mälim artdy.

Senagat kärhanalarynda 8 sagatlyk iş gününe dolanyp gelindi. Işden daşary işletmek düzgüni ýatyryldy. Işçi-gullukçylar üçin zähmet rugsady dikeldildi. 1947-nji ýylyň dekabr aýynda uruş döwründe girizilen azyk önümlerini kartoçka boýunça paýlamak düzgüni ýatyryldy hem-de pul özgertmesi geçirildi. Bu çäreler dikeldiş işleriniň gidişine oňyn täsir etdi. Dokma, pagta arassalaýjy, ýeňil, azyk senagat pudaklarynyň tehnologik enjamlary doly diýen ýaly täzelendi. Büzmeýinde (häzir Abadan) sement, Daşhowuzda ýag-ekstrakt, Çelekende nebitdakyl zawodlary işe girizildi. 1947–1948-nji ýyllarda Çärjew-Goňrat demir ýoly guruldy. Krasnowodsk deňiz porty ýük dolanyşygy babatda uruşdan ozalky derejesinden ozup geçdi. Ýöne, umuman alnanda, senagatda, hususan-da, gurluşyk senagatynda zähmet öndürijiligi entek pesdi. Goýberilýän maýalar doly özleşdirilmeýärdi.

Hünärmenleri we hünärli işçileri taýýarlamak meselesi uruşdan soňky döwrüň iň derwaýys meseleleriniň biridi. Dikeldiş döwrüniň ahyrlarynda türkmenler işçileriň umumy sanynyň diňe 28,4%-ini düzüpdirler. Aýallary döwlet işlerine, jemgyýetçilik önümçiligime, hususan-da, senagat önümçiligine çekmeklige üns berildi. 1950-nji ýylda respublikada işleýän işçi-gullukçylarynyň tas ýarysyna golaýy aýallardan ybarat boldy.

Oba hojalygynda, ilkinji nobatda, pagtaçylyga üns berildi. Kolhozçylary höweslendirmek maksady bilen pagtany döwletiň satyn alyş bahasy 2 esse artdyryldy. Pagtaçylyk etraplarynda suwarymly ýerlerden galla we däneli ekinler kem-kemden gysylyp çykarylýardy. Şolaryň hasabyna gowaça ekilýän meýdanlar giňeldilýärdi. Diňe inçe süýümli pagta ekilýän ýerler 32,3 müň ga-dan 61,6 müň ga çenli artdyrylypdyr. 1950-nji ýylda pagtaçylyk uruşdan öňki derejesine ýetirildi.

Oba hojalygynyň maldarçylyk pudagy yza galýardy. 1950-nji ýylda mallaryň umumy sany uruşdan ozalky derejesine ýetmän galdy. Gara mallaryň, atlaryň baş sany 1940-njy ýyl bilen deňeşdirilende ep-esli azaldy. Maldarlary zähmete höweslendirmeklik ünsden düşürildi.

Ýüpekçilik pudagy ösdi. Ýüpek pilesini öndürmeklik 1948-nji ýylda uruşdan ozalky derejesine ýetirildi. 1950-nji ýylda döwlete 1771 t pile tabşyryldy.

**Aşgabatda ýer titremegi.** Dikeldiş işleriniň gyzgalaňly wagtynda halkymyz agyr synaga sezewar boldy. 1948-nji ýylyň 6-njy oktýabryna geçilen gije Aşgabatda hem-de onuň töweregindäki obalarda güýçli ýer titredi. Paýtagt we ony etekläp oturan obalar weýran boldy. Respublikanyň iň gymmatly baýlygy bolan adamlaryň onlarça müňi pida boldy.

SSSR Ministrler Soweti «Aşgabadyň ýer titremeden heläkçilik çeken ilatyna gaýragoýulmasyz kömek bermek hakynda» karar kabul etdi, şu maksat bilen Soýuz hökümet topary döredildi. Şeýle toparlar Özbegistanda, Azerbaýjanda, Gazagystanda, Täjigistanda, Gyrgyzystanda hem döredilipdir. Şol agyr pursatda Soýuzyň ähli respublikalary türkmen halkyna kömege geldiler. Aşgabada lukmanlar, derman serişdeleri, azyk we beýleki zerur harytlar, gurluşyk materiallary yzygiderli iberilýärdi. Daşary ýurtlaryň hem birnäçesi, mysal üçin, Bolgariýa, Germaniýa, Polşa, ABŞ pul we ynsanperwerlik kömegini berdiler.

Aşgabadyň ilaty 20 günüň dowamynda döwletiň hasabyna azyk harytlary bilen mugt üpjün edildi. Bada-bat gurluşyk işleri ýaýbaňlandyryldy. Beýleki respublikalardan kömege gelen gurluşykçylar bu ýerde möhüm desgalary gurdular. Orta Aziýa harby okrugynyň esgerleri-de dikeldiş-gurluşyk işlerinde, şäherde düzgün-tertibi goramakda degerli kömek berdiler.



**Aşgabatda ýer titremegi (1948 ý.)**

Bada-bat diýen ýaly howa we demir ýol ulaglary işläp başlady. Ýylyň ahyryna çenli bolsa senagat kärhanalarynyň, okuw mekdepleriniň, ylmy edaralaryň, tomaşa jaýlarynyň aglabasy öz işlerini dowam etdiler. Jaýsyz galanlar döwlet tarapyndan mümkingadar nobatyna ýaşaýyş jaý bilen üpjün edilýärdi. Ýöne ilaty jaý bilen üpjün etmeklik soňraky uzak ýyllaryň dowamynda-da örän ýiti, derwaýys mesele bolup galypdy.

Garaşsyzlyk döwründe Aşgabatda «Halk hakydasy» ýadygärlikler toplumy we Gypjak obasynda ýer titremede heläk bolanlaryň hatyrasyna ýadygärlik bina edildi. Her ýylyň 6-njy oktýabrynda «Hatyra güni» bellenip geçilýär.

50-nji ýyllaryň başlarynda respublikanyň halk hojalygyny dikeldiş işleri tamamlanypdyr.

Beýik Ýeňiş gazanan halkyň umyt-arzuwlary uludy we köpdürlüdi. Ýöne ol umyt-isleglериň hemmesi amala aşyrylmady. Şeýle-de bolsa, halk «ýagty geljege» ynam edip, ýetmezçiliklere, kynçylyklara döz geldi we işeňňirlik bilen zähmet çekdi. Işçileriň, kolhozçylaryň, intelligensiýanyň zähmet edermenligi halk hojalygyny dikeltmegiň we ösdürmegiň esasy şertleriniň biri boldy.

---

Soraglar we ýumuşlar

1. Beýik Watançylyk urşundan soňra ýurtdaky ýagdaý barada näme bilýärsiňiz? 2. 1946–1950-nji ýyllar boýunça respublikanyň döwlet meýilnamasy barada gürrüň beriň. 3. Respublikanyň halk hojalygynyň dikeldilmegi nähili netijeleri berdi? 4. Aşgabatda ýer titremesi barada gürrüň beriň. 5. Beýleki Soýuz respublikalarynyň türkmen halkyna beren kömegi barada nämeleri bilýärsiňiz? 6. Ýer titremede heläk bolanlaryň hatyrasyna nirelerde ýadygärlikler bina edildi?

---

## §59. 50–60-njy ýyllarda ykdysadyýetiň ösüşi

50-nji ýyllarda respublikanyň ykdysadyýeti, hususan-da Merkez üçin çig mal öndürýän pudaklar ep-esli ilerledi. Şol ýyllarda Gamyşlyjada, Ekeremde, Barsagelmezde, Goturdepede täze nebit ýataklarynyň üsti açyldy we senagat taýdan özleşdirildi. 1959-njy ýylda Garagumuň merkezinde uly gaz ýatagy açyldy.

60-njy ýyllarda Çärjewde superfosfat, ekskawator abatlaýyş zawodlary, Aşgabatda beton zawody, nebit maşyn gurluşygy (Aşnebitmaş) zawody guruldy. Garabogazyň sulfat kombinatynda, Çelekeniň ýod-brom zawodynda, Gowurdagyň kükürt zawodynda täze sehler işe girizildi. Çärjewde, Maryda jaý gurluşyk kombinatlary ulanmaga berildi.

Şol bir wagtyň özünde-de, senagaty dolandyrmagyň çendenaşa merkezleşdirilmegi we ýerli kärhanalaryň özbaşdaklygynyň çäklendirilmegi öndüriji güýçleriň ösmegine böwet bolýardy. Senagatyň ösüşini çaltlandyrmak maksady bilen, 60-njy ýyllaryň ortalarynda ýurtda hojalygy ýöretmek we ykdysady taýdan höweslendirmek barada özgertme başlandy. Ýöne ykdysady özgertme haýal barýardy.

Şeýle-de bolsa, respublikanyň senagaty, umuman, oňyn netijeler gazandy. Mysal üçin, 1965-nji ýylda 9 mln 636 müň t nebit çykarylan bolsa, 1970-nji ýylda ol 14 mln 487 müň t ýetirildi. Baýramalyda, Kükürtlide, Ojakda uly gaz ýataklary açyldy. 1970-nji ýylda 13 mlrd 107 mln $m^3$ gaz çykaryldy.

1967-nji ýylyň 5-nji oktýabryndan başlap Orta Aziýa – Merkez gaz geçirijisi boýunça Soýuzyň senagat merkezlerine gaz akdyrylyp başlandy. Elbetde, öndürilýän ummasyz gazyň bellibir bölegi respublikanyň içki hajatlary üçin hem ulanylyp başlandy. 1969-njy ýylyň 30-njy dekabrynda Maý – Baýramaly – Aşgabat – – Büzmeýin gaz geçirijisi ulanylmaga berildi. Şol ýyllarda tehniki uglerodyň, kükürt kislotasynyň, natriý sulfatynyň öndürilişi hem ep-esli artdyryldy.

1965–1970-nji ýyllarda Mary – Çärjew elektrik geçirijiniň gurluşygy tamamlandy. Ol Aşgabat elektrik geçirijiniň üsti bilen Orta Aziýanyň we Günorta Gazagystanyň energetika ulgamy bilen birleşdirildi.

Demir ýol, awtomobil we awiasiýa ulaglarynyň maddy-tehniki esaslary az-kem pugtalandy. Krasnowodskide parom gatnawy ýola goýuldy. 1967-nji ýylda Aşgabatda «Orbita» kosmos telewizion stansiýasy ulanmaga berildi.

Ýöne ilat üçin gündelik zerur harytlary öndürýän senagat pudaklary haýal ösýärdi. Üstesine-de, 1960-njy ýylda SSSR hökümetiniň karary bilen ýurtda senetçilik kooperasiýasynyň ýatyrylmagy ilatyň maddy hal-ýagdaýyna ýaramaz täsir etdi.

50-nji ýyllaryň başlarynda respublikanyň oba hojalygynyň senagatdan yza galýandygy aç-açan mälim boldy. Kolhozlaryň we sowhozlaryň ähli işi «ýokardan» kesgitlenýärdi. Iş ýüzünde olar näme ekmeli, näçe ekmeli diýen meseläni çözmek hukugyndan mahrumdylar.

Türkmenistanda oba hojalygy pagtaçylyga ýöriteleşdirilýär. 1956-njy ýylda 346 iri hojalyklaryň 289-sy, esasan, pagtaçylyk bilen meşgul bolupdyr. Şonuň bilen bir wagtyň özünde-de beýleki oba hojalyk ekinleriniň ekilýän ýerleri kem-kemden kemeldilýärdi. Üstesine-de, 50–60-njy ýyilaryň sepgidinde hamala jemgyýetçilik işlerinden ünsi sowmazlygy bahana edilip, oba adamlaryna şahsy mal saklamak has çäklendirildi.

1958-nji ýylyň mart aýynda SSSR Ýokary Soweti MTS-leri özgertmek we kolhozlara tehnikany satmak hakynda kanun çykardy. Özüniň mazmuny boýunça bu zerur özgertmedi. Şol döwre çenli ýurtda özleriniň esasy zähmet gurailaryna – traktorlara, maşynlara eýelik etmeýän ýeke-täk kärhanalar kolhozlardy. Kolhozlar MTS-lere bagly bolup galýardylar. Ýöne özgertme iş ýüzünde çuň oýlanyşylman, howlukmaçlyk bilen geçirilip, ol ahyrky netijede oba hojalyk önümçiliginiň ösüş depgininiň pese düşmegine getirdi.

Ykdysady ösüşiň peselmegi Türkmenistanyň pagtaçylyk kolhozlaryna-da mahsus boldy. Önümçilige sarp edilýän serişdeleriň artýandygyna garamazdan, pagtaçylyk kolhozlary ýylyň-ýylyna öz meýilnamalaryny doly berjaý edip bilmeýärdiler. 1965-nji ýylda soňky ýyllarda ilkinji gezek döwlet meýilnamasy ýerine ýetirildi. SSKP MK-nyň 1965-nji ýylyň mart aýynda bolan plenumy ýurduň oba hojalygynda nobatdaky özgertmäniň başyny başlady. Plenum oba hojalyk önümlerini taýýarlamagyň düzgünlerini kämilleşdirmek, kolhoz we sowhoz önümçiliginiň ähli ugurlarynda ykdysady we ruhy taýdan höweslendirmekligi giňişleýin ulanmak, hojalygy dolandyrmakda kolhozlara we sowhozlara özbaşdaklyk bermek ýaly möhüm çäreleri belledi.

Bu çäreler oba hojalygyň ilerlemegine oňyn täsir etdi. Hakykatdan-da, uruşdan soňky döwürde 1966–1970-nji ýyllar iň üstünlikli ýyllar boldy. 1970-nji ýylda kolhozlar we sowhozlar 866 müň t pagta, şol sanda 167 müň t gymmat bahaly inçe süýümli pagta öndürip, döwlete tabşyrdylar. Jemi öndürilen ak pagtanyň 293 müň tonnasy kombaýnlar bilen ýygyldy.

Respublikada gök we bakja önümleriniň taýýarlanylyşy, şaly

öndürilişi hem ep-esli artdy. Ýöne şol ýyllarda bugdaýyň we arpanyň öndürilişi juda pese düşdi. Bu bolsa gowaça ekininiň ileri tutulmagynyň netijesi bolupdy.

Maldarçylykda garaköli goýunlary köpeltmeklige üns berildi. Garaköli goýunlary ösdürip ýetişdirmek boýunça aýry-aýry sowhozlar we raýonlar ýörlteleşdirildi. Garaköli goýunlar gowy hilli bagana berýärdi. Gara, çal, sur baganalar bolsa şol döwürde daşary bazarlarda gymmat bahadan alynýan iň geçginli harytlaryň biridi. Her ýyl respublikada, takmynan, 1 mln garaköli bagana öndürilýärdi. Olardan gelýän girdeji bolsa, tutuşlygyna diýen ýaly umumysoýuz gaznasyna geçirilýärdi. 1967-nji ýylda Leýpsigde geçirilen ýarmarkada türkmen garaköli baganasy altyn medala mynasyp boldy.

Umuman, 1966–1970-nji ýyllarda respublikanyň oba hojalygyny ösdürmekde ep-esli öňegidişlik gazanyldy. Ýöne oba hojalygynyň ösüşi, esasan, ekstensiw ýol bilen, ýagny ekerançylygyň medeniýetini kämilleşdirmegiň hem-de hasyllylygy ýokary götermegiň hasabyna däl-de, eýsem, serişdeleri we zähmeti köp sarp etmegiň hem-de ekin ýerlerini giňeltmegiň hasabyna amala aşyrylýardy. Oba hojalyk önümçiliginiň umumy mukdary köpelse-de, ekinleriň hasyllylygy ýokarlanman, bir derejede diýen ýaly durdy.

**Garagum kanaly (deryasy).** Uruşdan soňky ýyllarda respublikada suw desgalarynyň gurluşygy babatda ep-esli işler amala aşyryldy. Ýöne entek Türkmenistanda, hususan-da, onuň pagtaçylyk raýonlarynda suw ýetmezçiligi ýiti duýulýardy.



**Garagum kanaly (deryasy)**

1954-nji ýylyň mart aýynda SSSR Ministrler Soweti we SSKP MK «1954–1958-nji ýyllarda Türkmenistan SSR-inde pagtaçylygy mundan beýläk-de ösdürmek hakynda» ýörite karar kabul etdi. Kararda Garagum kanalyny gurmaklygyň zerurlygy nygtaldy. Hut şol ýyl Garagum kanalynyň birinji nobatdakysynyň (Kerki–Mary) gurluşygy başlandy. Kanalyň gurluşygyna SSSR-iň ähli ýerlerinden diýen ýaly dürli hünärli gurluşykçylar, gurluşyk tehnikalary, materiallary iberilýärdi.

Dürli kynçylyklara garamazdan, 1959-njy ýylyň başynda Garagum kanalynyň birinji nobatynyň gurluşygy tamamlandy. Onuň uzynlygy 400 km-e barabar boldy. Amyderýanyň suwy Murgap oazisine gelip ýetdi.

Soňra kanalyň ikinji (Mary–Tejen) we üçünji (Tejen–Aşgabat) nobatdakylarynyň gurluşygy ýaýbaňlandyryldy. Kanalyň bu bölekleri halk gurluşygy usuly bilen berjaý edildi. Netijede, kanal 1960-njy ýylyň noýabr aýynda Tejen derýasy bilen birikdi. 1962--nji ýylyň maý aýynda bolsa Amyderýanyň mele suwy Aşgabada gelip ýetdi.

Kanal 1979-njy ýylda Gyzylarbada, 1981-nji ýylda bolsa, Gazanjyga ýetirildi. Kanalyň uzynlygy 1100 km-e barabar boldy. Gazanjykdan günbatara tarap suw turbalar arkaly akdyryldy. Soňky ýyllarda Gazanjyk-Gyzyletrek (häzir Etrek) aralygynda kanalyň 270 km-den ybarat bolan günorta-günbatar şahasy hem guruldy. Kanalyň gurluşygy bilen bir wagtda onuň ugrundaky ýerler özleşdirilip başlandy. Maşat-Misserian düzlüginde subtropiki ekinleri ekmek maksady bilen boz ýerler hem özleşdirilip başlandy. Emma käbir sebäplere görä, meýilnamalaşdyrylan işler soňra dolulygyna amala aşmady we hatda akaba gömülip galdy.

Garagum kanalynyň suwuny rejeli we netijeli peýdalanmak üçin, kanalyň ugrunda Zeýit, Hanhowuz, Köpetdag suw howdanlary guruldy. Elbetde, kanalyň gurluşygynda we ulanylyşynda käbir kemçiliklere hem ýol berildi. Uly suwy kabul etmek barada degişli taýýarlyk işleri doly berjaý edilmändir, zerur bolan kollektor zeýkeşler ulgamy ýeterlik hem-de talabalaýyk gurulmandyr. Käbir ýerlerde suw tygşytly peýdalanylmandyr. Murgap degresinde ýerler şorlap başlaýar. Bu ýagdaý Köpetdag eteklerine hem baryp ýetýär.

Umuman alnanda, Garagum kanaly dünýä suw gurluşyk tejribesinde heniz duş gelinmedik, gysga möhletde gurlan gidro-

tehniki desga boldy. Garagum kanalynyň gurluşygynda toplanan tejribe suwaryş desga gurluşygynyň dünýä tejribesini ep-esli baýlaşdyrdy.

Türkmenistanyň ykdysadyýetini ösdürmekde kanal uly ähmiýete eýe boldy. Ol Mary, Aşgabat, Krasnowodsk oblastlarynyň keşbini özgertdi. Kanalyň ugrunda Başsaka, Niçge, Garamätnyýaz ýaly ilkinji şäherçeler peýda boldy. Ol ilaty iş bilen üpjün etmek, suwaryş we agyz suw üpjünçiligini, ýaşaýyş derejesini gowulandyrmak ýaly durmuş-ykdysady meseleleri çözmeklige mümkinçilik döretdi.

Garagum kanalynyň gurluşygynda has tapawutlanan işgärleriň zähmetine ýokary baha berildi. SSSR Döwlet geologiýa komitetiniň Geologiýa institutynyň direktory G. Ýomudskiý, «Garagumgurluşyk» dolandyryjy edarasynyň başlygy A. Geldiýew, şol edaranyň baş inženeri W.T. Zaharçenko, «Hanhowuzsuwgurluşyk» edarasynyň başlygy A. Çörliýew, «Türkmensuwgurluşyk» trestiniň başlygy S.K. Kaližnýuk we beýlekiler Lenin baýragyna mynasyp boldular. Gurluşykçylardan B. Ýazmuhammedowa, T. Bäşimowa, G. Baýramgeldiýewe Sosialistik Zähmetiň Gahrymany diýen belent at dakyldy.

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk döwründe 1999-njy ýylyň 4-nji maýynda kanal «Garagum deryasy» diýlip atlandyryldy.

---

**Soraglar we ýumuşlar**

**?** **1.** 50-nji ýyllarda açylan we özleşdirilen nebit ýataklary barada gürrüň beriň. **2.** Orta Aziýa – Merkez gaz geçirijisi haçan işläp başlady? **3.** Näme üçin senagatyň çig mal öndürýän pudaklaryna aýratyn üns berlipdir? **4.** 50–60-njy ýyllarda respublikanyň oba hojalygynyň ýagdaýy nähili bolupdyr? **5.** Garagum kanalynyň gurluşygy haçan başlandy? **6.** Garagum kanalynyň ähmiýeti barada gürrüň beriň.

---

## §60. Respublikanyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşy

Uruşdan soňky ýyllarda ýurduň jemgyýetçilik-syýasy durmuşy örän dartgynlydy. Uruş döwründe Ýewropa ýurtlaryny faşistlerden azat etmäge gatnaşan sowet esgerleriniň millionlar-

çasy ilkinji gezek «kapitalistik hakykat» bilen ýüzbe-ýüz boldy. Olar SSSR-däki ýaşaýyş-durmuş şertleriniň Ýewropa ýurtlaryndakydan pes gelýändigine göz ýetirdiler.

Bu ýagdaý sowet wagyz-nesihaty arkaly adamlaryň aňyna ornaşdyrylan durmuşy düşünjelere, ülňülere şübhe döredip başlaýar. Işçileriň arasynda ýaşaýyş-durmuş şertleriniň kanagatlanarly däldigi zerarly nägilelikler ýüze çykýar. Daýhanlaryň arasynda basym kolhozlaryň ýatyryljakdygy, dolandyryş düzgünleriniň gowşadyljakdygy barada gürrüňler birsyhly dowam edipdir. Intelligensiýanyň arasynda ykdysady özgertmeleri geçirmek hem-de syýasy düzgünleri ýumşatmak barada umyt-arzuwlar giň ýaýrapdyr.

Ýurduň ýolbaşçylary özlerine örän howply bolan şeýle dartgynly we çylşyrymly ýagdaýyň öňüni almak barada iki ugur boýunça degişli çäreleri berjaý edýärler.

Birinjiden, ýurduň jemgyýetçilik-syýasy durmuşyny işeňňirleşdirmäge, ylmy, medeniýeti ösdürmäge, zähmetkeşleriň hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga gönükdirilen, halkyň umyt-arzuwlary bilen ugurdaş käbir çäreler amala aşyrylýar.

1945-nji ýylyň sentýabr aýynda ýurtda dowam edýän adatdan daşary ýagdaý hem-de Döwlet goranmak komiteti ýatyryldy. 1946-njy ýylda Sowetler ulgamynyň ähli basgançaklarynda saýlawlar geçirilip, deputatlar toparynyň düzümi täzelendi. 1952--nji ýylda kommunistik partiýanyň XIX gurultaýy çagyryldy. Partiýanyň BK(b)P ady SSKP diýen at bilen çalşyryldy.

Ikinjiden, ýurduň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynyň dürli ugurlarynda partiýa-döwlet gözegçiligini öňküden has hem güýçlendirmek barada çäreler amala aşyryldy. 40-njy ýyllaryň ahyrynda – 50-nji ýyllaryň başlarynda syýasy repressiýanyň täze tolkuny başlandy. Şunlukda, stalinçi ýolbaşçylaryň esasy urgusy intelligensiýanyň üstünden inderildi.

1946-njy ýylda BK(b)P MK-nyň kabul eden «Zwezda» we «Leningrad» žurnallary, «Uly durmuş» kinofilmi, Muradeliniň «Beýik dostluk» operasy, «Drama teatrlarynyň repertuary we ony kämilleşdirmek» hakyndaky kararlarynyň esasynda medeniýetiň görnükli wekilleri gazaply tankyt edilip başlandy. Bu çäreleriň düýp maksady intelligensiýa pugta duýduryş bermekden hem--de olaryň döredijiligini «partiýalylyk» we «sosialistik realizmiň»

çäklerine salmakdan ybaratdy. Tebigaty öwreniş we gumanitar ylymlarynda başlanan jedeller (diskussiýalar) hem şu maksada eýerýärdi.

Şeýle ýagdaýlar Türkmenistanda-da dowam etdirildi. Soýuzda dolandyryş ulgamynyň merkezleşdirilmegi zerarly, respublikanyň hukuklary has-da çäklendirildi. Türkmenistanyň içeri we daşary syýasatyna degişli düýpli meseleleriň ählisi diýen ýaly Moskwada çözülýärdi. Milli bähbitlere ýeterlik üns berilmeýärdi.

TK(b)P MK-nyň birinji sekretary (1947-nji ýyldan bäri) Ş. Batyrow respublikanyň ykdysadyýetini we medeniýetini ösdürmekde, milli partiýa-döwlet işgärlerini we ylmy işgärleri taýýarlamakda işeňňirlik görkezdi. Emma onuň bu işlerinde «milletçilik alamatlarynyň ýüze çykmalary» tapylyp, ol 1951-nji ýylyň iýul aýynda wezipesinden boşadyldy. TK(b)P MK-nyň birinji sekretarlygyna S. Babaýew saýlanyldy.

Edil şol wagtlar milli intelligensiýanyň görnükli wekilleri ýene-de berk yzarlanyp başlandy. 1951-nji ýylyň 28–29-njy dekabrynda bolan TK(b)P MK-nyň plenumynda türkmen medeniýetiniň ajaýyp ýadygärligi bolan «Gorkut ata» dessany halka ýat we zyýanly eser hökmünde häsiýetlendirildi. Ol eseri çapa taýýarlan görnükli alymlar B. A. Garryýew, M. Kösäýew hem-de «Türkmendöwletneşiriň» baş redaktory O. Abdalow «buržuaz milletçileri» hökmünde ýazgarylypdyr.

Plenumda akademik G. Nepesowyň «Demirgazyk Türkmenistanda sowet gurluşygynyň ýeňmegi» diýen monografiýasy ýiti tankyt edildi. Alym türkmen halkynyň taryhyny ýoýmakda, ony galplaşdyrmakda aýyplanyp, ylmy at derejesinden mahrum edilip, işinden boşadyldy.

1953-nji ýylyň 5-nji martynda I.W. Stalin aradan çykdy. Onuň «egindeşleriniň» arasynda häkimiýet ugrundaky barlyşyksyz göreşde N. S. Hruşşýow üstün çykdy.

1956-njy ýylyň fewral aýynda SSKP-niň XX gurultaýy çagyryldy. Gurultaýyň ýapyk mejlisinde N. S. Hruşşýow «Şahsyýet kulty we onuň netijeleri hakynda» doklad bilen çykyş etdi. Ýöne bu ýaramaz hadysanyň sosial kökleri hem-de onuň sowet jemgyýetçilik ulgamynyň totalitar-býurokratik tebigaty bilen aýrylmaz baglydygy doly açylyp görkezilmedi. Şahsyýet kulty sosializm gurluşygynda ýüze çykan gyşarmalara we I. W. Staliniň adamçylyk häsiýetlerine syrykdyryldy. Şeýle-de bolsa, şahsyýet

kultunyň açyk ýazgarylmagy ýurduň jemgyýetçilik-syýasy durmuşyna uly täsir etdi. Ýurduň durmuşyna «maýylganlygyň» aralaşmagyna ýardam etdi.

30–40-njy ýyllarda, 50-nji ýyllaryň başlarynda nähak jeza berlen adamlaryň işlerine täzeden seredilip, olar aklanyp başlandy. Şeýle işler Türkmenistanda-da geçirildi. TSSR HKS-niň ozalky başlygy G. Atabaýew, TSSR MÝÝK-nyň ozalky başlygy N. Aýtakow, TK(b)P MK-nyň ozalky sekretarlary H. Sähetmyradow, A. Muhammedow, Ý. A. Popok we başga-da onlarça nähak jezalandyrylan adamlar aklanyldy. Belli alymlar B. A. Garryýew, M. Kösäýew, O. Abdalow we başgalar aklanypdyr.

1954–1958-nji ýyllarda soýuz respublikalaryň hojalyk hukuklaryny giňeltmek barada birnäçe çäreler amala aşyrylýar. 1956-njy ýylyň maý aýynda SSKP MK-nyň we SSSR MS-niň kabul eden «Halk hojalygynyň käbir pudaklaryny soýuz respublikalaryň garamagyna bermek» hakyndaky kararyna laýyklykda, Türkmenistan SSR-inde azyk harytlary senagatynyň, ýeňil senagatyň, balyk senagatynyň we beýleki käbir pudaklaryň kärhanalary soýuz tabynlygyndan respublikan tabynlygyna geçirildi. Kolhozlaryň ýerden peýdalanmak meselelerini, ekerançylyk we maldarçylyk önümlerini taýýarlamagyň möçberini, taýýarlaýyş nyrhlaryny indi respublikanyň özi kesgitläp başlady.

Ýöne, umuman alnanda, SSKP-niň ýolbaşçylary, hususan-da N. S. Hruşşýow milli gatnaşyklardaky ýagdaýy düýpli özgertmeklige döwtalap bolmadylar.

SSKP-niň XXII gurultaýy (1961 ý.) partiýanyň üçünji maksatnamasyny kabul etdi. Maksatnamada 1980-nji ýyla çenli SSSR-de kommunistik jemgyýeti, esasan, gurup gutarmagyň wezipeleri beýan edildi. Ýakyn geljekde ähli sowet adamlary üçin maddy we ruhy eşretleriň bolçulygy döredilmelidir diýlip bellenildi. Emma «Kommunizmiň ýaýbaňlandyrylan gurluşygynyň» başy gündelik zerur harytlaryň nobatdaky ýetmezçiligi bilen gabat geldi.

SSKP MK-nyň 1964-nji ýylyň 14-nji oktýabrynda bolan plenumynda N. S. Hruşşýow ähli partiýa we döwlet wezipelerinden boşadyldy we pensiýa ugradyldy. SSKP MK-nyň birinji sekretarlygyna L. I. Brežnew saýlanyldy. 1969-njy ýylyň dekabr aýynda Türkmenistan SSR-inde hem kommunistik partiýanyň ýolbaş-

çysy çalşyryldy. TKP MK-nyň birinji sekretary B. Öwezow wezipesinden boşadyldy, onuň ýerine M. Gapurow saýlanyldy.

L. I. Brežnew ýurtda «durnuklylyk» şygaryny jar etdi. Bu bolsa jemgyýeti düýpli täzelemeklikden kem-kemden el çekmekligi aňladýardy. Ähli soýuz respublikalarynda bolşy ýaly, Türkmenistan SSR-niň jemgyýetçilik-syýasy durmuşy mundan beýläk 80-nji ýyllaryň ortalaryna çenli howaýy kommunistik şygarlaryň astynda dowam etdi. 60-njy ýyllaryň ortalarynda başlanan özgertmeler doly ýerine ýetirilmän, 70-nji ýyllaryň başlarynda orta ýolda ünsden düşürilip galdyryldy. Ýurduň durmuşyna durgunlyk alamatlary ornaşyp başlady.

Soraglar we ýumuşlar

**1.** Uruşdan soňky ýyllarda respublikanyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşy barada gürrüň beriň. **2.** Näme üçin intelligensiýanyň görnükli wekilleri ýazarlanypdyr? **3.** «Gorkut ata» dessanynyň ykbaly barada gürrüň beriň. **4.** Şahsyýet kultunyň tankyt edilmegi barada näme bilýärsiňiz? **5.** Partiýanyň üçünji maksatnamasy barada öz garaýşyňyzy beýan ediň.

# VI BAP
# TÜRKMENISTAN SSR-I 1970–1985-NJI ÝYLLARDA

## §61. Respublikanyň ykdysadyýetiniň birtaraplaýyn ösmegi

1970–1985-nji ýyllarda Türkmenistan SSR-i, ozalky ýyllarda bolşy ýaly, Soýuzyň çig mal çeşmeleriniň biri bolup hyzmat edýärdi. Şu jähtden 1970–1985-nji ýyllar Türkmenistan üçin durgunlyk ýyllary boldy diýip aýtmak bolar. Ýöne durgunlyk ykdysadyýetde hiç hili ösüşiň bolmandygyny aňlatmaýardy. Şu döwürde respublikanyň ykdysadyýetiniň energetika esasy pugtalandyryldy. Mary DES-iň ähli energobloklarynyň doly güýjünde işe girizilmegi bilen, respublikada elektrik energiýasynyň öndürilişi mese-mälim artyp başlady. Türkmenistan SSR-i elektrik energiýasy bilen diňe bir öz islegini kanagatlandyrman, eýsem, onuň artykmaç bölegini goňşy respublikalara-da iberip başlady. Öndürilýän elektrik energiýasy, ilkinji nobatda, respublikanyň

çig mal öndürýän pudaklaryny ösdürmäge, ylaýta-da nebitiň, gazyň çykarylyşyny artdyrmaga gönükdirilýärdi.

Gazyň çykarylyşy ýylyň-ýylyna artdyryldy. 1985-nji ýylda 83,2 mlrd m³ «mawy ýangyç» çykaryldy. Öndürilýän gaz tutuşlygyna diýen ýaly, Orta Aziýa – Merkez gaz geçirijisi arkaly Soýuzyň senagat sebitlerine akdyrylýardy. Respublikanyň öz hajatlary üçin bolsa tebigy gazyň ujypsyzja bölegi ulanylýardy.



**Mary DES-i**

Şol döwrüň ilkinji ýyllarynda nebitiň çykarylyşy hem uly depginler bilen dowam etdirildi. 1973-nji ýylda 16,2 mln t nebit alyndy. Emma soňky ýyllarda nebitiň çykarylyşy kem-kemden peselip başlady. 1985-nji ýylda respublikada bary-ýogy 6 mln t nebit çykaryldy. Kän çykdajy sarp edilmän, arzan nebit alynýan ýataklar azalypdy. Uly çuňluklardan nebit çykaryp bilýän kuwwatly tehnikalar ýetmezçilik edýärdi. Sibirde täze örän baý nebit gorlarynyň açylmagy bilen maliýe serişdeleriniň, täze enjamlaryň agramly bölegi şol ýerlere gönükdirilýärdi.

1970–1985-nji ýyllarda Türkmenistanyň himiýa we nebit-himiýa senagaty ep-esli ilerledi. Nebitdagda ýod zawody işe girizildi. Garabogazda natriý sulfaty bilen bir hatarda epsolit, bişofit, glauber duzy, Çelekende ýodly kaliý öndürilip başlandy. Gowurdakda kükürdi ýeriň aşagynda eredip almagyň tehnologiýasy özleşdirildi. 1985-nji ýylda respublikada 513 müň t kükürt, 400 müň t kükürt kislotasy, 259 müň t natriý sulfaty öndürildi. Bu senagat önümleri, esasan, Soýuzyň daşyna çykarylyp, Merkez üçin örän girdejili boldy.

Garabogazyň tebigy baýlyklary hem has önjeýli peýdalanylyp başlandy. Ýöne 1980-nji ýylda bent gurlup, Garabogaza Hazar deňzinden suw akmagynyň kesilmegi köle uly zyýan ýetirdi. Her hal, bu ýalňyşlyk Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda düzedildi.

Türkmenistanyň ýeňil, azyk we maşyn gurluşygy senagatlary hem bellibir derejede ösüşe eýe boldular. Ýeňil senagatda, mysal üçin, esasan pagta arassalaýjy kärhanalar gurulýardy. 1984-nji ýylda respublikada şeýle kärhanalaryň 28-si işleýärdi. 1985-nji ýylda 348 müň t pagta süýümi öndürilipdi. Öndürilýän pagta süýüminiň 95%-inden gowragy SSSR-iň merkezi sebitlerine iberilýärdi, respublikanyň özünde bolsa onuň bary-ýogy 5%-e golaýy gaýtadan işlenip, önüm öndürilýärdi.

Şonuň bilen birlikde, ýerlerde pagta arassalaýjy pudakda käbir işgärleriň öz wezipelerinden hyýanatçylykly peýdalanmaklary netijesinde, pagta taýýarlaýan edaralarda ýetmeýän pagtanyň üstüni ýapmaga, artdyryp ýazmalara, parahorlyga ýüz urup, kanunçylygyň gödek bozulmalaryna ýol berlipdir.

1970–1985-nji ýyllarda demir we gara ýollarda ýük daşamak mümkinçiligi birneme gowulandy. 1972-nji ýylda Beýnew–Goňrat demir ýolunyň gurluşygy tamamlandy. Respublikanyň derýa we deňiz ulaglarynyň işi birneme janlandy. Amyderýa gämi duralgasynda ýük ýükleýiş-düşüriş işleriniň ep-esli bölegi mehanizmler arkaly amala aşyrylýardy. Deňiz ulaglarynyň hatarynda «Sowet Türkmenistany», «Sowet Dagystany», «Sowet Azerbaýjany» ýaly teplohodlar-paromlar işläp başlady.

Umuman, 1970–1985-nji ýyllarda respublikanyň senagatynyň düzüminde düýpli özgerişlik bolmady. Türkmenleriň agramly böleginiň ýaşaýan ýeri obalarda, raýon merkezlerinde senagat kärhanalary gurulmaýar diýen ýalydy. Bu ýagdaý bolsa, işçi güýçlerini rejeli peýdalanmaga mümkinçilik bermeýärdi.

70-nji ýyllardan başlap, respublikanyň oba hojalygynyň pagta öndürmeklige ýöriteleşdirilmegi has-da çuňlaşdyryldy. Kolhozlaryň we sowhozlaryň 295-si ýa-da 75%-i diňe pagta öndürmek bilen meşgullanýardy. 1973-nji ýylda respublikada ilkinji gezek 1 mln t pagta taýýarlanyp, döwlete tabşyryldy. 1985-nji ýylda bolsa 1288 müň t pagta, şol sanda 297 müň t gymmat bahaly inçe süýümli pagta öndürildi.

Pagta öndürilişiniň umumy möçberi ýylyň-ýylyna artýardy. Emma üstünlikler ekerançylygyň medeniýetini ýokarlandyrmagyň hasabyna däl-de, eýsem, ekstensiw ýol bilen gazanylýardy. Gowaça ekilýän meýdanlar ýylyň-ýylyna giňeldilýärdi. Gowaçanyň hasyllylygy bolsa, umuman alnanda pesdi. 1981–1985-nji ýyllarda pagtany maşyn bilen ýygmagyň derejesi hem kem-kemden pese gaçdy. Gowaçanyň köp ekilmegi ýerleriň şorlamagyna hem-de melioratiw ýagdaýynyň ýaramazlaşmagyna getirdi. Ýerleriň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmakda möhüm ähmiýeti bolan gowaça-ýorunja ekin dolanyşygy ünsden düşürilýärdi.

Oba hojalygynyň beýleki pudaklary–ýüpekçilik, gök we bakjaçylyk, kartoşka önümçiligi hem bellibir derejede ilerledi. Aşgabat oblastynyň şäherlere ýakyn etraplarynyň hojalyklary gök-bakja ekinlerine ýöriteleşdirildi. Emma şeýle-de bolsa, respublikanyň ilatynyň «witaminli önümleri» sarp ediş derejesi entek Soýuz boýunça ortaça derejeden-de pesdi.

Maldarçylykda dowardarçylyk, esasan, garakölçülige ýöriteleşdirildi. Garakölçülik sowhozlarynyň 34-si hereket edip, 1980-nji ýylda öndürilen baganalaryň sany 1334 müňe ýetirildi. Emma garakölçülikde emeli tohumlandyryş usulynyň çendenaşa köp ulanylmagy netijesinde, dowarlaryň tebigy seçgisi zaýalandy, baganalaryň bolsa hili ýaramazlaşdy. Ozallar dünýä bazarynda uly isleg bildirilýän ajaýyp türkmen garaköli baganalarynyň bazarlylygy juda pese gaçdy.

Maldarçylykda et-süýt öndürmeklik hem ýöriteleşdirilip başlandy. 1972-nji ýylda 800 sygra niýetlenen ilkinji mehanizmleşdirilen maldarçylyk toplumy döredildi. 1981-nji ýylda şeýle toplumlaryň eýýäm 39-sy işleýärdi. Ýöne köp serişdeler harçlanyp gurlan bu toplumlaryň aglabasy netijeli işläp bilmän, wagtyň geçmegi bilen pese düşüp galýar. Ylaýta-da türkmen halkynyň däp-dessurlary we psihologiýasy nazara alynman gurlan doňuzdarçylyk toplumlarynyň girdejisinden çykdajysy artyk boldy. Türkmen halkynyň gadymy wagtlardan bäri meşgul bolup gelen kärleri – atçylyk, düýedarçylyk ünsden düşürildi.

Umuman, Türkmenistanyň ykdysadyýeti umumysoýuz ykdysadyýetiniň talaplaryna laýyklykda ösdürildi. Senagatyň çig mal pudaklarynyň ösdürilmegine, oba hojalygynda bolsa, ýylyň-ýylyna pagtany köp öndürmeklige üns berilýärdi. Şeýlelikde, respublika

«sebitleriň arasynda zähmet bölünişigi» diýilýän ýörelgä laýyklykda, Soýuzyň çig mal çeşmeleriniň biri bolup hyzmat edýärdi. Netijede, halk hojalygynyň düzümi gitdigiçe birtaraplaýyn häsiýete eýe bolýardy, onuň netijeliligi bolsa pese düşýärdi. Şeýle ýagdaý respublikanyň Merkeze baglylygyny has-da çuňlaşdyrdy.

Elbetde, ykdysadyýetde döreýän nogsanlyklaryň öňüni almak üçin hiç hili çäre görmändir diýip bolmaz. Ýurtda ilki raýon agrosenagat birleşmeleri, 1985-nji ýylda bolsa SSSR Döwlet agrosenagat edarasy döredildi. Türkmenistanda hem 11 ministrligi we guramany özünde birleşdirýän agrosenagat birleşmesi döredilýär. Emma agrosenagat birleşmeleri hem oba hojalyk bilen hyzmatdaşlyk edýän kärhanalaryň bähbitlerini utgaşdyryp, olaryň sazlaşykly işlemegini gazanyp bilmedi. Agrosenagat birleşmeleri arkaly oba hojalygyny galdyrmak hem-de 1982-nji ýylda kabul edilen «Azyk maksatnamasy» oňat, hyýaly umyt-arzuw bolup galypdy.

---

Soraglar we ýumuş

1. Ykdysadyýetiň birtaraplaýyn ösüşine siz nähili düşünýärsiňiz? 2. Nebit-gaz senagatynyň ösüşi barada gürrüň beriň. 3. Näme üçin pagtaçylyga aýratyn üns berlipdir?

---

## §62. Respublikanara ykdysady gatnaşyklar

Türkmenistan SSR-niň beýleki soýuz respublikalary bilen ykdysady gatnaşyklary 20–30-njy ýyllarda ýola goýlupdy. Uruş ýyllarynda we ondan soňky döwürde ol gatnaşyklar has-da giňeldi.

Respublikanyň nebit, gaz, himiýa, nebit-himiýa, elektroenergetika senagatynyň önümleriniň hemmesi diýen ýaly beýleki respublikalara iberilýärdi. Şol bir wagtyň özünde gerekli kerosin, benzin, dizel ýangyjy, mazut başga ýerden getirilýärdi. «Garabogazsulfat» kombinatynyň önümleri RSFSR-e, Ukraina, Moldawiýa, Latwiýa, Litwa, Estoniýa we beýleki respublikalara iberilýärdi. SSSR-de öndürilýän 1200 t ýoduň 650 tonnasy Türkmenistanda çykarylýardy.

TSSR-iň maşyn gurluşygynyň, ýeňil we azyk senagat pudaklarynyň önümleriniň hem köp bölegi Soýuzyň beýleki respublikalaryna iberilýärdi. Mysal üçin, 1977-nji ýylda öndürilen nebit we gaz çykaryjy, sorujy-gysyjy we sowadyjy enjamlaryň 76%-i, kabel önümleriniň 86,3%-i respublikanyň daşyna çykaryldy. 1970–1985-nji ýyllarda respublikada öndürilen pagta ýagynyň, nahar duzunyň, balygyň, balyk konserwleriniň, çakyryň hem köp bölegi başga ýerlere iberildi.

Respublika öz gezeginde SSSR-iň beýleki respublikalaryndan metal, agaç, maşyn gurluşygy, himiýa, radioelektronika, ýeňil, azyk senagat önümlerini alýardy. Bugdaý, un, kartoşka, et, ýag ýaly azyk önümleri barada-da ýagdaý şeýledi. Olary respublikanyň özünde ýeterlik derejede öndürmäge mümkinçilik bardy. Emma pagtaçylyga çakdanaşa orun berlip, ol önümleriň esli bölegini başga ýerlerden getirmeli bolýardy.

Türkmenistan SSR-niň beýleki respublikalar bilen haryt alyş-çalyş gatnaşyklarynda ilkinji orny RSFSR eýeleýärdi. Onuň paýy respublika getirilýän harytlarda 42%-i, respublikadan äkidilýän harytlarda bolsa 47%-i düzýärdi. Şeýle hem Türkmenistana getirilýän agaç önümleriniň 79%-i, himiýa önümleriniň 59%-i, reňkli metallaryň 53%-i, maşyn gurluşygy önümleriniň 44%-i, ýeňil senagat önümleriniň 34%-i, azyk önümleriniň 28%-i (şol sanda un-ýarma önümleriniň hemmesi) RSFSR-iň paýyna düşýärdi.

Şeýlelikde, 1970–1985-nji ýyllarda Türkmenistan umumysoýuz zähmet bölünişiginiň çäklerinde tutuş SSSR-iň, şol sanda aýry-aýry soýuz respublikalaryň ykdysadyýetiniň ösmegine saldamly goşant goşdy. Aýratyn hem Soýuzyň ýangyç-energetika goruna goşulan goşant has uludy. Emma umumysoýuz zähmet bölünişigi we ykdysady hyzmatdaşlyk ulgamy kämil däldi. Respublikanara hasaplaşyk usuly hem Türkmenistan ýaly çig mal ülkesiniň bähbitlerini doly göz öňünde tutmaýardy. Tebigy gazyň, pagtanyň we beýleki çig mallaryň nyrhlary pesdi. Başga ýerlerden getirilýän taýýar önümleriň bolsa nyrhlary ýokarydy. Netijede, soýuz respublikalaryň arasynda deň bähbitli bolmadyk söwda-ykdysady alyş-çalşy dowam edýärdi.

Soraglar we ýumuş

1. Respublikanara ykdysady gatnaşyklar barada nämeleri bilýärsiňiz? 2. Türkmenistan ykdysady babatda, esasan, haýsy respublikalar bilen aragatnaşyk saklapdyr? 3. Respublikanara ykdysady gatnaşyklaryň oňaýly we oňaýsyz netijeleri barada öz garaýşyňyzy beýan ediň.

## §63. Respublikanyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşy

1970–1985-nji ýyllarda dolandyryş ulgamy has-da merkezleşdirilip, ilkinji nobatda, umumysoýuz bähbitlerine aýratyn üns berilýärdi. Milli respublikalaryň hukuklary, ylaýta-da, daşary işler baradaky hukuklary çendenaşa çäklendirilýärdi.

«SSKP-niň ýolbaşçylyk ornunyň artýandygy hem-de onuň ähli sowet halkynyň partiýasyna öwrülendigi baradaky» pikir jemgyýetçilik aňyna ornaşdyrylýardy. Partiýa agzalygyna geçmeklik henizem «ýokary wezipä çykmaklygyň» ýeke-täk ýoludy. Emma partiýa hatarynyň ösmegi onuň ýolbaşçylyk ornunyň güýçlenmegine getirmedi. Çünki partiýanyň ýönekeý agzalary onuň syýasatyny kesgitlemäge gatnaşmakdan çetleşdirildi. Hakyky häkimiýet partiýanyň ýerine ýetiriji guramalarynyň elinde jemlendi.

Şeýle ýagdaýlar respublikanyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşyna hem mahsusdy. Dolandyryş ulgamy juda merkezleşdirildi, onuň halk köpçüligi bilen arabaglanyşygy gowşady.

1971–1974-nji ýyllarda respublikada dolandyryş-çäk ulgamynda oblastlar dikeldildi (olar 1963-nji ýylda ýatyrylypdy). TKP-niň Mary, Çärjew, Daşhowuz, Aşgabat, Krasnowodsk oblast komitetleri, şeýle hem sowetleriň degişli oblast ispolkomlary, profsoýuzlaryň we komsomolyň ýolbaşçy organlary döredildi. Partiýanyň täze oba raýkomlary döredildi. 1985-nji ýylda olaryň sany 44-e ýetdi. Göräýmäge partiýa guramalary halk köpçüligine ýakynlaşan ýalydy. Emma iş ýüzünde jemgyýete partiýa ýolbaşçylarynyň oňaýly täsiri duýulmaýardy. Gaýtam, tersine,

partiýa guramalary sowetleriň, jemgyýetçilik guramalarynyň etmeli işlerini-de belli-külli öz ellerine alyp başladylar. Olar görkezme, buýruk berýärdiler, emma haýsy-da bolsa bir iş üçin jogapkärçilik çekmeýärdiler.

Respublikanyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşyna partiýanyň ikinji sekretarlarynyň hökmürowanlygy has-da ýaramaz täsir edýärdi. Bu ýokary partiýa wezipesine «saýlanýan» işgär SSKP MK tarapyndan hödürlenýärdi. Ol SSKP-niň baş ýörelgesiniň respublikada gyşarnyksyz berjaý edilmegine gözegçilik edýärdi. Sowet däp-dessurlarynyň, täze baýramçylyklaryň ornaşdyrylmagyna uly ähmiýet berilýärdi, halkyň milli aýratynlyklary, däp-dessurlary bolsa ünsden düşürilýärdi, kähalatlarda hatda göz-görtele äsgermezlik edilýärdi.

Şol döwürde respublikanyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda sowetleriň, profsoýuzlaryň, komsomolyň we beýleki jemgyýetçilik guramalarynyň hem orny gowşaýar. Dogry, 60–70-nji ýyllarda kabul edilen resminamalarda jemgyýetçilik durmuşyny demokratiýalaşdyrmak, diýdimzorluk dolandyryşyň täsirini gowşatmak barada yzygiderli tekrarlanýardy. Sowet döwletini, ilkinji nobatda, sowetleri pugtalandyrmak içeri syýasatyň esasy meselesi hasap edilýärdi. Emma iş ýüzünde ýerli sowetleriň işini güýçlendirip bolmady. Ozalkylary ýaly, olaryň işleri maliýeleşdirmek üçin serişdesi ýokdy. Şonuň üçin olar bütinleý Merkeze bagly bolup galypdylar.

1977-nji ýylyň oktýabr aýynda SSSR-iň täze Konstitusiýasy kabul edildi. Konstitusiýanyň esasy aýratynlygy, onuň giriş bölüminde SSSR-de «ösen sosialistik jemgyýetiň gurlandygy» barada teoretiki pikiriň beýan edilendiginden ybaratdy.

Konstitusiýada SSKP-niň syýasy häkimiýete agalygy ýuridiki taýdan esaslandyrylýardy. Konstitusiýanyň 6-njy maddasynda kommunistik partiýa «sowet jemgyýetiniň ýolbaşçy we ugrukdyryjy güýjüdir, onuň syýasy ulgamynyň özenidir» diýlip yglan edilýär. Bu bolsa, ahyrky netijede kanunçylykda düýpli ýoýulmalara, eden-etdiliklere getirdi, hususan-da, partiýanyň özüni çykgynsyz ýagdaýa saldy.

1978-nji ýylda Türkmenistan SSR-niň hem täze Konstitusiýasy kabul edildi. Ol SSSR-iň «ösen sosializm» döwrüniň Konstitusiýasy bilen ugurdaş bolup, onuň esasy düzgünlerini tekrarla-

dy. Emma Türkmenistan SSR-niň SSSR-iň düzümindäki hukuk derejesinde düýpli üýtgeşiklik bolmady. Iş ýüzünde respublikanyň içeri we daşary işler baradaky hukuklary öňküsi ýaly çäklendirilýärdi.

Şeýlelikde, Konstitusiýa respublikanyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşyna oňyn täsir edip bilmedi. Halk köpçüliginiň syýasy we zähmet işeňňirligini ýokarlandyrmaga ýardam etmedi.

---

Soraglar we ýumuşlar

1. Dolandyryş ulgamynyň merkezleşdirilmegi diýip nämä düşünýärsiňiz? 2. Respublikanyň içeri we daşary hukuklarynyň çäklendirilmegi barada näme aýdyp bilersiňiz? 3. SSSR Konstitusiýasyny (1977 ý.) we Türkmenistan SSR-niň Konstitusiýasyny (1978 ý.) deňeşdiriň. Konstitusiýanyň 6-njy maddasynyň mazmuny barada gürrüň beriň.

---

# VII BAP
# TÜRKMENISTAN SSR-NIŇ MEDENI DURMUŞY (1946–1990 Ý.)

## §64. Halk magaryfy we ylym

Uruşdan soňra dörän uly kynçylyklara garamazdan, halk magaryfyny, ylmy we medeniýeti ösdürmäge uly üns berildi. Mekdepleriň maddy-okuw binýadyny pugtalandyrmak hem-de täze mekdepleri gurmak barada alada edildi. Orta we ýokary bilimli mugallymlary taýýarlamaga uly ähmiýet berildi.

1949–50-nji okuw ýylyndan başlap, ählumumy hökmany ýediýyllyk bilim girizildi. Ýokary we orta okuw mekdepleriniň ulgamy ep-esli giňeldi. 1950-nji ýylda Türkmen döwlet uniwersiteti açyldy. 50-nji ýyllaryň başlarynda respublikada 7 ýokary we 26 ýörite orta okuw mekdepleri ýaşlara dürli ugurlar boýunça bilim berýärdi.

60-njy ýyllarda ählumumy hökmany orta bilim girizilip başlandy. 1980–81-nji okuw ýylynda respublikada 1569 mekdep işleýärdi, olardan 1079-sy orta mekdeplerdi. Mekdep mugallymlarynyň sany 36 müňe ýetip, olar 705 müň ýaş oglan-gyzlara bilim-terbiýe berýärdiler.

Ýokary okuw we ýörite orta mekdepleriň sany kem-kemden artýar. Ýöne ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamakda Türkmenistan ortaça Soýuz derejesinden entek yza galýardy.

Her niçik-de bolsa, hut şol ýyllarda respublikada başlangyç bilimden başlap, ýokary bilime çenli bitewi bilim ulgamy emele geldi. Milli intelligensiýanyň dürli toparlary döräp başlady. Respublikada ylym, ylmy-barlag işleri anyk ösüşlere eýe boldy.

1951-nji ýylda TSSR Ylymlar akademiýasy döredildi. Onuň ylmy-barlag institutlarynda ylmyň dürli ugurlary boýunça işler alnyp baryldy hem-de ylmy derejeli hünärmenler taýýarlanyldy. Soňky ýyllarda Ylymlar akademiýasynyň düzüminde täze ylmy-barlag institutlary döredildi.

Çöller institutynda Türkmenistanyň çöllerini öwrenmek we özleşdirmek barada möhüm ylmy we ylmy-amaly işler alnyp baryldy. Şu möhüm ugur boýunça institut Soýuzda alnyp barylýan ylmy-barlag işlerini utgaşdyryjy baş ylmy edara öwrüldi. Şeýle-de, institut ylmy işgärleriň hünärini kämilleşdirmekde daşary ýurtlaryň ençemesine degerli kömek berdi.

Geologiýa institutynda ýerasty baýlyklary tapmak üçin ylmy-gözleg işleri dowam etdirildi. Seýsmologiýa institutynda Türkmenistanyň seýsmiki kartasy işlenip düzüldi. Zoologlaryň Garagum kanalyny we suw howdanlaryny haşal otlardan arassalamak maksady bilen, Hytaýdan getirilen ot iýýän ak amur we tüňňimaňlaý balyklaryny ýerli şertlere uýgunlaşdyrmak boýunça alyp baran ylmy işleri uly ähmiýete eýe boldy.

Oba hojalyk ylmy-barlag institutlarynda gowaçanyň hasyllylygyny ýokarlandyrmak, ýerleriň meliоratiw ýagdaýyny gowulandyrmak ýaly möhüm meseleler barada ylmy işler dowam etdirildi. Ýolöten tejribe stansiýasynyň ylmy işgärleri inçe süýümli pagtanyň ýokary hasyl berýän birnäçe täze sortuny döretdiler.

Saglygy goraýyş ylmy-barlag edaralarynda epidemiýa we ýokanç keselleriň, şeýle-de ýürek-damar keselleriniň öňüni almaklyga hem-de bejermeklige gönükdirilen işler alnyp baryldy.

Ykdysadyýetçiler öz işlerini senagat we oba hojalyk önümçiliginiň düzümini gowulandyrmaklyga, halk hojalygynyň esasy pudaklaryna goýulýan düýpli goýumlaryň netijeliligini ýokarlandyrmaklyga, öndüriji güýçleriň ýerleşdirilişini kämilleşdirmeklige gönükdirdiler.

Taryhçylar, arheologlar, etnograflar, filosoflar, sungaty öwrenijiler türkmen halkynyň taryhyny, medeniýetini we sungatyny, filosofik we jemgyýetçilik-syýasy pikiriň ösüş taryhyny öwrendiler. Olaryň ylmy işleriniň netijeleri uly göwrümli kitaplarda, monografiýalarda, dokumental ýygyndylarda we makalalarda beýan edildi.

Filologlaryň ylmy-barlag işleriniň esasy ugurlary, türkmen diliniň ösüşiniň kanunalaýyklygyny, türkmen edebi diliniň düzümini, edebiýatynyň we halk döredijiliginiň taryhyny öwrenmekden ybarat bolupdy.

Respublikanyň ýokary okuw jaýlarynda hem ülkämiziň taryhy, ykdysadyýeti we medeniýeti bilen baglanyşykly derwaýys ylmy-barlag işleri alnyp baryldy.

Şol bir wagtyň özünde daşary ýurtlaryň birnäçesi bilen hem ylmy aragatnaşyklar ýola goýuldy. Ylymlar akademiýasynyň merkezi ylmy kitaphanasy 47 ýurduň 248 kitaphanasy bilen aragatnaşyk saklady.

Ylmy žurnallaryň sany köpeldi. «Türkmenistan SSR-niň Ylymlar akademiýasynyň habarlary» 1960-njy ýyldan başlap, ylymlaryň esasy 3 ugry: fiziki-tehniki, himiýa we geologiýa, biologiýa ylymlary, gumanitar ylymlary boýunça aýry-aýry žurnal hökmünde çykarylyp başlandy. 1967-nji ýylda «Çölleri özleşdirmegiň meseleleri» atly žurnal türkmen, rus we iňlis dillerinde neşir edilip başlandy.

70–80-nji ýyllarda Türkmen sowet ensiklopediýasy (10 tomluk) neşir edildi.

Ylmyň gazananlaryny önümçilige ornaşdyrmakda dürli kynçylyklar ýüze çykýar. Çünki respublikanyň ekstensiw usul bilen ösýän ykdysadyýeti ylmyň gazananlaryny önümçilige ornaşdyrmaga döwtalap däldi. Respublikada ylmyň gazananlaryna çalt seslenip, olary özüne siňdirmäge ukyply uly önümçilik toplumlary ýokdy.

Ylmyň has derwaýys ugurlary boýunça ylmy derejeli hünärmenleri taýýarlamak işi hem talaby doly ödemeýärdi.

Respublikada milli sowet metbugaty, habar beriş serişdeleriniň ähli görnüşleri, medeni aň-bilim edaralarynyň tutuş toplumy kemala geldi. 80-nji ýyllaryň başlarynda köpçülik kitaphanalarynyň 1,4 müňüsi (olaryň 14 mln nusgadan hem köp kitap gaznasy bardy), klublaryň we medeniýet öýleriniň 11 müňüsi,

muzeýleriň 15-si ilata hyzmat edýärdi. Ýöne olaryň işi juda syýasatlaşdyrylypdy. Olar, esasan, sowet durmuş ýörelgelerini wagyz-nesihat edýärdiler.

Soraglar we ýumuş

1. Respublikada ähliumumy hökmany orta bilim haçan girizildi? 2. Ýokary bilimiň ösüşi barada nämeleri bilýärsiňiz? 3. TSSR Ylymlar akademiýasy haçan açyldy? Ylmy neşirler barada gürrüň beriň.

## §65. Edebiýat we sungat

Türkmen edebiýaty 1946–1985-nji ýyllarda örän çylşyrymly we gapma-garşylykly hadysalary başdan geçirdi. Şol döwürde türkmen sowet edebiýatyny syýasatlaşdyrmak, ony kommunistik aňyýetiň gözegçiliginiň astyna almaklyk has-da güýçlendi.

I.W. Staliniň şahsyýet kultunyň ýazgarylmagy bilen, ýurduň durmuşyna «maýylganlyk» aralaşmagy edebiýatyň we sungatyň ösüşine hem oňyn täsir etdi. Türkmen halkynyň edebi mirasynyň nusgalaryndan bolan Şabendäniň «Şabährem», Magrupynyň «Seýpelmelek–Methaljemal», «Helalaý–Garyp», «Asly–Kerem» ýaly halk dessanlary neşir edildi.

1960-njy ýylda türkmen edebiýatynyň nusgawy şahyry Magtymgulynyň doglan gününiň 225 ýyllygy Aşgabatda, Moskwada, soýuz respublikalaryň birnäçesinde dabaraly ýagdaýda bellenip geçildi.

50–60-njy ýyllarda belli türkmen ýazyjylary B. Kerbabaýewiň «Aýgytly ädim», A. Gowşudowyň «Köpetdagyň eteginde», H. Derýaýewiň «Ykbal», H. Ysmaýylowyň «Mugallymyň gyzy» ýaly okyjylaryň söýgüsini gazanan proza eserleri peýda boldy.

Poeziýa äleminde Ç. Aşyrowyň «Ganly saka», A. Kekilowyň «Söýgi», Kerim Gurbannepesowyň «Taýmaz baba» eserleri, G. Seýitliýewiň, N. Pommanyň goşgulary okyjylar köpçüligi tarapyndan gyzgyn garşylandy.

60–80-nji ýyllar türkmen edebiýatynyň ösüşinde täze tapgyr hökmünde häsiýetlidir. Şol ýyllarda B. Seýtäkow, H. Derýaýew, A. Atajanow, B. Hudaýnazarow, G. Kulyýew, T. Jumageldiýew,



N. Jumaýew we başgalar ençeme uly göwrümli eserleri döretdiler. Türkmen poeziýasyny ösdürmeklige M. Seýidow, G. Ezizow, H. Kulyýew, A. Agabaýew, I. Nuryýew, K. Taňrygulyýew we başgalar öz saldamly goşantlaryny goşdular.

**Şekillendiriş sungaty** uruşdan soňky ýyllarda özüniň çylşyrymly ösüş ýoluny dowam etdirdi. Şekillendiriş sungatynda ussat suratkeşler Ý. Gylyjow, A. we Ç. Amangeldiýewler, Ý. Annanurow, A. Hajyýew, G. Begmyradow, Ş. Akmuhammedow, Ý. Baýramow, K. Oraznepesow we başgalar öz halkynyň taryhyny, durmuşyny şöhlelendirmäge täzeçe çemeleşdiler. Türkmen milli nakgaşlyk mekdebi döredi. Magtymgulynyň, Mollanepesiň, Keminäniň, Seýdiniň portretleri döredildi.

Heýkeltaraşlyk ep-esli ösüşe eýe boldy. Türkmen heýkeltaraşlygyny ösdürmäge ussat heýkeltaraşlar J. Jumadurdyýew, M. Seýitmyradow, S. Artykmämmedow, B. Annamyradow, G. Ýarmämmedow, S. Babaýew, N. Ataýew, S. Hudaýberdiýew we başgalar uly goşant goşdular.

Halk döredijiliginiň gadymdan gelýän durnukly däpleri şekillendiriş sungatynyň wajyp çeşmeleriniň biri boldy. Ussat halyçy gelin-gyzlaryň we suratkeşleriň hyzmatdaşlygy dowam etdirildi. Bu işde suratkeş J. Rejebow we onuň halyçy maşgalasy A. Rejebowa onlarça haly portretleri dokap, nusga görkezdiler. Amaly-haşam sungatynyň beýleki görnüşleri – şaý-sepler, keçe, keşde we beýlekiler asyrlaryň jümmüşinden gelýän ajaýyp milli nusgawy däpleri saklamak esasynda ösdürilýärdi.

Zergärlik sungatynda H. Pürliýewiň, G. Ataýewiň, A. Amanowyň, P. Amangulyýewiň işlerine ajaýyp gadymy nusgalary döredijilikli özleşdirmek we ösdürmek mahsusdyr. Şeýlelikde, Türkmenistanda durmuş gözelliklerini aýdyň açyp hem-de suratlandyryp bilýän, ajaýyp özboluşly döredijilik ýörelgeleri bolan ussat suratkeşler, heýkeltaraşlar, zergärler, ajaýyp halyçylar ösüp ýetişdiler.

**Teatr sungaty.** Aşgabatdaky Mollanepes adyndaky Türkmen drama teatry respublikanyň teatr sungatynyň kerwenbaşysydy. Ol 70–80-nji ýyllarda özüniň aýdyň döredijilik ýoluna eýe bolup, diňe bir respublikada däl, eýsem, Moskwada, soýuz respublikalarda tanalýan belli drama teatry bolupdy. Türkmenistanyň teatr sungatynyň ösüşine tanymal artistler

Aman Gulmämmedow, Alty Garlyýew, Bazar Amanow, Gylyç Berdiýew, Ata Durdyýew, Muhammet Çerkezow, Sona we Suraý Myradowalar, Sabyr Ataýewa, N. Söýünowa, A. Berdiýewa we başgalar uly goşant goşdular.

Opera we balet teatry hem 50–80-nji ýyllarda öz döredijilik gözleglerini dowam etdirdi. Opera we balet teatr sungatynyň kemala gelmeginde M. Kulyýewa, A. Annagulyýewa, Ý. Hummaýew, M. Şahberdiýewa, H. we M. Mämmetýarowlar, A. Gurbanow, A. Garyagdyýew, G. Japarow we başgalar uly işleri bitirdiler.

Aşgabatdaky A.S. Puşkin adyndaky rus drama teatry, Marydaky Kemine adyndaky drama teatry, Daşhowuzda we Çärjewde täze açylan teatrlar hem ilata hyzmat etdiler.

**Kino sungaty.** 1948-nji ýylyň ýer titremesinde ýykylan «Türkmenfilm» kinostudiýasy 1953-nji ýylda dikeldildi. 50--nji ýyllarda «Çopan ogly», «Aşyr aganyň mekirligi», «Maşgalanyň namysy», «Aýratyn tabşyryk», «Aýna» ýaly filmler surata düşürildi.

Belli ýazyjy N. Saryhanowyň adybir powesti esasynda režissýor B. Mansurowyň 1963-nji ýylda surata düşüren «Şükür bagşy» filmi türkmen kino sungatynda uly yz galdyrdy.

Şol döwürde türkmen kinosy taryhy-rewolýusion meselelere-de ýüzlendi. Bu babatda B. Kerbabaýewiň «Aýgytly ädim» romanynyň esasynda režissýor A. Garlyýewiň 1965-nji ýylda döreden adybir kinofilmi öz döwründe tomaşaçylaryň uly söýgüsini gazandy.

Wajyp taryhy we häzirki zaman meselelerine bagyşlanan «Derýanyň aňyrsy serhet», «Gelin» (1971 ý.), «Mukamyň syry» (1974 ý.), «Laçyn» (1978 ý.), «Jemalyň daragty» (1980 ý.) ýaly filmler ekrana çykdy. Hut şu ýyllarda türkmen kino sungatynyň animasiýa (multiplikasiýa) şahasy kemala gelip başlady. Türkmen ertekileriniň esasynda «Böwenjik», «Garyp we husyt baý», «Uçýan haly», «Oazis», «Ependiniň täze aýdymlary» ýaly multfilmler döredildi.

**Türkmen halkynyň eziz görýän gadymdan gelýän aýdym-saz sungaty** öz ösüşini dowam etdirdi. Aýdym-saz sungatynyň ussatlary we halypalary S. Jepbarow, M. Garlyýew, Ö. Nobatow, Girman bagşy, N. Gulow, A. Dawudow, N. Adyýewa,

N. Nurmuhammedowa, M. Aýmedow, sazandalar M. Täçmyradow, P. Saryýew, Ç. Täçmämmedow, J. Hansähedow, A. Çaryýew, H. Akyýew, A. Ataýew, Ý. Nurgeldiýew, Ý. Kuwwadow, B. Maşakow we başgalar milli aýdym-saz mirasynyň ajaýyp nusgalaryny ile ýaýmakda ägirt uly işleri bitirdiler hem-de halkyň söýgüsine mynasyp boldular.

Elbetde, aýdym-saz sungatyna-da partiýanyň aňyýet işgärleri berk gözegçilik edýärdiler. Dini dessanlary, olardaky sanawaçlary, galyberse-de, din sütünleriniň özleri baradaky şygyrlary, hatda Magtymgulynyň, Keminäniň, Zeliliniň, Mollanepesiň, Mätäjiniň käbir goşgularyny dini äheňi bar diýip aýdym edip aýtmak gadagan edilýärdi.

Şu döwürde köptaraply türkmen saz sungaty kemala geldi. Ussat kompozitorlar D. Öwezow, W. Muhadow, A. Kulyýew, N. Muhadow, H. Allanurow we beýlekiler özleriniň döreden ajaýyp eserleri bilen türkmen professional saz sungatyny baýlaşdyrdylar. Hut şu döwürde Moskwanyň, Leningradyň, Daşkendiň konserwatoriýalaryny tamamlap gelen milli ýaş kompozitorlar ösüp ýetişdiler. Olaryň arasynda türkmen milli saz sungatynyň özboluşlylygyny öz eserlerine siňdirmegi başaran kompozitorlar N. Halmämmedow, Ç. Nurymow, A. Agajykow, R. Allaýarow meşhurlyga eýe boldular.

Türkmen estrada aýdym-saz sungaty öz gözbaşyny 60–70-nji ýyllardan alyp gaýdýar. Bu sungatyň kämilleşmeginde A. Atdanow, Ö. Tekäýew, M. Sadykow, Ş. Bäşimow, G. Alyjanowa, R. Hudaýbergenowa uly işleri bitirdiler.

Şeýlelikde, uruşdan soňky ýyllarda respublikanyň medeniýetiniň ähli ugurlarynda öňe gidişlik bolandygy mese-mälim görünýär. Ýöne muňa garamazdan, medeniýetde-de partiýalylyk we synpylyk ýörelgeleri ornaşdyrylýardy. Ýaşlary aňyýet-syýasy taýdan terbiýelemek partiýanyň berk gözegçiligi astyndady. Sowet däp-dessurlary şowhun we uly dabara bilen yzygiderli geçirilýärdi. Asyrlaryň dowamynda kemala gelip, nesilden-nesle geçip gelýän türkmen halkynyň medeni mirasyna ruhy we ahlak gymmatlyklaryna, däp-dessurlaryna ýeterlik üns berilmeýärdi, hatda gadagan edilýärdi. Mysal üçin, Gurban baýramyny belleýän milli intelligensiýanyň wekilleri yzarlanýardy.

Umuman, sowet häkimiýetiniň ýyllary içinde kemala gelen türkmen sowet medeniýeti diňe bir çylşyrymly, gapma-garşylykly hadysa bolman, eýsem, ol öwrenilmegi zerur bolan sapaklaryň-da toplumydyr.

---

Soraglar we ýumuşlar

1. Türkmen sowet edebiýatynyň ösüşi barada gürrüň beriň. 2. Şekillendiriş sungatynyň ösüşine häsiýetnama beriň. 3. Türkmen drama teatry barada näme bilýärsiňiz? 4. Türkmen opera we balet teatry haçan döredildi? 5. Teatr we kino sungatynyň görnükli wekillerinden kimleri bilýärsiňiz? 6. Aýdym-saz sungatynyň görnükli wekillerinden kimleri bilýärsiňiz? 7. Türkmen saz sungaty barada gürrüň beriň. 8. Sowet häkimiýetiniň dine garaýşy barada öz pikiriňizi beýan ediň.

---

# VIII BAP
# TÜRKMENISTAN SSR-I ÜÝTGEDIP GURMAK ÝYLLARYNDA (1985–1991 Ý.)

## §66. Üýtgedip gurmak

80-nji ýyllaryň ortalaryna çenli SSSR barha çuňlaşýan agyr çökgünlige düşýär. Şeýle ýagdaýda ýurduň syýasy, durmuş-ykdysady ýagdaýyny çuň seljerip, çökgünlikden nähili çykmalydygynyň ýollary gözlenip başlanýar.

1985-nji ýylyň mart aýynda SSKP MK-nyň Baş sekretarlygyna M. S. Gorbaçýow saýlanýar. Şol ýylyň aprel aýynda partiýanyň MK-nyň plenumynda ýurduň durmuş-ykdysady ösüşini çaltlandyrmaklyga ugur alynýar. Bu ugur «Üýtgedip gurmak» adyna eýe bolýar.

1987-nji ýylyň ýanwar aýynda bolan SSKP MK-nyň plenumynda sowet jemgyýetini demokratiýalaşdyrmak wezipesi öňe sürüldi. «Has köp demokratiýa» diýen şygar jar edildi. Ýöne bu hem düýpli netije bermedi. Sowet syýasy ulgamynyň esasy sütüni bolan SSKP gowşady. SSKP-niň aňyýet we syýasy agalygyny jar eden Konstitusiýanyň 6-njy maddasy ýatyryldy.

Türkmenistan SSR-niň hem jemgyýetçilik-syýasy durmuşyny, ykdysadyýetini durgunlyk gurşap alypdy. Ýerine ýeti-

rip bolmajakdygy önünden görnüp dursa-da, her ýyl artdyrylan meýilnamalar, borçnamalar respublikanyň boýnuna dakylýardy. Şonuň üçin hasabatlarda sanlary ýoýmak we galplaşdyrmak ýaly nogsanlyklar gündelik durmuşa ornaşyp, adaty zatlara öwrülip başlady.

1985-nji ýylyň 21-nji dekabrynda Türkmenistan KP MK-nyň birinji sekretary M. Gapurow wezipesinden boşadyldy. Bu wezipä S. A. Nyýazow saýlandy.

Türkmenistanda üýtgedip gurmak ýyllarynda, ilki bilen, türkmen halkynyň gadymy medeni we edebi mirasyny öwrenmeklikde ýol berlen gödek ýalňyşlyklar düzedildi. Mysal üçin, 1951-nji ýylda Türkmenistan KP MK-nyň karary bilen, «halka zyýanly, buržuaz-milletçilikli» eser hökmünde gadagan edilen «Gorkut ata» eposy, Salyr baba Gulalynyň «Oguznamasy», 70-nji ýyllarda gadagan edilen Döwletmämmet Azadynyň «Wagzy-Azat» poemasy, Abdysetdar Kazynyň «Jeňnamasy» neşir edildi we halka ýetirildi.

Türkmen halkynyň medeni mirasyny, ylaýta-da beýik akyldar Magtymgulynyň edebi mirasyny içgin öwrenmeklige üns berlip başlandy. TSSR Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky edebiýat institutynda (soňra Dil instituty bilen birleşdirildi) ýörite Magtymguly bölümi döredildi. Tanymal şahyryň edebi mirasyny toplamak we düýpli öwrenmek barada möhüm işler ýola goýuldy.

Ozal gadagan edilen milli baýramlar (Gurban baýramy, Nowruz baýramy), käbir däp-dessurlar (sadaka, mukaddes ýerlere zyýarat etmek we başg.) dikeldildi.

Maddy medeniýeti dikeltmek barada berjaý edilen işler-de uly ähmiýete eýe boldy. Sowetler döwründe juda ünsden düşürilen, türkmeniň milli guwanjy bolan atçylygy ösdürmäge üns berildi. Türkmenistanyň ahalteke atçylyk birleşigi döredildi. Birleşik atçylygy ösdürmek barada möhüm işleri ýaýbaňlandyrdy.

Dine, hususan-da, yslam dinine bolan ozalky garaýyş üýtgedildi. Wyždan azatlygy doly kepillendirildi. Işan-mollalara syýasata gatyşmazdan, yslam dininiň ýörelgelerini erkin berjaý etmeklige mümkinçilik döredildi. Aşgabatda, beýleki şäherlerde metjitler gurlup başlandy, ilkinji medreseler açyldy. Dini mukaddes ýerler tertipleşdirilip ugraldy.

1991-nji ýylyň 18-nji maýynda Aşgabatda Dünýä türkmenleriniň I maslahaty çagyryldy. Şonda Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşigi (DTYB) döredildi. Maslahatda S.A. Nyýazow Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň Prezidentligine saýlanyldy. Garaşsyzlyk ýyllarynda Ynsanperwer birleşik öz işini ýaýbaňlandyryp, halkara derejesinde uly abraýly jemgyýetçilik guramasyna öwrüldi.

1990-njy ýylyň maý aýynda Türkmenistan SSR Ýokary Soweti «Dil hakyndaky» Kanuny kabul etdi. Ol türkmen diline ilkinji gezek döwlet hukuk derejesini (statusyny) berdi. Şeýlelikde, türkmen diliniň ulanylyş gerimi giňeldi. Şonuň bilen birlikde, respublikada ýaşaýan beýleki halklaryň diliniň erkin ösmegi we däp-dessurlarynyň ýöredilmegi kanun tarapyndan kepillendirildi.

1990-njy ýylda SSSR-iň syýasy durmuşynda uly özgerişler boldy. Soýuz respublikalarda özygtyýarlylyk ugrundaky hereket başlanyp, ol «özygtyýarlylyklaryň parady» diýen at aldy. Bu hereketiň özüne ýetik sebäpleri bardy: Soýuz Merkezi respublikalaryň bähbitlerini, zerurlyklaryny ýeterlik hasaba almaýardy. SSSR «bitewi we bölünmeýän» döwlet hökmünde göz öňüne getirilýärdi.

Şonuň üçin Merkezden daşlaşmak hem-de onuň diýdimzorlugyndan azat bolmak ugrundaky hereket barha güýçlenýär. Şu ugurda Türkmenistan SSR Ýokary Sowetiniň 1990-njy ýylyň 22-nji awgustynda kabul eden «Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygy hakyndaky Jarnamasy» uly ähmiýete eýe boldy. Onda türkmen halkynyň respublikanyň öz çäklerindäki ýere, tebigy baýlyklara we serişdelere, önümçilige eýeçilik etmek hem-de bütin häkimiýetiň, şeýle-de gadymdan gelýän taryhy we medeni mirasynyň doly eýesi bolmak hukugy esaslandyryldy. Respublikanyň syýasy we ykdysady babatdaky özygtyýarlylygyny hem giňeltmegiň zerurlygy yglan edildi.

Respublikanyň syýasy ulgamynda käbir üýtgetmeler girizildi. Dolandyryşyň prezidentlik görnüşi (instituty) girizildi. 1990-njy ýylyň 27-nji oktýabrynda respublikada Prezident saýlawlary geçirildi. Şonda halkyň biragyzdan ses bermegi bilen Türkmenistan SSR-niň Prezidentligine Saparmyrat Ataýewiç Nyýazow saýlandy.

1991-nji ýyl SSSR-iň taryhynda iň soňky ýyl boldy. «Üýtgedip gurmak» syýasatynyň öňe süren wezipeleri doly çözülmedi. Dartgynly, gapma-garşylykly wakalaryň, hadysalaryň basmarlamagy, hususan-da awgust aýynyň 19–21-i aralygynda döwlet agdarylyşygyny geçirmäge edilen synanyşyk (SSSR-iň Adatdan daşary ýagdaý boýunça Döwlet komiteti) SSSR-iň dargamagyny hem-de respublikalaryň özbaşdaklyk gazanmagyny çaltlandyrdy.

1991-nji ýylyň 26-njy oktýabrynda Aşgabatda Halk geňeşi çagyryldy. Geňeşde diňe bir mesele «Türkmenistan SSSR-iň düzüminde galmalymy ýa-da ol Garaşsyz döwlet bolmalymy?» diýen mesele ara alnyp maslahatlaşyldy. Geňeş Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny jar etmeli diýen pikiri goldady.

1991-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda Aşgabatda TSSR Ýokary Sowetiniň nobatdan daşary sessiýasy geçirildi. Sessiýa Konstitusion kanun kabul etdi, şonda Türkmenistan Garaşsyz, demokratik, hukuk we dünýewi döwlet diýlip yglan edildi.

Şeýlelik bilen, Türkmenistan öz çäklerinde häkimiýete doly eýe bolan, özüniň içeri we daşary syýasatyny özbaşdak kesgitleýän hem-de ýöredýän garaşsyz döwlete öwrüldi. Türkmenistanyň we türkmen halkynyň taryhynda täze döwür başlandy.

---

Soraglar we ýumuşlar

?

**1.** «Üýtgedip gurmak» diýip siz nämä düşünýärsiňiz? **2.** Türkmenistanda «üýtgedip gurmak» nämelerden başlandy? **3.** Türkmen halkynyň däp-dessurlarynyň, milli gymmatlyklarynyň dikeldilmegi barada referat ýazyň. **4.** «Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygy hakyndaky Jarnamanyň» taryhy ähmiýeti barada aýdyp beriň. **5.** Türkmenistan Garaşsyz, demokratik, hukuk we dünýewi döwlet diýlip haçan jar edildi?

---

## MÖHÜM WAKALARYŇ SENELERI

| | | |
|---|---|---|
| *1602–1621-nji ýyllar* | – | Arapmuhammediň Hywada hanlyk eden döwri. |
| *1606–1679-njy ýyllar* | – | Türkmen şahyry Garajaoglanyň ýaşan döwri. |
| *1616–1706/20-nji ýyllar* | – | Yslam wagyzçysy Sopy Allaýaryň ýaşan döwri. |
| *1623–1642-nji ýyllar* | – | Isfendiýaryň Hywada hanlyk eden döwri. |
| *1628-nji ýyl* | – | Isfendiýar hanyň Abylgazy bilen Horasana ýörişi. |
| *1643–1663-nji ýyllar* | – | Abylgazynyň Hywada hanlyk eden döwri. |
| *1647–1651-nji ýyllar* | – | Abylgazynyň türkmenleriň üstüne ýörişleri. |
| *1663–1688-nji ýyllar* | – | Anuşa hanyň Hywany dolandyran döwri. |
| *1688–1747-nji ýyllar* | – | Nedir şanyň ýaşan döwri. |
| *1695–1760-njy ýyllar* | – | Döwletmämmet Azadynyň ýaşan döwri. |
| *1713-nji ýyl* | – | Hojanepesiň Peterburgda Petr I bilen duşuşmagy. |
| *1715–1717-nji ýyllar* | – | A. Bekowiç-Çerkasskiniň ekspedisiýalary. |
| *1724–1807-nji ýyllar* | – | Magtymguly Pyragynyň ýaşan ýyllary. |
| *1736–1747-nji ýyllar* | – | Nediriň Eýranda şa bolan döwri. |
| *1739-njy ýyl* | – | Nedir şanyň Delini basyp almagy. |
| *1740-njy ýyl* | – | Nedir şanyň Buhara we Hywa ýörişi. |
| *1754–1843-nji ýyllar* | – | Kyýat hanyň ýaşan ýyllary. |
| *1785–1800-nji ýyllar* | – | Şamyrat Welnamynyň Buharada emir bolan döwri. |

| | |
|---|---|
| *1785-nji ýyl* | – Buhara emiri Şamyrat Welnamyนyň Maryny eýelemegi. |
| *1796-njy ýyl* | – Agamuhammet şanyň Etrek-Gürgen türkmenlerine garşy ýörişi. |
| *1800–1826-njy ýyllar* | – Seýit Haýdaryň (Mirhaýdaryň) Buharany dolandyran döwri. |
| *1801–1802, 1822-nji ýyllar* | – Lebap türkmenleriniň Buhara emirine garşy gozgalaňy. |
| *1806–1825-nji ýyllar* | – Muhammetrahymyň Hywada han bolan döwri. |
| *1806–1871-nji ýyllar* | – Nurmuhammet (Sary) işanyň ýaşan döwri. |
| *1813-nji ýyl* | – Etrek-Gürgen türkmenleriniň Eýran hökümdaryna garşy gozgalaňy. Gülüstan ýaraşyk şertnamasy. |
| *1819–1821-nji ýyllar* | – Hazaryň türkmen kenarlaryna M. I. Ponomarýowyň, N.N. Murawýowyň ýolbaşçylygyndaky ekspedisiýanyň gelmegi. |
| *1823–1878-nji ýyllar* | – Gowşut hanyň ýaşan döwri. |
| *1826–1880-nji ýyllar* | – Nurberdi hanyň ýaşan döwri. |
| *1832–1836-njy ýyllar* | – G.S. Kareliniň Türkmenistanda geçiren ekspedisiýalary. |
| *1832-nji ýyl* | – Apbas Mürzäniň goşunlarynyň Sarahsy tozdurmagy. |
| *1836–1919-njy ýyllar* | – Güljemal hanyň ýaşan döwri. |
| *1836-njy ýyl* | – Muhammet şanyň goşunlarynyň Etrek, Gürgen boýlaryna ýörişi. |
| *1837-nji ýyl* | – Rus-Eýran serhediniň kesgitlenilmegi. |
| *1845–1855-nji ýyllar* | – Muhammedeminiň (Mädeminiň) Hywada hanlyk eden döwri. |
| *1855-nji ýyl* | – Sarahs söweşi. |
| *1855–1867-nji ýyllar* | – Atamyrat hanyň ýolbaşçylygynda Hywa türkmenleriniň garaşsyzlyk ugrundaky göreşi. |
| *1858-nji ýyl* | – Garrygala söweşi. |
| *1861-nji ýyl* | – Mary-gajar söweşi. |
| *1868-nji ýyl* | – Patyşa Russiýasynyň Buhara emirligini basyp almagy. |

| | | |
|---|---|---|
| *1869-njy ýyl* | – | Krasnowodsk (Türkmenbaşy) şäheriniň düýbüniň tutulmagy. |
| *1873-nji ýyl* | – | Gazawat söweşi. |
| *1874-nji ýyl* | – | Zakaspi harby bölüminiň döredilmegi. |
| *1879-njy ýyl* | – | Birinji Ahal-teke harby ýörişi. |
| *1880–1881-nji ýyllar* | – | Ikinji Ahal-teke harby ýörişi. |
| *1880–1886-njy ýyllar* | – | Zakaspi demir ýolunyň gurulmagy. |
| *1881-nji ýylyň 12-nji ýanwary* | – | Gökdepe galasynyň synmagy. |
| *1882-nji ýylyň maýy* | – | Zakaspi oblastynyň döredilmegi. |
| *1884-nji ýylyň 1-nji ýanwary* | – | Patyşa Russiýasyna mejbury birikmek hakynda Mary geňeşiniň karary. |
| *1885-nji ýylyň marty* | – | Daşköpri söweşi. |
| *1887-nji ýyl* | – | Murgapda patyşalyk mülküniň döredilmegi. |
| *1888-nji ýyl* | – | Amyderýa gämiçiliginiň döredilmegi. |
| *1890–1897-nji ýyllar* | – | General A.N. Kuropatkiniň Zakaspi oblastyna başlyk bolan döwri. |
| *1895-nji ýyl* | – | Aşgabat şäherinde Zakaspi oblast jemgyýetçilik kitaphanasynyň (häzirki Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet kitaphanasy) açylmagy. |
| *1899-njy ýyl* | – | Aşgabat şäherinde Zakaspi oblast ülkäni öwreniş muzeýiniň (häzirki Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýi) açylmagy. |
| *1905-nji ýyl* | – | Zakaspi harby demir ýolunyň işçileriniň rewolýusiýany goldap çykyş etmegi. |
| *1909–1925-nji ýyllar* | – | Ahmet mürze şanyň Gajar türkmenleriniň döwletiniň hökümdary bolan döwri. |
| *1910–1918-nji ýyllar* | – | Seýit Isfendiýaryň Hywada hanlyk eden döwri. |

| | |
|---|---|
| *1914-nji ýyl* | – Birinji jahan urşunyň başlanmagy. |
| *1916-njy ýyl* | – Türkmenistanda milli-azat edijilik hereketi. Päleçilik. |
| *1916-njy ýylyň fewraly* | – Demirgazyk Türkmenistanda Jüneýit hanyň ýolbaşçylygyndaky gozgalaň. |
| *1916-njy ýylyň oktýabry* | – Tejende Eziz hanyň ýolbaşçylygyndaky gozgalaň. |
| *1916-njy ýylyň iýul-dekabry* | – Günbatar Türkmenistanda milli--azat edijilik gozgalaňy. |
| *1917-nji ýyl:* | |
| *27-nji fewral* | – Russiýada Fewral rewolýusiýasynyň ýeňmegi we patyşa häkimiýetiniň ýykylmagy. |
| *mart aýy* | – Zakaspi oblastynda işçiler we esgerler deputatlarynyň sowetleriniň döredilmegi. |
| *10–14-nji maý* | – Aşgabatda Ählitürkmen gurultaýynyň çagyrylmagy we türkmen ýerine ýetiriji komitetiň döredilmegi. |
| *25-nji oktýabr* | – Russiýada Oktýabr rewolýusiýasy we häkimiýetiň sowetleriň eline geçmegi. |
| *30-njy noýabr*<br>*3-nji dekabr* | – Aşgabatda sowetleriň IV gurultaýynyň çagyrylmagy we häkimiýetiň sowetleriň eline geçýändiginiň yglan edilmegi. |
| *1918-nji ýyl:* | |
| *11–12-nji iýul* | – es-erleriň we menşewikleriň ýaragly çykyşy. Zakaspi oblastynda sowet häkimiýetiniň ýykylmagy. Raýatlyk urşunyň başlanmagy. |
| *16-njy iýul* | – Büzmeýinde türkmen jemgyýetçiliginiň ýokary gatlagynyň maslahatynyň çagyrylmagy we merkezi türkmen komitetiniň döredilmegi. |
| *1919-njy ýyl:* | |
| *oktýabr aýy* | – RSFSR BMÝÝK-nyň we HKS-niň |

| | | |
|---|---|---|
| | | Türküstanyň işleri baradaky komissiýasynyň (türkkomissiýa) döredilmegi. |
| *1920-nji ýyl:* | | |
| *2-nji fewral* | – | Hywada halk rewolýusiýasynyň ýeňmegi. Hywa hanlygynyň syndyrylmagy. |
| *6-njy fewral* | – | Zakaspi oblastynda raýatlyk urşunyň tamamlanmagy we sowet häkimiýetiniň täzeden dikeldilmegi. |
| *27–30-njy aprel* | – | Horezm Halk Sowet Respublikasynyň yglan edilmegi we HHSR-iň Konstitusiýasynyň kabul edilmegi. |
| *2-nji sentýabr* | – | Buharada halk rewolýusiýasynyň ýeňmegi. Buhara emirliginiň syndyrylmagy. |
| *6-njy oktýabr* | – | Buhara Halk Sowet Respublikasynyň yglan edilmegi. |
| *1921-nji ýyl:* | | |
| *maý* | – | Aşgabatda aýna zawodynyň işe girizilmegi. |
| *7-nji awgust* | – | Zakaspi oblastynyň adynyň Türkmen oblasty diýip üýtgedilmegi. |
| *1923-nji ýylyň oktýabry* | – | Buhara Halk Sowet Respublikasynyň düzüminde Türkmen oblastynyň döredilmegi. |
| *1924-nji ýyl:* | | |
| *15-nji ýanwar* | – | Hywada sowet häkimiýetine garşy ýaragly gozgalaňyň başlanmagy. |
| *maý* | – | Horezm Halk Sowet Respublikasynyň düzüminde Türkmen oblastynyň döredilmegi. |
| *sentýabr – oktýabr* | – | Türküstan ASSR MIK-iň adatdan daşary III sessiýasynyň, Sowetleriň V Bütinhorezm we V Bütinbuhara gurultaýlarynyň Orta Aziýada milli-döwlet bölünişigini geçirmek hakynda karar etmegi. |

| | | |
|---|---|---|
| *27-nji oktýabr* | – | Türkmenistan SSR-niň döredilmegi. |
| *1925-nji ýyl:* | | |
| *15–24-nji fewral* | – | Sowetleriň Bütintürkmen I gurultaýy. TSSR-iň döredilmeginiň resmi taýdan jar edilmegi. |
| *maý* | – | Türkmenistan SSR-iniň SSSR-iň düzümine kabul edilmegi. |
| *1927-nji ýyl:* | | |
| *26-njy mart* | – | TSSR Sowetleriniň II gurultaýy. |
| *8-nji aprel* | | TSSR-iň ilkinji Konstitusiýasynyň kabul edilmegi. |
| *1928-nji ýyl:* | | |
| *ýanwar* | | Türkmen medeniýet institutynyň (Türkmen-kult) açylmagy. |
| *1929-njy ýyl:* | | |
| *29-njy oktýabr* | – | Aşgabatda Türkmen döwlet drama teatrynyň açylmagy. |
| *1931-nji ýyl:* | | |
| *mart* | – | Aşgabatda Pedagogik institutynyň açylmagy. |
| *sentýabr* | – | Türkmen oba hojalyk institutynyň açylmagy. |
| *1932-nji ýyl* | | |
| | – | Aşgabatda Türkmen döwlet medisina institutynyň açylmagy. |
| *1935-nji ýyl:* | | |
| *20-nji maý –* | | |
| *22-nji awgust* | – | Aşgabat–Moskwa atly ýörişi. |
| *1936-njy ýyl:* | | |
| *5-nji iýul* | – | TSSR Sowetleriniň II gurultaýy. |
| *6-njy oktýabr* | – | Türkmen balykçylarynyň taýmylda Krasnowodskden – Moskwa ýüzüşi. |
| *1937-nji ýyl:* | | |
| *2-nji mart* | – | TSSR Sowetleriniň VI adatdan daşary gurultaýynda respublikanyň täze Konstitusiýasynyň tassyklanmagy. |
| *1939-njy ýyl:* | | |
| *sentýabr* | – | Ikinji jahan urşunyň başlanmagy. |

| | |
|---|---|
| *1940-njy ýyl:* | |
| *maý* | – Latyn elipbiýinden kiril elipbiýine geçilmegi. |
| *1941-nji ýyl:* | |
| *22-nji iýun* | – Beýik Watançylyk urşunyň başlanmagy. |
| *1945-nji ýyl:* | |
| *9-njy maý* | – Ýeňiş güni. |
| *1948-nji ýyl:* | |
| *6-njy oktýabr* | – Aşgabatda ýer titremegi. |
| *1950-nji ýyl:* | |
| *1-nji sentýabr* | – Türkmen döwlet uniwersitetiniň açylmagy. |
| *1951-nji ýyl:* | |
| *1-nji iýul* | – TSSR Ylymlar akademiýasynyň açylmagy. |
| *1954-nji ýyl* | – Garagum kanalynyň gurluşygyna başlanmagy. |
| *1958-nji ýyl* | – Aşgabatda Türkmen telewideniýesiniň işläp başlamagy. |
| *1960-njy ýyl* | – Aşgabatda nebit maşyn gurluşygy (Aşnebitmaş) zawodynyň işe girizilmegi. |
| *1962-nji ýyl:* | |
| *12-nji maý* | – Garagum kanalynyň Aşgabada gelmegi. |
| *1967-nji ýyl:* | |
| *5-nji oktýabr* | – Orta Aziýa–Merkez gaz geçirijisiniň işe girizilmegi. |
| *1969-njy ýyl* | – Baýramaly–Aşgabat–Büzmeýin gaz geçirijisiniň ulanylmaga berilmegi. |
| *1977-nji ýyl* | – Türkmenistan SSR-niň täze Konstitusiýasynyň kabul edilmegi. |
| *1981-nji ýyl* | – Garagum kanalynyň Gazanjyga gelmegi. |
| | – Mary GRES-iň birinji nobatdakysynyň gurlup gutarylmagy. |

| | | |
|---|---|---|
| *1990-njy ýyl:* | | |
| *maý* | – | Türkmenistan SSR-niň «Dil hakyndaky» kanunynyň kabul edilmegi. |
| *22-nji awgust* | – | «Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygy hakyndaky Jarnamanyň» kabul edilmegi. |
| *1991-nji ýyl:* | | |
| *21-nji maý* | – | Aşgabatda Dünýä türkmenleriniň I maslahaty. Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň (DTYB) döredilmegi. |
| *27-nji oktýabr* | – | Garaşsyz Türkmenistan demokratik, hukuk, dünýewi döwletiniň jar edilmegi. |

16. Sargyt № 262

## ADALGALAR

| | | |
|---|---|---|
| **Adat** | – | Türkmenlerde dowam edýän söz, ýörelge, ýazylmadyk kada-kanun. |
| **Azyk monopoliýasy** | – | Galla öndürmek, oňa baha kesmek hem-de satmak hukugynyň döwletiň elinde jemlenmegi. |
| **Atlyk** | – | Hywa hanynyň goşunynda gulluk eden türkmen nökerlerine bölünip berlen ekin ýeri. 1 atlyk ýer ortaça 12 ga deň. |
| **Býurokratiýa** | – | Meseläniň formal tarapy hakynda alada edip, onuň aslyýetine göz ýetirmän, halkyň hajatlaryna we isleglerine äsgermezlik bilen garaýan dolandyryş ýa-da iş alyp barmak usuly. |
| **Demokratiýa** | – | Halk häkimiýeti. Halky häkimiýetiň esasy daýanjy we çeşmesi diýip ykrar edýän jemgyýetiň döwlet-syýasy gurluşygynyň bir görnüşi. Ol azatlyk, deňlik, adamyň hukuklaryna hormat goýmak ýörelgelerine daýanýar. |
| **Desýatina** | – | 1,09 gektardan ybarat bolan ýer ölçeg birligi. |
| **Ekstensiw ösüş** | – | Köp zähmet, harajatlar we serişdeler sarp edilip gazanylýan ösüş. Hil taýdan däl-de, san taýdan ösüşler. |
| **Ekspedisiýa** | – | Harby ýörişlerdir ylmy-gözlegleri geçirmeklik üçin guralýan ýörite topar. |
| **Ewolýusiýa** | – | Tebigatyň we jemgyýetiň ösüşiniň bir görnüşi. |

**Harby kommunizm** – Raýatlyk urşy ýyllarynda (1918–1920 ý.) sowet häkimiýetiniň ýöreden ykdysady syýasaty. Özüniň ähli ugurlary boýunça mejbury, adatdan daşary häsiýete eýe bolup, bu syýasat soňra «harby kommunizm» adyny aldy. Sowet häkimiýeti iri senagatdan başga, orta we ownuk senagaty hem öz gözegçiliginiň astyna aldy. Gallanyň hususy söwdasyny gadagan edip, galla söwdasyny öz elinde jemledi. Daýhanlaryň artykmaç azyk önümlerini olaryň elinden almak we ätiýaçlyk gaznasyny döretmek üçin azyk paýlamak düzgünini (razwýorstka) girizdi.

**Kazyýet** – Jenaýat işleri we beýleki dawaly meseleleri kada-kanun, adat we şerigat esasynda seredip çözýän döwlet edarasy.

**Kommuna** – Köpçülikleýin hojalygyň ýokary görnüşi.

**Kooperasiýa** – Önümçiligi we zähmeti guramagyň bir görnüşi. Kooperasiýa öz agzalarynyň köpçülikleýin eýeçiligine daýanýar.

**Maslahat** – Döwlet we hojalyk ähmiýetli wajyp meseleleri çözmek, ara alyp maslahatlaşmak üçin geçirilýän köpçülikleýin ýygnanyşyk, iň ýokary gurama. Maryda oňa Geňeş diýipdirler.

**Medrese** – Çagalara edep, terbiýe, dini sowat öwredýän okuw jaýy, mekdep.

**Meliorasiýa** – Ýerleri özleşdirmek we ekişe taýýarlamak maksady bilen amala aşyrylýan ýer-suw gurluşyk işleri.

**Monarhiýa** – Döwleti edara etmegiň bir görnüşi. Şeýle döwletde ýokary häkimiýet (nesilden-nesle) tutuşlygyna ýalňyz hökümdaryň (korolyň, patyşanyň, şanyň, hanyň, emiriň we ş.m.) elinde jemlenýär. Monarhiýanyň çäklendirilmedik (absolýut monarhiýa) we çäklendirilen (konstitusion monarhiýa) görnüşleri bolýar.

**Nomenklatura** – Ýokary häkimiýet tarapyndan bellenilýän ýa-da tassyk edilýän wezipeli adamlaryň topary (sanawy). Sowetler döwründe ýokary wezipeli partiýa we döwlet işgärlerinden ybarat bolan gatlak, edara ediji «täze synp».

**Päle** – Birinji jahan urşy ýyllarynda frontuň tyl işlerinde – harby kärhanalarda, nagym gazmakda, ýol gurmakda we ş.m. işletmek üçin türkmenlerden ýygnalan adam toparlary. Türkmenler ony «päle» ýa-da «päleçilik» atlandyrypdyrlar.

**Pristawlyk** – Uýezdden kiçi administratiw döwlet dolandyryş birligi.

**Put** – 16 kilograma deň bolan agram ölçeg birligi.

**Rewolýusiýa** – Ýurtda hereket edýän kanunçylygy nazara almazdan, häkimiýeti güýç bilen çalşyrmaga gönükdirilen hereket.

**Suwerenitet** – Döwletiň, respublikanyň içeri we daşary syýasatda özbaşdaklygy, özygtyýarlylygy.

**Şerigat** – Yslam dini tarapyndan tassyklanan musulmançylyk kada-kanuny.

**Tanap** – Ýer ölçeg birligi. Onuň möçberi hywa türkmenlerinde = 0,39 - 0,41 ga deňdir.

**Terror** – Syýasy garşydaşlary ýok etmek, aradan aýyrmak maksady bilen amala aşyrylýan dürli zorluk çäreleri.

**Totalitarizm** – Jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynyň we şahsyýetiň üstünden doly gözegçilik etmäge synanyşylýan, yzygiderli zorluga daýanýan syýasy düzgün.

**Tümen** – Eýranda ulanylýan pul birligi.



**Tylla** – Hywa hanlygynda dowam eden pul birligi. Uly tylla = 3 rubl 60 köpüge, kiçi tylla = 1 rubl 80 köpüge deň bolupdyr.

**Uýezd** – Birnäçe ýerleri öz içine alýan administratiw döwlet dolandyryş birligi.

**Wolost** – Pristawlykdan kiçi bolan, birnäçe oba derejesindäki administratiw dolandyryş birligi.

## GYSGALDYLAN SÖZLERIŇ DOLY ÝAZYLYŞY

| | | |
|---|---|---|
| BMÝÝK | – | Bütinrussiýa Merkezi ýerine ýetiriji komiteti. |
| BK(b)P | – | Bütinsoýuz Kommunistik (bolşewikler) partiýasy. |
| BHSR | – | Buhara Halk Sowet Respublikasy |
| BK(b)P MK-nyň Orta Aziýa býurosy | – | Bütinsoýuz Kommunistik (bolşewikler) partiýasynyň Merkezi Komitetiniň Orta Aziýa boýunça guramasy (býurosy). |
| DES | – | Döwlet elektrik stansiýasy. |
| DSU | – | Döwlet syýasy uprawleniýesi (dolandyryş edarasy). |
| DTYB | – | Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşigi. |
| HKS | – | Halk Komissarlar Soweti. |
| HHSR | – | Horezm Halk Sowet Respublikasy. |
| MK | – | Merkezi Komitet. |
| MTK | – | Merkezi türkmen komiteti. |
| MIK | – | Merkezi ispolnitel (ýerine ýetiriji) komitet. |
| MTS | – | Maşyn-traktor stansiýasy. |
| RHS | – | Rewolýusion harby sowet. |
| RSFSR | – | Russiýa Sowet Federatiw Sosialistik Respublikasy. |
| RK(b)P | – | Russiýa Kommunistik (bolşewikler) partiýasy. |
| SSSR | – | Sowet Sosialistik Respublikalarynyň Soýuzy. |
| SSSR YA | – | SSSR Ylymlar akademiýasy. |
| SSSR MÝÝK | – | SSSR Merkezi ýerine ýetiriji komiteti. |

| | | |
|---|---|---|
| SSSR MS | – | SSSR Ministrler Soweti. |
| SSKP MK | – | Sowet Soýuzynyň Kommunistik Partiýasynyň Merkezi Komiteti. |
| TASSR | – | Türküstan Awtonom Sowet Sosialistik respublikasy. |
| Türküstan KP MK | – | Türküstan Kommunistik partiýasynyň Merkezi Komiteti. |
| TASSR MÝÝK | – | Türküstan Awtonom Sowet Sosialistik Respublikasynyň Merkezi ýerine ýetiriji Komiteti. |
| TSSR | – | Türkmenistan Sowet Sosialistik Respublikasy. |
| TSSR MÝÝK | – | TSSR Merkezi ýerine ýetiriji komiteti. |
| TSSR HKS | – | TSSR Halk Komissarlar Soweti. |
| TSSR IIHK | – | TSSR Içeri işler halk komissarlygy. |
| TK(b)P MK | – | Türkmenistan Kommunistik (bolşewikler) partiýasynyň Merkezi Komiteti. |
| TKP MK | – | Türkmenistan Kommunistik Partiýasynyň Merkezi Komiteti. |

## TÜRKMENISTANYŇ ŞÄHERLERINIŇ ÖŇKI WE ÜÝTGEDILEN TÄZE ATLARY

| **Öňki ady** | **Häzirki ady** |
|---|---|
| Bäherden | Baharly |
| Büzmeýin | Abadan |
| Gowurdak | Magdanly |
| Çeleken | Hazar |
| Çärjew | Türkmenabat |
| Daşhowuz | Daşoguz |
| Gazanjyk | Bereket |
| Guşgy | Serhetabat |
| Gyzylarbat | Serdar |
| Gyzyletrek | Etrek |
| Kerki | Atamyrat |
| Krasnowodsk | Türkmenbaşy |
| Merw | Mary |
| Nebitdag | Balkanabat |

## MAZMUNY

Giriş ... 7

I BÖLÜM. TÜRKMENLERIŇ DAGYNYKLYK DÖWRI WE OLARYŇ ERKINLIK UGRUNDAKY GÖREŞLERI

I bap. XVII asyrda türkmenleriň syýasy taryhy, ýerleşişi we durmuş-ykdysady ýagdaýy

§1. Türkmenleriň ýerleşişi ... 10
§2. Türkmenler we Hywa hanlygy ... 13
§3. Türkmenler we Abylgazy ... 16
§4. Lebap türkmenleri we Günorta Türkmenistan ... 18
§5. Etrek-Gürgen we Astrabat türkmenleri ... 21
§6. Türkmenleriň goňşy ýurtlar bilen gatnaşyklary ... 23
§7. XVII asyrda türkmenleriň medeniýeti ... 26

II bap. XVIII–XIX asyrlarda türkmenleriň jemgyýetçilik durmuşy we hojalygy

§8. Türkmenleriň ekerançylyk hojalygy ... 30
§9. Türkmenlerde ýer-suw eýeçiligi ... 34
§10. Maldarçylyk hojalygy ... 38
§11. Balykçylyk we awçylyk ... 41
§12. Hünärmentçilik we senetçilik. Söwda ... 44
§13. Türkmen jemagatyny dolandyrmagyň düzgünleri ... 48
§14. Türkmenleriň adaty, kada-kanunlary ... 52
§15. Türkmenleriň harby sungaty ... 54

III bap. XVIII asyrda türkmenleriň erkinlik ugrundaky göreşi

§16. Nedir we onuň Eýranda owşar türkmenleriniň hökümdarlygyny döretmegi ... 57
§17. Nedir şanyň Buharany, Hywany basyp almagy. Türkmenleriň boýun synmazlygy ... 60

§18. Nedir şanyň türkmenler babatdaky syýasaty ........ 63
§19. XVIII asyryň ikinji ýarymyndaky esasy syýasy wakalar ........ 66
§20. Hywa hanlygyndaky türkmenleriň häkimiýet ugrundaky göreşlere gatnaşmagy ........ 69
§21. XVIII asyrda türkmen-rus gatnaşyklary ........ 72
§22. XVIII asyrda türkmenleriň medeniýeti ........ 75

**IV b a p . XIX asyryň birinji ýarymynda we ortalarynda türkmenleriň erkinlik, özbaşdaklyk ugrundaky göreşleri**

§23. Lebap türkmenleriniň Buhara emiriniň sütemine garşy göreşi ........ 78
§24. Türkmen-Hywa gatnaşyklary ........ 82
§25. Etrek-Gürgen türkmenleriniň 1813-nji ýyldaky gozgalaňy. 1832-nji ýylda Sarahsyň tozdurylmagy ........ 85
§26. Sarahs söweşi (1855 ý.) ........ 88
§27. Hywa türkmenleriniň gozgalaňy (1855–1867 ý.) ........ 92
§28. Garrygala söweşi (1858 ý.) ........ 96
§29. Gajarlaryň Mara ýörişi (1861 ý.) ........ 99

**II BÖLÜM. TÜRKMENISTAN RUSSIÝA IMPERIÝASYNYŇ DÜZÜMINDE**

**I b a p . Türkmenistany patyşa Russiýasynyň basyp almagy**

§30. XIX asyrda türkmenleriň Russiýa bilen aragatnaşygy ........ 103
§31. Rus-Eýran şertnamasy ........ 106
§32. Patyşa Russiýasynyň günbatar Türkmenistany eýelemegi ........ 107
§33. Hywa hanlygynyň basylyp alynmagy we Gazawat söweşi ........ 110
§34. Birinji Ahal-teke harby ýörişi ........ 114
§35. Ikinji Ahal-teke harby ýörişi ........ 117
§36. Gökdepe galasynyň synmagy ........ 120
§37. Marynyň patyşa Russiýasyna mejbury birikmegi ........ 123
§38. Daşköpri söweşi (1885 ý.) ........ 126
§39. Türkmenistanyň basylyp alynmagynyň tamamlanmagy ........ 129

**II b a p . Türkmenistan baknalyk döwründe**

§40. Zakaspi oblastynyň harby-baknaçylyk dolandyryş ulgamy ........ 133
§41. Zakaspi demir ýolunyň gurluşygy. Amyderýa gämiçiligi ........ 136

§42. Senagatyň ösüşi. Hünärmentçilik we söwda ........ 140
§43. Patyşa hökümetiniň baknaçylyk agrar syýasaty ........ 144
§44. Hywa we Buhara hanlyklaryndaky türkmenleriň ýagdaýy ........ 148
§45. XIX asyrda we XX asyryň başlarynda
türkmen halkynyň medeniýeti ........ 151
§46. Türkmenistan Birinji jahan urşy ýyllarynda.
1916-njy ýylyň milli-azat edijilik hereketi ........ 156

**III BÖLÜM. TÜRKMENISTAN SOWETLER DÖWRÜNDE (1917–1991 ý.)**

**I b a p . Türkmenler rewolýusion öwrülişikler we raýatlyk urşy ýyllarynda. Sowet häkimiýetiniň ornaşdyrylmagy (1917–1920 ý.)**

§47. Türkmenler Fewral we Oktýabr rewolýusiýalary döwründe ........ 161
§48. Türkmenler raýatlyk urşy ýyllarynda ........ 164
§49. Türkmenler Hywa we Buhara rewolýusiýalarynda ........ 168

**II b a p . Täze ykdysady syýasat. Türkmenistan SSR-niň döredilmegi (1921–1925 ý.)**

§50. Täze ykdysady syýasata geçilmegi ........ 171
§51. Milli-döwlet bölünişigi. Türkmenistan SSR-niň döredilmegi ........ 175

**III b a p . Türkmenistan SSR-i 20-nji ýyllaryň ikinji ýarymynda – 30-njy ýyllarda**

§52. Türkmenistanyň oba hojalygyndaky özgerişler.
Köpçülikleýin kollektiwleşdirmek ........ 179
§53. Türkmenistanda senagat gurluşygy ........ 184
§54. Respublikanyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşy ........ 188
§55. Medeniýet ........ 191

**IV b a p . Türkmenistan SSR-i Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda (1941–1945 ý.)**

§56. Türkmenistanly esgerler Beýik Watançylyk
urşunyň frontlarynda ........ 196
§57. Uruş ýyllarynda türkmen halkynyň zähmet edermenligi ........ 200

V b a p. Türkmenistan SSR-i uruşdan soňky ýyllarda (1946–1970 ý.)

§58. Halk hojalygynyň dikeldilmegi. Aşgabatda ýer titremegi ......... 203
§59. 50–60-njy ýyllarda ykdysadyýetiň ösüşi ......... 206
§60. Respublikanyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşy ......... 211

VI b a p. Türkmenistan SSR-i 1970–1985-nji ýyllarda

§61. Respublikanyň ykdysadyýetiniň birtaraplaýyn ösmegi ......... 215
§62. Respublikanara ykdysady gatnaşyklar ......... 219
§63. Respublikanyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşy ......... 221

VII b a p. Türkmenistan SSR-niň medeni durmuşy (1946–1990 ý.)

§64. Halk magaryfy we ylym ......... 223
§65. Edebiýat we sungat ......... 226

VIII b a p. Türkmenistan SSR-i üýtgedip gurmak ýyllarynda (1985–1991 ý.)

§66. Üýtgedip gurmak ......... 230
Möhüm wakalaryň seneleri ......... 234
Adalgalar ......... 242
Gysgaldylan sözleriň doly ýazylyşy ......... 246
Türkmenistanyň şäherleriniň öňki we üýtgedilen täze atlary ......... 248

*Ata Nuryýew, Muhammetgeldi Moşew*

# TÜRKMENISTANYŇ TARYHY

*XVII–XX asyrlar*

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň
IX synpy üçin okuw kitaby

*Ikinji neşir*

| | |
|---|---|
| Redaktor | *O. Garajaýewa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Suraçy | *H. Welmämmedow* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *J. Gaýypberdiýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *O. Atababaýewa* |

Çap etmäge rugsat edildi 30.05.2017. Ölçegi 60x90$^{1}/_{16}$. Çap listi 16,0.
Hasap-neşir listi 14,92. Şertli renkli ottiski 58,25.
Şertli çap listi 16,0. Sany 104000. Sargyt № 262.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.

## Okuw kitabynyň peýdalanylyşy barada maglumat

| № | Okuwçynyň ady we familiýasy | Okuw ýyly | Kitabyň saklanyş ýagdaýy | |
|---|---|---|---|---|
| | | | Okuw ýylynyň başynda | Okuw ýylynyň ahyrynda |
| 1 | | | | |
| 2 | | | | |
| 3 | | | | |
| 4 | | | | |
| 5 | | | | |